
Seljuklar

Jumageldi Mülkiýew

# SELJUKLAR

*Roman*



Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2010

UOK 894.361
M 91

J. Mülkiýew
M 91 **Seljuklar.** Roman – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

Ýazyjy Jumageldi Mülkiýewiň «Seljuklar» romany türkmeniň şöhratly geçmişine degişli wakalar barada gürrüň berýär.

Seljuk türkmenleriniň XI asyrda ýer-ýurt ugrunda alyp baran söweşleri, döwrüň meşhur adamlary baradaky söhbetler bu eseriň özenini düzýär.

Roman çeper dilde ýazylyp, akgynly okalýar. Eserde beýan edilýän zamanasyna degişli däp-dessurlar, adamlaryň pikir-hyýallary, dünýägaraýyşlary ynandyryjy berlipdir.

TDKP № 186, 2010 KBK 87.Tür 7

© J. Mülkiýew, 2010.

*Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda beýik Galkynyş eýýamynda türkmen halkynyň gazanýan ägirt uly ýeňişlerine bagyşlanýar.*

## BEÝIK GALKYNYŞ EÝÝAMY – TÄZE MÜMKINÇILIKLERIŇ DÖWRI

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň badalga beren beýik Galkynyş eýýamy sözüň doly manysynda täze mümkinçilikleriň döwrüdir.

Milli Liderimiziň ýurdumyzyň döredijilik intelligensiýasynyň wekilleri bilen 2010-njy ýylyň 24-nji fewralynda geçiren duşuşygy hormatly Prezidentimiziň döredijilik işgärleri baradaky aladasynyň hem-de olaryň öňünde goýýan adalatly talabynyň subutnamasyna öwrüldi.

Türkmen Lideriniň şol duşuşykda sözlän sözündäki «Ýurdumyzda amala aşyrylýan beýik özgertmeler, beýik ýeňişler, şol ýeňişlere eltýän ýadawsyz zähmet wasp edilmäge mynasypdyr. Ata Watanyň beýikligi wasp edilmäge mynasypdyr» diýen sözler döredijilik işgärleri üçin maksatnamalaýyn jümlelerdir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň şeýle duşuşyklaryň üsti bilen döredijilik işgärlerine bildirýän talaby – bu döwrüň talabydyr. Hormatly Prezidentimiz tarapyndan badalga berlen beýik Galkynyş eýýamy ýazyjy-şahyrlar üçin hem uly mümkinçiliklere ýol açylan döwürdir.

Beýik Magtymgulynyň «Kitap okan gullar manydan dokdur» diýen jümlesinden ugur alnyp, beýik Galkynyş eýýamynda halkymyzyň kitaba goýýan sarpasynyň mundan beýläk-de artmagy üçin uly işler edilýär. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen ýurdumyzyň ähli künjeklerinde döredilýän kitaphanalar milletiň ruhy ojaklaryna öwrülýärler.

Hormatly Prezidentimiz şu ýylyň 24-nji fewralynda döredijilik intelligensiýasynyň wekilleri bilen geçiren duşuşygynda ýurduň taryhyny öwrenip, ata-babalarymyzyň edermenligini wasp edip döredilýän taryhy eserler barada hem aýratyn durup geçdi.

Türkmende «Millet daragt bolsa, taryh köküdir» diýen söz bar. Ýene bir halk paýhasymyz bolsa, «Geçmişi bolmadygyň, geljegi bolmaz» diýip, taryhy eserleriň döwür üçin ähmiýetini ýene bir gezek tekrarlaýar. Şol jähetden ýazyjy Jumageldi Mülkiýewiň soňky ýyllar üstünde ymykly işläp döreden «Seljuklar» romany beýik Galkynyş eýýamynyň beren giň mümkinçilikleriniň netijesidir. Bu eser türkmeniň şöhratly geçmişi barada gürrüň berýär. Ol müň ýyl töweregi wagt mundan ozal ýer-ýurt üçin darkaşlar guran ata-babalarymyzyň edermenlikleriniň beýany.

Beýik Galkynyş eýýamy ýurdumyzyň taryhyny öwrenmeklige hem giň ýol açdy. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen ýurdumyzda indi geçirilmesi asylly däbe öwrülen halkara ylmy maslahatlaryny bu ugurda alnyp barylýan önjeýli işleriň hataryna goşmak bolar.

Türkmeniň Mäne baba, Mahmyt Kaşgarly ýaly meşhur şahsyýetlerine bagyşlanyp geçirilen we beýleki halkara ylmy maslahatlarynyň netijelerini «Seljuklar» romanynda aýdyň görmek bolýar.

Romanyň Oguz han neslinden bolan Seljuk begiň ogullarynyň, onuň agtyklary Togrul beg bilen Çagry begiň döwrüň öňünde görkezen edermenlikleri barada gürrüň berýän sahypalarynyň türkmeniň ýaş neslini watansöýüjilik ruhunda terbiýelemekde ähmiýeti uludyr.

Daňdanakan söweşinden soň dörän Beýik seljuk türkmen döwletiniň işine Mäne babanyň ak pata bermegi, bu günki beýik Galkynyş eýýamynda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda pajarlap ösýän türkmen döwletiniň binýadynyň berkdigininiň nyşany bolup ýüreklere ornaýar.

Şeýle taryhy wakalara baý bolan «Seljuklar» romany hormatly Prezidentimiziň «Hiç eýýama meňzemeýän ajaýyp döwür» diýip mynasyp at beren beýik Galkynyş eýýamynyň beren mümkinçilikleriniň önümidir.

G. Orazgulyýew,
*ýazyjy.*



# I bölüm
# DAŇDANAKAN



# GÖÇ. AJALY ÝETMEDIK ADAM

Gije. Çöl ýodalary bilen salgym derýasy ýaly bolup kerwen süýşüp barýar. Bu bir üýtgeşik kerwen. Ol bir ýere ýük alyp barýan ýa-da bir ýerden ýük almaga barýan kerwen däl. Bu gije kerweni Mahmyt Gaznalynyň gazabyndan soň diri galan seljuk türkmenleriniň kerweni. Olaryň öýi – Garagum, ýoldaşy – gije. Garrylar, aýal-ebtap, oglan-uşak – hemmesi, sökülen gara öýler, öý goşlary ýüklenen düýeleriň üstünde.

Atly ýaş ýigitler kerweniň töwereginde okkessirme geçýärler. Üzeňňileriň, gylyçlaryň şakyrdysy aýly gijäniň kümüş şuglasyna çümüp ýatan çöl depeleriniň arasyndaky ümsümlige siňip, ýitip gidýär.

Atly ýigitleriň eginleri donly, kelleleri goýun ýa tilki derisinden tikilen telpekli, billerindäki gaýyş guşaklarynyň kümüş tokasy aý şuglasyna ýalpyldap gidýär. Eýeriň üstünde gözleriniň awusyny alyp barýan atlylaryň bir elleri gaýyş guşaga berkidilen hanjaryň sapynda. Bu endik. Çöl gurtlarynyň saklygy ýaly bolup, bu adamlaryň ganyna siňip giden endik.

Daňyň düýbi çyzylyp başlanda agyr kerwen uly bir oýy gabatlap goş ýazdyrdy. Giň oý, daş-töwrekdäki alaňlar tutuş bir milletiň düşelgesine öwrüldi. Düşlegiň daşyna ýörite saklaw goýan hem bolmady. Bu ýerde egninden gylyç asan her bir kişi saklawdy. Dört düýeli, bäş düýeli bolup her ýerräkde goş ýazdyran millet ot ýakyp, biş-düşüň ugruna çykdy.

Bir çetde dört-bäş sany ýaş ýigit uly sazagyň düýbüni peýläp goş

ýazdyrdy. Atlary aňyrrakda çerkezlere iltediler. Eýerlere bökderilgi horjunlary sazagyň düýbüne taşladylar.

Ýaş ýigitleriň biri hanjar bilen ýumşak çägäni serpip, kiçiräk ojak gazdy. Mis gazanjygy ojaga oturdyp, aşagyna ot ýakdy. Soňra horjunyň gözündäki ýasy golça elini sokup, pişigiň kellesi ýaly gowurdagy bölüp aldy-da, gazana taşlady. Gowurdak ereýänçä garaşyp, onuň üstüne meşikden pagladyp suw guýdy.

Ol içine çöp-çalam, gum-çäge düşmez ýaly gazanyň agzyny ýag siňip giden agaç gapak bilen ýapdy-da, inçemik göwresini dikläp, töweregindäkilere gygyrdy:

– Çemçeleriňizi taýynlaberiň, nahar tiz taýyn bolýar...

Şol pursat depäniň üstünde çöpleme çöplemek üçin alaňdan aşan ýigitleriň biri göründi. Ol alaňdan aşak howlukmaç inip gelşine sesine bat berdi:

– Togrul! Togrul!

Ýadaw göwresini ýaňyja sazagyň düýbüne atylan at keçäniň üstüne goýberen ortadan uzynrak boýly, eginlek, garaýagyz ýaş ýigit towsup ýerinden turdy.

Alaňdan inen ýigit ylgap gelşine elini yzyna uzatdy:

– Togrul... depäniň aňyrsynda iki sany adam ýatyr...

Togrul ýüzüniň ugruna suwly meşikleriň birini garbap aldy-da, depä dyrmaşdy. Ýigitleriň ählisi onuň yzyna düşdi. Dem salymda gaýnap duran gazanyň töwereginde hiç kim galmady.

Ýaş gaplaň ýaly çeýe ýigitler depä tiz dyrmaşdylar. Dogrudanam, depäniň ýeňse ýüzünde üstüni çäge basan iki sany adam sudury mese-mälim görnüp durdy.

Ýigitler depeden aşak indiler. Togrul ýetip gelşine iki göwräniň birini gapdala agdardy. Süýrüräk ýüzli, kepje sakgally, kiçijik selleli kişi ýuwaşlyk bilen gözlerini açdy.

Togrulyň sesi batly çykdy:

– Jany bar... meşigi äberiň...

Ýigitleriň biri gapdalda ýatan meşigiň agzyny çözüp, Togrula uzatdy. Togrul kepje sakgal kişiniň dodaklaryna howlukman suw damdyrdy. Ilki bir damja, soň ýene... ýene...

Iki eli bilen meşige ýapyşan kepje sakgal ony sokga soraýjak boldy. Teşnä dessine kän suw bermeli däldi.

Bu wagt ýigitler beýleki göwräni çägäniň aşagyndan çykarypdylar. Togrul olara suwly meşigi uzatdy.

Ýigitler iki göwräni göterip, sazagyň düýbüne getirdiler. Olary at keçäniň üstünde ýatyrdylar. Üç gün mundan ozal çölde uly harasat turupdy. Bu ikisi şol harasatda azaşyp, şu ýere düşen ýolagçylar bolsa gerek...

Iki pyýada tiz özüne geldi. Kepje sakgal kişiniň tirsegine galyp, gözleri bilen bir zat agtarýanyny gören Togrul çägäniň aşagyndan çykan horjuny onuň gapdalyna taşlady.

Kepje sakgally pyýada horjunyň agyzbagyny çözüp, onuň içine göz gezdirdi. Horjunyň içi kitapdyr kagyzdan doludy. Ähli zadyň ýerbe-ýerdigine gözi düşüp, göwni biraz ynjalan kepje sakgally kişi meger, soňky birnäçe günüň içinde ilkinji gezek çalaja ýylgyrdy.

Bu pursat Togrul goltugyndan çykaran kagyzynyň epinini ýazdy. Kagyzda hut şu adamyň şekili bardy.

Suratyň ýüzüne seredip duran Togrul ýuwaşja dillendi:

– Biz seni tanaýas, sen –ibn Sina! Ýöne, ol kim?

Togrul barmagyny uzadyp beýleki pyýadany görkezdi.

Howlukman göwresini diklän ibn Sina ýoldaşynyň kellesini ýerden çala göterdi-de, içi kitap-kagyzly horjunyny onuň kellesiniň aşagyna süýşürdi:

– Bu meniň dostum... Abu Sahl Meshi...

Mahmyt Gaznalynyň gazaby tutuş bir millet üçinem, ýeke bir adam üçinem deňdi. Bular şanyň gazabyndan Nusaýa gaçyp barýan Abu Aly ibn Sina bilen onuň dosty Abu Sahl Meshidi. Çölde turan apy-tupan bulary gaty heläk edipdi. Suwlary tükenip, ýolbelet ýogalypdy, iki hyzmatkär bolsa, ibn Sina bilen Meshini talap, gaçyp gidipdi.

Bu gün seljuk türkmenleri olary bir horjun kitaby hem golýazmasy bilen halas edipdi. Togrul sözüni dowam etdi:

– Seni tanaýandygymyzy geň görme, seniň suratyň Mahmydyň hökümi ýetýän ähli ýere ýaýradyldy...

Ol tebibiň suratyny naýzasynyň ujuna sünçdi-de, böküp atyna mündi. Beýleki ýigitler hem wagşy bir gykylyk bilen böküp ýerlerinden turdular. Eýersiz atlaryna towsup münen ýigitler onuň yzy bilen at saldylar.

Ýigitleriň biri Togrulyň yzyndan ýetdi-de, onuň naýzasynyň ujundaky suraty kakyp alyp, atynyň başyny yzyna öwürdi.

Atlylar ýene oduň başyna dolandylar. Suraty alan ýaş ýigit ony dört epläp goltugyna salyp oturyşyna dillendi:

– Indi sen meniň myhmanym, gorkma, bu ýerde saňa azar berjek bolmaz...

Oda golaý süýşen ibn Sina dil ýardy:

– Seniň adyň näme?

Suraty goltugynda gizläp, kümüş bezegli galyň gaýyş guşagyny çekişdirip goýberen ýaş ýigit höwes bilen jogap berdi:

– Men Çagry – ol suratyň öňki eýesine tarap baş atdy. – Bu meniň inim Togrul...

Togrul elindäki çöp bilen ojaryň ýumruk ýaly közlerini iki-baka togalap oturyşyna söze başlady:

– «Demir ýaýly» diýip at alan Tokak han kynyk taýpasynyň şöhradyny göge göterdi. Ýöne meniň atam – Tokagyň ogly Seljuk Horezme ýöriş etmekden ýüz öwrüp, Hazar hany bilen tersleşdi. Biz – musulman, Hazar hanynyň dini başga.. Ol atama: «Sen meniň gulum» diýip gygyrýar. Atam ýumrugy bilen Hazar hanynyň kellesine urup, bizi günorta alyp gaýdýar. Seljugyň üç ogly Aly hany kowup, Jent şäherini eýeledi. Ýöne, ýüz ýedi ýaşan atam Seljuk ölensoň, Aly hanyň ogly Şa Mälik Jendi ýene yzyna gaýdyp aldy...

Ol sözüni böldi. Togrulyň elindäki çöpi ýanyp gutarara gelipdi. Ol ujy tüsseläp duran kesindini oda oklady-da, bilindäki hanjaryny gazap bilen gynyndan sogurdy. Böwrüne hanjaryň ýiti ujy dürtülen ýumruk ýaly köz ikä bölündi. Közüň içine sygman duran alawy çabyrap ýokary göterildi.

Göýä, Togrulyň ýüreginiň howry hem çabyrap asmana göterilen ýaly boldy. Ol uludan demini alyp, sözüni dowam etdi:

– Indi bolsa biziň öz ýurdumyz, ýerimiz ýok. Saňa muny diýmäge

hem utanýas. Mahmydyň ýerinde gijelerine gizlinlikde göçüp-gonup ýörüs. Gündiz ýol sökmek – Mahmydy gižželemek, gije – bu tabyn bolmak... Haýsy şa tabyn bolunsa, göwnügiňlik etmez...

Hanjaryny gynyna salan Togrul ibn Sina tarap öwrüldi:

– Seniň näme hakda pikir edýäniňi bilýän, seniň üçin Mahmyt bize kän ýer bererdi... Ýöne, gorkma, türkmenler diňe başa-baş söweşi bilýändir...

Ýigitler mis gazany orta alyp garbandylar. Ibn Sina bilen Meshi hem tabynyň ýetdiginden olara goşuldy.

Şol pursat ýaşy durugşan, geýnüwli iki atly bularyň ýanyna gelip jylawy çekdi. Ýerinden towsup turan Togrul turup barýarka ibn Sina tarap iki jümle oklady:

– Arslan beg bilen Musa beg... kakamyň doganlary...

Togrul beg oduň başyna gelip ornaşansoň, ara agyr ümsümlik aralaşdy. Ümsümligi ibn Sina bozdy:

– Men Arslan begi tanaýan... Ony Buharada Nuhuň köşgünde görüpdim. Ol Nuha Bugra hany ýeňmäge kömek edip, hiç-hili sylag-serpaý alman gaýdypdy...

Togrulyň sesi edil hanjaryň ýüzi ýaly ýiti çykdy:

– Bize zat gerek däl, bize ýurt gerek!

Ibn Sina dowam etdi:

– Musa begi hem tanaýan, ol Muntasiriň tarapynda Nasra hana garşy söweşip, Samarkandyň eteginde onuň on sekiz hajybyny ýesir alypdy...

Togrul ýuwaşja dillendi:

– Bilýän... agam bu söweş hakda gürrüň bermegi gowy görýär... Häzir bolsa, ýatyp dynjymyzy alaly... Gije ýene ýola düşmelidir...

... Gün öýlä agan wagty tebibiň yzyndan geldiler. Ony Arslan beg öz goşuna çagyrýardy. Serkerdeleriň biri ýarawsyzlyk tapynypdy.

Çagry, ýene-de iki sany ýigit ibn Sinanyň ýany bilen ýöredi. Düz ýerde dikilen çadyryň agzyna kän adam üýşüpdi. Olar iki tarapa serpilip, tebibi çadyra goýberdiler. Giň çadyryň töründe düşekde ýatan hassanyň halynyň teňdigi gapydan giren ýerinden hem bildirýärdi.

Onuň başujyny alyp oturan Arslan beg gapydan giren ibn Sinany görüp ýerinden turdy.

Ibn Sina sag elini döşüne goýup, başyny çala egip, pessaý ses bilen öýüň içindäkilere salam berdi-de, hassanyň ýanyna howlukdy. Ol çadyryň törüne ýöräp barşyna içini gepletdi: «Arslan begiň hut özi başujunda oturan bolsa, bu hassa oňa golaý adamlaryň biridir...»

Ol hassanyň gapdalynda çökdi. Hassanyň giň maňlaýy, ýüzi der damjasyndan doludy. Galyň dodaklary jaýryk-jaýrykdy. Ibn Sina onuň elini eline aldy. Göwresi ot ýaly, ýöne, ýürek urşy ganymat...

Hassa gözüni açdy. Tebip özüne zor salyp çalaja ýylgyrdy:

– Niräň agyrýar?

Hassa sesini çykarman, elini ýuwaşlyk bilen süýşürip sag böwrüne eltdi. Tebip hassanyň görkezen ýerine barmaklarynyň ujuny ýetirdi. Çalaja basyp, gözlerini hassanyň ýüzüne dogrulady. Elli ýaşlaryndaky gaşlak pyýadanyň agyrydan ýaňa ýüzi gyşaryp gitdi.

Ibn Sina kän gezek jeset kesip, içini öwrenipdi. Ony Mahmydyň gazabyna duçar eden zatlaryň biri-de, şudy. Ol şu wagt hassanyň içini doly göz öňüne getirdi. Hassanyň eli bilen görkezen ýeri inçe içegäniň gutaran ýeridi. Ol ýerde inçe içegäniň gurçuk şekilli ösüntgijigi bardy. Ibn Sina agyr görgülerden soň ýogalan bir kişiniň jesedini kesip görende, şol gurçuk şekilli ösüntginiň hapa-hupadan hem-de mugthor gurçuklardan dolup, ýarylandygyny görüpdi. Tebip şonda şeýle netijä gelipdi: Eger-de, şol ösüntgi ýarylyp, adamyň içine hapa düşmänkä, ony kesip aýyrsaň, onda hassanyň diri galmagy mümkindi...

Bu ýerde-de şol ýagdaýdy. Başgaça bolmagy mümkin däldi. Ýöne, muny nädip Arslan bege duýdurmaly. Ol tebipden haraý isläp çagyrdy. Ýöne, entek ibn Sinanyň, diňe bir onuň däl hiç bir tebibiň şol ösüntgini kesip aýran ýeri ýokdy. Diňe garny kesip, hassany halas edip boljakdy...

Ibn Sina ýeňsesine öwrüldi. Gapynyň iç ýüzünde duran Çagryny görüp, onuň göwresine ýeňillik aralaşdy. «Şu ýigide ol ýagdaýy düşündirip bilse gerek, goý ol hem ähli zady Arslan bege düşündirsin...»

Ähli zat meşhur tebibiň pikir edişinden hem tiz çözüldi. Arslan

beg hassanyň garnyny kesmäge rugsat berdi. Megerem, bu pursat hassany bejerjek bolýan tebibiň hut ibn Sinanyň özüdigi ähli zadyň oňyn çözülmegine itergi beren bolsa gerek. Sebäbi ibn Sina Arslan begi gaýybana tanaýan bolsa, Arslan beg hem ibn Sinanyň kimdigini bilýärdi. Samanly häkimi Nuh agyr derde uçranda, ony diňe ibn Sina bejerip bilipdi. Şol wagt Abu Alynyň on alty ýaşy bardy. Onsoň, emirleri bejerip bilen tebip, ýönekeý serkerdäni bejerip bilmezmi...

«Eger, iş başa barman, seljuklar meni öldüräýende-de ýitirýän zadym ýok – diýip, tebip öz göwnüne teselli berýärdi. – Olar meni halas etdiler ahyry, seljuklar bolmadyk bolsa, men çägä gömlüp ölüp giderdim...»

Ibn Sinanyň diýen zatlaryny tiz tapyp getirdiler: ýiti päki, gaýyş kemer, iki sany kiçiräk küýzäni dolduryp şerap, pamyk, iňňe-temen, ýüpek sapak we şuňa meňzeş başga-da ownuk-uşak zatlar orta üýşdi.

Ibn Sina hassadan başga hemmeleri çadyrdan çykardy. Ol ýanyna diňe Çagryny alyp galdy. Bu begzada ýigidiň özsözlüligine tebibiň syny oturypdy. «Bir bolmasy iş bolup, hassa ýogalaýsa-da, şu ýaş ýigit meni gorap biler» diýen pikir çalaja umyt bolup, ibn Sinanyň köňlüniň töründe köräp durdy.

Tebip ilki bilen bihuş derman taýýarlady. Ol torbasyndaky otçöpleriň arasyndan çakjagunduz bilen selmelegiň gabygyny saýlap aldy-da, olary mis gazanda mazaly gaýnatdy. Gazanyň suwy azalyp başlansoň, ony otdan düşürdi.

Garamtyl gyzyl öwsüp duran suw sowaýança garaşyp, üstüne şerap guýup gardy. Soňra bir bölek ýumşak matany taýyn bolan ergine ezip hassa ysgatdy. Hassa gözlerini çala agdaryp, kellesini ýassyga goýberdi. Ibn Sina Çagrynyň kömegi bilen hassanyň el-aýagyny berk daňdy. Gaýyş guşakda çalnan päki ýalaw ýaly bolansoň, ony şerap bilen ýuwup, tebip işe girişdi.

...Ibn Sina çadyryň eňsisini serpip çykanda, Gün böwrüni ýere beripdi. Seljuk begleri çadyryň öňünde aý berip otyrdylar. Tebibiň daş çykanyny görüp, olaryň ählisi birden ör turdy.

Tebip Arslan beg bilen Musa bege çala yşarat etdi-de, ýene yzy-

na sümüldi. Hassa rahat dem alyp, uklap ýatyrdy. Ibn Sina yzy bilen çadyra giren seljuk beglerine tarap öwrüldi:

– Hassa üç günläp aňrybaş rahatlyk gerek. Üç günläp oňa özüm seretmekçi. Bir hepdeden bärde bolsa ony uzaga gozgap bolmaz...

Arslan beg äpet aýasyny tebibiň egnine goýdy:

– Taňryýalkasyn, Abu Aly – ol ýüzüni Musa bege tarap öwürdi. – Biz üç günläp şu ýerde galýarys...

Hassa üç günden soň aýak üstüne galyp, taýaga daýanyp ýuwaşjadan ýöräp başlady. Hassanyň ýanyna ýeterlik saklaw, azyk-owkat, suw hem-de atdyr düýe galdyryp, seljuk göçi ýola düşdi. Hassa ýagşy gutulansoň, olaryň özleri ahyrky düşelge ýerini yzarlap barmalydy.

Garaňky gatlyşyp barýarka ýola düşen göç uzak gije ýol ýöräp, daňyň düýbi ýagtylanda Garagumuň orruk ortasynda goş ýazdyrdy. Olar indi birnäçe aýlap şu ýerde düşläp, aw awlamakçydylar. Gyşa azyk taýýarlamalydy, tilkidir towşan derisi hem Buharada iň geçginli harytlaryň biridi.

Seljuklar bilen hoşlaşan ibn Sina hem Meshi ikisi Nusaýy nazarlap, ýoluny dowam etdi. Üstüne azyk-owkatly horjunlar, suwly meşikler ýüklenen ineriň bagyny berk gysymlan Abu Aly ibn Sinanyň gadamy batlydy.



# TÄZE JAÝ. HER KIMIŇ ÖZ HÖKÜMDARY

Mäne galasynyň iň bir takwa adamy Abulhaýyr attar[1] bu gün hem adatdakysy ýaly ertir namazyndan soň howla çykdy. Öwrenişmedik adamyň bu giň howluda dürli gülleriň ysyndan ýaňa başy aýlanyp gitjekdi. Ýöne Abulhaýyr üçin – Mahmyt şanyň özüne hem köşk emeldarlaryna dürli ysly atyrlary taýýarlap berýän adam üçin gülleriň ysy hem adaty bir zada öwrülipdi. Dogry, ol her bir gülüň ysyny saýlamagy başarýardy. Şol gülleriň ysyny ýitirmän, olary aýna çüýşejigiň içinde durlanyp duran atyra öwürmek bolsa, onuň iň gowy başarýan zadydy.

Howlynyň töründe, goşa çynaryň kölegesindäki beýik sekide Abulhaýyr üçin düşek ýazylgydy. Ol howlukman sekä dyrmaşdyda, agyr göwresini düşegiň üstüne goýberip, goşa ýassygy goltugyna çekdi. Basyrylgy duran çäýnekden käsesine çaý guýdy. Attaryň käsä guýan çaýyndan hem gülüň ysy gelen ýaly bolup gitdi.

Bu wagt öýden çykyp bärligine gaýdan on ýedi-on sekiz ýaşlaryndaky ýigit sekiniň gapdalyna geçip, Abulhaýra hormat bilen salam berdi. Bu ýaş ýigit Abulhaýryň ogly Abu Seýitdi.

– Waleýkimessalam, oglum, gel geç, çaý içeli...

Ol saçagyň üstünde düňderilgi ýatan käsäni eline aldy.

– Ýok, kaka, men siziň ýanyňyza bir haýyş bilen geldim...

– Eýle bolsa, aýdyber hany...

Abulhaýyr göwresini dikledi. Abu Seýit sözüni dowam etdi:

– Maňa howlynyň töründen bir hüjre salyp berseňiz-le...

Abulhaýryň geň galmakdan ýaňa gaşlary gerlip gitdi:

– Aýratyn hüjräni näme etjek, oglum, öý giň ahyry, ýaşamaga-da, namaz okamaga-da ýer ýeterlik ýaly-la...

Abu Seýit sekä golaý süýşdi-de, ýene ýaňky sözlerini gaýtalady:

– Maňa aýratyn hüjre salyp berseňiz...

Bu sözleriň äheňinden oglunyň gara çynydygyna göz ýetiren Abulhaýyr iki elini birden göterdi:

– Bor, oglum, arkaýyn bolaý, şu gün ussalar bilen gürleşerin...

– Sag bol, kaka!

Sag elini döşüne goýup, çala baş egen ýaş ýigit duran ýerinde yzyna öwrüldi-de, öýe tarap ýöneldi. Ol öýüň içine girenden gözlerini jaýyň diwarlaryna gezdirip goýberdi. Diwarlar sary suwagyň ýüzüne gök reňkde ýazylan ýazgylardan doludy. Bu ýöne bir ýazgylar däldi. Bular Mahmyt şanyň aýdan sözleridi. Bu Abulhayryň Mahmyt şa bolan hormatynyň aýratyn nyşanydy. Şanyň zybanyndan sypyp, Mänä ýeten her bir paýhasly söz derrew şu diwarda orun tapýardy.

Ine, Abu Seýidiň öýe giren ýerinde aýak çekip, göz gezdirip goýbereni şol ýazgylardy. Ýaş ýigidiň gaşlary bürlüp başlady. Ol diwardan gözlerini aýryp, howlukman öýüň içine girip gitdi.

Abulhaýyr ogluna beren sözünde tapyldy. Ertesi güni ir bilen ussalar howlynyň töründe, aýratyn beýigräk bir ýerde Abu Seýit üçin jaýyň gurluşygyna başladylar. Saman garylyp eýlenen palçykdan dikeldilýän diwarlar tiz beýgelip başlady. Bir aý hem geçmänkä jaýyň boýy ýetip, üsti basyryldy. Jaýyň üsti ýagyş geçmez ýaly samanly palçyk bilen galyň suwalyp, ýerli-ýerinde ternawlar goýuldy. Jaýyň daga tarap penjiresi, Abulhaýryň öýüne tarap bolsa, gapysy bardy. Ussalar diwarlary iki tarapyndan hem hek suwuna ezilen samanly palçyk bilen suwadylar welin, diwaryň ýüzünde barmagyň bilen kaksaň tyrkyldap ses edip duran gaty gatlak döredi.

Ussalar işini tamamlan güni ir bilen Abu Seýit täze jaýa geldi. Onuň bir elinde boýagly çüýşedir çotgadan doly torbasy, beýleki elinde bolsa Kuran bardy.

Ol penjireden düşýän Günüň ýagtysyna uzakly gün işledi. Reňkli çüýşeler yzly-yzyna boşady, tüýi tüýdülen çotgalar çete taşlandy. Öýläne çenli iş edinen Abu Seýit jaýyň diwarlarynyň ýüzüne Kuranyň

sürelerini ýazyp çykdy. Onuň ýany bilen getiren Kurany öýläne çenli jaýyň burçundaky daşyň üstünde gozgalman ýatdy.

On ýedi ýaşly Abu Seýit Kurany ýatdan bilýärdi.

Giçlik Abulhaýyr oglunyň jaýyny görmäge geldi. Ol bosagadan giren ýerinde doňup galdy. Jaýyň diwarlary nagyş çekilen ýaly bolup, Kurany-Kerimiň sürelerinden doludy. Beýle zada garaşmadyk Abulhaýyr zordan dillendi:

– Bu näme boldugy?!

Kellesine sellesini orap duran Abu Seýit ýüzüni ýerden götermän jogap berdi:

– Her kim jaýynyň diwarlaryna öz hökümdarynyň sözlerini ýazýar...

Abulhaýyr sesini çykarmady. Ol birsalym doňan ýaly bolup durdy-da, duran ýerinden yzyna öwrüldi.

Uzak gije uklap bilmän düşeginde iki-baka agdarylyp çykan Abulhaýyr, irden turup ilki bilen ussalary çagyrdy. Ol ussalara Mahmyt şanyň öz öýüniň diwarlaryndaky sözleriniň üstüni suwamagy buýrup, howludan çykyp gitdi.



# AW. PEÝKAMY NYŞANA ALLA DOGRULAÝAR

Agyr göç Garagumuň orruk ortasynda ornaşdy. Dört müň öýli türkmen bu ýerde öý dikindi. Onda-munda gök tüsse asmana galdy. Ot ýakyldy, diýmek durmuş jana girdi...

Bu gün Togrul bilen Çagry özleri ýaly ýaş ýigitleri toplap aw hyýallydy. Göçe näçe diýseň aw eti zerurdy, iýleni iýler, artany kakadylyp goýlar.

Gün böwrüni ýerden üzmänkä aw şaýly ýüz gowrak atly obanyň ortasyna üýşdi. Golaýdaky öýleriň birinden çykan Arslan begiň bu ýagdaýy görüp, ýigitleriň şu gün irden aw hyýallarynyň bardygyny bilýände bolsa, ýüzi gamaşyp gitdi. Onuň ýogyn sesi säheriň arassa howasynda uzaklara ýaýrady:

– Togrul!

Arslan beg, elbetde, ol atlylaryň arasyndan Togruly tanap çagyrmandy, ýok, ýöne onça atlynyň üýşen ýerinde, has dogrsy, üç atlynyň bir ýere üýşen ýerinde Togrul bilen Çagry hökman bolaýmalydy.

Agasynyň sesini eşiden Togrul atlylardan saýlanyp bärligine gaýtdy. Ol Arslan bege on-on iki ädim ýetmän atyndan böküp düşdide, hormat bilen salam berdi. Gahary ýüzüne çykyp, göwresi titräp duran-da bolsa, Arslan beg salamdan sowlup bilmedi:

– Waleýkimessalam... bu üýşmeleň näme?

Bilindäki inli guşagyny düzedip goýberen Togrul pessaý ses bilen jogap gaýtardy:

– Awa şaýlanýas, agam...

– Munça atly bolup bir ýere üýşmäňiz näme? – Arslan beg hanjarynyň sapyndan aýran elini atlylara tarap uzatdy.





Şol pursat bularyň ornaşan ýeriniň gapdalyndan geçýän kerwen ýoly bilen alaňdan inip gelýän kerwen göründi. Kerwenbaşy göçi görüp, kerweni saklady. Ol kerweniň saklawundan iki atlyny ýanyna çagyryp, olara birzatlar diýdi. Iki atly tozan turzup, bärligine gaýtdy.

Bu wakany synlap duran Arslan beg ýüzüni Togrula tarap öwürdi:

– Gördüňmi, şu kerwende Mahmydyň müşrifi[2] ýokdur diýip kim aýdyp biler? Onsoň ol seniň bu atlylaryňy görüp, Mahmyda «Türkmenler Garagumda seniň garşyňa goşun toplaýar» diýip habar ýetirse nähili bor...

Arslan beg sähel salym dymdy-da sözüniň üstüni ýetirdi:

– Tiz atlylary dargat, awa gitjek her toparyň ýigrimi atlydan köp bolmasyn...

Ol «gürrüň gutardy» diýen terzde elini salgap goýberdi-de, kerwenden gaýdan iki atlynyň habaryny almak üçin olara tarap ýöneldi.

Togrul böküp atyna mündi-de, ýigitlere tarap ýüzün saldy. Sähel salymdan ýüz gowrak atly möý pytran ýaly dargap, çölüň içine siňip gitdi. Atlylaryň ýaňyja üýşüp duran ýerinde bugaryp duran at tezeklerinden başga hiç zat galmady...

Yzyna ýigrimi atlyny düşürip barýan Togrul demirgazyk tarapa ýüzüni öwrüp kän sürdi. Gün günorta golaýlanda ol bir oýuň içinde düşlemegi makul bildi.

Gyş gününiň çalaja aňzagy bardy. Derrew çöpleme çöpläp, ot ýakdylar. Gara taňkalary meşiklerdäki suwdan dolduryp, oda golaý süýşürdiler. Atlaryň başyna hem içine bir gysym arpa taşlanan haltany geýdirip, ýigitler oduň başyna üýşdiler. Gyzgyn çaýa gaty çöregi basyp garbandylar.

Togrul bu ýere öň Arslan beg bilen awa gelip görüpdi. Mundan ýene bir taňka çaý içesi salym ýolluk aşakda süýji suwly köller bardy. Gyş-tomus, tapawudy ýok, şol köllere mydama keýikler topar-topar bolup suwa inýärdiler.

Ol çaý başynda beýleki ýigitlere keýikleri köle tarap gabamagyň düzgünlerini düşündirdi. Ýaý ataňda seresap bolmagy, ýogsa, biri-birini ýaralamagyň, hatda öldürmegiň hem mümkindigini ýatlatdy.

Ýeňiljek garbanan ýigitler kelleleriniň aşagyna atyň eýerini

goýup, azsalym gyşardylar. Ýöne bir sagat töweregi wagtdan atlylar eýýäm ýoldady. Garynlar gaty bir aç däldi, diýmek, akyllar durudy, gözler ýitidi. Garynlar gaty bir dok hem däldi, diýmek, göwre ýeňildi.

Bu pursat ýa gylyç syryp söweşe, ýa-da ýaý dartyp awa girmeli pursatdy. Togrul sagdagyndan çykaran peýkamyny ýaýa salyp, kirşi çekdi-de, ony eýeriň gaşynyň üstünde taýýar tutup otyrdy. Giň kebzelerini gymyldadyp, arkasyndaky peýkamly sagdagyny iki pilçesiniň ortasyna süýşürdi.

Bu awa taýýar bolmagyň alamatydy. Ýigitler onuň hereketine eýerdiler.

Göýä asmanyň bir bölegi ýere gaçan ýaly bolup ýatan göm-gök köli olar uzakdan gördüler. Köle suwa inen keýik sürüsi hem bulary görüp, keýerjekläp bir durdy. Soňra serdar keýik ýüzüni çöle tarap öwrüp, duran ýerinde bir towusdy-da, sary çägeli alaňlara tarap ýüzün salyp gitdi. Tutuş süri onuň yzyna düşdi.

Atlylar jylawy deň goýberdiler. Keýikleri çöle ýetirmän, öňüni gabap bolsa aw oňjakdy. Iň öňde atyny ýüzün salyp barýan Togrul nazaryny sürä basyp alandan onuň çakyny urdy: «Elli keýik töweregi bolaýsa gerek, – onuň göwnünde çölüň aç gurdunyň açgözlügi oýandy – hemmesini alyp bolaýsa...»

Birinji peýkamy Çagry atdy. Ol haýsy-da bolsa bir keýigi aýratyn nyşana mündürjek bolup durman, sürüniň orta gürpüni nazarlap peýkamy sypdyrdy. Ýeňiljek şuwwuldydan soňra süýnüp giden peýkam özüni sürüniň ortasyna urdy. Elbetde, çapyp barýan atyň üsünde onuň keýige degenini-degmänini görmek kyndy. Ýöne bu ýagdaýda ujy polat çişli peýkamyň boş geçmejegi anykdy...

Ujy polat çişli peýkamlar Gün şöhlesine ýalpyldap, süriniň üstüne ýagyş bolup ýagdy. Atlylar eýýäm sürini gapdallap çapyp barýardylar. Sagdaklardaky peýkamlar saýpallandygyça, süri hem saýpallanyp barýardy. Sürüniň yzynda galdyryp gelýän çal tozany peýkam degip ýykylan keýikleriň sesi bilen garylyp, asmana göterilýärdi.

Çöl golaýdy, süride hem dört-bäş sany keýik galypdy. Ýene-de peýkamlar ýaýa doldy. Hol-ha çöl... eýýäm şemala sowrulýan sary çäge keýikleriň burnuna urup başlapdy. Sürüden welin, diňe serdar keýik galypdy. Ýigitleriň Togruldan başgasy atyň başyny çekdi.

Togrulyň gözleri daýaw keýigiň böwründäki ullakan ak tegmil-

de. Bu – ýaş ýigit üçin gowy nyşana. Keýik howlugýar. Ol, megerem, hiç mahal beýle ylgap, ylgap däl, ýel bolup süýnüp gören däl bolsa gerek. Jan süýji. Ol haýwana-da, ynsana-da deň süýji. Jereniň ullakan gözleri sary çägeli depäni gowy saýgarýar. Şonuň aňyrsyna bir aşyp bilse... ol gutuljagyny bilýärdi. Teşnelik onuň tutuş sürüsini gyrgyna berdi. Ýöne ol entek ýaş, kuwwaty ýeterlik. Ol özüne ýene süri tapar. Ýöne şujagaz sary alaňdan bir aşyp bolsa...

Togrul gözlerini keýigiň böwründäki ak tegmilden aýyrman at çapdyryp barşyna sag elini ýeňsesinden aşak sallap, sagdagyna ýetirdi. Ol sagdakda üç peýkam galanyny bilýär. Ýaş ýigit üç peýkamy birden sogrup aldy. Bir peýkamy ýaýa saldy, birini ýalaw ýaly dişlerine gysdyrdy, üçünji peýkamy çep eli bilen ýaýyň sapyna gysyp saklap durşuna, ýene bir gezek nazaryny ýeri gyratlap süýnüp barýan keýige dogrulady-da, onuň böwründäki ak tegmili nyşanalap birinji peýkamy sypdyrdy.

Bu wagt keýigiň toýnaklary çägä degipdi. Onuň ýüregine mylaýymlyk doldy. Ol – ýaşaýşyň ýyly demi. Şol pursat hem birinji peýkam süýnüp gelşine zarp bilen ak tegmiliň ortasyna sünjüldi. Keýigiň agyr göwresi yranyp gitdi. Dyzlarynyň ysgyny gaçdy. Ol janhowluna ýene-de on-on iki ädim süýnüp gitdi.

Ýöne böwründäki ak tegmile gelip sünjülen soňky peýkamlaryň zarby keýigiň agyr göwresini gapdala agdaryp goýberdi.

Onuň iň soňky gören zady, hanjaryny sogrup, üstüne egilen gara telpekli ýaş ýigidiň ýalpyldap duran gözleridi.



## *YLYM ÝOLY. KÖNE GALA*

Ylym ýoluna düşen Abu Seýit dil öwrenmegi tamamlap, fykh[3] öwrenmek üçin Merwe ugraýar. Ol Merwde tarykat ylmyna ökde adam ymam Abu Abdylla Hyzyry özüne pir tutunýar. Bu piriň ýanyna baranda Abu Seýidiň kellesinde jahylyýet[4] döwrüniň goşgularyndan otuz müň beýt tüweleý bolup köwsarlaýardy. Piriň wezipesi – şol goşgularyň ýerini şerigat ylymlary bilen doldurmakdy.

Abu Seýit Abdylla Hyzyryň ýanynda bäş ýyllap tälim alypdyr. Soňra Abdylla Hyzyr bakyýete göç eýläp, Abu Seýit Abubekir Kaffaly Merweziniň ýanyna baryp, ondan hem ýene bäş ýyllap fykh öwrenipdir.

Abu Seýit Merwden soň Sarahsa tarap ýola düşýär. Şol döwürde hadys, tefsir we fykh ylymlarynda öňüne adam geçirmedik ymam Abu Aly Zahyr ibn Ahmet Sarahsda ýaşaýardy. Abu Seýit Sarahsda ylym öwrenip ýörkä, bir gün Lukman Sarahsa gabat gelýär. Birnäçe gün geçensoň ol ýene Lukman Sarahsyny görýär. Ol bir üýşmek külüň üstünde oturyp, possunynyň ýyrtyklaryny ýamaýardy. Abu Seýit oňa seredip durýar. Onuň kölegesi Lukmanyň ýamap oturan ýamalygynyň üstüne düşüpdir. Lukman Sarahsy ýamalygy possuna tikenden soň, «Eý, Abu Seýit, biz seni ýamalyk bilen possuna tikdik» diýipdir-de, Abu Seýidiň elinden tutup, ony Abulfazl piriň (Sarahs babanyň) ýanyna getiripdir. Lukman Abu Seýidiň elini Abulfazlyň eline tutdyryp, «Eý, Abulfazl, bulary sakla, bular seniňki» diýipdir.

Abulfazl Abu Seýidi hanakanyň sekisinde oturdyp: «Eý, Abu Seýit, bir ýüz ýigrimi dört müň pygamberler ýaşap geçendir. Olaryň hemmesiniň maksady bir sözde jemlenipdir, ýagny olaryň hemmesi hemişe «Alla» diýip çagyrýandyr. Olaryň hemmesi ähli halka şu sözi dyngysyz gaýtalamagy buýurýardylar. Adamlar şu sözi köp gaýtalap, şonuň içinde gark bolup galýardylar we ähli zatdan päklenýärdiler. Bu söz olaryň ýüreklerinde döräni üçin hiç bir zada mätäçlik çekmeýärdiler» diýýär.

Bu sözler Abu Seýidiň ýüregini awlapdyr. Ol uzak gije uklap bilmändir. Ertesi irden namaz-sahawatyny berjaý edenden soň, Abu Seýit Abu Aly Zahyryň ýanyna gelýär. Tefsir sapagyny pir şeýle sözler bilen başlaýar: «Soňra olary özleriniň gark bolan nädogry ýollarynda azaşan ýagdaýlarynda terk ediň»[5].

Bu sözleriň keramatyndan Abu Seýidiň kalbynda bir gapy açylyp, onuň kalby göwresini terk edýär. Abu Aly Zahyr onda bolýan üýtgeşikligi duýup: «Düýn sen nirede bolduň» diýip soraýar. Abu Seýit: «Abulfazl piriň ýanynda» diýip, jogap berýär. Pir: «Ýeriňden tur-da, şol ýere ugra, seni manydan aýryp, söze getirmek haram bolar» diýýär.

Abu Seýit bu sözlere haýran galyp Abulfazl piriň ýanyna ugraýar. Pir oňa: «Özüňi terk edişiň ýaly, halky hem terk et» diýýär.

Abu Seýit bu sözlerden soň ähli ylymlary taşlap, Mänä, öz hüjresine gelip, ýedi ýyllap diňe «Alla» diýip oturýar. Ol tä bedeniniň her bir zerresi «Alla» diýip seslenýänçä, şu bolşuna bolup, soňra Abulfazl piriň ýanyna ugraýar.

Pir oňa hüjresiniň gabadyndan jaý berip, ahlak päkligiň we çillä[6] oturmagyň ähli şertini berjaý etmegi ondan haýyş edipdir.

Abu Seýit ol öýde köp wagtlap çillä oturansoň, pir ony öz hüjresine ýanaşyk jaýa geçirýär. Pir Abu Seýide çillä oturmagyň dürli görnüşlerini öwredipdir. Soňra Abufazl Hasan Abu Seýidi ýene Mänä ugradyp, «Ejeňiň hyzmatynda bol» diýip sargapdyr. Abu Seýit öz hüjresinde dört diwaryň arasynda öz ini-boýuna ölçäp, bir çukur gazypdyr. Şol çukura giren wagty ol howlynyň, hüjräniň gapylaryny ýapýan ekeni. Ol şeýdip zikr etmäge meşgul bolýardy,

hiç zat ünsüni bölmez ýaly, başga hiç ses eşitmez ýaly, gulaklaryny pagta bilen dykýardy. Ol öz kalbynda Haktagaladan başga hiç zada orun bermeýärdi.

Şeýle ýagdaýyň uzak dowam edendigi sebäpli, oňa adamlar bilen duşuşmak kyndy. Ol hemişe çölde, dagda ýeke gezer ýörer ekeni.

Mäneliler ony dagda-düzde ak lybasly haýbatly bir ýaşuly bilen görerdiler. Abu Seýit halatly derejesine ýetende ondan «Şol ýaşuly kimdi?» diýip soranlarynda, ol «Hydyr alaýyhssalam» diýip, jogap beripdir.

Abulhaýyr attar gije ýarymdan soň howla çykdy. Gijäniň çigregi iniňi düýrükdirse-de, üstüne ýorgan ýapynyp, howluda ýatmazça däldi. Abulhaýyr düşegini çynaryň aşagyndaky sekä çykardy. Ýapraklaryň şygyrdysy hüwdi ýaly bolup, ol gözleriniň ýumulyp başlanyny-da duýmady. Birden onuň ýadyna ogly düşdi-de, Abu Seýidi çagyrmak üçin ýerinden turup, aýaklaryny beýik sekiden aşak sallady. Ol ýuwaşlyk bilen Abu Seýidiň jaýynyň gapysyny itdi.

Gapyny açyp içerik giren Abulhaýyr doňup galdy. Oglunyň düşegi boşdy. Penjireden düşýän aýyň yşygyna öýüň ortasyndaky boş düşek mese-mälim görnüp durdy.

Abulhaýyr derwezä tarap ylgady. Ýassy namazyndan soň onuň özi derwezäniň zynjyryny baglapdy. Derwezäniň zynjyry sallanyp durdy. Diýmek, Abu Seýit derwezeden çykyp gidipdir. Haçan, näme üçin? Kim bilýär?

Attar ýerine geçip ýatsa-da, tutuş göwresi titräp duransoň, başujundaky suwly küýzä elini ýetirdi. Eňeginden syrygan sowuk suw döşüniň tüýüni öl-myžžyk etdi. Bedenindäki owunjak galpyldy ýatyşan attar oglunyň sag-aman öýe dolanmagyny dileg edip düşege geçse-de, wagty bilen gözüne uky gelmedi.

Ertir azan sesi eşidilenden soň, Abu Seýit ýuwaşlyk bilen

howla girdi. Ol derwezäniň zynjyryny ildirip, täze salnan jaýyna ýöneldi-de, düşege geçip uka gitdi.

Bu ýagdaý birnäçe gün gaýtalanansoň, Abulhaýryň ýüregine dowul düşdi: «Biri muny gorkuzyp, bir ýaramaz iş etdirýän bolaýmasyn, ýa bu jahyllygyň görkezýän oýunlarymyka?...»

Attar bu ýagdaýyň anygyna ýetmegi ýüregine düwdi. Bu gün hem ýassy namazyndan soň derwezäni baglan Abulhaýr sekide ýazylgy düşegine geçip, kellesini ýassyga goýsa-da, uklamaga howlukmady. Ol oglunyň öz jaýyna girip, düşege geçenini bilýärdi. Entek aý dogmansoň, howla tüm garaňky gije çöküpdi. Howlynyň töründäki jaý bir bölek daş düşen ýaly bolup garalyp otyrdy. Bu jaý Abulhaýryň ömrüni ikä böldi. Ozal ol Mahmyt şany tas Hudaýdan öňe düşüren ekeni. Ine, indi onuň ogly, Abulhaýryň ömrüni Alla tarap öwrüp goýberen ogly gijelerine ýitirim bolup başlady. Abulhaýryň şu gije bu ýagdaýyň anygyna ýetjegi çynydy.

Gije ýarymdan agansoň, Abu Seýidiň ýatan jaýynyň gapysy açyldy. Aý dogup, daş-töwerek ilkagşamkysy ýaly tümlük däldi. Abu Seýit diňşirgendi. Töwerekde gymyldy duýmansoň, pişik basyşyny edip derwezä tarap ýöneldi. Ýuwaşlyk bilen derwezäniň kildini ýazdyrdy, howludan çykyp, derwezäni ýapdy.

Bu zatlary synlap ýatan Abulhaýyr düşekden sogruldy-da, syrylyp sekiden düşdi. Ol ýuwaşlyk bilen derwezäni açyp, kellesini daş çykardy. Gözleri Aýyň yşygyna kümüşsöw öwşün atyp ýatan gijäniň goýnundan ogluny gözledi. Hol-ha ol köne gala tarap barýan ýodajyk bilen aşaklygyna, Abiwerd ýoluna tarap haýdap barýar.

Abulhaýyr howlukman, ara wagt salyp, oglunyň yzyna düşdi. Yzyna düşüler diýip güman hem etmeýän Abu Seýit arkaýyndy. Ony nämedir bir zat köne gala tarap şeýle bir güýç bilen çekýärdi. Sebäbi ýodanyň gerşini tozadyp, gala tarap tas ylgap diýen ýaly barýan ýaş ýigidi synlap, başga pikir etmek mümkin däldi.

Ogluny gözden sypdyrman barýan Abulhaýyr biygtyýar pikire çümdi: «Özi ýaly jahyllar bilen üýşüp humar zat oýnaýarmyka?..»

Abulhaýryň gaşlary bürlüp gitdi: «Etjek zady-ha däl welin,

kim bilýär-dä...» Tiz bu zatlaryň anygyna ýetjegi ýadyna düşende onuň ýüzi ýagtylyp gitdi.

Abu Seýit gala girip, gapyny ýapdy. Abulhaýyr köne galanyň gapysynyň öňüne gelip aýak çekdi. Ol birbada gapyny itmäge özünde gaýrat tapmady: «Gapynyň aňry tarapynda kim bilýär, nämeler bolup ýörendir...»

Ol ýuwaşlyk bilen galanyň daşyna aýlandy. Galanyň üstüne dyrmaşmaga amatly ýer tapyp, sägindi. Galanyň demirgazyk ganatynda galyň palçyk diwaryň üstünden syrygan ýagyş ony joýa-joýa edipdi.

Abulhaýyr köwşüni çykaryp, diwaryň düýbüne taşlady-da, howlukman palçyk diwara dyrmaşyp başlady.

Hol-ha Abu Seýit galanyň içindäki metjide girdi. Abulhaýyr syrylyp galanyň içine düşdi-de, bukdaklap barşyna metjidiň penjiresiniň öňüne geçdi. Abu Seýit metjidiň gapysyny içinden temmeledi. Abulhaýyr ätiýajy elden berip, penjirä golaý baranynyda duýmady. Metjidiň içinde Abu Seýitden başga yns-jyns ýokdy.

Abu Seýit burçda söýelgi duran pürsi alyp, metjidiň ortasyndaky guýynyň ýanyna geldi. Guýynyň gapdalynda ýatan bir kültem ýüpi alyp, bir ujyny pürsüň ortasyna, beýleki ujyny bolsa, aýaklaryna daňdy. Soňra pürsi guýynyň agzyna germäp, howlukman tutuş göwresini guýa sallady...

Abulhaýryň demi tutuldy. «Ol bu guýynyň içinde näme tapdyka?.. Ýa garakçylaryň hazynasynyň üstünden baraýdymyka?..» Şol wagt gulagyna bir ses gelen attar diňşirgendi. Ses metjidiň içinden gelýärdi. Has takygy, ses guýynyň içinden gelýärdi. Bu ses Abu Seýidiň sesidi. Ol doga okaýardy. Has takygy, ol guýa başaşak sallanyp durşuna, Kurany – Kerimiň sürelerini okaýardy.

Abulhaýyr göwresini lampa aşak goýberdi. Arkasyny diwara ýaplap oturan attaryň gözlerinden syrygan şor damjalar onuň gür sakgalyna siňip gidýärdi. Penjiräniň döwük aýnasyndan bolsa, oglunyň dar gowakdan daşaryk howlukýan şemal ýaly bolup, guýynyň içinden çykýan ýakymly sesi gelýärdi.

Kurany – Kerimiň süreleri guýudan köwsarlap-köwsarlap

çykyp, metjide dolýardy. Döwük penjireden özüne ýol tapan ol süreler älem giňişligine howlugyp, şol giňişlige-de siňip gidýärdi.

Sähere golaý Abu Seýit Kurany – Kerimi hatm etdi. Ol soňra ýüpden asylyp guýudan çykdy-da, pürsi öňki ýerinde goýdy. Galanyň ortasynda täret kyldy.

Abulhaýyr gelen ýoly bilen galadan çykyp, oglundan öňürti öýe dolandy-da, hiç zat bolmadyk ýaly, ýerine geçip ýatdy. Sähel salymdan Abu Seýit gelip howla girdi. Derwezäni kiltläp, ol öz öýüne tarap ýöneldi. Gözlerinden biygtyýar syrygýan ýaşlar ýassygyny ezen attar bu zatlary duýup ýatyrdy. Şu pursat onuň düşekden çykyp, oglunyň öňünden çykasy, ony bagryna mäkäm basasy gelýärdi.

Ýöne, ol özüne zordan erk edip, gymyldaman ýatdy. Uzak gijäniň ukusyzlygy öz hökümini ýöredip, ol basym süýji uka gitdi.

...Din ýolunda uzak wagtlap şeýle azaplar çekenden soň, Abu Seýit Sarahsa Abulfazl piriň ýanyna barýar. Pir oňa ryýazatyň[7] ähli görnüşlerini öwredýärdi. Soňra Abu Seýit Abulfazl piriň salgy bermegi bilen, şyh Abu Abdyrahman Suleminiň ýanyna baryp, ondan hyrka alýar.

Şondan soňra Abulfazl pir oňa: «Indi besdir. Sen Mänä bar-da, halky Hudaýa gulluk etmäge çagyr. Olary Hak ýoluna gönükdir» diýipdir.



# ÝEŇŞIŇ TAGAMY SÜÝJI. NUSAÝ

Seljuklar Garagumda, Horasanda ýersiz-ýurtsuz güzeran görüp, ahyry 1034-nji ýylda ýene Horezme tarap ýol taşlapdyrlar. Şol ýylyň noýabr aýynda olar köne duşmanlary, Jendiň häkimi Şa Mälik bilen çaknyşýarlar. Bu söweşde gaty köp adam ýitiren seljuklar ýene Horezmi terk etmegi ýüreklerine düwýärler. Ýöne, Horezmiň häkimi Harun töwella edip, olary yzyna gaýtarýar.

1035-nji ýylyň baharynda Harunyň dildüwşük netijesinde öldürilmegi bilen, seljuklaryň Horezmdäki ýagdaýy agyrlaşýar. Olar ýüzlerini ýene Horasana tarap öwürýärler.

1035-nji ýylyň maý aýynda Musa ýabgunyň, Togrul hem Çagry begiň baştutanlygyndaky seljuklar Gaznaly soltany Mesutdan rugsatsyz Horasana aralaşýarlar. Seljuklaryň ilki maksady Täk gala töweregine gelmek bolýar. Ony gowulyk bilen düşündirip, soltan Mesuda hat ýazýarlar. Hatda şeýle diýilýär:

«Çölüň gyrasynda bolan Nusaý bilen Paraw welaýaty bize berilsin, goşumyz bilen haýwanlarymyzy ol ýerde goýaly, aladasyz bolaly. Balhan dagyndan, Dehistandan, Köneürgenç serhedinden we Jeýhun taraplaryndan hiç bir arabozaryň kellesini galdyrmagyna maý bermeris».

Bu hat Mesudyň gaharyny getiripdir. Ol gyssagly harby geňeş çagyryp, seljuklara garşy ýörişe başlamagy karar edipdir. Ýörişe ýolbaşçylyk etmek Begdogdy hajyba[8] tabşyrylýar. Gaznaly goşuny 15 müň atlydan we 2 müň sany köşk gulamlaryndan[9] düzülipdir.

Iki tarapyň arasyndaky gutulgysyz söweş 1035-nji ýylyň iýun aýynda Nusaýyň golaýynda bolupdyr.

Nusaý. Öwlüýäler ýurdy. Jennetiň dag bilen çölüň arasyna düşen bir bölegi. Suw bar ýerde jennet bar. Dagdan inýän bal dek suwly çeşmeleriň akyp gelýän ýeri Nusaý. Çeşmeleriň boýuna düzülen söwütleriň, çynarlaryň goýy kölegesiniň jana berýän lezzetine başga hiç ýerde duşup bolmaz, sebäbi bu ýerden sähel salym aralykda agzyndan ot sowrup Garagum ýatyr.

Nusaý. Keramatlar şäheri, şyhlar şäheri Nusaý. Iň bärkisi Abu Aly Dekkagyň hanakasyna[10] zyýaratyň nämä degenok?! Ol hanakany gurmagy Dekkaga düýşünde hut Muhammet pygamberiň özi buýrupdyr. Abu Aly Dekkak şyhlaryň, ulamalaryň, sopularyň mazarlaryna zyýarat etmäge gelende, gijesini şol ýerde geçirýär ekeni. Bir gije Muhammet pygamber onuň düýşüne girip: «Şu ýerden sopular üçin jaý sal» diýýär we hanakanyň gurulmaly ýerini görkezip, çyzyk çekýär.

Dekkak ertesi irden oýanyp, düýşünde salgy berlen ýere gelse, pygamberiň çyzan çyzygy ýalpyldap duran ekeni. Dekkak çyzygyň ugry bilen diwar galdyryp, sopular, derwüşler, zyýaratçylar üçin hanaka gurýar...

Zyýaratlar şäheri Nusaý. Ýöne şäheriň iki parsah[11] golaýyndaky Enderman obasynyň eteginde düşlän atlylar bu ýere zyýarata gelmändi. Ol Mesut soltanyň seljuklaryň üstüne iberen goşunynyň öňçi güýçleridi...

Bu mahal seljuklar Nusaýyň demirgazygyndaky Bisme obasynyň töwereginde goşun düzýärdiler. Seljuklara goşun düzmek aňsat däldi. Mesut Mahmyt şanyň ogludy. Mahmyt şanyň uran zarbalary entek seljuklaryň ýadyndan çykmandy. Mesudyň iberen goşunynyň hem niýeti şol: seljuklara zarba urmaly. Şeýdip, olaryň özbaşdak ýerli-ýurtly bolmak arzuwlarynyň köküne palta urmaly. Özbaşdak ýerli-ýurtly bolmak üçin kän darkaşlar gurulmalydy. Şu gün şolaryň biri bolmalydy. Bu gelen goşun Mahmyt şanyň tälimini alan goşundy. Ol

Hindistana ýörişler eden goşundy. Seljuk atlylary entek beýle ýörişleri görmändiler. Seljuklar goşun düzýärdiler.

Bu wagt seljuklardan garaw görmedik öňçi güýçler Nusaýyň töweregindäki obalary çapawullaýardy. Gün ýaşyp barýarka oljasy oňan öňçi güýçler Enderman obasynyň etegindäki düzlügiň gapdalynda goş basdy.

Daňyň düýbi çyzylanda Begdogdy hajyp hem 15 müň atlysy bilen gelip, olaryň üstüne goşuldy. Günortana golaý düzlügiň demirgazyk çetinde Musa begiň, Togrul begiň, Çagry begiň ýolbaşçylygynda seljuk atlylary gelip düzüldi.

Begdogdy hajyp seljuk atlylary uzakdan görnenden, goşuny aýaga galdyrdy. Ol 2 müň sany köşk gulamyny söweşe saljak hem bolmady. Düzlügiň günorta tarapyny eýelän 15 müň atly, onuň hasap-hesibi boýunça, söweşiň ýagdaýyny oňyn çözmek üçin ýeterlikdi.

Garaňky düşmänkä şu düzlükde bellisini etmegi ýüregine düwen iki tarap hem «Alla» diýip, bir-biriniň üstüne at goýdy.

Elbetde, Begdogdy hajybyň atlylarynyň depelerinde Güne ýalpyldap, bulaýlap gelýän gylyçlary «gandan doýan» gylyçlardy. Olaryň seljuk atlylaryna tarap goýberýän peýkamlary öň adam tenini böwsüp gören peýkamlardy. Bir söz bilen aýdanyňda, Gaznaly goşunynyň söweş tejribesi artykdy.

Bu ýagdaý söweşiň ykbalyny çözüp biljekdi. Ol şeýle-de boldy. Sähel salymda sekiz ýüze golaý atlysyny ýitiren seljuklar guma çekildiler.

Begdogdy hajyp gumuň eteginden atlylaryny yza dolady. Aňyrsy görünmän ýatan alaňlaryň arasy gorkunçdy.

Ýöne, Begdogdy hajybyň üstüne bela ýowuz çölden däl-de, düýbünden başga ýerden geldi. Açgözlük. Ine, adamyň ganym duşmany. Açgözlük – adam döräp onuň hemrasy. Bu gezek hem şeýle boldy. Öňde gelip, garaw görmän obalary talan öňçi güýçler oljasyny soňky gelen atlylar bilen paýlaşmak islemedi. Enderman obasynyň eteginde ýene gylyçlar gyndan çykdy. Bu gezek Begdogdy hajybyň atlylary biri-birini çapýardy...

Gaznaly goşunynyň guma girmän yzyna öwrülenini gören Togrul beg jylawy çekdi. Onuň ýele gaýzygan ýüzi gara-ört bolupdy. Tog-

rul beg telpeginiň sakagyny gowşadyp goýberdi-de, elini gözlerine kölegeledip, ho-ol yza nazaryny çüýläp durşuna, Çagry beg ýanyna gelýänçä garaşdy.

Togrul beg bilen birki agyz söz alşan Çagry beg ýanyna on atlyny alyp, Enderman obasyna sürdi. Togrul beg beýlekilere baş bolup, demirgazyga ýöredi. Atlylara dem-dynç bermek gerekdi. Olar Bisme obasynyň ilerisinden aýlanyp, Balçeşmäniň güzerine çykdylar. Sowujak suw ýanyp duran ýürekleri biraz sowatdy.

Çagry beg on atlysy bilen giçlik güzere indi. Onuň ýüzi parahatdy. Göwresi göýä, oýnawaç sowgat berlen çaganyňky ýaly ýeňil gopýardy.

Togrul beg onuň bolşundan bir gowy habaryň bardygyny aňdy. Garry söwüdiň düýbünde aýaklaryny sowuk suwa sallap oturan Togrul beg Çagry begiň gelip gapdalyna çökerine howlukdy:

– Ýeri, näme habar?

Çagry beg üç-dört ädim ýetmän gamçysyny şarpyldadyp goýberdi. Heýem, seljuk begi gamçynyň bir oýnuny görkezmän söze başlarmy diýsene... Onda-da keýpi kök wagty...

– Gowy habar bilen geldim...

Togrul beg aýaklaryny suwdan çekip aldy. Öl aýaklaryna dolagyny dolap, ädigine elini ýetirdi.

Çagry beg dowam etdi:

– Gaznalylar olja üçin biri-birini çapýar...

Togrul beg oturan ýerinden iki dyzyna çöküp, ellerini asmana uzatdy:

– Eý, Allam, adamy açgöz edip ýaradanyňa şükür!

Şu pursat ýagdaýy öz peýdasyna üýtgedip boljagyna oň iki süňňi bilen ynanan Togrul beg böküp ýerinden turdy-da, goşuna höküm etdi:

– Atlanyň!

Bu pursat Mahmyt şadan galan goşunyň bir kemi oňa şadan miras galan açgözlükdi. Mahmyt şany on ýedi gezek Hindistana ýörişe

ýollan hem açgözlükdi. Mahmyt şa bu baý ýurdy talap, her gezek kerwen-kerwen olja bilen yzyna dolanýardy.

Ol döwür demirgazyk Hindistanda rajputlar – ýerli halkyň saklar, eftalitler bilen garyşmagyndan dörän millet ýaşaýardy. Olar Mahmyt şanyň garşysyna ýolbars bolup topulýardylar. Ýöne ýeke-ýekelikde. Olaryň arasynda «Goňşym bilen birigenimden, Mahmydyň elinden ölenim gowy» diýen jümle ýörgünlidi. Şol agzalalyk hem her gezek bu ýurduň başyna ýetýärdi.

Mahmyt şa iň soňky, on ýedinji gezek Hindistana girende şeýle bir waka bolýar. Giçlik Mahmyt şanyň goşuny Multan şäherine ýetýär. Şäheriň etegindäki deryanyň boýunda Mahmyt şa üçin çadyr dikilýär. Mahmyt şäheri zabt etmäge ugran goşuna buýruk berýär:

– Meniň çadyrym bilen şäheriň arasyna otdan diwar guruň – gözlerim hiç zat görmesin, adamlaryň ahy-nalasyny öz gykylygyňyz bilen basyň – gulaklarym eşitmesin! Goý, şäheriň nalasy meniň ýüregime agram salmasyn!

Şäher üç gün ýanýar. Nökerleriň eden-etdiligi üç günläp dowam edýär. Şeýle köp olja ele düşensoň, onuň bir bölegini dagda gömmäge mejbur bolýarlar. Mahmyt şa bolsa üç günläp çadyrynda şerap içýär. Ol üçünji gije çadyrynyň ortasyndan gylyjyny asyp, uklap ýatyrka düýş görýär. Düýşünde asylgy duran gylyjynyň ujundan gan damýarmyş. Ol şol gana gark bolýar...

Mahmyt şa tisginip oýanýar. Çadyrdan çykyp derýa tarap ýönelýär. Daş-töwerek goýy duman. Atlaryň pyşgyrýan sesi eşidilýär. Mahmyt ädigi, eşikleri bilen ýyly suwa girip gidýär. Töwerek duman. Ol suw içmek üçin egilýär. Birden, göwnüne bolmasa, ýeňsesinden kimdir biriniň pyşyrdysy eşidilýän ýaly. Ýok, ýeňsede däl, öňde, ýok gapdalda... Daş-töwrek pyşyrdy bolup dur. «Däliräp ýörmükäm» diýip pikir eden Mahmyt şa birki ädim ýeňsä çekilip, suwa ýykylýar...

Ol ýüzüp başlaýar. Kenar görnenok. Ol yzyna ýüzüp başlaýar. Bu tarapda-da kenar ýok. Daş-töwerek suw hem duman... Dumanyň içinden Mahmydyň gulagyna ýene her hili sesler eşidilýär:

– Bizi seniň gylyjyň öldürmedi, bu günäňi biz geçerdik. Bizi

seniň ýigrenjiň öldürdi... Sen bizi it gyran dek gyrdyň... Seniň bu günäňi bizem, nesillerimizem geçmez... Öleňde ýer hem seni kabul etmez...

Gark bolup barýan ýarymserhoş Mahmydy garry hindi halas edýär. Ol Mahmydyň nökerlerinden janyny gutarmak üçin, goýy dumana duwlanyp, gaýykly derýa çykypdy.

Kenara çykansoň özüniň kimi halas edendigini bilen garry hindi, depäniň aňyrsyna geçip, özüniň damagyny çalýar...

Bu wakadan soň Mahmyt şa ýene-de üç günläp çadyryndan çykman şerap içýär. Dördünji gün ol kellesine gara selle orap daş çykýarda, goşuny düzmegi buýurýar. Goşunyň öňünde ol öz Permanyny okaýar:

– Men, soltan Abu al-Kasym Mahmyt ibn Söbük al-Muzapbar al-Mutalib –öldüren adamlarymyň hemmesini indiden beýläk öz doganlarym we uýalarym hasap edýärin. Olaryň ruhlaryna edil, kakamyň ruhuna aýat okalyşy ýaly aýat okamagy buýurýaryn. Şolaryň adyndan şu günden şeýläk toba gelenimiň nyşany hökmünde gara selle geýýärin...

Bu – gylyjyndan gan damýan şanyň gijigen tobasydy. On ýedinji gezek Hindistanyň çetinden giren şa, şol ýerdenem goşuny yza dolaýar.

Bu mahal Nusaýyň eteginde olja üçin biri-birine gylyç çekýän goşun şol şanyň tälimini alan goşundy.

...Togrul beg atlylaryny dagyň etegi bilen Nusaýa tarap sürdi. Ol Nusaýyň ilerisinden aýlanyp, Enderman obasynyň üstüne ýokardan inmekçidi. Oňa deňiç ýagşy garaňky düşer. Olja üçin biri-birine gylyç çekýän goşunda bolsa, jebislik bolmaz. Togrul beg ajy ýylgyrdy: «Hindistanyň bol oljasyna öwrenen goşun bu ýerleri çapawullap alanyny az görýändir».

Togrul beg atyny debisgiläp gelşine şu günüň içinde, megerem, ilkinji gezek ýylgyrdy. Onuň göwnünde gindizki ýeňlişiň ahmyryny çykarjagyna ynam döredi. Şol ynam onuň atlylaryna-da geçse, gaty gowy boljakdy.

Bu wagt seljuk atlylary Nusaýyň ilerisinde, dagyň böwür berip

aýlanýan ýerine ýetipdiler. Garaňky gatlyşypdy. Togrul beg atlylary saklady. Ol atlaryň toýnagyna keçe daňmagy buýurdy. Onuň özi-de atynyň syrtyna bökderilgi horjundan dört sany galyň keçe bölegi bilen dört bölek tanap çykardy-da, howlukman atynyň toýnaklaryna keçe geýdirip, ony atyň inçejik injikleriniň daşyna dolap, ýüň tanap bilen berk daňdy.

Ýedi müň atly Nusaý şäheriniň ümsümligini ürküzmän, onuň günortasyna geçdi. Enderman obasyna çenli iki parsah ýol galapdy.

Togrul beg Çagry begi on atly bilen öňe ýollady. Munça atly bolup barýarkaň, basjak ýeriňi bilmän öňe sürmek çetindi.

Ol Çagry beg on atly bilen tümlüge çümüp gidensoň, ýene atyny ýerinden gozgady. Olar esli salym durman sürdüler. Togrul beg daşly baýryň etegine gelip, goşuny saklady. Ýedi müň atly onuň yzy bilen atdan düşdi.

Begiň indiki buýrugy atlylaryň arasyna ýaýrap gitdi:

– Ot ýakmaly däl, gaty gürlemeli däl, atlary kişňetmeli däl...

Togrul begiň buýrugynyň soňky jümlesine ýigitler geň galyp durmadylar. Seljuklar at bilen düşünişip bilýän esgerlerdi.

Togrul beg Musa begi ýene-de üç-dört sany seljuk begini ýanyna alyp, garalyp ýatan baýryň üstüne dyrmaşdy. Çagry beg on atlysy bilen şu ýere dolanmalydy. Hol aşakda etegi çöle sepleşip gidýän giň bir düzlük ýaýylyp ýatyrdy. Holha-da baýryň gabadynda, dik aşakda Enderman obasy. Ýagy çapan obanyň ahy-nalasy entegem köşeşmändi.

Çagry beg uzak garaşdyrmady. Duşman obanyň günortasyndaky ýylgynly düzlükde çadyr dikipdi. Elbetde, olja üçin biri-birine gylyç çeken ýygynyň şu gijäni gijelese, bu ýerden göterilmegi-de ahmaldy. Ýöne ýigitleriň ýüreginde ahmyr galypdy. Gündizki söweşden ahmyr galypdy. Arslan beg bolan bolsa ol, belkem, seljuk atlylaryny güýji iki esse köp düşmanyň üstüne gündiz sürmese-de sürmezdi. Mümkin, kiçiräk gijeki çaknyşyklar bilen ilki duşmanyň haýyny alardy...

Ähli zada tejribe gerekdi. Gündizki söweş seljuk atlylaryna kän zat öwredipdi.

Ine, häzirem Çagry beg özüni ýüz atly bilen ýene öňe ibermegi soraýar. Esasy goşun barýança garawullary duýdurman ýok etmek üçin. Musa beg oňa «Birden duýlaýsalar, çadyrlary otlap, ýygyna

başagaýlyk salmagy, oňa çenli özleriniň ýetişjegini» duýduryar. Bu wagt bu daşly baýryň üstünde Begdogdy hajybyň goşunynyň ykbaly biçilýärdi. Ol goşun bolsa, hol aşakda, bu zatlardan bihabar, «Seljuklar geläýse-de çöl tarapdan geler» diýip, ýüzüni çöle tarap öwrüp ýatyrdy.

Çagry beg ýüz atly bilen garaňka siňip gitdi. Agyr goşun ara sähel salym berip, olaryň yzyna düşdi.

Gije ýeňseden gelmek – bu möjek edähedi. Ol gündiz maňlaýy maňlaýa goýup dikleşen ýaly däl. Seljuklar entek diňe möjekdiler. Maňlaýy maňlaýa goýup dikleşmek üçin bolsa, ýolbars çykmalydy.

Ýeňseden dökülen ýedi müň atly duşmanyň çadyr dikip ýatan düzlügine möjek ordasy bolup ýaýrady. Aç möjekler agyla darana döndi. Goşuny çar tarapa dargan Begdogdy hajyp müňe golaý atlysy bilen garaňka duwlanyp, gaçyp janyny gutardy.



# MAHMYT ŞADAN GELEN PERMAN

Iki hyrkaly, otuz bäş ýaşly Abu Seýit üçin Mäne darlyk edýärdi. Allanyň sözüni halka ýetirmek üçin onuň göwni uly şäher küýseýärdi. Ol şäher Nyşapurdy. Ine, ol sopularyny yzyna tirkäp, Nyşapura gelýär. Dokmaçylaryň ýaşaýan köçesinde bir jaýy özine hanaka edinýär. Onuň halkyň öňüne çykyp ilki diýen sözleri: «Pirden tälim almadyk adama nebsim agyrýar. «Pirsiz dünýäň syryny açdym» diýýän adam hakykatdan daşdyr. Sebäbi, diňe pir bilen söhbetde Alla bolan söýginiň maňzyna ýetip bolýar. Dünýä şol söýgiň maňzyna ýetip düşünmeli, onuň üçin bolsa mydama piriň töwereginde bolmaly. Indiden beýläk men siziň piriňiz» diýen sözlerdi.

Şyhyň mejlislerine gaty köp adam ýygnanýardy. Sopulara kän sadaka berilýärdi. Şyhyň millet bilen söhbeti ýürekdendi. Ol berilýän soraglara şygyr bilenem jogap gaýtaryberýärdi.

Onuň bolşy Nyşapurly ussat Abubekir Yshak bilen kazy Seýit Abu Hanypyň göwnüne ýaramandyr. Täze gelen şyhy özlerinden öňe düşüresi gelmedik Abubekir Yshak bilen Seýit Abu Hanyp Mahmyt şa «Bir sopy şyh doräpdir, ol adamlary daşyna üýşürip, ne Kurany – Kerimiň tefsirini aýdýar, ne-de Allanyň resulyndan eşidilen hadyslary. Ol hemme zada goşgy bilen jogap berýär, müritleri bilen gowrulan towuk, lizine[12] iýýär, hiç bir ýol-ýörelgä gabat gelmeýär, adamlaryň bolsa, barysynyň ýüzi şoňa tarap. Bu gidişine gitse, ol köp adamy ýoldan çykarar» diýen mazmunly hat ýollapdyrlar.

Penşenbe güni ikindi namazy wagty Mahmyt şadan bularyň haty-

na jogap gelipdir. Şanyň jogaby gysgady: «Siz onuň ýagdaýyndan habardar bolup duruň, oňa şerigat boýunça näme çäre görmeli bolsa görersiňiz...»

Ussat Abubekir bilen Seýit kazynyň guşy uçdy. Beýle jogapdan soň, indi şyha näme etseler-de, olara garaw ýokdy. Olar «Ertir, juma güni öz adamlarymyzy ýygnap, şyhy ähli müritleri bilen ýoluň çatrygynda dardan asalyň» diýen netijä geldiler.

Bu habar dessine şähere ýaýrady. Şyhyň sopulary hem bu gürrüňi eşidip, ony Abu Seýide ýetirmegiň ebeteýini tapmadylar.

Şyh Abu Seýit Abulhaýyr öz keramaty bilen bu zatlaryň baryndan habarlydy. Şol gün ol namazdan soň müridi Hasany ýanyna çagyrdy.

Ýaramaz habar ýüregine yza berýän Hasanyň hem edil beýlekiler ýaly gözi ýaşlydy. Ol gözüniň ýaşyny sylyp, şyhyň ýanyna geldi.

Ýumşak düşekçäniň üstünde daşyna ýelek ýassyklary üýşürip oturan şyh syr bildirmedi:

– Hasan, biziň näçe sopymyz bar?

– Jemi ýüz ýigrimi adam, pirim, olardan segseni derwüşler, kyrkysy ýerli adamlar...

– Olara ertirlige näme hödürlemekçi?

– Siz näme buýursaňyz, şony hödürläris...

Şyh başyny aşak salyp oturşyna pessaýja ses bilen hiňlendi:

– Şatlanmak ýok, ýürek gutaryp barýar,
Şowhuny az gussa göterip barýar,
Bize ýüz tutan her älem şatlygy,
Gaýga öwrülmäge tutaryk bolýar…

Şyh Abu Seýit Abulhaýyr golaýyndaky ýassyklaryň birini goltugyna çekip gyşardy:

– Onda diňle, Hasan, ertir her sopynyň öňünde guzy kellebaşaýagy, ýülügine seper ýaly owradylan gant, halypa halwasy bilen şeker bolsun. Ud[13] ýakyň, olara gülap sepiň... Täze dokalan düşekleri ýazyň, saçagy metjidiň içinde ýazyň, adamlar Allanyň öz halan bendelerine ylahy suprasyndan näme eçilýänini görsünler...

Şyh gapdalyndaky üzümli jama elini uzatdy. Munuň «gürrüň gutardy» diýen alamatdygyny aňan Hasan çala baş egdi-de, daş çykdy.

Gün eňegini ýere beripdi. Ertir irden bolsa, piriň diýen zatlary saçakda durmaly. Hanakanyň gaznasynda bolsa, ýekeje dirhemem pul ýokdy. Karz alaýyn diýse, Nyşapurda entek gowy tanaýan adamlaram ýokdy.

Derwezeden çykyp, pikire batyp barýan Hasan Adana Kuýan köçesiniň başlanýan ýerine ýeteninem duýmady. Dükanlar ýapylyp başlady. Her kim agşam namazyna ýetişmek üçin öýüne howlugýardy.

Hasan iki oduň arasynda galdy. Irden piriň diýşi ýaly bolaýmalydy. Jübüsinde welin, ýekeje dirhemem ýok...

– Eý, Hasan!

Oýa batan Hasan tisginip gitdi. Ol ses çykan tarapa öwrüldi. Köçäniň aňry tarapyndan ylgaşlap gelýän ýaş ýigit sözüni dowam etdi:

– Garaňky düşensoň bu ýerde näme işläp ýörsüň?

Hasan göwünli-göwünsiz dillendi:

– Pirimiz ir bilen ýüz ýigrimi sopa saçak ýazmagy buýurdy... Mende bolsa ýekeje dirhemem ýok... şu ýerde daňdana çenli durmalam bolsa durjak, yzyma gaýtmaga ýüzüm ýok...

Ýaş ýigit oňa golaý geldi:

– Ýeňime eliňi sok-da, şyha gerek puluňy al!

Hasanyň gözleri tegelendi, daş-töwerege howatyr bilen nazar aýlanyny-da duýmady.

Ýaş ýigit ony gyssady:

– Bol, çekinme – Ol ýeňini ýokary göterdi.

Hasan ýuwaşlyk bilen onuň ýeňine elini sokdy. Onuň titräp başlan barmaklarynyň ujuna bir teňňe ildi. Ol teňňäni barmaklary bilen gapjap, çekip aldy. Tylla teňňe. Bu piriň buýrugyny ýerine ýetirmäge aňryýany bilen ýetjekdi.

Ýoluny dowam eden ýaş ýigit garaňka siňip gitdi.

Ertesi güni ir bilen metjitde piriň diýşi ýaly edip saçak ýazylgydy. Pir sopulary bilen gelende, bu ýere ep-esli mähelle üýşüpdi. Bu ýerde bolup geçýän zatlary Abubekir Yshak bilen Seýit kazynyň gulagyna ýetirdiler. Seýit kazy habary getirene: «Goý, olar bu gün şatlansynlar, kellebaşaýak symyşlasynlar, ýöne ertir olaryň kellesini gargalar çokar» diýip, jogap beripdir. Abubekir Yshak bolsa: «Goý, olar bu gün garynlaryny ýagjartsynlar, ertir olar dar agajynyň sütünini

ýagjardarlar» diýip, olaryň ikisi-de şyha we onuň sopularyna bellän jezalaryny bir gün yza süýşüripdirler.

Ýöne ertire çenli tutuş bir gün bardy. Bu bir günüň içinde nämeleriň bolup geçjeginden olaryň entek habary ýokdy.

Sopular nahardan çekilip, ellerini ýuwanlaryndan soň, şyh ýene Hasany ýanyna çagyrdy:

– Hasan, namazlyklary mähraba elt-de, sopularyň namazlyklaryny Seýit kazynyň yzyndan ýaz. Biz bu gün namazy onuň yzynda durup okamakçy...

Hasan sessiz baş atdy. Ol ýüz ýigrimi namazlygy iki hatar edip başga adama ýer bolmaz ýaly edip ýazdy. Pir sopulary bilen geldi. Seýit kazy münbere çykyp, hutba okady, soňra ol aşak düşüp namaz okady. Kazy iki egnine salam berenden soň, şyh ýerinden turdy. Kaza tarap gözüniň gytagyny aýlan şyh sopularyny yzyna tirkäp, çykyp gitdi.

Hanaka baranlaryndan soň şyh ýene Hasany çagyrdy. Pir hemişeki bolşy ýaly, ýumşak düşegiň üstünde daşyna ýelek ýassyklary üýşürip otyrdy.

– Hasan – pir göýä, diýýän zatlary müridiniň ýadynda gowy galsyn diýýän ýaly, howlukman söze başlady. – Sen häzir Karramylar köçesiniň çatrygyna bar, şol ýerde bir dükan bardyr, dükanda kak, ak künji, pisse maňzy garylyp taýýarlanan tagam bardyr. Ondan on man[14] alarsyň, şol ýerde badam satylýan dükan hem bardyr. On man badam alyp, arassalarsyň. Soňra olary iki sany ak halta bölüp sal-da, depäňde göterip, ussat Abubekir Yshagyň öýüne bararsyň. Şol zatlary ussada eltip ber-de, «Pirimiz agzyňyzy şu zatlar bilen açyň» diýdi diýersiň...

Hasan çala baş egip, howlukman daş çykdy. Sähel salymdan ol bar zady piriň diýşi ýaly taýyn edip, Abubekir Yshagyň derwezesiniň agzyna bardy. Haşamly derweze Hasanyň sussuny basdy. Egerde pir «Tagamlary ussada gowşuryp, «Pirimiz agzyňyzy şu zatlar bilen açyň diýdi» diýip aýt» diýmedik bolsa, ol bireýýäm iki halta nygmaty derwezäniň öňüne taşlap, bu ýerden ökjäni götererdi. Sebäbi, bu derwezäniň aňyrsynda ýaşaýan adam ýöne-möne adam däldi. Nyşapur karramylaryň[15] merkezidi, bu şäherde ýigrimi müň töweregi

karramy ýaşaýardy. Abubekir Yshak olaryň öňbaşçysy. Ol Mahmydyň dostudy. Şanyň dosty bolup, onuň ýörişlerini wasp edýäni üçin bu şäherde onuň edenine däl diýip bilýän ýokdy...

Hasana derwezäni açdylar. Abubekir Yshak bu wagt öýündedi. Iki sany ak haltany göterip öýe giren Hasany görüp, onuň gür gaşlary gerlip gitdi:

– Näme habar bilen geldiň?

Hasan howlukman haltajyklary onuň öňünde goýdy: – Men Abu Seýit piriň müridi, pir size agzyňyzy şu tagamlar bilen açyň diýdi...

Ussat Abubekir haltajyklarynyň agzyny açdy. Olaryň içindäki tagamlara gözi düşen öý eýesiniň ýüzi ak tam boldy. Ol esli wagtlap barmagyny dişläp oturdy-da, açyk gapydan daşaryk gygyrdy:

– Abulkasym hajyby çagyryň!

Gapynyň agzynda duran hyzmatkärleriň biriniň «Lepbeý, pirim!» diýen sözlerinden soň, uzaklaşyp barýan aýak sesi eşidildi.

Köp wagt geçmänkä Abulkasym hajyp gelip gapydan girdi:

– Çagyran ekeniňiz, pirim!

Ussat Abubekir Yshagyň entegem ýüzüniň reňki durlanmandy. Onuň sesi sandyrap çykdy:

– Sen häziriň özünde Seýit kazynyň ýanyna git-de, meniň düýnki pikirimizden ýüz öwürýänimi oňa aýt. Sebäbini sorasa, «Pirim düýn metjide barýarka dükanlarda süýji kak hem badam satylýanyny görüpdir. «Metjitden gelip şu zatlar bilen agzymy açaryn» diýip pikir edip, soň pikirini ýatdan çykarypdyr. Bu gün bolsa Abu Seýit oňa agyz açmak üçin kak bilen badam iberipdir» diý...

Abubekir gözleri bilen ümläp iki haltajygy görkezdi-de, sözüniň üstüni ýetirdi:

– Allanyň bendeleriniň pikirini okap bilýän adamyň göwnüne degip, biribaryň öňünde günäkär bolup bilmeris...

Abulkasym hajyp tiz çykyp gitdi. Oňa köp garaşmaly bolmady. Ol dolanyp gelşine, bosagadan giren ýerinde çökdi-de, ussat Abubekiriň özüne uzadan çaýly käsesinden owurtlap, söze başlady:

– Seýit kazy hem bärik şol niýet bilen adam iberjek bolup duran ekeni. Ol size «Şyh şu gün namazdan soň sünneti okamady. Men oňa «Juma namazynda sünneti okamazlyk pire-de, müride-de gelişýän zat däl» diýmek üçin yzyma öwrüldim welin, ol maňa bürgüt bolup

göründi. Men welin, bir serçe bolup galdym, oňa bir zatlar diýesim geldi, ýöne dilim tutuldy. Ol maňa şu gün öz hikmetini görkezdi. Menem pälimden gaýdýan» diýip, aýtmagy buýurdy.

Bu gürrüňi diňlän ussat Abubekir Hasana tarap öwrüldi:

– Hasan, sen piriňe aýt, meniň ýigrimi müň tarapdarym, Seýit kazynyň otuz müň adamy bilen goşulyp, onuň garşysyna çykdyk. Ýöne, piri dyza çökerip bilmedik. Ol on man kaky hem badamy bilen biziň ähli goşunymyzy çym-pytrak etdi. Indi ol öz mezhebi, biz öz mezhebimiz bilendiris...

Begenjine gözlerine ýaş aýlan Hasan hanaka ýetmäge howlukdy. Abubekiriň agyr derwezesi onuň ýeňsesinden zarňyldap ses etdi. Bu ses Hasanyň gulagyna ýeňiş kernaýynyň sesi bolup eşidildi.

Hasan şol begenji bilen gelip hanaka girdi.

Ertesi gün Seýit kazy hem golaý adamlary bilen gelip, Abu Seýit Abulhaýyrdan ötünç sorady.



# MERW. MÜŇ SANY ÝAÝYŇ ÝURDY

Nusaýyň etegindäki söweş seljuklaryň Horasanda uly syýasy güýje öwrülendigini mälim etdi. Bu ýeňişden soň seljuklaryň öz güýjüne ynamy artdy. Mesut soltan seljuklar bilen ylalaşyk baglaşmagy makul bilip, Dehistany Çagry bege, Nusaýy Togrul bege, Parawy bolsa Musa bege bermäge razylaşypdyr.

Munuň özi Mesudyň seljuklary özüne tabyn syýasy güýç hökmünde ykrar etmegidi. Şertnama görä, seljuklar agzalan üç welaýatdan özge ýere dawa etmeli däldi. Şertnamada seljuk begleriniň biriniň zamun hökmünde Gaznaly köşgüne iberilmegi hem aýdylýardy. Ýöne seljuklar bu şerte boýun bolmandyrlar.

Soňabaka agzalan welaýatlar seljuklar üçin darlyk edip başlapdyr. 1036-njy ýylyň noýabr aýynyň 12-sine seljuklaryň ilçileri Gaznaly weziriniň ýanyna gelip, berlen ýeriň darlyk edýändigini düşündirip, Merw, Sarahs, Abiwerd sebitleriniň hem özlerine berilmegini haýyş edipdirler. Munuň üçin olar Gaznaly döwletine tölegli esger hyzmatyny etjekdiklerini aýdypdyrlar.

Mesut soltan Sübaş hajybyň serkerdeliginde 10 müň atly bilen 5 müň pyýada goşuny Balhdan seljuklaryň üstüne ýollapdyr. Bu meseläni Sübaş hajyba tabşyransoň, Mesut 1037-nji ýylyň güýzünde Hindistana ýörişe ugrapdyr. Bu ýagdaý seljuklara oňaýly şert döredipdir. Seljuk atlylary Gaznaly goşunynyň üstüne çozup-gaçyp ony halys surnukdyrypdyr.

Kakasy Mahmyt şadan miras geçen açgözlük Mesut soltany öz erkine goýmandyr. Kakasynyň gijigen tobasy hem Mesut üçin hiç zatdy. Daglaryň aňyrsynda baý Hindistan bardy.

1037-nji ýylyň güýzi. Gaznaly goşuny Mesut soltanyň ýolbaşçylygynda Hindistana ýörişe ugraýar. Bu habar tiz seljuklaryň gulagyna ýetýär. Seljuklara Hindistan gerek däldi. Seljuklara araba-araba talanan gymmatbaha oljalar hem gerek däldi. Olara ýurt, şol ýurda paýtagt şäher gerekdi. Ol şäher Merwdi. Bolçulyk ýurdy Merwdi. Bu ýerde ýer boldy. Bu ýerde suw boldy. Bu ýerde sähra giňdi. Bu ýerde çöl hem mylaýymdy.

Gaznaly goşuny daşdy. Ol goşun ýüzüni Hindistana tarap öwrüp, daglaryň jülgeleri bilen ýene-de bir gezek baý oljanyň yşgyna düşüp barýardy.

Musa begiň ýaşululygyndaky seljuk göçüniň bolsa, ýüzi Nusaýdan Merwe tarapdy.

Musa ýabgunyň Merw ýaly uly şähere juda golaý oturasy gelmedi. Onuň agyr göçi Merwden iki parsah günortada, derýanyň hanasynyň şahalanyp başlan ýerinde ornaşdy. Bir egniň dury suwly derýanyň jülgesi, beýleki tarapyň bolsa, tä Sarahsa çenli uzalyp gidýän sary çägelik. Derýa bilen çölüň arasyndaky giňişlikde ýedi müň öýli seljuk goş ýazdyrdy.

Öýler guruldy, mallar sähra kowuldy, derýanyň boýundaky söwütdir derek garyşyk toraňňylykda bolsa, atlar bakyldy.

Seljuklar bu hezilligiň uzaga çekmejegini bilýärdiler. Mesut soltan Hindistandan dolanyp gelensoň, ýa ýene-de yzan-da-çuwan bolup, Nusaýyň oty-suwy gyt dar jülgesine tarap çekilmelidi, ýa-da Merw jülgesini soltandan urşup almalydy. Ol bu sahawatly jülgäni, bu baý şäheri ýöne şeýle beräýmez. Uruş gazaply bolar. Ýeňseň – urşuň gazaby şatlyga öwrülýär, ýeňilseň – sergezdançylyga.

Musa ýabgunyň ýaşululygyndaky seljuklar sergezdançylygy köp görüpdiler. Eger ýene bir gezek tutuş milletiň bilen sergezdan bolmak islemeseň, şol öňdäki gutulgusyz urşa gowy taýýarlyk görmelidi.

...Ine, bu günem gyşyň aňzakly güni Musa beg, Togrul beg,

Çagry beg hem-de seljuklaryň beýleki begleri beýik depäniň üstünde üýşüp duruşlaryna ýaş ýigitleriň türgenleşigini synlaýardylar. Dogrusy, bu türgenleşik däl-de, synagdy. Aşakdaky düzlüge üýşen ýüz töweregi atly öz begleriniň synagyndan geçmek üçin gelipdiler. Seljuklar Merwe geleli bäri günde şeýledi. Özbaşdak türgenleşik geçýän atlylar soň ýüz-ýüzden düzülip, bu ýere synagdan geçmäge gelýärdiler.

Synagy Togrul beg alyp barýardy. Hol-ha, ol depäniň üstünde atyny debisgiläp beýleki beglerden çete çykdy-da, sag elini ýokary göterdi. Düzlügiň çetine üýşen ýüz atlynyň gowry ýatyşdy. Olaryň arasyndan on atly öňe çykyp, gylyjyny gynyndan çykardy. Öňde düzlükde on hatar söwüt çybyklary dikilgidi. Inçejik söwüt çybyklary gyşyň şemalyna yrgyn atyşyp otyrdylar.

On atly atyny ýüzün salyp barşyna şol çybyklary çapyp ýetişmelidi. Ine, Togrul beg elini aşak ýatyrdy. On atly jylawy goýberdi. Uçganaklap duran atlar ýüzin saldylar. Her atly öz setiriniň çetinden girdi, gylyçlar aşak indi. Ýelden ýeňil çapýan atlar tiz düzlügiň çetine çykdylar. Hol yzda çapylman galan onlarça söwüt çybygy şemala başlaryny yrap otyrdylar. Togrul beg gaharly haýkyryp, elini salgap goýberdi. On atly göýä begiň nazaryndan sypmak isleýän ýaly, hataryň ýeňsesinde gizlendi.

Düzlügiň gyrasynda tomaşa synlap oturan oglanjyklaryň öz etmeli işleri-de bardy. Atlylar düzlügi boşadan dessine on-on iki sany oglanjyk goltugy söwüt çybykly meýdana çykdy. Olar çapylan söwüt çybyklaryny tiz çalyşdylar.

Togrul beg ýene elini galdyrdy. Indiki on atly öňe çykdy. Ýüz atlynyň serkerdesi janygyp, olara birzatlar düşündirýärdi. Meger, şemala egrelip, aşak ýapyrylýan çybygy nädip çapmalydygyny öwredýändir. Ýöne indi giç bolsa gerek. Hol-ha, meýdan, ine-de, on atly. Depäniň üstünde bolsa, äpet gara atyna atlanyp, Togrul beg sag elini ýokary göterip dur. Ine, ol elini aşak goýberdi. On atly jylawy deň gowşatdy.

Ýa ýüzbaşynyň maslahaty ýerine düşdi, ýa-da şemal bu gezek pessaýrak öwüsdi… Has dogrusy ýigitler gaty yhlas etdiler, olar düzlügiň aňry çetine çykyp, ýeňsä dönen mahallary yzda ýekeje-de dik oturan çybyk ýokdy.

On atly begenip, eýerde çaga ýaly oýun etdi. Togrul begiň gözlerine şöhle indi, hatda ýaşuly Musa ýabgu hem çal murtlaryny sypap goýberenini duýman galdy. Düzlügiň gyrasynda oturan oglanlar el çarpyşyp, diriň-diriň bökdüler. Ýüzbaşy begenjine atyny debisgiläp, ýigitleriň öňünden çykdy...

...Soňra ýaý atmak synagy başlandy. On atly meýdançanyň bir burçundan beýleki burçuna tarap at çapdyryp gelşine, çep tarapdaky burçda dikilen on sany derek agajynyň sütünine geýdirilen kädileri atyp düşürmelidi. Bu synag söwüt çybygyny çapandan kyn bolany üçinmi ýa türgenleşik az geçilipmi, kim bilýär, ýaş ýigitleriňki hiç ugruna bolmady. Eýýäm dördünji onluk orta çykan-da bolsa, nyşana degýän peýkam gaty azdy.

Togrul begiň gara aty duran ýerinde hokranyp, çar tarapa owsunyp başlady. Eýesinde dörän galagopluk at janawere hem geçipdi.

Haýsy serdar bu ýagdaýda atyň üstünde rahat oturyp biler. Togrul beg atyny debisgiläp depeden aşak indi. Begiň depeden inenini gören ýüzbaşy orta çykan on atlysyny tiz yzyna dolady.

Togrul beg meýdançanyň burçuna baryp, at başyny çekdi. Elli ýaşly begiň göwresine owunjak galpyldy aralaşdy: «Birden meniň hem peýkamym sowa geçäýse... Eý, Allam, – Beg gyşyň aňzagyna gaýzygan ýüzüni ýokary, göterdi – masgara etmäweri...»

Ol howlukman goltugyndan kümüş oýmak çykaryp, sag eliniň başam barmagyna geýdirdi. Bu kirşiň barmagyna ýara salmazlygy üçin zerurdy. Ýaý atýan esger sag eliniň başam barmagyny mydama goramalydy. Ýöne ýere Mahmyt şanyň serkerdesi Arslan Jazib oňa «Seljuklara ýer berjek bolsaň, iň bolmanda, ýaý çekip bilmezler ýaly olaryň başam barmaklaryny kes» diýip, maslahat bermändi.

Soňra Togrul beg sagdagyny ýeňsä, iki pilçesiniň arasyna süýşürip, ýaýyny eline aldy-da, «Alla» diýip, meýdançanyň beýleki burçuna tarap at goýdy. Häliden bäri galagop at toýnaklarynyň astyndan toprak zyňyp, öňe okduryldy. Ol tüweleý dek tiz bat aldy. Atyny nyşana kädilere gytaklaýyn çapyp barýan Togrul beg üzeňňä galyp, göwresini dikledi.

Bu wagt hemmeleriň gözi gara at bilen bir göwrä dönüp, uçup barýan Togrul begdedi. Ol göwresini dik saklap çapyp barşyna çep eli

bilen ýaýyň sapyny berk gysymlap, sag elini egniniň üstaşyr sagdaga ýetirdi. Üç sany peýkamy birden sogrup alyp, birini dessine ýaýa saldy, birini dişleriniň arasyna gysdyryp, üçünji peýkamy bolsa, çep eli bilen ýaýyň sapyna gysyp saklady.

Togrul beg at çapdyryp barşyna ýaýy egniniň deňine göterdi-de, kirşi çekdi. Ol bu pursat göwresini nyşana ýanyn tutup, bar agramyny çep aýagynyň üstüne atdy. Kirşi sag egnine çenli çekip, peýkamyň ujuny nyşana gönüledi. Birinji kädiniň depesini nyşanalan Togrul beg kirşi goýberdi. Birinji peýkam entek howada wagty ikinji peýkamy ýaýa salan beg ony bäşinji kädä, üçünji okuny bolsa, iň soňky kädä çenäp, kirşi sypdyrdy.

Ýaýdan ilki sypan peýkam birinji kädiniň böwründen girende, ikinji peýkam ýarpy ýoldady, ol nyşana çümen mahaly bolsa, üçünji peýkam nyşana bilen aralygy ýarpylapdy. Üçünji peýkamyň zarbyna çydaman bölek-bölek bolan kädi ýere gaçan wagty, meýdançanyň burçuna ýeten Togrul beg at başyny yzyna öwürdi.

Meýdança agyr ümsümlik aralaşdy.

– Berekella, inim!

Musa ýabgunyň sesi gyşyň howasynda uzaga ýaňlanyp gitdi. Ol atyny debisgiläp depeden aşak indi. Togrul beg atyny yzyna öwren ýerinde durdy. Musa beg beýleki seljuk begleriniň öňüne düşüp gelşine Togrul begiň alnynda at başyny çekdi:

– Berekella... hany, ýaýyňy bäri uzat...

Togrul beg buhara sugunynyň şahyndan ýasalan ýaýyny agasyna uzatdy. Musa ýabgu ýaýy alyp, ony göýä ilkinji gezek görýän ýaly höwes bilen synlap durşuna dodaklaryny ýazdy:

– Saňa kakaň pahyrdan galan ýaý bu. Seljuklaryň iň gowy ýaýy. Men şu ýaýy ýasan ussany bilýän. Ol Merwde ýaşaýar... Ertir şonuň ýanyna baryp gaýtmaly borus...

Ir bilen Gün ýaňy naýza boýy galanda seljuklaryň obaçylygynyň orta gürpünden çykan bir bölek atly Merwe tarap ýola düşdi. Olar



Musa ýabgu, Togrul beg, Çagry beg, Arslan ýabgunyň ogly Gutulmyş we ýene-de dört-bäş sany seljuk begleridi.

Atyň üstünde gyşyň şemalyna üşäp başlan Musa ýabgu düýnden bäri eýýäm gör, näçe gezek diýen sözlerini ýene diline aldy:

– Bize iň bolmanda müň sany gowy ýaý gerek... Müň sany-da mergen esger. – Ol atyň üstünde oturan ýerinden agyr göwresini sag gapdalyndan barýan Togrul bege tarap öwürdi. – Şolara özüň tälim bermeli bolarsyň...

Togrul beg sowuga gyrawlan murtuny sypap goýberdi:

– Tälim bermek haýyr-la... Ýöne şol ussa aýatda diridir öýdýäňmi?..

– Ussa bardyr... Ýakup ussa bolmaly onuň ady, eger ussaň özi ýok bolsa, şägirdi bardyr... Bu döwür ýerde ýatmaly hünär-ä däl özi...

Bir bölek atly gün guşluk bolanda Merwiň günorta derwezesinden şähere girdi. Şäheriň içinde millet syrgyn-syrgyn bolup ýaşaýardy. Küýzegärler syrgyny, demirçi ussalar, ýarag ussalary...

Bölek atlynyň öňüne düşüp barýan Musa ýabgu atyny gyssaman, şäheriň darajyk köçeleri bilen onuň içine aralaşdy. Ine, olar bazar meýdançasyny kesip geçdiler. Demirçileriň köçesi... Sandal bilen çekijiň şyňk-şyňk sesi çar tarapdan atlylaryň üstüne döküldi. Seljuk begleri dört tarapdan dökülýän duşmany yzyna gaýtaryp görüpdiler. Ýöne gulaklaryňdan girip, beýnä çökýän bu irginsiz sesleriň garşysyna olar ejizdiler.

Sesler ýatyşdy. Atlylar jylawy indiki köçä tarap burdular. Birinji gapynyň öňünde Musa beg at başyny çekdi. Ol kellesini yza öwrüp, Gutulmyşa ýüzlendi:

– Gapyny kak, habarlaşaly...

Gutulmyş atyny debisgiläp geldi-de, gapynyň öňünde jylawy çekdi. Ol öňe eglibräk oturşyna gamçynyň sapy bilen gapyny dört-bäş gezek tyrkyldatdy. Beýik haýatyň aňyrsynda üýtgeşiklik duýmansoň, ol ýene gamçynyň sapyny agaç gapa ýetirdi.

Howludan erkek kişiniň «Barýan» diýip gygyrýan sesi eşidildi. Gapyny açan orta boýly, garynlak pyýadanyň atlylara gözi düşüp, ýüzi agaryp gitdi. Ýöne Musa ýabgunyň mylaýym sesi ony tiz özüne getirdi:

– Bize ýaý ýasaýan Ýakup ussa gerekdi...

Togalak pyýada indi gowy özüne gelipdi:

– Ýakup ussa şu ýerde ýaşaýar... Ol meň kakam...

Atlylaryň ýüzleri ýagtylyp gitdi. Muny gören togalak pyýada dil açdy:

– Çagyraýynmy, gowusy, geliň öýe giriň...

Öňünde duran gara deri telpekli, billeri kümüş bezegli gaýyş guşakly, aýaklary keçe ädikli bu atlylaryň ýöne-möne iş bilen gelmändiklerine togalak pyýada tiz düşündi. Ol gapynyň gapdalyndaky agaç derwezäniň temmesini ýazdyrdy-da, atlylary howla goýberdi.

Giň howlynyň töründäki öňi eýwanly jaý, megerem, ussanyň maşgalasy bilen ýaşaýan jaýy bolsa gerek. Diwaryň boýy bilen bärligine pessejik palçyk jaýlar uzalyp gaýdýar. Palçyk jaýlaryň açyk gapylaryndan çalaja hümürdi eşidilýär. Sag tarapdaky bassyrmalaryň aşagyna derek çybyklary, goltuk-goltuk gamyş basylgydy. Howlynyň ortasyndaky giňişlige agaç bary dikilip, olaryň arasyna ýüp çekilipdir. Şol ýüplerden bolsa haýwanlaryň zolak-zolak edilip kesilen derileri asylgy durdy. Her zolak deriniň aşagyna deşik edilip, şol deşige-de çöp ötürilgidi. Dört-bäş sany oglanjyk şol derileri ölläp, taýajyklary towlap, derileri kem-kemden işip ýördüler.

Musa ýabgu atyň üstünde oturan ýerinden Togrul bege tarap öwrüldi-de, kellesi bilen ümläp asylgy derileri görkezdi:

– Şeýdip ýaýa kiriş işýärler. Soňra kirşi ýaga çümdürip çykararlar welin, ol kirşe sowuk-yssy, çyg-suw täsir etmez. Biz tüýs gelmeli ýerimize geldik...

Bu wagt palçyk jaýlaryň birinden orta boýly gyrçuw ak sakgally, giň maňlaýyny gözüne çümreräk edip ýaglyk bilen daňan, gaýyş öňlügi ýagyň derdinden ýalpyldap duran ýetmiş ýaşlaryndaky gaşlak pyýada çykyp, bärligine ýöneldi.

Ýaşuly bu atlylaryň kimdigini olara gözi düşenden bildi. Beýle eşikli adamlar bu howla öňem kän gelip-gidipdiler.

Ol hoşamaý dillendi:

– Geleweriň!

Musa ýabgu atdan düşmän dillendi:

– Bize Ýakup ussa gerekdi...

– Men Ýakup ussa, düşseňiz, at tutalyň...

Ýaşuly «Men Ýakup ussa» diýenden Musa beg agyr göwresini atdan aşak goýberdi. Deri işip ýören oglanlar ylgap gelip at tutdular.

Seljuk begleri Ýakup ussanyň yzyna düşüp, howlynyň törüne, öňi eýwanly jaýa tarap ýöneldiler. Atynyň syrtyna bökderilgi kiçiräk horjuny egnine atan Gutulmyş iň yzdan ýöredi. Ol gapydan girende seljuk begleri galyň keçeler düşelen giň otagyň töründe aý berip oturdylar. Gutulmyş gapa golaý ýerde, horjuny öňüne goýup otyrdy.

Penjireden düşýän Gün şöhlesi ýarymgaraňky otagyň ortasynda dörtburç ýagtylyk ýasap, birbada gözüňi gamaşdyrýardy. Seljuk begleri ýagtylygyň çepinde, Ýakup ussa bilen ogly bolsa sagynda galdy.

Ýakup ussa kellesindäki ýaglygy bilen maňlaýynyň derini süpürip oturşyna howlukman dillendi:

– Çaý-çörek diýseňiz... çekeli... Ýogsa-da, habaryňyzy aýdyp oturyň...

Ussanyň äheňi myhmanlary näçe tiz atarsa kem görmeýändigini aňdyrýardy. Seljuk begleriniň hem islegi şoldy.

Musa ýabgu sesini çykarman Togrul begiň ýaýyny aldy-da, ony öýüň ortasyndaky ýagty düşýän ýerde goýdy:

– Ussa, şu ýaýy tanaýaňmy?!

Ýakup ussa howlukman elini ýaýa ýetirdi. Howlukman ýaýyň buýnuz sapyndan sypap gördi. Kirşinden çekdi. Kiriş zarňyldap owaz etdi.

Ussa ýaýy alan ýerinde goýdy-da, ondan gözlerini aýyrman oturşyna söze başlady:

– Sapy buhara sugunynyň şahyndan... Kirşi möjek derisinden ýasalan ýaý. – Ol sähel sägindi-de, sözüniň üstüni ýetirdi. – Gaty gowy ýaý...

Musa ýagbu bular ýaly ýerde seljuk begleriniň özünden öňürti dil ýarmajagyny bilýän-de bolsa, howlukmaç dillendi:

– Şu ýaýy kyrk ýyl mundan ozal siz meniň doganyma ýasap beripdiňiz...

Musa ýabgunyň gyş günleri has-da güýçlenýän demgysmaly üsgülewügi bardy. Birden şol üsgülewügi tutup, iň esasy diýmeli sözlerine päsgel beräýmesin diýen ýaşuly tiz sözüniň üstüni ýetirdi:

– Bize şular ýaly müň sany ýaý gerek!

Bu sözlerden soň Ýakup ussa ýaýa gaýtadan elini uzatdy. Kyrk ýyl mundan ozal, ussanyň jahyl wagty ýasan ýaýy. Eliň aýasynyň ýagy siňip ýalpyldap duran buýnuz sapda ýüzüň görnüp durdy. Kirşi diýsene... sähel çekseň, zarňyldap dur, gatyrak çekip goýberseň, şu kirşiň şuwwuldysynyň özem ýelýüregräk duşmanyň zähresini ýarjak...

Myhmanlar jogaba garaşýardy. Ýöne müň sany ýaý diýmek dilde aňsatdy. Onuň üçin müň sugunyň şahy, ýüz möjegiň derisi gerekdi...

Ussanyň oýa batanyny gören Musa beg yşarat etdi. Gutulmyş öňündäki horjuny göterip ýeňillik bilen ýerinden turdy-da, ony ussanyň öňünde goýdy.

Ýakup ussa soragly nazaryny Musa ýabgunyň çöl guýysy ýaly çuň gözlerine dogrulady. Seljuk begi nazaryny sowman çala baş atdy.

Ýakup ussa ýaýy goýup, horjunyň bir gözüne elini sokdy. Ol howlukman horjundan çykaran haltajygynyň agzyny çözdi. Soňra haltaly elini birneme göterip, gyşartdy. Ussanyň aýasyna dökülen dört-bäş sany tylla teňňäniň owazy ýarymgaraňky otagyň içinde ýaňlanyp gitdi.

Ýakup ussa ýene-de soragly nazaryny Musa bege dikdi. Beg ýene baş atdy.

Tyllaly horjuny ýeňsesine geçiren ussa agzyndan ýekeje söz sypdyrdy:

– Bolar.

Göýä diýjek sözi ýadyndan çykyp barýan ýaly Togrul beg ýeke dyzyna galdy:

– Her ýaýa iki sagdak peýkam!

Ýakup ussa baş atdy:

– Bolar.

Göýä, diýjek sözleriniň agramyny ölçeýän ýaly, Çagry beg howlukman söze goşuldy:

– Ýaý-peýkamlar bize ýene dört aýdan gerek...

Ýakup ussanyň bedenine der indi: «Müň ýaý oky bilen... dört aýda... Bu aňsat iş däl. Ýöne bu ýigitlerem sözüni gaýdyp aljaga meňzänoklar, bularyň öz hasap-hesibi bolmaly... Ýüz sany möjek derisini bazardan awçylardan satyn alyp bolar. Ertir irden oglumy sugun

şahlary üçin Buhara ýollaýyn. Peýkam üçin derek, gamyş derýanyň boýunda näçe diýseň bar. Başga işleri goýup, inilerimem ýanyma alsam... ýetişerin...»

Ýakup ussa maňlaýyna inen deri ýaglygy bilen süpürip goýberdi-de, soňky şerti goýan Çagry beg bolsa-da, Musa ýabgunyň gözlerine seredip, soňky sözüni diýdi:

– Bolar.

Gürrüň gutarypdy. Seljuk begleriniň ählisi birden ýerinden turdy.



# ABU SEÝIT WE ABU ALY. TEBIBIŇ DUŞMANY ÝOK

Nyşapur halky Abu Seýidiň ylmynyň yşgyna düşdi. Nyşapur halky Abu Seýidiň yşgyna düşdi. Gije-gündiz şyhyň töweregi adamdan doludy.

Ine, bu günem Abu Seýidiň hanakasynyň öňi dań bilen şyhyň daş çykaryna garaşyp duran adamdan doludy. Şolaryň birem derwüş eşikli Abu Aly ibn Sinady. Şyhyň uzaklara ýaýran owazasy älemiň başga bir ägirdi ibn Sinany bu ýere alyp gelipdi.

Ine, ol mähellä goşulyp, ýamaly derwüş eşiginde Abu Seýidiň gapysynda onuň daş çykaryna garaşyp dur.

Gapy açylýar. Abu Seýit daş çykýar. Adamlaryň arasyna mylaýymlyk, göwünlere mähir ýaýraýar.

Şyh mylaýym nazaryny mähellä aýlap goýberdi-de, baş egdi. Soňra ýüzüni ýerden göteren Abu Seýit sag elini ýokary galdyrdy. Şol pursat hemmeler başyny aşak egdi.

Abu Seýit öz öňünde baş egip duran adamlaryň üstüne umyt sözüni oklady:

– Bar zat Alla baglydyr!

Millet onuň yzy bilen gaýtalady:

– Bar zat Alla baglydyr!..

Şyhyň mylaýym sesi täzeden ýaňlanýar:

– Kimiň içi-daşy bir bolsa, şol biziň biledir!

Millet şyhyň yzy bilen gaýtalady:

– ...Şol biziň biledir!

– Kalbyny Alla bilen birlik hakdaky pikire eýlän – biziň biledir!

– ...Biziň biledir!

Şyhyň sesi märekäniň içine siňip gidýär:

– Alla biziň biledir!

Tutuş mähelle dagyň gaýasy ýaly bolup, bu sözleri yza serpikdirýär:

– Alla biziň biledir!..

Şyh dowam edýär:

– Muňa ynanmaýan kişi biz bilen däldir. Goý, ol entek salym barka bu ýerden gitsin!

Mähelleden hiç kim gapdala çykmady. Hemmeleriň gözi şyhdady.

– Onda diňläň – Abu Seýit gapdalynda duran sopusyna tarap gözüni aýlap goýberdi. Sopy howlukmaçlyk bilen häliden bäri ýeňsesinde saklap duran rubabyny döşüniň üstüne goýdy. Onuň uzyn barmaklarynyň ujy kirişlere galtaşdy. Kirişlerden çykan mylaýym owaz mähelläni gozgalaňa saldy.

– Onda diňläň... – Abu Seýit ýumşak, mähre ýugrulan sesi bilen saza goşup, şygyr okap başlady:

– Alla söýgiň özi geler,
Ol ibermez şöhlesini...

– Bar zat Alla baglydyr! – Millet şu jümläni diýdi-de, dyzyna çökdi.

Şyh dowam etdi:

– Saňa söýgi zerarly,
Meň ýüregmiň düzlügi,
Ekinsiz şor ýere döndi.
Eýesiz söýgi ömürboýy,
Şol şorlukda selpemez dek,
Söweş meýdanynda ölsek...

– Bar zat Alla baglydyr! – Millet Abu Seýidiň pikirleriniň kakuwyna goşulýar.

Şyh dowam edýär:

– Ýürek gapyl bolmaz hiç haçan senden,
Jan bedende mähriň gitmez bu tenden.
Ýüzüňden düşen keşp hiç haçan öçmez,
Bezeg berer ýürek aýnama çyndan…

Şyhdan pata alan mähelle raks oýnap başlaýar. Göwünler galkynyp, gözler ýalpyldaýar.

Abu Seýidiň mylaýym sesi saza goşulyp, mähelläniň üstaşyr uzaklara ýaýrap gidýär:

– Aşyklar syr açar ýatmaz gijeler,
Özgeler hiç ganat kakmaz gijeler,
Temmelener gije külli işikler,
Aşyklar gapysyn ýapmaz gijeler…

Mähelle hüwläp göçdi. Bu göçgün şyhyň göwresine-de aralaşdy. Onuň akýagyz ýüzüne gyzyl öwüşgin çaýylyp, ullakan gözleriniň hanasy has-da giňäp giden ýaly boldy. Şyhyň tutuş göwresi, hatda göbegine ýetip duran sakgaly hem sema goşuldy:

– Hak barlyk lybasy haçan ýyrtylar?
Ýüz ýagtysyn bermez müňläp pelteler.
Ýürek onuň nur çogundan elener,
Jan oň joşgun tolkunyndan ýelpener…

Şyh daýaw göwresini adam deňziniň ortasyna oklady. Dünýäni unudan mähelle raks oýnaýardy.

Milletiň üstaşyr Abu Seýit bilen ibn Sinanyň gözleri tapyşýar. Şyhyň «yzyma düş» diýen yşaradyny gören ibn Sina onuň yzyna düşýär. Palçyk hüjräniň içinde Abu Seýit myhmanyň öňünde baş egip, oňa hormat bilen salam berýär:

– Es-salam-u-aleýkim, Abu Aly ibn Sina!

– Waleýkum-essalam, siz meni nädip tanadyňyz? Sizde meniň suratym barmy?

– Siziň hatlaryňyzy okaýan mahalym şekiliňiz şu aralygy ötüp, ýüregime ornapdy. Eger şol surat hakda soraýan bolsaňyz...

…Döwrüniň iki ägirdi üç günläp hüjreden çykman söhbet edýärler. Dördünji gün öýle namazyndan soň, iki şyh hüjreden daş çykdy. Bu üç günde, kim bilýär, nähili söhbetler edildi, näçe jedeller guruldy?! Ol bu hüjräniň içinde syr bolup galdy. Halk bolsa, şol üç günlük söhbet barada rowaýatlar döredýärdi:

«Abu Seýit käsäni ýokaryk oklapdyr welin, ol ýere gaçman howada doňup galypdyr. «Seniň ynanýan kanunlaryň boýunça käse ýere gaçmaly. Ýöne, näme üçin ol gaçanok?» diýip, Abu Seýit ibn Sinadan sorapdyr. «Seniň diýýän kanunyň diňe merkeze ymtylmaga hiç zat päsgel bermeýän zatlara degişli. Bu käsäniň ýere gaçmagyna bolsa, seniň erkiň päsgäl berýär» diýip, ibn Sina jogap beripdir».

Ine, iki şyh hüjreden çykdy. Sopular olaryň daşyny gurşap aldylar. Sopularyň biri ibn Sina has golaý geldi:

– Hormatly hojamyz, biziň şyhymyzy neneň gördüňiz?

Ibn Sina sopynyň egnine elini goýdy:

– Diwara urulýan çüýi gördüm, kakyp duran daşy hem gördüm. Ýöne urup duran eli görmedim. Täret kylansoň ol boş kündügi goýupdy, men ýerimden turup, täret kylmak üçin kündügi aljak bolanymda, hiç kim oňa suw guýmasa-da kündügiň doly duranyny gördüm… Onsoňam, siziň şyhyňyz meniň bilýän ähli zatlarymy görýär.

Sopy indi Abu Seýide tarap öwrüldi:

– Hormatly halypamyz, siz hormatly hojany neneň gördüňiz?

Abu Seýit sopynyň beýleki egnine elini goýdy:

– Ol biziň görýän zatlarymyzyň ählisini bilýär... Onsoňam:

Aryf gaý-tupanda kenary saýlar,
Tebip oty-çöpi, enary saýlar.
Meýhananyň bir çüňküni penalan,
Älem laýyny däl, sap dury saýlar…

Iki şyha päsgel bermeli däldigine, olaryň entegem soňlanmadyk söhbetleriniň bardygyna göz ýetiren sopular öz işleri bilen boldular.

Myhmany howlynyň derwezesine tarap ugradyp barýan Abu Seýit megerem, hüjräniň içinde soňlanmadyk söhbeti dowam etdi:

– Paýhas – ot, kalp – oduň önümi, ot näçe köp bolsa, kalpda şonça-da paýhas köp. Çyglyk – duýgy. Küýseg, höwes bolsa, kalp üçin, diýmek, paýhas üçin ölüm...

Ibn Sina dymdy. Şyh sözüni dowam etdi:

– Ine, näme üçin men halka şygyr, aýdym aýdyp berýän, saz çalýarys, raks oýnaýarys... Olar pikir odunda köýmesin diýip, sebäbi paýhas – ýeterlik däl. Aýdym-saz adamyň kalbyna köz oklan ýaly...



söýgi oýarýar. Kalp söýgüsi adama ähli betbagtlykdan ýokary galmaga kömek edýär. Kalp söýgüsi oňa baýlygyň, häkimligiň berip bilmejek beýikligini berýär...

Ibn Sina göwresiniň yrgynyna goşup, pessaý ses bilen söze başlady:

– Meniň hormatly şyhyň jemalparazlyga[16] garaýşyny bilesim gelýär.

Abu Seýit göýä asmanda birzat görjek bolýan ýaly gözlerini ýokaryk dogrulary-da, dodaklaryny ýazdy:

– Allanyň döreden sungatyna oýlanyp düşünmekde gözelleriň owadanlygyna, ajaýyplygyna, nepisligine, täsinligine seretmek haladyr…

Bu wagt olar howlynyň derwezesine ýetipdiler. Sopularyň biri ylgap gelip, olara derwezäni açyp berdi. Iki şyh köçä çykdy. Häzir sähel salymdan olaryň biri ýene hüjrä girer-de, paýhaslar ummanyna çümer, beýlekisi bolsa, göýä egnine geýen derwüş eşiginiň öňündäki borjuny haklajak bolýan ýaly, uzak ýola rowana bolar...

Abu Seýit darajyk köçäniň ugry bilen ibn Sinany ugradyp barşyna ýene-de sözüni dowam etdi:

– Meniň saňa ýene-de diýjek zadym bar, derwüşler oturan wagty aýbogdaşyny gurman, hiç zada ýaplanman oturýarlar. Özlerem nirä keçe taşlansa, şol ýere-de çökýärler, sen bolsa, keçäni süýşürdiň. Derwüş ilki çep aýagynyň köwşüni çykarýar, geýende bolsa, ilki sag aýagyndakyny geýýär. Sen bu ýerde-de ýalňyşdyň... Iň esasy zat, derwüşler ýeke gezmeýärler...

Abu Seýit ibn Sina bilen iki elini uzadyp hoşlaşdy:

– Ýoluň ak bolsun!

Abu Aly ibn Sina ýola düşdi. Ol Mahmyt şa tarapyndan ömürboýy yzarlanyp gelen-de bolsa, öz ýazgylarynda şa hakynda ýekejede ýaramaz söz ýazmandyr.

«Tebibiň duşmany ýok» diýleni-dä... Ýöne tebipde dost bolup bilýär. Ibn Sina bu gün özüne ýakyn dost tapynypdy.



# ÝEŇŞE YNANMAK KYN. SARAHS

1038-nji ýylyň bahary. Hindistandan Gazna dolanyp gelen Mesut soltanyň derdi başyndan agdykdy. Kim diýipdir «Patyşalaň başy agyrmaz» diýip... Mesut soltanyň diňe bir başy däl, tutuş göwresi bilen syzlap-syzlap, ýüregine düşüp agyrýardy. Hindistana ýöriş guramak, piliň üstüne münüp gidip-gelmek däldi. Üstesine-de, Mahmydyň ogly bolsa-da, ol Mahmyt şa däldi. Bu hakykat hindileriň ýüreklerine ornapdy. Hindistan indi Mahmyt şanyň on ýedi gezek talap gaýdan ýurdy däldi.

Hindistandan ýadaw hem keýpsiz dolanan Mesut soltan seljuklaryň Merw topraklaryna-da eýelik edýändigini bilip, gazap donuny geýdi. Mahmyt şa ölmänkä ogullary Mesut bilen Muhammede baha berip, «Mesut – ganhor, özüni hemmeden ýokary saýýan hökümdar bolar. Muhammet – giň göwünli, batyr... Şonuň üçin döwlet menden soň Muhammede geçer. Ýöne, Mesut ony iýer...» diýip gidipdi.

Ata ogluny tanamasa, onda kim kimi tanasyn. Mesut kakasynyň özi hakda diýen sözlerine aňryýany bilen gabat gelýärdi. Ol seljuklaryň öz diýenini etmän ýörişlerine bir ölüp bilmedi. Kakasyndan gan bilen geçen endige ýapyşyp, göwnüniň agyrysyny şerap bilen ezip ýeňletjek boldy. Ýöne yza çökderdi. Ýogsa, Mahmyt şa hem köp yzalary çakyra gark edip bilipdi ahyry. Şeýle bolmadyk bolsa, Mahmyt şanyň mydama ýanynda saklan adamy kyrk ýaşdan soň haja gidip, takwa bolan Nasyr Hysrow garran wagty: «Mahmyt bilen birwagt bile içen şeraplarymdan ýaňa şu wagt hem başym aýlanýar» diýmezdi.

Nasyr Hysrow bolsa, Mahmyt şa özüne bir gezek: «Sen mydama pikir edip ýörsüň. Hatda meniň – soltanyň öňünde-de mydama kelläň pikirli...» diýende, «Allanyň öňünde-de adam mydama pikir etmeli, oýlanmalydyr» diýip, jogap berip bilen adam ahyry...

Ine, Mesut soltan şeýle daragtyň şahasydy. Yza şeraba gark ederden agyrdy. Ol yzany gylyç bilen çapyp aýyrmalydy. Soltanyň gylyjy bolsa, Sübaş hajybyň elindedi. Mesut soltanyň iň batyr serkerdeleriniň biri Sübaş hajyp. Mesut soltan ony görende mydama kakasy Mahmyt şanyň gaýduwsyz serkerdesi, ýüzi gylyjyň salan tyg yzlaryndan doly Aly Karib ýadyna düşerdi. Ýüzüni görenden adam eýmenýän Aly Karib Mahmyt şanyň ýanynda pişigi gören syçana dönerdi. Bir gezek ol Mahmyt şanyň şerap guýup berýän oglanjygy Aýazyň elinden meýli käsäni alan wagty, oglana gözüni gypýar. Bu ýagdaýy Mahmyt şanyň görendigine göz ýetiren serkerde şadan gorkusyna soň alty aýlap şol gözüni ýumup gezýär.

Sübaş hajyp hem Mesut soltandan şeýle gorkýarmyka?! Ýok, eger gorkýan bolsa, ol Mesut soltanyň ýörişe gitmänkä, «Men Hindistandan gelýänçäm, seljuklar bilen bellisini et» diýen buýrugyny kemsiz bitirerdi. Mesut soltan ýörişden geldi. Seljuklaryň bolsa, tutuş Horasanyň ähli künjeginde demi daş ýarýardy.

Ol ýene Sübaş hajyby ýanyna çagyrdy. Gaznaly goşuny seljuklara garşy tiz ýörişe çykmalydy.

Musa ýabgu aladalydy. Neneň aladaly bolmajak. Gaznaly goşunynyň ýüzi seljuklara tarapdy. Seljuklaryň ýaşulusy bolmak hiç wagt hem aňsat bolmandy. Ýöne bu döwür has-da agyr döwürdi... Dogry, çölüň bir golunda, dagyň bir jülgesinde günüňe kaýyl bolup ýaşalyp ýörülse, beýle bolmasa-da bolmazdy. Ýöne seljuklara Horasan gerekdi, onda-da tutuşlygyna gerekdi. Onsoň Mesudyň günüňe goýmajagyny bilibermelidi.

Togrul bilen Çagrynyň kakasy, Musa ýabgunyň dogany Mikail Jent üçin söweşde wepat bolupdy, beýleki dogany, Arslan beg adyny alan Israili bolsa, Mahmyt şa aldaw bilen ele salyp, Kelejar galasynda zyndanda çüýredipdi. Dogany Arslan begi her gezek zyndanda göz öňüne getirende Musa ýabgu otly köýnek geýene dönýärdi. Arslan beg, dogrudanam, dagyn arslanydy. Onsoň dagyň arslanyny gözenege gabap goýsaň, onuň nähala düşjegini göz öňüne getiriberiň...

Togrul bilen Çagrynyň indi hersi bir jülgäniň arslanydy. Indi olaryň ikisini bir ýygynyň başynda görjek gümanyň hem ýok. Dek şu wagt Çagry beg öz atlylary bilen Gaznaly goşunynyň öňünden gidipdi. Çagry begiň Sübaş hajybyň öňünden çykyp, onuň bilen agyr darkaş gurmak niýeti ýokdy. Çagry begiň gowy görýän zady, degip-gaçmak söweşleridi. Şeýle söweşlerden bolsa duşmany başagaý edip, öz atlylaryňyň başyny bozman çykaryp bolýardy.

Togrul beg bolsa, Ýakup ussanyň ýasap beren müň sany ýaýyny müň sany saýlama mergene paýlap, şolar bilen türgenleşik geçýärdi. Togrul beg olary Mesut soltanyň goşuny bilen boljak agyr söweşlere taýýarlaýardy. Şol söweşler üçin aýratyn taýýarlyk görýän bu ýaýçylar Togrul begiň pikiriçe, şol öňdäki aýgytly söweşleriň belli bir derejede ykbalyny çözmelidi.

Musa beg bolsa, aýal-ebtap, oglan-uşak, mal-garalar bilen meşgul bolmalydy. Has dogrusy, ol tutuş sülsady bilen çöle çekilmelidi. Sebäbi Çagry beg degdi-gaçdy söweşleri bilen ýowy gaýtaryp bilmez, Togrul begiň atlylary entek uly söweşe taýýar däl. Diýmek, Gaznaly goşunynyň Merwe gelip, seljuk göçüni yzan-çuwan etmegi mümkin. Hawa, seljuk göçüni! Sebäbi Musa ýabgu özlerini entek ýurt eýesi däl-de, göç hasap edýärdi. Bu dogrudy. Ýurt eýesi bolmak üçin öňde entek agyr söweşler ýatyrdy. Ýurt eýesi bolmak üçin şol ýurda özüňden başga göz dikýäniň tumşugyna gaty berk kakmalydy. Gaýdyp aýňalmaz ýaly edip kakmalydy. Şony edýänçäň, sen nirä baraňda-da, göçdüň...

Musa ýabgu aladalydy. Ol ir bilen beýik depäniň üstüne çykyp durşuna, gözüniň ýeten ýerine ýaýylyp giden göçüň ýörişe taýýarlyk görşüne gözegçilik edýärdi. Ýaşulynyň on-on iki ädim gapdalynda bäş sany ýyndam atly ýaş ýigit onuň buýrugyna garaşyp durdy.

Musa beg ýigitlere buýruk bermäge howluganokdy. Sebäbi, ähli zat bolmalysy ýaly barýardy. Millet göçüp-gonmaga endik edipdi. Öýler sökülip, düýelere ýük urulýardy. Oglan-uşaklar mal-garalary bir ýere jemläp, derýanyň kenarynda otluk oýda bakyp ýördüler. «Ýör» diýlenden, olar mallary çöle sürmäge taýyndylar.

Musa beg çöle çekilmekçidi. Merwden demirgazykda çölüň ortasyndaky oýlaryň, guýularyň ähllisine ol beletdi. Bahar pasly, meýdanda ot-çöp bol, hamana, ýazlaga çykyldygy ekeni-dä... Ol şu pikiri

soňky günler töwerek-daşyny gallan adamlaryň ählisiniň aňyna guýmaga ýetişipdi. «Hamana, ýazlaga çykyldygy ekeni-dä» – bu pikir bu gün tutuş milletiň aňyna ornapdy. Şonuň üçin adamlaryň arasynda başagaýlyk duýlanokdy, gaýgy-gama batyp oturany hem ýokdy.

Diňe derýanyň gök gurşawynyň çöle sepleşýän ýerinde göçi ýolda-yzda, soň baryp düşülen ýerinde goramak üçin taýýar duran müň atly munuň ýöne bir ýazlaga göçmek däldiginden habar berýärdi.

Günorta golaý agyr göç ýerinden gozgandy. Uzyn sapaga meňzäp süýnüp gelýän göç, Gün öýlä aganda ýaşyl sähranyň içine siňip gitdi.

Muhammet Togrul begiň iberen çapary Dawut Çagry begiň atlylaryny Hyradyň demirgazygyndaky beýik baýyrlaryň arasyndan tapdy. Gije «awa» çykyp, Gaznaly goşunynyň böwrüne hanjar bolup sünjülýän seljuklar gündiz şu beýik baýyrlaryň çuň jülgelerine ýaýrap, dem-dynç alýardy.

Çapary alyp gelenlerinde Çagry beg pisse agajynyň kölegesine geçip, ýaňy ymyzganypdy. Begiň nökerlerine berk tabşyrygy bardy: Bir del habar gowuşsa, nähal-näwagtdygyna garamazdan, bu habar dessine oňa ýetirilmelidi. Eger ol ýaňyja uka giden-de bolsa, oýarylmalydy.

Şonuň üçin çapary alyp gelen nökerler arkaýyndylar. Olaryň goh-galmagalyna Çagry begiň özi oýanyp, ýassyk deregine ulanýan eýerinden kellesini göterdi.

Togrul begiň habary gysgady. Ol göçüň çöle çekilenini, özüniňem Sarahsa ugranyny habar berýärdi. Çagry bege-de Sarahsa gelmegi, şol ýerde birigip, Gaznalylara zarba urmagy teklip edýärdi.

Çagry beg bir hepdä galman Sarahsda boljagyny aýdyp, çapary yzyna ýollady. Ertir ir bilen ýola düşseler, ýolda-da aw edip, azsalym dem-dynç alsalar, ol diýen wagtyna çenli Sarahsa baryp biljekdi.

Sübaş hajybyň olaryň yzyna düşmekden başga alajy galmaz. Mesut soltan hem köp wagt bäri serkerdesini seljuklar bilen bellesini etmek üçin gyssap ýördi...

Sarahs Çagry begi yssy howasy bilen garşy aldy. Ýazyň aýagydy. Meýdanyň ot-çöpüniň ähli̇si yssynyň derdinden gurapdy. Togrul begiň üç gün mundan ozal gelen atlylary Sarahsyň günortasyndaky çaýyň boýuna ýerleşipdiler. Pisse agaçlarynyň kölegesi, çeşmäniň suwy janyňa aram berýärdi.

Çagry begiň atlylary hem gelip goşulansoň, ýer darlyk etsede seljuklar «Göwün sygsa, göwre sygar» diýlenine eýerdiler. Onsaňam, şu görgüleriň ähli̇si giň ýurt edinip, ýaýnap ýaşamak üçin görülýärdi.

Gaznalylar uzak garaşdyrmady. Çagry begden iki gün soň Sübaş hajyp goşuny bilen ýetip geldi. Olar çeşmäniň gözbaşyna golaý düşläp çadyr dikdiler. Ara bir parsah töweregi bolsa-da, Gaznalylaryň söweş pilleriniň sesi seljuk goşuna durman gelýärdi.

Gije düşdi. Gündiz ot ýaly gyzan daga az-kem salkyn aralaşdy. Gaznalylar çadyrlaryň töwereginde ot ýakyp, töwerege garawul goýdular.

Garaňky düşerine garaşyp içi byjyklap duran Çagry begiň guşy uçdy. Ol gije ýarym bolansoň, on sany ýigidiň öňüne düşüp, gaýa dyrmaşdy. Her ýigidiň egninden gylyjy asylgy, bilinde hanjary, ýaýy, iki sany hem ujyna esgi oralyp, nebite batyrylan peýkamy bardy.

Olar dag ýodajygy bilen gaýalaryň arasyna siňip gitdiler. Çagry beg dagyň üsti bilen duşmanyň ýokarysyndan gelip, olaryň goşuna başagaýlyk salmak isleýärdi. Öwrenilen endik ony bu gije hem öz ugruna goýmandy.

Çagry beg on ýigidi yzyna düşürip barşyna, dagyň gapbilindäki ýodajyga ýetip, çep egnine öwrüldi. Garalyp ýatan dagyň biline daňylan ak guşak ýaly bolup ýatan inçejik ýoda bularyň öňünde külterlenip başlady. Çagry beg iň öňden barýardy. Inçemik çeýe göwresini çala öňe egip, pişik basyşyny edip barýan begiň öňe dikilen nazary garaňkynyň böwrüni deşip, ho-ol öňde nämedir bir zada direlýän ýalydy. Sag egninden aşyrylan ýüpek eginbagyndan asylan gylyjy çep goltugynda taýyndy. Ujy ýokaryk bakdyrylyp asylan gylyjynyň sapy begiň sag eliniň çemesindedi.

Duşman bu daglara belet däldi. Ýöne Çagry beg seresaplylygy

elden bermezligi gowy görýärdi. Ol mydama, islendik halat duşman pete-pet çykaýsa-da, garpyşmaga taýyndy.

Töwerekde duşman bolsa kändi. Onuň haçan, nägörnüşde üstüňe topuljagyny kim bilýär. Ine, bu gezegem ol äpet kepjebaş bolup, Çagry begiň alnyndan çykdy.

Adam boýundan ýokarrakda, gaýanyň ýüzünde ösüp oturan arça agajyndan aşak sallanan äpet ýylan göwresiniň ýarysyny dikläp, ýoly gabady. Aýyň ýagtysyna ýylanyň gözleri goşa monjuk ýaly ýaldyrap gitdi.

Çagry beg çalasynlyk bilen gylyjyny syrdy. Şol dem ýylanyň kiçiräk ýumruk ýaly kellesi patlap begiň öňüne gaçdy. Ol ýylan kellesini ädiginiň burny bilen gapdala pyzyp goýberdi. Soňra onuň şahadan asylyp duran göwresini gylyjynyň ujuna mündürip, çekip aldy-da, gaýanyň düýbüne taşlady.

Çagry beg on ýigidini yzyna tirkäp, inçejik kemeriň gerşi bilen ep-esli ýol geçdi. Indi hol öňde çep egninde duşman goşunyň bir çeti görnüp başlapdy. Şol wagt ýeňsede, ýigitleriň arasyna bir gozgalaň düşenini aňan Çagry beg aýak çekdi.

Ýigitleriň biriniň aýagy tyrpyp, gaýadan sallanyp durdy. Ol ýigidiň ýapyşan daşy el ýeterden aşakdady. Şonuň üçin şol ýerde dyza çöküp, aşak ellerini uzadýan ýigitleriň edip bilýän zatlary ýokdy. Ýigitler bege orun berdiler. Gelşine gaýyş guşagyny çözüp eline alan Çagry beg ýeke dyzyna çökdi. Ýöne ol guşagy aşak sallap ýetişmedi. Begiň iň soňky gören zady, elleri daşdan sypyp, garaňky jülgä gaýyp giden ýigidiň peträp duran gözleri bilen berk ýumulgy dodaklary boldy.

Duşman golaýdy. Sähel goh-galmagalyň bularyň üstüni açmagy mümkindi. Şoňa düşünen ýaş ýigit goýy tümlügiň içine, ajalyň gujagyna sessiz-üýnsüz sümüp gitdi.

Entegem ýeke dyzyna çöküp oturan Çagry begiň gözlerinden syrygan damja onuň yzy bilen tümlügiň düýbüne tarap ýol ýasady.

Ýerinden turup, dyzynyň gumuny kakyp duran Çagry beg ýigitlere nägile nazar aýlap goýberdi. Dessine guşak oklanan bolsa, bu ýigidi halas edip bolsa-da bolardy...

Ýigitler begiň nazaryna tap gelip bilmän ýüzlerini sowdular.

Maňlaýyna dagyň sowujak şemaly çalyp, birneme özüni dürsän Çagry beg kynlyk bilen ýoluny dowam etdi. Özlerini müýnli saýan ýigitler howlukman onuň yzyna düşdüler.

Çagry beg gaýanyň kemerini syryp, duşmanyň dik depesinden geldi. Duşman dagyň eteginde, hol aşakda goş ýazdyryp ýatyrdy. Arman, inçejik dag ýodasy bilen uly ýygyn getirip boljak däldi, ýogsa göni şu ýerden gapyl ýatan ýowuň üstüne döküläýmelidi.

Ýöne Çagry beg şu bir bölek ýigidi bilenem uly başagaýlyk döretjegini bilýärdi. Sebäbi olaryň ýoldaşy – gijedi, ýaragy – otdy. Gije bilen ot kän gezek Çagry bege ýaran bolupdylar. Gije bilen ody ýowa garşy ulanmagy Çagry begçe başaryp bilýän serkerde ýok bolsa gerek.

Ol ýigitleri dag kemeriniň biraz giňän ýerinde hatara duruzdy. Olara ýeke-ýekeden haýsy biriniň hol aşakda ýaýrap oturan çadyrlarynyň haýsyny nyşana almalydygyny düşündirdi. Bu çadyrlar Gaznaly goşunynyň serkerdeleriniň çadyrlary. Uzak gije rahat uklap, dynç almagyň ýerine çadyrynyň tüssesini ysgap geçen serkerdäniň ertir söweşe nähili ýolbaşçylyk etjegi bellidi.

Çagry beg ýigitlerine ähli zady ýerbe-ýer düşündirip, özi olaryň sag egninde ýerini eýeledi. Ol çep dyzyna çöküp, ýaýyny gapdalda goýdy. Ujy pelteli iki peýkamy hem çep dyzynyň öňünde ýerde goýansoň, goltugyndan çakmak daşyny çykardy. Ýigitler onuň edenini etdiler.

On çakmakdan on uçgun ýylpyldap gitdi. On peltä deň ot düşdi. On sany ujy alawly peýkam ýokardan aşak duşman goşuna tarap süýnüp gitdi. Sähel salymdan ýene on sany otly peýkam öňküleriň yzy bilen indi.

Ýygynyň ýigrimä golaý ýerinden gijäniň garaňkylygyny böwsüp, gyzyl ot asmana göterildi. Ýaýrap ýatan goşuna başagaýlyk aralaşdy. Üstüne seljuklar dökülendir öýdüp basga düşen oýaly-ukuly nökerleriň gaçyp garaňka siňýäni haýsy, biri-birine gylyç urup ýöreni haýsy – düşüner ýaly bolmady.

Elli ädim ýokardan bu başagaýlygy sähel salym synlap göwnüne hezil beren Çagry beg, ajy ýylgyrdy-da, ýigitlerini yzyna tirkäp, gelen ýoly bilen garaňka siňip gitdi.

Goşunlar söweş üçin köplenç, düz meýdany saýlaýar. Söweşmek ýeňil düşer ýaly. Ýöne, edil şol pursat tekiz meýdanda duşmana-da söweşmegiň ýeňil düşjegi ýada hem düşenok.

Bu gezek hem şeýle boldy. Säher bilen seljuk goşuny Sarahsyň golaýyndaky giň meýdanyň demirgazyk ganatyny dolduryp, söweşe taýyn boldy. Bäş müň adamly pyýada goşun tegelek tabaga meňzäp duran tekiz meýdanyň bärki erňeginde düzülende, onuň agramyna meýdanyň aňry erňegi göteriläýjek ýaly bolup göründi. Togrul beg özüniň saýlama müň atlysy bilen pyýada goşunyň ýeňsesindäki giňişligi eýeledi. Çagry beg iki müň, Ybraýym Ynal bäş ýüz atlysy bilen çeşmäniň boýundaky agaçlaryň arasynda bukuda galdy.

Gaznaly goşuny uzak garaşdyrmady. Dagyň düýbünden süýşüp gaýdan agyr ýygyn meýdanyň gabat garşydaky erňegine gelip togtady. Goşunyň yzy bilen süýşüp gelen çal tozan giň meýdana ýaýrap, Güne ýanyp ýatan topraga çökensoň, iki tarapyny piller gurşan pyýadalar, ýeňsede bolsa Gaznaly goşunynyň atly esgerleri göründi.

Aralyk üç ýüz ädim töweregidi. Gapma-garşy duran iki goşun biri-birine gözüni dikdi. Dymdy. Meýdana agyr ümsümlik aralaşdy.

Togrul beg özüniň aýratyn türgenleşdiren müň atlysyna soňky tabşyrygy berýärdi:

– Öň öwredişim ýaly, meniň yzymdan ýigrimi atlydan hatar boluň. Sagdagyň ýarysyny birinji aýlawda boşatmaly... Soňra – Ol gamçysynyň sapyny goşunyň ýeňsesine aýlap goýberdi. – Şu ýerden öwrüm berip, ikinji aýlawa girýäris... Ikinji aýlawda sagdagy tutuş boşadyp çykmaly... Düşnüklimi?!

Nökerleriň jogaby töwerege ýaň salyp gitdi:

– Düşnükli!

Togrul beg guýrugy düwülgi atynyň başyny duşmana tarap öwürdi. Sag eliniň başam barmagyna kümüş oýmagyny geýdirdi. Sagdagyny iki pilçesiniň ortasyna süýşürip, ýaýyny eline aldy-da, duşmana tarap «Alla» diýip at goýdy.

Müň atly belli bir tertip bilen onuň yzyna düşdi. Duşman sapyna gozgalaň aralaşdy. Iň öňde gaýyp gelýän gara atlyny duşman sapynda hem tanan bolsalar gerek. «Togrul beg ýaý atanda onuň peýkamyny nyşana Allanyň özi dogrulaýar» diýip, tutuş Horasana ýaýran gürrüň Gaznaly goşunyna-da ýetmän galan däldir...

Duşmana ýüz ädim çemesi galanda Togrul beg atynyň başyny çala saga burdy. Şol pursat ol göwresini atyň üstünde dik saklap





barşyna, çep eli bilen ýaýyň sapyny berk gysymlap, sag elini eginiň üstaşyr sagdaga ýetirdi. Beg üç peýkamy birden sogrup, birini ýaýa saldy, birini dişleriniň arasyna gysdyryp, üçünji peýkamy bolsa, çep eli bilen ýaýyň sapyna gysyp saklady.

Bu wagt duşman bilen ara ýetmiş ädime gelipdi. Eýýäm atyny duşman sapynyň öňünde keseligine çapyp barýan Togrul beg birinji peýkamy sypdyrdy. Ýeňiljek şuwwuldynyň yzysüre ujy polat çişli peýkam duşmana tarap süýnüp gitdi.

Müň atly begiň hereketini gaýtalady. Gaznaly goşunynyň esgerleri ýagyş bolup ýagýan peýkamlardan goranmak üçin, çybykdan örülen galkanlaryna duwlandylar. Ýöne bir peýkam çybyga çümse, ikinji – galkany böwsüp geçýärdi. Meýdanda ahy-nala asmana göterildi. Duşman pillerini söweşe salmak isledi. Ýöne tüweleý bolup inen müň atly ajal okuny ýagdyryp, eýýäm ýüzüni yza öwrüpdi.

Müň atlysyna baş bolup, öz pyýada goşunynyň ýeňsesine geçen Togrul beg göz açyp-ýumasy salymda onuň solundan aýlanyp, ýene meýdana çykdy. Ýene-de peýkam ýagyş bolup duşmanyň üstüne döküldi. Duşmanyň pyýada goşunynyň hatarlary bulaşdy. Ýykylyp ýatan duşman esgerleri öz atlylarynyň öňe süýşmegine päsgel berýärdi. Pilleri söweşe salmak hem aňsat däldi. Sebäbi Togrul begiň garasar sürüsi ýaly bolup aýlanýan atlylarynyň ýagdyrýan peýkamlarynyň şuwwuldysyndan ürken piller çar tarapa pytrap barýardy.

Togrul beg ikinji aýlawdan soň atlylaryny pyýada goşunyň çep tarapyna jemledi. Indi ol söweşiň ykbalyndan arkaýyndy, sebäbi seljuklaryň başy bozulman duran pyýada goşuny Gaznalylaryň ysgyny gaçan pyýada goşunyndan rüstem geljekdi. Galyberse-de, Çagry beg bilen Ybraýym Ynalyň atlylary bukuda häzirdi.

Sübaş hajyp howlukdy. Pyýada goşunyň hatarlaryny gyssanmaç diklän serkerdeler goşunyň galan bölegini tiz öňe sürdüler. Muny gören seljuklaryň pyýada goşuny hem ýerinden gozgandy. Meýdanyň orta gürpünde iki goşun garpyşdy.

Giň meýdanda çal tozan dik asmana galdy. Togrul beg duşman atlylarynyň hüjüme geçenini görüp, olaryň öňünden çykdy. Gylyç gylyja degdi, polat örtgüli galkanlardan uçgun syçrady. Sag ganatda duşman pilleri öňe dyzap, seljuklaryň pyýada goşunyny aljyradyp

başlady. Holtumlaryny bulaýlap topulýan bu mahluklara seljuklaryň elinde çäre ýokdy. Goşunyň sag ganaty ebgarlap başlady. Gözüniň gytagy bilen bu ýagdaýy synlap gylyç urýan Togrul begiň gahary depesine çykdy. Pilleriň garşysyna otly peýkam gerekdi. Çagry beg bilen Ybraýym Ynal muny bilýärdi. Ýöne olar näme üçindir bukudan çykyberenokdylar.

Beg nökerleriň birine tabşyryk bermek üçin häzirlenen wagty bukudan çykýan atlylary görüp, ýüzi ýagtylyp gitdi. Olar Ybraýym Ynalyň bäş ýüz atlysydy. Atlylaryň elinde ujy otly peýkam salnan ýaýlary taýyndy.

Bäş ýüz atly tiz ýetip geldi. Ujy otly peýkamlar pilleriň üstüne ýagdy. Olaryň üstündäki kejebelere ot düşdi. Pilleriň otdan gorkuşy, peýkamyň sesinden ürküşiniň çeni däldi. Gerşine ot düşen piller patanaklap çar tarapa dargady. Seljuk goşunynyň sag ganaty şondan soň az-kem özüni dürsäp, hataryny gönüledi.

Togrul beg bilen garpyşyga giren duşman atlylary san taýdan agdygrakdy. Şonuň üçin olaryň ýaýrawy giňdi. Çagry beg iki müň atla baş bolup bukudan çykanda, duşman atlylary giň ýaýraw bilen Togrul begiň atlylarynyň daşyna aýlanyp başlapdy.

Ýeňseden urlan zarba olary gowy seňseletdi. Ýeňse – ýüz däl, ýüzden bir urýançaň, ýeňseden üçüni urup boljak. Diýmek, ýeňseden gelen bir atly ýüzbe-ýüz gelen üç atla deňdi...

Bu ýönekeý hasap söweş meýdanynda tiz bildirdi. Duşman atlylary Togrul beg bilen Çagry begiň atlylarynyň arasyna gysaja düşüpdi. Bu wagt seljuk pyýadalarynyň zarbyna döz gelip bilmedik Gaznaly pyýada goşuny ýeňsäni öwürdi.

Pyýada goşunyň galan-gaçanlary daga siňip gitdi. Muny gören Sübaş hajyp söweşiň ykbalynyň çözülendigine göz ýetirdi. Ol gylyjyny gynyna saldy-da, atynyň ýüzüni çöle tarap öwrüp, jylawy deňledi. Diri galan müň gowrak atlysy hem onuň yzyna düşdi.

Elini gözlerine kölegeledip, çöle siňip barýan atlylaryň yzyndan seredip duran Togrul beg özbaşyna hümürdedi:

– Ynanar ýaly däl...

Şol wagt gapdalyna gelip, at başyny çeken Çagry beg onuň jogabyny berdi:

– Indi ynansa-da bolar!



# GAÝDYP GELIŞ...

Nyşapur uly şäher. Bu Abu Seýit piriň otuz bäş ýaşynda mahaly Mäne ýaly kiçi oba sygmadyk göwnüniň aram tapan şäheri. Ýöne, ondan bäri ep-esli wagt geçipdi. Şyh garrapdy. Jahyllyk hyjuwyny egsen göwün hem indi ganatlaryny ýygryp oturanyny kem görenokdy.

Göwün garrasa dogduk depesine çeker ekeni. Garry adamyň mydama çagalygy, jahyllygy däl-de, hut çagalygy tiz-tizden ýadyna düşüp, çagalyk döwrüniň geçen ýurduny küýsär ekeni.

Abu Seýit Abulhaýyr garrapdy. Onuň göwni çagalygynyň öten ýerine – Mänä atygsaýardy. Piriň diňe özüniň däl, perzentleriniň, agtyklarynyň hem göwünleri Mänäni küýseýärdi.

Mänä dolanmak pikiri piriň ýüregine dolupdy. Indi diňe şol pikirleri herekete getirip goýberjek sebäp gerekdi.

Sebäp garaşylmadyk ýerden döredi. Bir gün ir bilen howlyny süpürip ýören iki müridiň sözi azaşdy. Müritleriň dawasy köplenç, kimiň ylmynyň ýokarylygy, piriň kimi has gowy görýändigi barada bolardy. Bu gezegem dawanyň başy sondan başlandy. Howlynyň ortasynda sübselerini hem gyra taşlan iki mürid ýaka tutuşaýjak boldy. Beýleki sopularyň hiç biri olaryň dawasyna goşulyp bilmedi. Sebäbi pir öz hüjresinde dawa gulak goýup otyrdy. Bu dawanyň ortasyna bir adam düşmeli bolsa, piriň özi düşmelidi.

Ýumşak düşekçäňiň üstünde her gapdalyna iki ýassygy goýup oturan pir müritleriň dawasyna goşulmaga howlukmady. Ol açyk gapydan iki sopynyň bir-birine diýýän sözlerine diň salyp otursyna,

olaryň içlerini gowzadaryna garaşdy. Sopylaryň sesiniň peselip başlanyny aňan Abu Seýit Abulhaýyr Hasany çagyrdy:

– Hasan!

Hasan gapynyň agzynda durdy. Ol piriň çagyrjagyny bilýärdi.

Hasan gapydan giren ýerinde togtap, pire baş egdi.

– Ikisinem çagyr!

Kimleri çagyrmalydygy düşnüklidi. Sähel salymdan gapynyň iç ýüzünde dawagär iki sopy durdy.

Pir oturan ýerinden gozganman gapynyň agzynda egin deňläp duran iki sopa gözleriniň gytagyny aýlap goýberdi-de, ýaňyja ýüreginde dörän pikiri rubagynyň dört setirine jemläp, onuň her setirini özüniň halypalyk gazaby bilen ýugrup, pessaý ses bilen okap başlady:

– Öz çäginden daşa çykmaz zerrejik,
Tekepbiriň artmaz aň-bilimi hiç.
Mustapaň buýsanan pakyrlygyna,
Jigeriň gan edip, ýetersiň sen giç...

Pir dymdy. Onuň başga hiç zat diýmejegini aňan iki sopy başyny aşak salyp duruşlaryna götünläp daş çykdy.

Pir esli salymdan soň sekiniň burçunda sesini çykarman oturan hoja Abu Tahyra tarap ýüzüni öwürdi:

– Ýeriňden tur-da, çagalaryň işlerini ugrukdyr, ýüregimiz Mänäni küýseýär...

Abu Tahyr daş çykdy. Daş işikde Hasan durdy. Hasan piriň sözlerini eşidipdi. Ol häzir Abu Tahyryň özüne näme diýjeginem bilýärdi. Abu Tahyr ondan pul sorar. «Alamana gitmek üçinem harç gerek». Bala-çagalary Mänä ýollamak hem alamana gidenden pes däldi. Ep-esli çykdajy etmelidi. Hasanda bolsa, mydama bolşy ýaly, ýeke teňňede pul ýokdy.

Abu Tahyr Hasanda pul ýokdugyny onuň ýüz keşbinden aňdy-da, sesini çykarman derwezä tarap ýöneldi. Onuň bu şäherde karza geçýän ýeri kändi. Dagy näme, ol Abu Seýit Abulhaýryň ogly ahyry...

Abu Tahyr günortana golaý her goltygy bir halta tyllaly dolanyp geldi. Piriň çaga-çugalaryny Mänä iberjek habary eýýäm Nyşapura ýaýrapdy. Nyşapuryň ilaty bu işde pire höwes bilen kömek etmäge

taýyndy. Sebäbi her kim «Pir bala-çagalaryny Mänä ýollansoň, onuň boş wagty köp bolar. Ol millet bilen duşuşmaga köpräk wagt tapar» diýip pikir edýärdi.

Abu Tahyr ertesi gün irden Hasan bilen bazara gidip, kyrk sany eşek satyn aldy. Her eşegiň üstüne ýükli horjun atyldy. Her eşege bir derwüş gözegçi bellenildi. Piriň ullakan maşgalasy şu eşekleriň üstünde Mänä aşmalydy.

Göç ýola tiz taýyn boldy. Dek ertesi gün öýlänlik eýýäm kyrk eşekli göç Nyşapuryň Şuhanan derwezesine tarap ýöneldi.

Egni donly, başy tahýaly pir daýaw mele atyna atlanyp derwezäniň öňünde göçi gözden geçirýärdi.

Her bir eşege münmeli adam, oňa gözegçilik etmeli derwüş bellidi. Göç howlukman derwezeden çykdy. Göçüň iň soňunda hoja Abulfath gelýärdi. Ol pyýadady.

Abu Seýit Abulhaýyr beýik atyň üstünden öňüne gelip aýak çeken ýaş ýigide gözlerini dogrulady. Piriň ullakan gözleriniň üstüne abanyp duran gaşlary gerlip gitdi:

– Hany seniň eşegiň?

Sopy egnini ýygyrdy. Onuň sesi müýnli çykdy:

– Meniň eşegimem ýok, ýükümem...

Piriň sesi sopynyň göwnüne asmandan inýän ýaly bolup eşidildi:

– Sen pyýada gitmekçimiň?

– Hawa.

– Pyýada Mänä aşyp bilmersiň...

– Siziň hümmetiňiz bilen aşaryn, pirim...

Ýokardan gelýän sesiň bady peseldi:

– Eneň-ataňa meniň salamymy gowşur hem-de olara «Çagalaryňy gowy gör» diýip aýt. Enşalla, ýene dört günden men size bararyn...

Abulfath üç ädim öňe süýşüp, piriň ýalpyldap duran mesisinden öpdi-de, uzaklaşyp barýan göçüň yzyndan ýöneldi.

Şyh hanakasyna dolanyp gelende agşam düşüpdi.

Ol diňe ertesi Gün dogandan soň mejlis gurnamak üçin hanakadan çykdy. Piriň hanakanyň garşysyndaky tagtynyň üsti boşdy. Ozallar pir mejlis gurnamakçy bolanda bala-çagalary onuň sag tarapyny dolduryp, daşyny gallap oturardylar.

Çagalarynyň ýerini boş görüp şyhyň göwni bozuldy. Ol Abu Tahyry ýanyna çagyrdy:

– Tiz bergileriňi üz-de, ýola taýynlan, biziňem Mänä dolanmagymyz gerek...

Abu Tahyr elini döşüniň üstüne goýup baş egdi. Pir bir söz diýse pikirlenmän, ýöne şeýle diýip goýbermeýärdi. Şoňa görä, onuň sözüni yzyna alan gezegi-de ýokdy.

Piriň hem Mänä ýol şaýyny tutup başlany derrew şähere ýaýrady. Nyşapuryň abraýly adamlary piriň hanakasyna gelip, onuň bu şäherden gitmezligini haýyş edip başladylar.

Ýöne, Abu Seýit Abulhaýryň göwni ozal diňe Mänäni küýseýän bolsa, indi ol öz golaýlarynyň hem mährine zardy.

Abu Tahyr bergilerini üzüp, ýola taýyn boldy. Nyşapuryň adamlary iň soňky tutalga ýapyşdylar. Olar piriň ýanyna şäheriň iň abraýly iki adamyny – ussat Ysmaýyl Sabuny bilen şyh Abu Muhammet Juweýni iberdiler. Milletiň kalbynda ýekeje umyt uçguny öçmän durdy. Olar şu iki ulama piri raýyndan gaýtarar diýip umyt edýärdiler.

Iki ulama hanakanyň agzyna geldi. Olaryň hiç biriniň ilki bosagadan ätmäge bogny ysmady. Ahyry, olar bir-biriniň goltugyndan tutup, bile howla girdiler.

Bu wagt Abu Seýit Abulhaýyr sekiniň üstünde adatdakysy ýaly ýumşak ýassyklara göwresini ýaplap, oýa batyp otyrdy. Şyh ulamalaryň hersine bir gapdalyndan ýer görkezdi. Üçüsi bile başlaryny aşak salyp birsellem dymdylar.

Ahyrsoňy şyh ýüzüni ýerden göterdi-de, dört gün bäri ýüregini basmarlaýan gussany dört setire sygdyryp, ýuwaşja pyşyrdady:

– Gamdan doly dünýä gysyp gowurýar,
Derdi söýýän jahan saman sowurýar.
Günde bir dost aýralygyn görmeli,
Her pursat bir hemraň hoşlaşyp barýar...

Ussat Ysmaýyl Sabuny hem ýüzüni ýerden göterdi. Ol nazaryny şyhyň çygjaran gözlerine dogrulady:

– Dost aýralygyny görüp-görmezlik bu gezek siziň öz eliňizde ahyry...

Şyh çalaja başyny ýaýkady:

– Öz elimde däl-dä, men bala-çaga aýralygyny nätmeli?

Şyh Abu Muhammet Juweýni öz gezeginde Abu Seýit Abulhaýry raýyndan gaýtarmak üçin synanyşyp galdy:

– Ýöne, Mäne kiçijik oba ahyry... Siziň ýaly piriň orny uly şäherlerdedir...

Abu Seýit ýene-de başyny duýular-duýulmaz ýaýkap goýberdi. Onuň mylaýym owazy daýaw göwresiniň yrgynyna goşuldy:

– Öten agşam ne şöhrat, ne şan boldy,
Birsyhly älemde bagrym gan boldy.
Barýardym, eger men agsap barsam-da,
Men özümdim, agram iki ten boldy...

Şyh uludan demini alyp, sözüni dowam etdi:

– Men iki ten boldum... Iki teniň birikmegi gerek...

Iki ulama deň dillendi:

– Biz siziň Mänä gitmegiňize gynanýarys...

Pir göwresini dikledi:

– Siz meniň Mänä gitmegime gynanýarsyňyz, men bolsa size o dünýänem, bu dünýänem gysganýaryn...

Ulamalar bu sözden soň piri raýyndan gaýtaryp bilmejekdiklerine düşündiler. Olar şyh bilen hoşlaşyp howludan çykdylar...

Pir Abu Seýit Abulhaýyr ertesi gün irden ýanynda galan sopularyny hem alyp, ýola düşdi. Nyşapuryň ilaty ony ugratmak üçin ýene daşyna üýşdi. Ulamalar, derwüşler pirden Nyşapurda galmagyny haýyş etdiler.

Beýik mele atynyň üstüne haýbatly göwresini ýüklän pir iň soňky sözüni aýtdy:

– Didaryny gören ýerime ýortaryn,
Baryp diwaryna ýüzüm sürterin...

Şyh atynyň başyny derwezä tarap burdy. Ol müritlerine baş bolup şäherden çykdy. Gumak ýoluň çalja tozany hem bularyň yzyna düşdi. Ýol uzakdy. Ýol kesmek üçin müritleri bilen söhbet gurup barýan şyh birden atynyň başyny çekdi. Ýoluň gapdalynda äpet bir ýylan pessejik tümmegiň üstüne çykyp, pire tarap seredip durdy.

Pir ýylanyň gabadynda sähel sägindi-de, ýoluny dowam etdi. Sopularyň biri eşegini gyssap şyhyň yzyndan ýetdi:

– Pirim, ýaňky ýylanyň näme habary, näme hikmeti bardyr?

Şyh ýeňsesine gaňrylyp, entegem tümmekden düşmän yzlaryndan seredip duran ýylana ýene bir gezek nazar aýlady:

– Ol meniň ýanyma salama geldi. Pespäl bolsaň, hoşsözli bolsaň, ýylanam seniň bilen il bolup ýanyňa geler...

Sowal beren sopy araky dawagär iki sopynyň biridi. Ol ýuwaşlyk bilen pirden ökje ogurlanyny kem görmedi...

Bular birsellem ýol ýörediler. Gün günorta bolup gelýärdi. Ýoluň sag egninde bir oba göründi. Topragy mes, suwy bol oba bolarly, gök baga bürenip otyrdy.

Şyhyň şu oba sowlasy geldi. Edil şol pursat onuň münüp barýan aty büdräp, süssenekläp gitdi. Şyh eýeriň gaşyna ýapyşdy. Göwresini dik saklap bilmedik daýaw at gapdala agdy. Eýerden ýapyşyp oturan pir hem onuň bilen bile agdaryldy. Şyhyň çep aýagy atyň aşagynda galdy. Turmak üçin çabalanýan at labyryny piriň aýagynyň üstüne atdy.

Sopular ylgap gelip aty turuzdylar. Gapdala çekilen daýaw mele bedew pyşgyryp durşuna müýnli gözlerini ýerinden galyp bilmän ýatan şyha tarap aýlap goýberdi.

Sopular şyhyň goltugyna girdiler. Onuň çep aýagynyň eti mazaly owlupdy. Pir aýak üstünde durup bilmän agyr göwresini ýere goýberdi. Sopular donlaryny ýere ýazyp, piri göterip onuň üstüne geçirdiler. Soňra her burçundan bir mürit göterip, gapdalda depäniň üstünde seleňläp oturan daş jaýa tarap ýöneldiler.

Piri daş jaýyň gapdalyndaky sekiniň üstünde emaý bilen oturtdylar. Sopularyň biri onuň aýagyny owkalamaga başlady. Yza güýçlüdi. Piriň gaşlary çytyldy. Sopy ýeňsä çekildi.

Şyhyň gözleri Tus tarapdan gelýän ýola dikildi. Ýol bilen bir eşekli eşegini debisgiläp haýdap gelýärdi. Şyh oňa tarap barmagyny uzadyp pessaýja seslendi:

– Çagyryň...

Öňünden çykyp, ony piriň gaşyna alyp geldiler. Ýolagçy pire on-on iki ädim ýetmän, eşekden düşüp salam berdi:

– Essalawmaleýkim!

Pir aleýik aldy:

– Waleýkimessalam, nireden gelip nirä barýaň?

– Tusdan gelip, Nyşapura barýan...

Şyh aýagynyň yzasyna çydaman gaşlaryny bürüp oturşyna, sözüni dowam etdi:

– Nyşapura barýan bolsaň, sen ol ýerde sopularyň hanakasyny tapmaly...

Ýolagçy baş atdy. Şyh sözüni dowam etdi:

– Hanaka gir-de, olara meniň salamymy gowşur. Olar meni alyp galmak üçin köp ýalbardylar. Ýöne, sen olara aýt, atyň büdremesini keramatdyr öýtmesinler... Düşündiňmi...

Ýolagçy ýene baş atdy. Pir elini salgap goýberdi. Eşekli Nyşapura tarap ýoluny dowam etdi.

Sopular şyhy göterip Tusa eltdiler. Şyhyň entek hem ata münerlik ýagdaýy ýokdy.

Tusuň ulamasy ussat Abubekir şäheriň golaýyndaky Hanagah obasynyň ilatyny ýygnap «Şyhymyzy kejebä mündürip, ynjytman Mänä eltseňiz, sizi bir ýyllyk salgytdan boşadaly» diýip, jar çekdirdi.

Millet kejebe ýasap, şyh Abu Seýit Abulhaýry ynjytman onuň dogduk obasyna – Mänä eltipdir.

Şyh üç-dört gün düşekde ýatyp, soňra daş-içe çykyp başlady. Ol aýaga galyp, ilki bilen köne galadaky köne metjidiň gapysyndan ätledi.

Metjidiň diwarynyň öňünde dyzyna çöken şyh owranyp başlan köneje kerpiçlere ýüzüni basdy. Ullakan gözlerinden dynman syrygýan ýaşy sakgalyna siňip gidýän şyhyň gany gaçan dodaklary onuň Nyşapurda aýdan beýdini gaýtalady:

– Didaryny gören ýerime ýortaryn,
Baryp diwaryna ýüzüm sürterin...



# GOŞUN SÖWEŞDEN ÇYKÝAR. ÝENE-DE SARAHS

Goşuny Sarahsyň eteginde seljuklardan ýeňlip, Gazna gelende Mesut soltan gazap donuny geýdi. Dogrusy, soňky döwür ol bu dony çykarmaýar diýen ýalydy. Kakasy Mahmyt şadan «açgöz hem birehim» diýip baha alan Mesut soltan başgaça bolup hem biljek däldi.

Sebäbi ol hasyl bolmadyk ýyllary ähli kerwen ýollarynda garawul goýup, bugdaý ýükli kerwenleriň ýüküni özi satyn alýan, soňra açlyk ýetjek derejesine ýetende ony öz ilatyna gaty gymmat bahadan satyp, peýda görýän Mahmyt şanyň ogludy.

Açgöz adam mydama nägile bolýar, nägilelik bolsa, gazaba eltýär.

Mesut soltan gazaplydy. Bu wagt onuň göwresiniň ähli öýjügindäki gazap bilen birlikde, köşgüniň ähli künjeklerindäki busup ýatan gazap hem oýanypdy.

Onuň ýanyna barmak çetindi. «Seljuklar gurultaý çagyryp, Togrul begi hökümdar saýlapdyrlar. Çagry beg Merwe, Musa ýabgu Sarahsa häkim bellenipdir. Ybraýym Ynal Nyşapury eýeläpdir» diýen ýaly habarlar Gazna günde-günaşa gelip durdy. Çaparlar soltanyň ýanyna başlaryny etegine salyp girýärdiler.

«Togrul beg Nyşapura girip, Mesudyň tagtynda oturypdyr. Şäheriň ähli metjitlerinde onuň adyna hutba[17] okalyp başlapdyr» diýen habary getiren çapar welin, şol habar bilen Gazna ýetýänçä ýolda ýüz ölüp, ýüz direlen bolsa gerek. Sebäbi bu seljuklaryň diňe bir

söweşde ýeňmän, Mesudyň soraýan ýerleriniň uly bir bölegini kesip alandyklarynyň habarydy.

Patyşalar üçin ýurdundan kesildigi, teninden kesildigi ahyry. Açgöz patyşalar üçin-ä ýurdunyň bölündigi, ilki bilen, köşgüne gelýän salgydyň azaldygydy. Mahmyt şanyň weziri Abulabbas Isferaini onsuzam hor-homsy halkdan salgyt toplamakdan ýüz öwrende, janyndan dynypdy...

Mesut soltany köşeşdirip biljek güýç ýokdy. Hany Mahmyt şany köşeşdirýän köşk şahyry Unsuri nirede?! Eger bolaýan bosa-da, beýle habarlardan soň, olam soltany köşeşdirip bilmezdi.

...Mahmyt şanyň sakysy ýaş oglan Aýazyň towlam-towlam uzyn saçy bar ekeni. Bir gezek Aýazyň saçyna gözi düşen şa oňa pyçagyny uzadýar. Üme düşüş oglan bu pyçak bilen owadan saçyny kesip taşlaýar...

Mahmyt şa üç gün hesret çekýär. Ahyry Unsuri oňa şeýle manyda rubagy iberýär:

– Eý görülýän çagaň saçyn gysgaltmak – betbagtlyk däl,
Şonuň üçin gama batmak hökmanmy?!
Serwi agajynyň ähli gözelligi
onuň gyrkylýandygynda ahyry...

Bu rubagy üçin Mahmyt şa Unsuriniň agzyny üç gezek gymmatbaha daşlar bilen doldurypdyr...

Mesut soltan bu pursat özüni köşeşdirip biljek adamyň agzyny gymmatbaha daşlar bilen otuz üç gezek hem doldurmaga taýyndy.

Ýöne bu pursat ony köşeşdirip biljek ýekeje zat – uruşdy. Soltanyň göwresindäki gazaby, onuň gylyjynyň ujundan çykmalydy.

Mesut soltan ýene-de seljuklara garşy urşa taýýarlyk görmäge buýruk berdi. Urşa taýýarlyk görmek aňsat däldi, ol edil doýmaz-dolmaz aždarha dek bar zady ýalmap-ýuwdup barýardy. Eger uruşlar ýurdy çökermesin diýseň, olary Mahmyt şanyň peýdalanyşy ýaly peýdalanmalydy, ýagny uruşlardan kän-kän olja düşürmelidi. Bu bolsa, aňsat däldi. Onsoňam, seljuklara garşy uruş olja urşy däldi, ol ýurt urşudy. Beýle uruşlara taýýarlyk görmek kyndy, sebäbi Gaznaly

goşuny beýle uruşlara känbir höwes bilen çykyberenokdy. Mahmyt şa on ýedi gezek Hindistana ýöriş edip, Hindistanda on ýedi gezek Gaznaly goşunynyň agzyny ýagjardyp, oňa ýaramaz endik öwredipdi...

Şeýle-de bolsa, güýzüň ortalaryna çenli Gaznaly goşuny ýörişe taýyn boldy. Salkyn güýz güni Mesut soltan elli müň esger, üç ýüz sany söweş pili bilen Gaznadan çykyp ýörişe ugrady.

Ol gün 1038-nji ýylyň oktýabr aýynyň 7-sidi.

Bu wagt Çagry beg özüniň aňtaw goşuny bilen Hyradyň demirgazygyndaky belent baýyrlyklaryň arasyndady. Araky ýeňlişden soň Mesudyň ýöne ýatmajagy bellidi. Üstüni gapyl basdyrmazlyk üçin bir aňtaw goşuny mydama hereketde bolsa gowudy. Bu bolsa Çagry begiň iň gowy görýän zadydy. Ol daş-töwerege ýollaýan ownuklyirili toparlarynyň getirýän habarlaryny jemläp oturşyna, ýagdaýy bäş barmagy ýaly bilýärdi.

Ýöne ýagdaýdan habarly bolmak bir başga, şol ýagdaýdan baş alyp çykmak bir başgady. Elli müň esger, üç ýüz sany hem söweş pili bilen Gaznadan çykan Mesut soltan ýene bir hepdeden Sarahsa ýetse, ol ýerde seljuklaryň bu ýygynyň öňünden çykarlyk güýji ýokdy.

Ine, şu ýagdaýdan çykalga tapmak gerekdi. Gaznaly goşunyny şu töwerekde güýmemek, şu töwerekde onuň birneme haýyny almak gerekdi.

Çagry beg Garahanly şazadasy Böri teginiň üstüne gyssagly çapar ýollady. Seljuklar Gaznalylara bir naýza ursa, ikini urmaga taýyn Böri tegin Mesut soltanyň ganym duşmanydy.

Çagry beg iberen çaparynyň üsti bilen Böri teginden gyssagly Kuttalýany we Çaganyýany[18] eýelemegi soraýardy. Bular Mesudyň golastyndaky ýerlerdi. Goltugyndan dişlenen Mesut soltan elini aýagyna uzatmaz. Ol goşunyň başyny gürrüňsiz Böri tegine tarap öwrer. Onsoň seljuklar üçin kellesini aňry öwren ýylanyň guýrugyna naýza dürtüp, ony ysgyndan gaçyrmaga maý dörär...

Çagry begiň pikir edişi ýaly boldy. Gaznalylara garşy mydama seljuklar bilen bir hörpden gopýan Böri tegin olaryň golastyndaky iki şäheri bir zarbada eýeledi. Bu wagt Mesut soltan bar güýjüni bir ýumruga toplansoň, ol şäherler goragsyz diýen ýalydy. Gyssagly çapar iberen Çagry beg hut şu ýagdaýa-da bil baglaýardy.

Mesut soltan goşunyň ýüzüni Böri tegine tarap öwürdi. Çagry beg özüniň bäş müň atlysy bilen onuň ýeňsesinde galdy. Gaznaly goşuny Jeýhundan geçdi. Çagry begiň pikiri Gaznalylar derýadan geçensoň, köprüni ýumrup, olaryň yza ýollaryny kesmekdi. Ýöne begiň bu pikiri başa barmady. Böri teginiň az sanly goşunynyň garşysyna öz goşunynyň ýarysyny alan Mesut soltan, beýleki ýarysyny köpriniň ileri ýüzünde goýup gidipdi.

Çagry beg özüniň bäş müň atlysy bilen köprä zabt edip bilmedi. Ol serkerdeleriniň birini iki müň atly bilen şu töwerekde aňtaw ýörişlerini guramak üçin goýup, özi Sarahsa dolandy.

Sarahs. Gadymy Sarahs. Bu gün seljuklaryň 20 müň atly güýji bilen bir ýumruga düwlen ýeri. Ýöne bu ýumruk entek Mesut soltanyň ýumrugyndan ejizdi.

Indi üç gün bäri Sarahsda seljuk begleriniň maslahaty gidýärdi. Üç gün bäri seljuk serkerdeleri bir çukura tüýkürip bilenokdylar.

Elbetde, Mesut soltanyň bu gün bolmasa – ertir, ertir bolmasa – birigün, ir-u-giç, goşun çekip geljegi düşnüklidi. Näme etmeli?! Bu sowala seljuk begleri üç gün bäri jogap gözleýärdiler. Teklip ikidi: Togrul beg bilen Musa ýabgu Horasany taşlap, wagtlaýynça Reý, Gürgen sebitlerine çekilmegi teklip edýärdiler. Togrul beg goşuny abat saklamagyň aladasy bilendi. Goşun bar wagty – seljuklar güýçdi. Musa ýabgu bala-çagalaryň aladasyny edýärdi. Bala-çagalaryň başy bitin bolsa, seljuklarda geljek bardy.

Çagry beg Mesut soltan bilen şu ýerde, Sarahsda ýene-de darkaş gurmagyň tarapdarydy. Gaznaly goşunynyň güýji köp, ýöne ol tiz hereket etmäge ukypsyz. Gaznalylaryň söweşe höwesi ýok, sebäbi Sarahs olar üçin hazynalar ýurdy Hindistan däl. Onsoňam Horasan Horasan bolýar. Bu seljuklaryň göwün beren, arka diran ýurdy ahyry...

Üçünji gün seljuk begleriniň geňeşi Çagry begiň teklibini kabul etdi. Seljuklar söweşe taýýarlyk görüp başladylar.

Böri teginiň pirimine çolaşan Mesut soltan gyşy Gaznada geçir-

di. Ýaz gelip, howa ýylap başlansoň, ol hinden çykan ýylan dek, ýöriş şaýyny tutdy.

Iki goşun tomsuň birinji aýynda ýene-de dikleşdi. Söweş Sarahsyň golaýyndaky Talhap diýen ýerde boldy. Geçen ýylky söweşde Togrul begiň atlylarynyň görkezen oýny ýadyndan çykmadyk Gaznaly serkerdeleri goşuny düz meýdana çykarmadylar. Gaznaly goşuny dag eteginde, baýyrlyk ýerde seljuklara garaşdy. Çagry beg olary tekiz ýere çykarmak üçin öz atlylary bilen birnäçe gezek çozup-gaçyp gördi. Peýda bermedi. Gaznaly goşuny seljuklara nätekiz ýerde garaşýardy. Ol ýerde Togrul begiň ýaýçylaryndan peýda ýokdy. Togrul beg dag tarapdan pyýada goşuny sürüp gördi. Belki, Gaznalylary çöle tarap tesdirip bolar. Gaznalylar seljuk pyýada goşunynyň garşysyna pilleri sürdüler. Äpet haýwanlar basanyny basyp, gapanyny gapyp, seljuklaryň hataryna başagaýlyk saldylar...

Togrul beg goşuny söweşden çykaryp, dag etegine çekildi. Gaznalylar seljuklaryň yzyna düşmedi. Bu gün söweş şeýlelik bilen gutardy.

Ertir ir bilen Mesut soltan seljuklaryň üstüne ilçi iberdi. Iki tarap ylalaşdy. Ylalaşyga görä, seljuklar täze eýelän ýerlerini taşlap, öňki ýerlerine çekilmelidi.

Ýöne ylalaşyk wagtlaýyndy. Muňa iki tarap hem düşünýärdi. Iki tarapyň hem güýç toplasy gelýärdi. Iki tarapa-da wagt utmak gerekdi.

Mesut soltan güýç toplamak üçin Hyrada dolandy.



## ŞYH BEGLERE PATA BERÝÄR. MÄNE GABAWDA

Söweş taýýarlygyny tamamlan Mesut soltan 1039-njy ýylyň noýabr aýynyň 9-na Hyratdan çykypdyr. Ol seljuklaryň ylalaşygyň şertlerini bozup, Çagry begiň Sarahsda, Togrul begiň Nyşapurda, Ybraýym Ynalyň bolsa, Nusaýda hem Abiwerdde häkimlik edýändigini bilýärdi.

Mesut soltan güýjüni ikä bölüpdir. Birinjisi, Tus şäherini eýeläp, Nusaýa tarap ýöriş etmelidi. Ikinjisi, Togrul beg Nyşapurdan Hyrada ýa Sarahsa tarap gaýtsa, onuň öňüni gabap, Çagry beg bilen birleşmegine ýol bermeli däldi.

Çagry beg ilki Abiwerde, soňra beýleki seljuk begleri bilen bile Parawa tarap çekilipdir. Mesut soltan bilen dikleşere seljuklaryň güýji ýeterlik däldi. Muňa düşünen seljuk begleri Gaznalylar bilen gaça uruş etmegi, şeýdip Gaznaly goşunyny gyşa çenli ýagşy ysgyndan düşürmegi niýet edinipdirler.

Mesut soltan goşuny bilen Nusaýa gelende bolsa, seljuklar ýene çöle çekilip, oglan-uşak, mal-garalaryny Balhan daglaryna tarap ugradypdyrlar.

Bu döwür seljuklar üçin iň bir kyn döwür bolupdyr. Seljuk begleriniň, esgerleriniň birnäçe günläp ädik-tuwalgalaryny çykarman, atyň üstünde ukysyny alan gezekleri bolupdyr.

Nusaýdaky ot gytçylygy Mesut soltany bu ýerden tiz gitmäge mejbur edipdir. Ol 1040-njy ýylyň ýanwar aýynyň 18-ne Nyşapura dolanypdyr. Bu ýerde hem ot we azyk ýetmezçiligi

zerarly goşunda närazylyk artypdyr. Şonuň üçin Mesut soltan 1040-njy ýylyň mart aýynyň 16-syna Nyşapurdan çykyp, Tusa tarap ýörişe ugrapdyr.

Mäne galasy howsala çümüpdi. Diňe bir Mäne galasy däl, tutuş welaýat howsala içindedi. Bu töwerekde Gaznalylar bilen seljuklar ýurt üçin darkaş gurýardylar. Merw ýolundan, Tus ýolundan haçan, kimiň atlysy dökülse döküläýmelidi. Mäne galasynyň häkimi şonuň üçin Merw ýolunyň ugrundaky Zakal depesinde hem-de Tus ýolunda, Mäneden iki parsah aralykda ýerleşýän Serkelle galasynda garawullary goýupdy.

Mäne galasy gabawa taýýarlyk görýärdi. Hut şonuň üçin Gün öýlä agan wagty galanyň derwezesiniň öňüne gelen dört-bäş atlyny derwezebanlar gala goýbermän esli salym egleseler-de, olaryň şyhyň ýanyna gelen seljuk begleridigini bilip, derwezäni açdylar.

Şyh bu wagt sopulary bilen bile daşarda sekiniň üstünde otyrdy.

Seljuk begleri atlaryny athanada gazyga iltäp, şyhyň ýanyna ýöneldiler. Togrul beg sekä dört-bäş ädim ýetmän şyha baş egip salam berdi. Çagry beg, beýleki begler hem onuň hereketini gaýtaladylar.

Abu Seýit Abulhaýyr seljuk beglerini hormat bilen garşy aldy. Begler ýadawdylar, olaryň ýüz-gözleri näçe günüň ukusyzlygyndan ýaňa gamaşyp durdy. Ýöne olaryň edýän işlerine ynamlary güýçlüdi. Olara nähili-de bolsa, bir içki ynam güýç berýärdi. Ýöne olara has-da güýçli ynam gerekdi. Şol ynam üçinem seljuk begleri bu gün, ýagdaýlarynyň has kynlaşan günleri, şyhyň ýanyna gelipdiler. Olar şyhyň ýanyna edýän işlerine pata almak üçin gelipdiler. Olar bu wagt giň sekiniň üstünde aýbogdaşyny gurup, gylyçlaryny öňlerine kese basyp oturyşlaryna şyhyň sözüne garaşýardylar.

Abu Seýit Abulhaýyr birsellem başyny aşak sallap oturdy-da, ýüzüni göterdi. Ol nazary bilen gözläp Çagry begi tapdy:

– Horasana sen eýelik edersiň...

Çagry begiň ýadaw ýüzi ýagtylyp gitdi. Onuň barmaklary özünden biygtyýar gylyjynyň sapyny berk gysymlady.





Şyh ýüzüni Togrul bege dogrulady:

– Yrak seniňki bolar...

Togrul begiň göwresine bir ýerden nähilidir bir güýç gelip goşulan ýaly boldy. Onuň daýaw göwresi diklenip, eginleri ýaýrap gitdi.

Bu sözler şyhyň seljuk beglerine ak patasydy. Şyha olaryň niýetleri aýan bolupdy – Horasany, soňra Yragy eýelemek niýetlerini bilipdi. Ol seljuklaryň bu niýetlerine garşy çykman, olara ak pata beripdi. Abu Seýit Abulhaýyr bulara pata berdi, diýmek, olaryň niýetlerine Alla garşy däldi.

Bu pikir göwün-göwresine dolan seljuk begleriniň ýüzleri ýagtylyp gitdi. Togrul beg ýeňsesine gaňryldy. Yzda oturan nökerleriň biri kiçeňräk horjuny oňa uzatdy. Togrul beg içi sowgat-serpaýly horjuny hormat bilen şyhyň öňünde goýup, baş egdi.

Şyhdan ak pata alan begler turmak bilen boldular. Derwezäniň öňünde galanyň häkimi öz atlylary bilen seljuk begleriniň öňünden çykdy. Eýeriň üstünde ykjamlanan begler gylyjyň sapyny berk gysymladylar.

Galanyň häkimi bu atlylaryň şyhyň ýanyndan gelýän seljuk begleridigini görüp, ynjaldy.

Döwür şeýledi. Döwür leňňer atyp durdy. Leňňer atyp duran döwür-tereziniň bir tarapynda seljuklardy. Olar bu gün Abu Seýit şyhyň ýanyna gelip, özleriniň bu terezide Gaznalylardan agyr geljekdiklerine ynanypdylar. Şonuň üçin olaryň keýpi kökdi. Togrul beg özüniň galanyň daşynda garaşyp duran atlylaryndan kyrk mergeni galanyň häkimine kömek üçin galdyryp, Sarahsa tarap ýola düşdi.

Üç günden soň Mänä Serkelle galasyndan habar geldi. Mesut soltan Tus tarapdan goşun çekip gelýärdi. Adamlar gala ýygnanyp, derwezeleri ýapdylar. Tus ýoly bilen leşger çekip gelen Mesut soltan Mäne galasyny gabady.

Her gezek urşa başlanda daş-töwerege jansyz ýaýratmagy Mesut soltan kakasy Mahmyt şadan öwrenipdi. Hut şonuň üçin ol seljuklaryň

Sarahsa geçip gidendigini, olaryň Mänede düşläp geçendiklerini hem bilýärdi.

Mesut soltanyň aňtaýan awy eýýäm Sarahsdady, ýöne her bir tejribeli awçy awa çykanda ýeňsesinde ýazmadyk gapany galdyryp gitmezligi gowy görýär. Mesut soltanyň bolsa tejribesi ýetikdi. Mahmyt şa ogullary Muhammet bilen Mesudy kiçijikliginden başlap, harby ýörişlerine, hatda Hindistana ýörişlerine hem alyp gidýärdi. Mäne galasy ýazmadyk gapandy. Sarahsa tarap geçjek bolsaň, ony ýazdyryp gitmelidi.

Mesut soltan Mäne galasyny bir zarbada zabt edip alaryn öýtdi. Ýöne gala berkdi. Galanyň diňlerindäki deşiklerden şuwlap çykýan peýkamlar boş geçenokdy. Bu peýkamlar Togrul begiň goýup giden ýaýçylarynyň atýan peýkamlarydy. Eýýäm gabawyň birinji gününde Mesut soltanyň onlap esgerinden başga-da, üç serkerdesi şol peýkamlardan gurban bolupdy.

Şol peýkamlaryň birini soltanyň çadyryna getirdiler. Çadyryň penjiresinden düşýän Gün şöhlesine peýkamy synlap duran soltanyň ýene gazaby depesine urdy. Bu seljuk peýkamydy. Soňky iki ýylyň içinde Mesut soltan şeýle peýkamlary kän görüpdi. Ine, indi bolsa, seljuklaryň peýkamy Mäne galasyndan atylýar.

Peýkamy ikä bölen soltan ony çadyryň gapysyna tarap zyňyp goýberdi.

Ertesi gün Gaznaly goşuny gaýtadan hüjüme geçdi. Ýöne galanyň diwarlary berkdi. Dagdan agajyndan ýasalan galyň derwezeler daşyndan zyňylýan naýzalaryň zarbyna sarsaýynam diýenokdy. Üstesine, diwaryň üstündäki diňden ähli zady eliniň aýasynda ýaly görüp duran mergenler galanyň kän bir golaýyna-da getirip baranokdylar.

Mesut soltan bu ýörişe diwar ýumrujy agyr ýaraglaryny almandy. Ol beýle ýaraglar gerek bolar hem öýtmändi. Onuň bu ýörişde bar niýeti seljuklary yzarlap, ýetip, gabap, ýok etmekdi. Ýöne enteg-ä onuň seljuklaryň yzyndan ýetip, gabap bilen ýeri ýokdy.

Indi bolsa ol Mänä galasyny gabap ýatmaly boldy. Mesut soltan galany surnukdyryp almasa, alyp bilmejegine düşündi.

Gabaw kyrk gün dowam etdi. Kyrk birinji gün ýassy namazyndan soň Abu Seýit şyh müridi Hasany ýanyna çagyrdy.

Hasan gelende şyh hüjräniň ortasynda ýumşak düşegiň üstünde otyrdy. Hasan gapydan girip, bir çete çekildi-de, elini döşüne goýdy. Şyh ýüzüni aşak salyp otyrdy. Ol howlukman ýüzüni ýerden göterdi:

– Hasan, seniň şu gije Bedene obasyna gitmegiň gerek...

Hasan sesini çykarman, baş atdy. Bu oba Mäneden iki parsah uzaklykda ýerleşýärdi.

Şyh dowam etdi:

– Şol ýerde bir garry kempir bardyr, bizden oňa salam aýt, goý, ol biziň üçin saklaýan sygyr süýdüniň gaýmagyndan alnan ýagy ibersin...

Şyh dymyp, ýene ýüzüni aşak saldy.

Gürrüňiň gutaranyna düşünen Hasan ýuwaşlyk bilen daş çykdy.

Agşam gije ýarymdan agansoň sakçylar Hasanyň biline ýüp daňyp, ony galadan aşak salladylar. Töwerek gözedürtme garaňky. Hasan aşak eglip, nazary bilen garaňkyny sermeledi. Golaý-goltumda hiç kim ýokdy. Gaznalylar hol aňyrda ot ýakyp otyrdylar.

Hasan diwaryň düýbi bilen elli ädim töweregi ýöredi-de, soňra ugruny ýola tarap gönüläp, Bedene obasyny nazarlady.

Ol oba golaý gelende Aý dogup, töwerek kümüş ýapynja basyrylypdy. «Şyhyň diýen kempirini nädip taparkam?» diýip, alada çümüp gelşine ol obanyň çetinden gireninem duýmady.

Bu döwür, bu zamanada sakçy-garawulsyz oba barmy näme?! Hasany obanyň sakçylary saklady. Başy selleli, ýany hiç hili ýaragsyz bu kişiniň gijäniň içinde bolup ýörşi-de, edýän gürrüňi-de geňdi. Ýöne şyhyň ady ara düşenden soň olar Hasany tiz şol diýilýän kempiriň öýüne alyp bardylar.

Garawullar palçykdan salnan öýüň gapysyny kän kakdylar. Kempir, megerem, agyr ukudady. Ine, birden gapy açylyp, saçlary çalam-çaş, bir gözi açyk, biri ýumuk, egnindäki jindesini oda atsaň tütemejek ýüz ýaşly kempir daş çykdy.

Hasan daş-töwrege gözüni aýlady. Töwrekde sagylýan sygyr-ha däl, hatda hiç bir janly-jandara hem gözi düşmän aljyrady. Bu – şyhyň diýýän kempiri bolmaly däldi.

Sakçylar kempire şyhyň sargydyny ýetirdiler. Geň zat, kempir

sesini çykarman diňledi-de, yzyna öwrülip öýüň içine girip gitdi. Sähel salymdan ol eli ýasy golçaly daş çykdy.

Kempir Hasana açyk ýeke gözi bilen çiňňerilip bir seretdi-de, golçany uzatdy. Gapaksyz golçanyň içinde pişigiň kellesi ýaly ýag ýatyrdy.

Hasan nädip golça elini ýetirenini, nädip obadan çykanyny, nädip ýene-de galanyň düýbüne gelenini duýmady. Sakçylar Hasanyň gelenini görüp, ony ýokaryk çekip aldylar.

Bu wagt daňyň düýbi saz beripdi.

Ir bilen hem şyhyň keýpi ýokdy. Ol ertir namazyny okap bolansoň, metjidiň gapysyndaky kürsä geçip oturşyna, ojaklarda ot ýakmagy hem-de mis gazanlary atarmagy buýurdy. Sopular ojaklarda ot ýakyp, iki sany mis gazany atardylar. Şyh Hasanyň getiren ýagyny ikä bölüp, hersini bir gazanyň içine atdy. Gyzan misiň ýüzünde tyrpyp giden ýag bölekleri kem-kemden kiçelip, ahyry bygyrdap gaýnap duran kölçä öwrüldi.

Şyhyň näme etjek bolýanyna hiç kim düşünenokdy. Adamlar uruş bilen başagaýdylar.

Mäne galasynyň düýbünde kyrk gününi ýitiren Mesut soltanyň içini it ýyrtýardy. Şonuň üçin ol şu gün ir bilen ýakyn adamlaryň maslahatyna eýerip, gala ýaraşyk baglaşmak üçin ilçi iberdi.

Ýaraşyk baglaşylan gala, her näme-de bolsa, ýeňsede galan duşman däldi. Eli ak baýdakly üç atlynyň Gaznalylaryň goşundan çykyp, bärik ugranyny gören sakçylar tiz galanyň häkiminiň yzyndan adam ýolladylar.

Galanyň häkimi gelip ilçileriň habaryny aldy. Säher çagynda ak baýdak göterip gelen ilçileriň habary düşnüklidi: Mesut soltan ýaraşyk teklip edýärdi.

Kyrk günüň gabawy galany ýadadypdy. Azyk-owkadyň näçe wagta ýetjegi belli däldi... Adamlar tapdan düşüpdiler. Ýaraşyk – bu ýagdaýdan iň gowy çykalgady.

Galanyň häkimi ýanynyň on atlysy bilen ilçileriň yzyna düşüp, Gaznalylaryň goşuna ugrady.

Soltanyň çadyryna elli ädim töweregi ýetmän, ilçiler atdan düşdüler. Mäneliler hem olaryň yzyna eýerdiler. Ine, depesi tyllaýy

gotazly ak ýüpek çadyr... Uzak ýörişlerden soň ol ak reňkini ýitirere gelipdir. Ýöne bu gaýta oňa haýbat berýärdi. Gapysynyň erňegindäki ýüpek gotazlar dag eteginiň şemalyna yrgyn atýan bu çadyra golaý geldigiçe, Mäne galasynyň häkiminiň bedenini howsala gaplap, dyzlarynyň ysgyny gaçdy. On atlysy ho-ol ýeňsede galypdy. Sakçylar häkimiň ähli ýaragyny sypyryp aldylar. Çadyryň agzyndaky sakçylar hem ony ilik-düwme barladylar. Ine, ahyry häkim düzlüge çöken äpet daş ýaly bolup oturan haýbatly çadyryň bosagasyndan ätdi.

Onuň ilki gözüne ilen zat çadyryň ortasyndan dikligine asylgy duran ýalaňaç gylyç boldy. Bu – Mahmyt şanyň edähedidi. Kakasy bilen köp ýörişlere gatnaşan Mesut onuň ähli gylyk-häsiýetlerini, endiklerini diýen ýaly özüne alypdy. Ýöne Mahmyt şanyň kyrk günläp gala gabap ýatany onuň şu wagt ýadyna düşenokdy.

Ine, Mesut soltany kyrk günläp şu ýerde – şu kiçijik galanyň düýbünde eglän adam onuň öňünde dur. Bar zadyň sebäpkäri şu adammyka beri?.. Mesut soltan galada ýene bir adamyň – Abu Seýit Abulhaýryň bardygyny hem bilýärdi, ýa-da şyhyň gudraty soltany kyrk günläp şu ýerde daňyp goýdumy-ka?! Mümkin, sebäbi şyh Alla soltandan has golaýdy...

Çadyryň töründe üstüne ýumşajyk düşek taşlanan pessejik sekiniň üstünde oturan Mesut soltanyň bosagadan giren ýerinde iki nökeriň ortasynda duran häkimi tüýt-müýt edäýesi geldi. Ýöne saklandy. Ýaraşygyň öz düzgünleri bardy. Onsoňam, galanyň içinden oňa iň gerekli adam häkim däldi.

Soltan ýerinden turdy. Onuň zer sapaklar bilen tikilen eşikleriniň öwüşgini häkimiň gözüni gapdy. Ol özüniň nädip kyrk günläp soltanyň goşunyna garşy durup bilenine haýran galdy. Ol gorkdy. Soltanyň sesi uzak bir ýerden eşidilýän ýaly bolup onuň gulagyna geldi:

– Sen ýaýçy mergenleriňi bize berersiň, şondan soň biz dessine Sarahsa tarap ugrarys...

Häkim diňe baş atdy.

Az wagtdan soň Mänäniň häkimi Gaznaly goşunynyň ýüz atlysynyň öňüne düşüp, gala girdi. Ol kyrk mergeni galadan daşaryk çykardy. Ýaraşygyň şerti şeýledi.

Galanyň diwarynyň düýbünde ölümine garaşyp duran mergenleriň haly perişandy. Olar ölümini boýun alypdylar. Şol pursat Mesut soltanyň çadyry tarapdan at çapdyryp gelýän çapar göründi. Mesut soltanyň ýüz atlysy ýeňsä çekildi.

Ýetip gelen çapar soltanyň täze permanyny okady. Soltan mergenleriň sag gollaryny kesip, olary diri galdyrmagy buýurýardy. Mundan on bäş ýyl ozal Mahmyt şanyň serkerdesi, Tusuň häkimi Arslan Jazibiň «Seljuklara ýer berseň, iň bolman-da ýaý atyp bilmezler ýaly, olaryň sag eliniň başam barmagyny kes» diýen maslahatyna şa gulak gabartmandy.

Bu gün onuň ogly şol maslahaty aňryýany bilen berjaý edýärdi.

Şol ýerde, galanyň diwarynyň düýbünde mergenleriň sag gollaryny kesdiler. Sopular gollary kesilen ýaýçylary gala alyp girdiler. Metjidiň öňünde mis gazanlarda ýag gaýnap durdy. Jerhetläp, ýara azmaz ýaly, mergenleriň kesilen gollaryny ýaga sokup çykardylar.

Gapynyň öňünde kürsüde oturan Abu Seýit Abulhaýyr kürsüsi bilen bile ýere siňip barýan ýalydy. Şyhyň gözlerinden dynman ýaş akýardy. Onuň dodaklary çalaja gymyldap, şol bir jümläni gaýtalaýardy:

– Mesut öz mülküniň sag goluny kesdi...

Şyhyň gany gaçan dodaklary ýuwaşja hümürdäp, onuň aňyna gelen setirleri sanap başlady:

– Zulumkeşler özün ýalyna atar,
Ak säheriň ahy bogazdan tutar.
Eý, ýol kesen, jeza pursadyndan gork,
Seniň kesen ýoluň seni-de çapar…

Sähel salymdan Gaznaly goşuny galanyň gabawuny aýryp, Sarahsa tarap ugrady.



# ZAMANALAR ÇALŞYGY. DAŇDANAKAN

1040-njy ýylyň maý aýynyň 14-ine Mesut soltan Sarahsy eýeläpdir.

Sarahsda azyk, ot ýokdy. Gaznaly goşunynyň haly barha peselýärdi. Şol ýagdaýda Mesut soltan maslahat çagyrypdyr. Ol käbir serkerdeleriniň Hyrada çekilip, goşuna dynç bermek, azyk-owkat toplamak, soňra seljuklaryň üstüne gaýtadan ýöriş etmek baradaky teklibini kabul etmändir.

Soltan diňe Merwe gitmegi, ähli meseläni şol ýerde çözmegi buýrupdyr.

Şeýlelikde, 1040-njy ýylyň maý aýynyň 16-syna Gaznaly goşuny Sarahsdan çykyp, Merwe tarap ýola düşüpdir.

Bu wagt seljuklar çöldedi. Sarahsyň golaýyndaky dag etek baýyrlyklarynda bolan söweş olara ýeňiş getirmänsoň, olar bu gezek ähli goşuny, oglan-uşak, mal-garasy bilen Sarahsyň gaýrasyndaky giň çöllüge çekilipdiler.

Mesut soltanyň Sarahsdan çykyp, Merwe tarap ýola düşenini Gaznalylardan gaçyp çöle çykan ilat seljuklara ýetirdi.

Tiz belli bir karara gelmelidi. Seljuk begleri maslahata ýygnandylar. Bu wagt gün günorta bolup barýardy. Äpet sazak seljuk beglerine saýa boldy. Musa ýabgu, Togrul beg, Çagry beg, Ybraýym Ynal, Garahanly şazadasy Böri tegin, Çagry begiň ogly Ýakut, Arslan ýabgunyň ogly Gutulmyş, Akde hajyp, Alty hajyp ýene-de birnäçe begler äpet sazagyň kölegesine üýşdüler.

Musa ýabgu sazagyň kölegesine ýazylan galyň keçäniň üstünde oturşyna howlukman telpegini çykaryp, çygjaryp duran giň maňlaýyny ýüpek ýaglygy bilen süpürip goýberdi-de, söze başlady:

– Mesut Sarahsdan çykypdyr... Onuň ugry Merwe tarap... Giç galsa ertiriň bir ýerinde onuň ýoly biziň üstümizden düşer... Indiki maslahat...

Ýaş gan gyzgyn bolýar. Hol çetde çägäniň üstünde ornaşan ýaş begleriň gowry artdy. Olaryň bary birden gürlänsoň, näme diýilýänine-de düşünip bolanokdy.

Musa ýabgunyň sag tarapynda aýbogdaşyny gurup, gylyjyny öňüne kese basyp oturan Togrul beg ýeňsesine gaňrylyp, gaharly ardynjyrady. Ýaş begleriň sesine suw sepilen ýaly boldy.

Togrul beg söze başlady:

– Adamlar, biz entegem Mesut bilen başa-baş söweşe taýýar däl, men entegem ozalky pikirimde – Dehistana çekilip, wagtlaýynça Gürgeni ýurt tutunalyň... Soňra...

Çagry begiň batly sesi onuň sözüni böldi:

– Biz şu ýerde Mesut bilen bellisini etmeli. Mesutda güýç galmady, onuň goşunynyň çala jany bar. Şu çölüň içinde dört-bäş gün heläk etsek, Gaznalylary derbi-dagyn edip bilýäs...

Ybraýym Ynal gylyjynyň ujuny ýokary göterdi. Bu onuň söz soradygydy. Musa ýabgu oňa tarap ýüzüni öwrüp, «aýdyber» diýen terzde baş atdy.

– Çagry beg dogry aýdýar, Mesudyň goşuny şu wagt tapdan düşdi. Gaznalylar näçe wagt bäri ölmez-ödi azyk bilen gün görýärler,

atlary hem aç, hor-homsy... Şu wagt Mesudyň goşuny kowsa – ýetip, gaçsa – gutulyp bilmez bir halda...

Ýene-de ýaş begleriň gowry artdy:

– Mesudyň dişine kakalyň!

– Besdir, näçe gaçyp-tezip ýörüp bolar...

Togrul beg bu gezek ýaşlaryň badyny almady. Ol ýaş begleriň söweşe höweslidiklerine begendi. Onuň özem Mesudyň dişine näçe tiz kakyp bilseler, şonça-da begenjekdi. Ýöne seresap bolmalydy. Şu ýurtda ýurt tutunmak gowy, ýöne ýurtdan öňe bala-çaga düşýärdi, goşun düşýärdi...

Bala-çaga bolmasa – seljuklar ýokdy...

Goşun bolmasa – seljuklar ýokdy...

Musa ýabgunyň sesi Togrul begiň pikirlerini arasyny böldi:

– Oglan-uşak, mal-garalary dessine iki müň atly bilen çölüň jümmüşine ugratmaly.. Ybraýym müň atlysy, Böri tegin bäş ýüz atlysy bilen Mesudyň öňünden çykyp, gije-girimde çozup-gaçyp onuň goşunynyň haýyny alsyn... Biz bolsa, Togrul beg bilen Çagry begdäki on bäş müň gowrak atly bilen Merwe tarap çekileliň... Mesuda çölüň içinde garaşalyň... Alla bizlik bolsa, işimiz oňuna bolar...

Musa ýabgu sesini kesdi. Sazagyň düýbüne ümsümlik aralaşdy. Hatda häliden bäri serçe bolup jürkküldeýän ýaş beglerdenem ses çykanokdy. Iş mydama sözden agyrdy. Söz – ýelek, iş – gurşundy. Bu wagt seljuk begleri üçin iň jogapkärli pursatdy. Her kim ýene bir gezek öz pikirini, öz ynanjyny, öz agramyny ölçäp görýärdi.

Agyr ümsümligi Çagry begiň sesi bozdy:

– Düşnükli!

Göýä şu söze garaşyp duran ýaly seljuk begleri ýeňillik bilen dem aldylar. Sähel salymdan äpet sazagyň kölegesi boşap galdy.

Daşynyň iki müň atly goragy bilen oglan-uşak, mal-garalary çölüň jümmüşine tarap ýola saldylar. Soňra Ybraýym Ynal müň atlysy, Böri tegin bäş ýüz atlysy bilen üç-dört günlük azyk-owkatlaryny ata basyp, Gaznalylaryň öňünden çykmak üçin Sarahs tarapa ýollandy. Alty hajyp müň atly bilen guýulary gömmäge iberildi. Mesut

soltanyň Merwe tarap ýörejek ýolundaky ähli guýular çöp-çalam bilen petiklenip, gömülmelidi.

Musa ýabgu, Togrul beg, Çagry beg dagy galan on bäş müňe golaý atly bilen şu töwerekde at üstünde, ýagdaýdan mydama habardar bolup ýörmelidiler...

Çöl çöl bolýar. Diri adam üçin bolsa teşnelikden uly ýagy ýok bolsa gerek. Sarahsdan Merwe tarap ugran Gaznaly goşuny muňa eýýäm ýörişiň başynda göz ýetirdi. Guýular gömülgidi, şonuň üçin ýanyňa alan suwuň her damjasyny tygşytlamaly bolýardy. Üstesine, zäherlenen guýynyň suwuny içen esgerlere içgeçme degip, goşunyň bir bölegine ýaýrady. Goşuna ýaýran içgeçmäniň zyýany hem az-küş däldi. Ýöne ýörişiň altynjy güni depeleriň aňyrsyndan çar tarapdan çogup çykan seljuk atlylaryna gözi düşen Gaznalylar suwsuzlygyň, içgeçmäniň entek bärkije belalardygyna göz ýetirdiler.

Bu atlylar Ybraýym Ynal bilen Böri tegininiň atlylarydy. Seljuklar göýä agyla gabalan goýun sürüsiniň üstüne çozýan möjek ordasy ýaly gykuwlap inýärdiler-de, goýnuň guýrugyny goparyp gaýdýan möjek ýaly, goşunyň esli ýerini parçalap yza dönýärdiler.

Gaznaly goşuny ertesi gün ganyny sarkdyryp, Merw bilen Sarahsyň ortasyndaky Daňdanakan galasyna golaý geldi.

Düňle çöl dymyp ýatyrdy. Ümsümlik. Ýöne bu ümsümlik aldawçydy. Aňry gitse bir parsah aralykda seljuklaryň on bäş müň atlysy bir ýumruga öwrülip, çölüň demine diň salyp durdy.

Togrul beg müň ýaýçysyny Gaznalylaryň üstüne iberdi. Gaba telpekli atlylar depeleriň aňyrsyndan gykuwlap çykyp, üstlerine dökülende, Gaznalylaryň gözüne daş-töweregiň ot-çöpleri-de seljuk atlysy bolup görünýärdi.

Atlylar topar-topar bolup inişlerine goşuna golaý barman, onuň üstüne ýagyş dek peýkam ýagdyryp, yzyna dolanýardylar.

Gaznaly goşuny ilkinji gezek çölüň giň biçüwde tikilen, çar tarapy jübi bolup duran eşik kimin bir zatdygyna göz ýetirdi. Onuň haýsy jübüsinde nähili belanyň gizlenip ýatandygyny Alla bilsin...

Howadan urşuň ysy gelip durdy. Seljuklaryň söweş tilsimlerine belet, tejribeli serkerde Begdogdy hajyp olaryň mundan aňryk Gaznalylary goýbermejegine düşündi. Ol göwnüni bire baglap, ertir namazyndan soň Mesut soltanyň huzuryna bardy.

Iki depäniň ortasynda, daşyny Gaznaly goşuny gabap oturan ak ýüpek çadyra girmäge het edip bilýän adam azdy. Ýöne Begdogdy hajyp bu çadyra girmelidi. Ol soltana bu söweşiň bolmaly däldigini, seljuklar bilen ýaraşyk baglaşmalydygyny, ýogsa Gaznaly goşunynyň masgara boljagyny aýtmalydy.

Ine, ol bosagadan ätdi. Şol gylyç çadyryň ortasynda dikligine asylgy dur. Çadyryň töründäki şol seki, gapdalynda üsti meý küýzeli pessejik seki. Soltanyň sakysy – ýaş ýigit ýaňyja meýli käsäni oňa uzadan bolsa gerek... Soltanyň meýe çümen murtlary öljerip durdy...

Soltan ümledi, saky çadyrdan çykdy. Soltan ýüzüni göterdi. Begdogdy hajyp çadyryň ortasyna gelip, söze başlady:

– Soltanym, goşunyň taby pes...

Soltan sesini çykarmady.

Begdogdy hajyp dowam etdi:

– Bäş ýüz gulam seljuklaryň tarapyna geçdi.

Soltan sesini çykarmady.

– Seljuklar bilen ýaraşyk baglaşmak gerek...

Soltan Begdogdy hajyba gözlerini alardyp seretdi-de, ýene-de meýli käsä elini ýetirdi.

... Ak çadyra sähelçe umyt bilen giren Begdogdy hajyp, ýüzüni sallap çadyrdan çykdy.

Ertesi gün, 1040-njy ýylyň maý aýynyň 24-ine Mesut soltan goşuny bilen Daňdanakan galasyna geldi. Seljuklaryň bir ýumruga düwülen on bäş müňden gowrak atlysy olaryň yzy bilen garama-gara gelýärdi.

Mesut soltan galada düşlemek baradaky teklibi oňlaman, bäş parsah aralykdaky howza tarap gitmegi buýurdy.

Bäş parsah arany Gaznaly goşunynyň geçip bilmejegi bellidi. Has dogrusy, seljuklar oňa bu arany geçmäge maý bermezler. Çar ta-

rapdaky depeleriň aňyrsyndan hatda, olaryň atlarynyň kişňeýän seslerine çenli eşidilip durdy.

Muňa düşünen Begdogdy hajyp özüne wepaly adamlaryny ýanyna alyp, müň atlysy bilen çöle çekildi. Ol seljuklar bilen özi üçin ýaraşyk baglaşmaga taýyndy.

Müň atlynyň goşundan bölünip, çöle siňip gidendigini, galan goşunyň bolsa, howza tarap hereket edýändigini Togrul bege ýetirdiler. Bu wagt Musa ýabgu, Çagry beg, Ybraýym Ynal, Böri tegin – hemmesi aýgytly pursadyň gelendigine düşündiler.

Biri-biriniň gözlerine seredenden näme etmelidigine sessiz düşünen seljuk begleri böküp ata mündüler.

Bu söweş söweşler söweşidi. Bu söweşde seljuk atlary ýel bolup uçdular.

Bu söweş söweşler söweşidi. Bu söweşde seljuk gylyçlary ýyldyrym bolup süýndüler.

Bu söweş söweşler söweşidi. Bu söweşde seljuk peýkamlary ajal bolup ýagdylar.

Bu söweş söweşler söweşidi. Bu söweşde seljuk ýigitleri duşmana arslan bolup topuldylar.

On bäş müň seljuk atlysy özünden san taýdan agdyk Gaznaly goşunynyň üstüne döküldi. Bu söweşde söweş hereketini düzmäge, onuň pikirini etmäge hiç kime maý bolmady. Beýleki bir tarapdan bolsa, indi gör, näçe ýyldyr seljuk atlylarynyň kellesinde diňe şu söweşiň – şu aýgytly söweşiň pikiri bardy. Bu söweşiň pursaty gelipdi. Bu söweş – pursat söweşidi...

... Çagry beg birwagt sagdagyny boşadypdy. Ol haýdap gylyç urýardy. Togrul beg çep eginde atlylary bilen otly peýkamlary atyp, duşman pillerine ot berýärdi.

Gaznaly esgerleri başyny gutarsa kaýyldy. Olaryň seljuk atlylarynyň arasyndan sähel boş ýer tapany gaçyp, çöle siňýärdi.

Gaznaly goşuny çölüň içinde Gün howruna ereýän gar ýaly, barha kiçelip barýardy.

Mesut soltan aljyrady. Onuň töwereginde müňe golaý atlysy galypdy. Ýöne olaryň hem daşyna seljuk atlylary aýlanyp, kerçäp gelýärdi. Ol öz atlylarynyň ortasynda durşuna goragynyň barha ýukalyp barýandygyny görýärdi.

Ol iň soňky pursat daýaw atynyň kellesiniň üstaşyr, gözüni töwerege aýlady. Çep tarapda seljuk atlylarynyň sany azdy. Soltan gylyjyny gynyndan çykardy-da, buýruga garaşyp duran ýüz sany janpenasyna tarap öwrüldi:

– Yzym bilen!

Ýüz atlysyna baş bolan Mesut soltan seljuk atlylarynyň böwşeňräk ýerinden ýaryp çykdy. Ol daýaw atyň üstünde ýüz atlynyň öňüne düşüp barşyna beýik depäniň üstünden aşyp, gözden ýitdi.

Mesut soltan soň-soňlar öz ýakyn adamlaryna mydama şol bir düýşi görýändigini gürrüň berýär ekeni: «Seljuk atlylary Mesut soltanyň gabawuny barha gysyp gelýärler. Ýene sähel salymdan olar soltanyň boýnuna syrtmak atarlar... Birden, soltan gara selleli nätanyş bir atlynyň gylyç bilen özüne ýol arçap, ýetip gelýändigini görýär. Ol çep eli bilen üsti boş atyň jylawundan tutup gelýär. Ine, ol golaý gelýär. Soltan piliň üstünden böküp boş ata münýär. Ikisi-de atlaryny ýüzün salyp, gabawdan çykýar...

Gara selleli hol öňde at çapdyryp barýar. Soltanyň onuň yzyndan ýetesi gelýär. Ýöne ýetip bilenok. Birden ol gara selleliniň yzyndan ýetýär... Mesut bu atlyny tanaýar...

Bu atly onuň kakasy Mahmyt şa bolsa nätjek...

Mahmyt şa oglunyň ýüzüne närazy bir nazar oklap, gözden ýitýär...»

Mahmyt şanyň ruhy oglundan närazy bolsa gerek. Onuň döwletini ogly saklap bilmedi.

Zamanalar çalşygy gelip, indi döwür seljuk türkmenleriniňkidi.

Ýeňiş habary tiz ýaýrady. Bu habar Mäne galasyna ýetende, Abu Seýit Abulhaýryň gözlerine şöhle indi. Ol sopularyna derrew atlary eýerlemegi buýurdy. Başyna kasab sellesini, egnine zer sapakly donuny

geýen şyh atlary aýagaldygyna sürüp, ertesi gün Daňdanakan meýdanyna gelip ýetdi.

Abu Seýit Abulhaýyr (Mäne baba) seljuk türkmen döwletine, onuň hökümdarlary Togrul bege, Çagry bege Daňdanakan meýdanynda döwlet patasyny berýär.

# SÖZSOŇY ÝERINE

1040-njy ýylyň maý aýynyň ahyrynda seljuk begleri Merwde uly gurultaý ýygnapdyrlar. Gurultaýda Beýik seljuk türkmen döwletiniň gurulandygy yglan edilýär. Çagry beg Horasanyň hökümdary diýip bellenýär. Ol Merwde oturmalydy. Togrul beg Beýik seljuk türkmen döwletiniň soltany diýip yglan edilýär. Ol Nyşapurda oturyp, günbatarda döwletiň çäklerini giňeltmelidi.

Tiz wagtdan Togrul beg bilen Çagry beg Reýi, Hemedany, Yspyhany, Balhy, Hyrady, Zakawkazýäni eýeleýärler.

1055-nji ýylda Togrul beg Bagdady eýeläp, halyfyň gyzyna öýlenýär. «Toýda seljuklar oturyp-turup, dyzlarynyň üstüne böküp, tans etdiler» diýip, siriýaly ýyl ýazgyçysy Ebreý ýazýar.

1071-nji ýylda Çagry begiň ogly Alp Arslan Malazgirt söweş meýdanynda özüniň 15 müňlük goşuny bilen Wizantiýa imperatory Roman Diogeniň 200 müň adamlyk goşunynyň garşysyna çykyp, ony derbi-dagyn edýär. Bu söweşde seljuk esgeri Wizantiýanyň imperatoryny ýesir alýar. Alp Arslan seljuk türkmen esgerine baýrak hökmünde Gazna şäherini wada berýär.

Gazna. Mahmyt şanyň şäheri Gazna. 1151-nji ýylda Hindiguşuň häkimi Hüseýin Jahansyz Mahmyt şanyň nesilleri tarapyndan öldürilen iki doganynyň aryny almak üçin, Gaznany basyp alyp, ony ýedi günläp oda berýär. Mahmyt şanyň jesediniň galyndylaryny mazaryndan çykaryp zyňýar.

1222-nji ýylda Çingiz hanyň eziz ogly Ugedeý Gaznany düýpteýkary bilen ýumurýar. Häzir onuň harabalyklary Kabulyň golaýynda hiç kime gerekmejek depeler bolup ýatyr.

## II bölüm

# SYRLY KERWEN





# ÝENE-DE SÖWEŞ SURNAÝY ÇALYNÝAR

Dandanakan söweşinden soň seljuk türkmenleriniň bir bölegi günbatara – Anadoly topraklaryna tarap ýöriş edip başlapdyr.

Seljuk ýörişleriniň güýçlenýän döwründe Anadolynyň gündogarynda kiçiräk gürji we ermeni şalyklary bardy. Olar Wizantiýa imperatoryna tabyndylar. Imperator Konstantin IX Monamah döwletiniň gündogar serhetlerini seljuk türkmenlerinden goramak üçin köp iş alyp barypdyr.

Ol 1045-nji ýylyň ýazynda özüne tabyn gürji şazadasy Liparidiň serkerdeliginde uly bir goşuny Dwine tarap ýollapdyr. Bu habary eşiden Togrul beg Arslan ýabgunyň ogly Gutulmyşyň serkerdeligindäki ýygyny olaryň garşysyna iberipdir.

Türkmenleriň wizantiýalylar bilen ilkinji çaknyşygy 1045-nji ýylyň güýzünde Genjäniň golaýynda (Häzirbegjan) bolupdyr. Bu çaknyşykda birleşen gürji, ermeni, wizantiýa goşuny çym-pytrak edilip, goşunbaşy Bahram wepat bolupdyr. Araz derýasynyň boýy bilen öňe süýşen Gutulmyş bu ýeňşi Togrul bege buşlap, «bu ýerleriň baýdygyny, hemme zatlaryň boldugyny, rumlylaryň (wizantiýalylaryň) söweş ukybynyň pesdigini, şonuň üçinem bu ýerleriň aňsatlyk bilen eýelenip bilinjekdigini» habar beripdir.

Togrul soltanyň aýagynyň astyndan ot çykýardy. Onuň öz ýurduny howpsuz edesi gelýärdi. Ýurdy näçe howpsuz etjek bolsaň, serhetleri şonça-da aňry süýşürmelidi.

Serhedi süýşürmek dilde aňsatdy. Ol goňşyň melleginiň gazygyny bir ädim aňyrdan kakan ýaly däl. Serhedi süýşürjek bolsaň, goşun sürmeli, pida bermeli. Beg bu zatlary göre-göre gelýärdi. Ýöne, ol indi garrapdy. Dogry, süýegini süýräp bilmän oturan goja däldi, ýöne, alty onlugy tegeläp barýan göwre indi känbir göwnüň diýenine «hä» berip bilenokdy. Onsoňam şo-ol «göçhä-göç» ýyllary Garagumda gar ýassanyp ýatylan gijeler hem indi öz ezýetiniň ujuny gamçy ýaly edip göwräňe çawlap durdy.

Gutulmyşdan hoş habar gelenine eýýäm üç ýyl bolup gelýärdi. Oňa goldaw gerekdi. Goldaw berjek bolsaň rumlulardan bir lukmany bölüp almalydy. Hem öz agzyň ýagjarar,hem duşmanyň dyzyna kakdygyň bolar.

Togrul soltan alabaharyň aýazly günleriniň birinde seljuk şazadalaryndan Çagry begiň ogly Ýakut bilen Musa ýabgunyň kiçi ogly Hasany Reý şäherine köşgüne çagyrdy.

Gara deri telpekleriniň etegini ýaşyl ýaglyk bilen bogup daňan, keçe possunyň bilini kümüş tokaly ýasy gaýyş kemer bilen çekdiren ýigitler ykjamdylar. Olar Togrul begiň özlerini näme üçin çagyrandygyndan bihabardylar. Ýigitler indi birnäçe aý bäri şäheriň etegindäki düzlükde öz ýygynlary bilen türgenleşikde bolansoňlar, köşgüň içinde hem çep goltukdan asylgy gylyjyň sapyna uzamaga endik eden eller bir ýerde duranokdy.

Togrul soltan bu ahwalaty aňdy. Öňünde towusjak bars ýaly bolup duran iki ýigit garry begiň ýaşlygyny ýadyna düşürdi. Garagumda süýnüp barýan keýigiň yzyndan süýndüren peýkamlarynyň göni baryp çenelen ýerine çümşi, «Togrulyň peýkamyny Allaň özi nyşana dogrulaýar» diýip at alşy ýadyna düşen begiň göwni ýumşap özüne göwnüýetijilik bilen ýylgyryp goýberdi-de, birdenem özüne gelip haýykdy. Goja begiň dodaklary müňküldäp gitdi:

– Saňa müňkürlik göwnüme geleni üçin günämi ötewer, perwerdigärim...

Togrul soltanyň uzyn hortap barmaklary sakgalynyň ujuny sypap goýberdi.

Ol törde giň sekiniň üstünde ýaýrap oturan ýerinden yşarat edip ýigitleri ýanyna çagyrdy. Gapynyň agzynda giren ýerinde duran ýigitler ýerinden gozgandylar. Ýaş göwreler herekete gelenden, olaryň gylyçdyr hanjarlary tebil tapyp, şyňňyrdysy otaga doldy. Ýakut bilen Hasan garry agalarynyň rahatlygyny bozmajak bolup, gylyçdyr hanjaryň sapyna ýapyşdylar. Otagyň içine ümsümlik aralaşdy. Ine, hut şu ümsümlik hem garry begiň bar rahatlygyny alýan zatdy. Ol ümsümlikden öler ýaly gorkýardy. Oňa göwnüniň rahatlygy üçin gylyçdyr hanjaryň şaňňyrdysy, galkanlaryň zarňyldysy gerekdi.

Ýöne, begzada ýigitleriň bu zatlardan habary ýokdy. Olar sekiniň öňüne baryp aýak çekdiler. Sag ellerini döşüne goýan ýaş ýigitler garry agalaryna – ýurduň soltanyna edep bilen salam berdiler.

Togrul soltan ýigitlere «oturyň» diýip yşarat etdi. Ýigitler howlukman ýeňiljek göwrelerini galyň halynyň üstüne goýberdiler. Gylyçlaryny öňüne kese basyp, aýbogdaşyny gurup oturan begzada ýigitleriň gözleri soltana dikildi.

Togrul soltan ýerinden çala gobsunyp, oturşyny göwnüne jaýlady-da, ýuwaşja dillendi:

– Ýakut, Hasan, siziň ýörişe gitmeli wagtyňyz geldi...

Otagyň içine gulagyňy deşip barýan ümsümlik aralaşdy. Gatyrak dem almaga hem çekinýän ýaş ýigitler durşy bilen gulaga öwrülip, soltanyň indiki diýjek sözüne garaşdylar. Soltan sözüni dowam etdi:

– Gutulmyşdan hoş habar gelenine esli wagt boldy. Siz hem indi ýüňi ýeten ýigitler, her biriňiziň ep-esli ýygynyňyz bar. Bir aýyň içinde ýygynyň üstüni ýetirip, gerek-ýaragyňyzy jemläň-de, Rumuň bärsini çapawullap gaýdyň... duşman bizi hinine sümüp ýatan syçan hasap etmesin...

Sözüni soňlan Togrul soltan «gürrüň gutardy» diýen şekilde sag eliniň barmaklaryny ýazyp goýberdi.

Ýakut bilen Hasan deň ýerinden gopdy. Giň sekiniň üstünde ýaýrap oturan ýaşuly olaryň agasydy, ýöne ol ýurduň soltanydy hem... «Beýik başyň beýik derdi bar» diýlipdir. Şonuň üçin bu ýerde haýsy-da bolsa bir sözüň, hereketiň artykmaç bolaýmagy ah-

maldy. Şonuň üçin sözsüz ýerinden turan ýaş ýigitler sag ellerini döşüne goýup, üç ädim yza çekildiler-de, soňra yza öwrülip, gapa tarap ýöneldiler.

Çagry begiň ogly Ýakut bilen Musa ýabgunyň ogly Hasanyň serkerdeligindäki seljuk goşuny 1048-nji ýylyň ýazynda Wizantiýanyň tabynlygyndaky Waspurakan korollygynyň çäklerine aralaşypdyr. Bu korollyk Wan kölüniň töwereginde ýerleşýär ekeni. Bu ýeriň häkimi Aaron Gürjüstanyň hökümdary Katakalon Kekaumenosdan kömek sorapdyr.

On müňlük seljuk goşuny Zab derýasynyň kenaryna gelip goş basdy. Bu daglyk hem baýyrlyk ülkede rumlulary gözläp ýöreniňden bir amatly ýerde olara garaşanyň gowudy. Goşun ýadaman, dynjyny aljakdy. Duşmanyň bolsa, gitjek ýeri bolmaz, ýurdunyň çetinden girilensoň, ol hökman bir ýerden gara berer.

Goşunbaşylaryň bu pikiri süňňüne çenli ornan seljuk ýygyny çadyr gurap, giden düzlüge ýaýrap gitdi. Ýakut bilen Hasan bölek-bölek toparlary çar tarapa ýollap, ýagdaýdan habarly bolmaga çalyşýardy. Ine, bu günem çar tarapa ownuk-uşak toparlar ýola düşdi. Olar diňe bir duşman atlylarynyň gözlegine däl-de, atlar üçin ot-iýmiň, atlylar üçin bolsa, owkadyň gözlegine hem deň çykýardylar.

Wisakbaşy[1] Nyzak Tarhan üç atlynyň öňüne düşüp, derýadan atyny urduryp geçdi-de, aňyrky kenarda beýik depäniň üstüne çykyp, ýeňsesine gaňryldy. Hol-ha, derýanyň aňry tarapynda düzlükde seljuk goşuny gyzyl-ýaýyrt bolup ýatyr. Goýä, toýa gelen ýaly... Käbir çadyrdan uduň[2] sesi hem gelip dur. Derýanyň kenarynda nökerleriň atyny ýuwup ýöreni, özi suwa düşüp ýöreni haýsy...

Rumlulardan hem habar ýok. «Guýrugyny basmasaň, item üýrenok» diýilýändir welin, ýöne rumlularyň guýrugyndan basylypdy ahyry. Seljuk goşuny rum topragynda ýazylyp-ýaýrap ýatyrka, mundan beterem guýrugyňdan basylmak bormy?!

Ine, Nyzak Tarhan üç atlynyň öňüne düşüp derýadan geçen

ýerinde beýik depäniň üstüne çykyp, ýeňsesine göz aýlap birsalym sägindi-de, atyna gamçy çalyp depeden aşak indi. Atlylar onuň yzyna düşdi.

Nyzak Tarhanyň atlylary baýryň ýüzüni büran gyrymsy agaçlaryň arasy bilen tozan turuzman barşyna esli ýol geçdi. Töwerekde oba-gara görnenokdy. Birki ýerde gabat gelen ýek-tük öýleriň hem içinde adam, agylynda mal-gara ýokdy. Seljuklaryň gelip düşen habary bu jelegaýda janly-jemende goýmandy.

Atlylary Hasan beg daş-töwerekden habar almak üçin ýollapdy. Ýöne, her gezek gyrymsy agaçlaryň aňyrsyndan turup, jyzzynlap gaçýan dag keýikleri hem agzyňy suwartman duranokdy. Ýigitleriň eýerinde ýaýy, arkasynda bolsa, peýkamdan doly sagdagy taýyndy.

Darajyk jülgede birsalym aw gyzdy. Ýigitleriň kellesi göçdi. Gaçyp daga dyrmaşýan keýik görgüliler ujy çiş peýkam göwresine çümen dessine dyzdan ysgyny gaçyp, aşak togalanyp gaýdýardylar. Her atyň syrtyna ikiden-üçden keýik basylansoň, Nyzak Tarhan awy bes etdi. Atlylar jülgäniň öwrüm berýän ýerinde äpet çynaryň kölegesinde goş ýazdyrdylar. Bir keýigi şakgalap, ýabany naryň çybyklaryndan çiş ýasap, etini düzdüler. Garry arçanyň gury töňňesi derrew köze öwrüldi. Közüň üstüne germelen çişlerden akýan şireler şabyrdap, tüsse bilen garylyp töwerege tagamly ysyny ýaýradyp başlady.

«Bir sözlemek dokuz çeýnemekden goýar» diýleni. Birsalym hiç kimden ses çykmady. Ýigitler şiresi şybyrdap duran dogramçalara işdämen agyz urup, dünýäni unutdylar. Ümsümligi Nyzak Tarhan bozdy:

– Bu dagy nämejik, – ol elindäki etden boşan çişini galgadyp howada çyzyk çekip goýberdi, – biz Gutulmyş beg bilen ýörişe gidenimizde has owadan jülgeleri hem gördük...

Ýigitleriň ünsüni çekenine monça bolan wisakbaşy ýüpek donunyň etegini çekişdirip, başyndaky gara keçe sopbaşyny düzedip goýberdi:

– Ol ýerler has aňyrrakda...

Nyzak Tarhan ýagly dogramçalaryň şiresine çümüp ýalpyldap duran nar çybygyny jülgäniň üstaşyr günbatara tarap salgap goýberdi.

Ýigitler äpet çynaryň kölegesinde toý gurup oturyşlaryna tasdanam jülgäniň çetinden giren duşman goşunyna üstüni basdyrypdylar.

Bu ýerleriň häkimi Aaron gürji ýygynlary bilen birigip, seljuklaryň düşlän ýerine tarap barýardy.

At toýnaklary daşa urlup, jülgäni alazenzele edip gelýärdi. Nyzak Tarhan towsup ýerinden turdy. Ol elini gulagyna tutup, sesiň haýsy tarapdan gelýänini anyklady-da, ody öçürmegi buýurdy. Atlylar ýeňiljek göwrelerini eýere atdylar-da, agaçlaryň arasy bilen toýnak sesini çykarman jülgeden saýlandylar. Ýöne ýere «Seljuk ata münende ata, ýörände ýere agram salanok» diýilmändir ahyry.

Nyzak Tarhan jülgäniň gutaran ýerinde beýige çykyp at başyny çekdi. Rumlular dar jülge bilen uzyn sapaga menzäp süýşüp gelýärdi. «Şu wagt müň atlyň bolsa...» diýip göwün ýüwürden Nyzak Tarhan rumlularyň gün şöhlesine ýalpyldap gidýän tuwalgalarynda, sowutlarynda nazaryny egledi. Onuň gözlerine şöhle inip, boýnunyň ýumrusy süýşüp eňegine direldi. Süýşüp gelýän leşger gözüne ýowuz duşman däl-de, bimöçber olja bolup göründi. Ýöne, onuň ýanynda bary-ýogy üç atlysy bardy. Häzir, sähel haýal-ýagallyk etseň, özüňiň at-ýaragyň, eýere bökderilgi awuň bilen rumlulara olja bolaýmagyň ahmaldy.

Nyzak Tarhan atynyň başyny yzyna öwürdi. Ýeňsede giň dere ýaýylyp ýatyrdy. Ol atlylaryna baş bolup deräni kesip geçdi. Eýerine bökderilgi keýik läşlerini beýleki atlylara berip, olara ep-esli ýeňsä çekilip, özüne garaşmagy tabşyrdy-da, bir özi deräniň çetindäki baýryň üstüne çykyp, duşmana garaşdy.

Elbetde, onuň bu ýygyny bir özüniň gaýtarmak niýeti ýokdy. Ol batyrdy, ýöne däli däldi. Jülgäniň içinde baý olja gözi düşen seljuk esgeriniň ol oljadan paýyny alman gaýdasy gelenokdy.

Jülgeden çykan rum atlylarynyň öňdäki hatary deräniň aňyrsynda duran ýeke atlyny görüp sägindi. Yzky atlylar öňe omzady. Jylawundan çekilen öňdäki atlar yza tesdi. Birbada duşman hatary garymgatym boldy. Ýöne, rum goşuny tiz özüni dürsedi.

Ýekeje özüniň şeýle başagaýlyk döredip bilenine monça bolan Nyzak Tarhan özünden göwnühoş murtlaryny sypap goýberdi. Rum goşuny deräniň etegine ýaýrady. Nyzak Tarhan gylyjyny ýalaňaçlap



ýokary göterdi. Elbetde, bu onuň tutuş rum goşunyny söweşe çagyrdygy däldi. Ol garşysynda duran goşunyň iň batyr esgerini başabaş söweşe çagyrýardy.

Rumlularyň batyr esgeri köp garaşdyrmady. Daýaw göwresini polat sowuda gaplap, ujy çiş tuwalgasyny çümre geýen pyýada atyny debisgiläp öňe çykdy. Ol özüniň uzyn göni gylyjyny gynyndan çykaryp depesine galdyrdy-da, deräniň ortasyna tarap atyny debisgiledi. Nyzak Tarhan onuň öňünden çykdy. Ol on ädim öňünde özüni, atyny polat jula çümrüp, äpet gylyjyny ýalaňaçlan daýaw pyýada alar göz taşlap howlukman synlap durşuna içini gepletdi: «Atyny-ha kündä goşaýmasaň, başga zada ýarajak däl...» Onuň duşman atynyň tüýlek, ýogyn injiklerinden ýokary göteren nazary sowuk polat sowudyň ýüzünden tyrpyp gitdi: «Edil Bagdad polady bolmasa-da, sowutdyr tuwalgasyna reýli demirçiler esli pul dökseler gerek...»

Rumly esgeriň gany damjak bolup duran ýüzüne gözlerini diken Nyzak Tarhanyň göreçlerine şöhle indi: «Muny boýnuna syrtmak salyp Buharaň gul bazaryna eltip bolaýsady...»

Wisakbaşy Nyzak Tarhan egri gylyjyny öňe uzadyp duşmany söweşe çagyrdy. Gaýyş jully atynyň üstünde gara keçe sopbaşyny çümre geýip oturan, egninde könelişen ýüpek dony bilen ýasy gaýyş kemerinden başga goragy bolmadyk seljuk nökerini synlan rumly esger göwnüýetmezçilik bilen ýyrşaryp goýberdi-de, atyny öňe sürdi.

Onuň agyr gylyjy depesinden inende Nyzak Tarhan ilkinji emelini ulandy.Ol ýokardan inen agyr gylyjyň öňüne gylyjy kese germemeli däldigini bilýärdi. Gylyjy kese germeseň, zarbanyň badyna atdan agmagyň mümkin. Şeýle ýagdaýda seljuk esgerleri egri gylyjy gytak tutup, urgyny gapdala sowup goýbermegi gowy görýärdiler.

Nyzak Tarhan hem şu tilsimi ulandy. Öňüne gytak goýlan egri gylyjyň ýüzi bilen tyrpyp giden duşman gylyjy howada ses edip yzyna dolandy. Rumly esger agyr göwresini atdan agdarman zordan saklady. Ol ýene gylyjyny göterip, seljuk nökeriniň üstüne topuldy. Ýene şol ýagdaý gaýtalandy.

Nyzak Tarhanyň garşylykly hüjüme geçerine garaşan rum esgeri galkana duwlandy. Seljuk nökeri hüjüme geçmegiň deregine atynyň jylawuny dözümli çekip goýberdi. Onuň aty götünläp yza çekildi.

Seljuk nökeriniň «gözüniň oduny aldym» hasaplan rumly esger gaýtadan onuň üstüne süründi. Yza dönüp barşyna gözüniň gytagyny duşman leşgerine tarap aýlap goýberen Nyzak Tarhan aranyň ep-esli açylandygyna göz ýetirip, birden atynyň başyny rumly esgere tarap öwürdi-de, egri gylyjynyň ujuny çylasynlyk bilen polat sowudyň jaýrygyndan sokup, dessine yzyna çekip aldy.

Egri gylyjyň ýylmanak ýüzünden tyrpyp gaýdan gyrmyzy gan, dessine onuň sapyna ýetdi. Seljuk esgerleriniň «Gylyjy gandan doýurmak» edähedine eýeren Nyzak Tarhan ony süpürmäge howlukmady. Gylyçdan syrygýan al gan gury topragyň üstüne damdy. Edil şol pursat hem äm-säm bolan duşman esgeriniň agyr göwresi gürpüldäp ýere ýazyldy.

Nyzak Tarhan çakganlyk bilen atyndan towsup düşdi-de, duşman esgeriniň jesedinden ýarag-esbaplaryny sypyryp, eýeriň üstüne atdy. At müneniňki, gylyç guşananyňkydy. Duşman atynyň jylawuny eýeriň gaşyna iltäp, ol bu ýerden saýlanmaga howlukdy. Rumly esgeri yzyna tirkäp, gaçyp-dönüp gelşine ol deräniň aňry tarapyny gaban leşgerden esli arany açypdy. Şeýle-de bolsa howlukmalydy. Leşger özüne gelýänçä bu ýerden arany açmalydy.

Seljuk nökeri doňup galan duşman sapynyň gözüniň öňünde depeden aşyp gözden ýitdi.

Nyzak Tarhan duşman atyny yzyna tirkäp gelşine, ýigitleriniň ýanyna ýetdi. Bukuda duran atlylary onuň yzyna düşdi. Gyrymsy agaçlaryň ýüzüne şarpyldap degýän şahalaryny eli bilen gyra serpip gelýän wisakbaşy howlugýardy. Ol duşmany tapypdy. Bu habary tizden-tiz seljuk beglerine ýetirmelidi.



# TOGRUL SOLTAN MERWE GELÝÄR

Ýakut beg bilen Hasan begi goşuna baş edip Anadola tarap ýollan gününiň ertesi Togrul soltan Merwe Çagry begiň ýanyna «Men möhüm iş bilen barýan» diýip çapar ýollady. Ara gün salman onuň özi hem ýanyna ýüz atly janpenasyny alyp Merwe tarap ýola düşdi.

Olar alty gün ýol ýöräp, Daňdanakanda Çagry begiň Togrul soltanyň öňünden iberen atlylary bilen gabatlaşdylar.

Bu ýerler Togrul soltana tanyş ýerlerdi. Göni sekiz ýyl mundan ozal hut şu ýerde, uly söweşde Gaznalylaryň goşunyny ýeňip, olar döwletiň düýbüni tutupdylar.

Atlylar giçlik Merwiň Günbatar derwezesinden girdiler. Derwezäniň öňüne, şäheriň köçelerine bosup çykan adamlar göýä soltany ilkinji gezek görýän ýaly, ýaşyp barýan Günüň şöhlesine ellerini kölegeledip, altmyş ýaşap gelýän-de bolsa, uzak ýoluň argynlygyna hem seretmän, atyň üstünde dik oturan haýbatly soltana nazarlaryny çüýläp, baş egip galýardylar.

Küýzegärleriň mähellesiniň gapdalyndan geçen atlylar derrew Erk galasyna – Şähriýararka ýetdiler.

Horasanyň hökümdary Çagry begiň köşgi şu galada ýerleşýärdi. Köşgüň ýeke-täk derwezesi gündogara bakyp durdy. At toýnaklarynyň sesine ören derwezebanlar agyr agaç derwezäni iki tarapa serpip açdylar. Togrul soltanyň atyny tutup, atdan düşürdiler.

Soltan ýarag-esbabyny şakyrdadyp atdan düşdi. Çagry beg onuň öňünden çykdy:

– Hoş geldiň, inim, sag-salamatlykmydyr. Öý-iller abatlykmy?!

Mydama az sözli agasynyň agzyndan birbada munça söz çykanyna geň galan Togrul soltan içini gepletdi: «Agamyz garrap ýör öýdýän...»

Nökerler goňşy howla geçdiler. Atbakarlar soltanyň atyny jylawyndan tutup, athana sürdiler. Seljuklar «Aty duşmanyň kimin mün, dostuň kimin besle» diýýärler. Uzak ýol söküp gelen atlary beslemegiň pursady gelipdi.

Diňe bir atlary däldi. Togrul soltanyň gelerine garaşyp hammam gyzyp durdy. Köşgüň ikinji gatyndaky giň eýwanda bolsa, üsti naznygmatdan doly giň saçak ýazylypdy.

Hyzmatkärler soltanyň ýarag-esbaplaryny, agyr eşiklerini alyp gitdiler. Ini-boýy elli ädime golaýlaýan köşgüň ortasynda açyk howly bardy. Çagry beg soltan bilen şol howla çykdy. Howlynyň ortasyndaky dury howzy, howza abanyp duran leýlisaçlary görüp soltanyň göwresine rahatlyk aralaşdy. Alty günläp atyň üstünde oturan göwräniň dartylyp duran damarlary ýazylyp, onuň iň bir soňky uçlaryna çenli gan şaglap indi. Bu ýeri Çagry begiň özüniň hem argynlygyny sowýan ýeridi. Köşkde argynlyk sowulýan ýer kändi. Çagry beg soltany hammamyň gapysyna eltdi. Gapynyň agzynda başy mata örtgüli, ullakan gözleriniň ortasynda maňlaýy gyzyl hally zenan garşy aldy.

Soltanyň egninden iteberip goýberen Çagry beg aýak çekdi:

– Mundan aňyrda saňa şu zenan hyzmat eder...

Mümkin başga bir ýer, başga bir zenan bolsa soltan bu hyzmatdan ýüz öwürse-de öwrerdi. Ýöne zenanyň maňlaýynda gyzyl hal bardy. Bu gyrnak Hindistandandy. Hut şonuň üçin hem soltan hyzmatkär aýalyň yzy bilen hammama girdi.

Gyzgyn suwa ezilen ýadaw göwre hezil etdi. Tekjede duran golçalaryň içindäki akly-saryly külkeler Hindistandan getirilen sabyn külkeleridi. Muny soltan bilýärdi. Soltan ýuwnup bolansoň, tüýlek süpürgiji uzadan zenana ýüzlendi:

– Sen hindimi?

Zenan baş atdy.

– Bu ýerlere nädip düşdüň?

Zenan dodaklaryny ýazdy:

– Mahmydyň nökeri ýesir edip alyp gaýtdy.

Mahmydyň nökeriniň ýesiri bolsa, bu aýal köp wagt bäri Merwde bolmalydy. Şonuň üçin ondan Hindistan barada zat sorap oturasy iş ýokdy.

Soltanyň bolsa Hindistan barada köp zat bilesi gelýärdi. Has dogrusy, indi birnäçe ýyl bäri oňa bir pikir hiç ynjalyk berenokdy.

Mundan ýigrimi bäş ýyla golaý wagt ozal Mahmyt soltan Togruldyr Çagrynyň kakalarynyň dogany Arslan ýabguny hile bilen ele salyp, Hindistanyň Kelejar galasyndaky zyndana taşlapdy. Iki ýüz atly bilen kakasynyň yzyny yzarlap giden Gutulmyş ýedi-sekiz ýyldan soň bir hile bilen kakasyny zyndandan alyp gaçypdy. Ýöne olar ýolda ýene ele düşüpdiler. Bu wagta çenli Mahmyt soltan ýogalyp, onuň ogly Mesud Gazna hökümdarlyk edýärdi.

Mesud Arslan ýabguny öldürip, Gutulmyşy bolsa, zyndana taşlamagy buýurdy. Bäş ýyl töweregi mundan ozal seljuklar Gutulmyşy talap edip, Gaznalylardan boşadyp alypdylar.

Ýöne Arslan ýabgunyň-seljuklaryň hökümdarynyň jesedi ýat illerde galypdy. Kim bilýär, ol şol ýerlerde adam ýaly jaýlanyldymyka beri...

Köşgüň ikinji gatynda giň eýwanda saçagyň başyna geçen mahaly hem soltanyň kellesinde şu pikirler at salýardy.

Çagry beg saçagyň üstüne şu jelegaýda bar naz-nygmatyň ählisini çykarypdy. Ortada bürünç tabaklarda berre guzynyň gaýnan etiniň üstüne hoştap ysly otlar dogralyp goýlupdy, bitinligine gowrulan ördekleriň daşyna ýaşyp barýan Günüň şapagy çaýylan ýaly bolup, gözüň düşenden işdä öýjükleriniň baryny birden açjakdy. Hut şu gün derýadan tutulyp gowrulan balyklaryň şiresi tabaga damyp, saryja kölçe bolup durdy. Ýaňy tamdyrdan çykan bugdaý çöregiň ysy giň eýwana dolupdy. Ýasy mejimäniň üstünde burk urýan gawun dilimleri, buldurap duran üzüm hoşalaryny görüp soltanyň gözlerine şöhle indi.

Ol elini kiçiräk hoşalaryň birine ýetirdi-de, üzüm dänesini agzyna oklap, süýji şiräni gözlerini süzüp lezzet bilen ýuwutdy. Ýene bir dänäni agzyna oklap soltan ýuwaşlyk bilen dillendi:

– Siziňki hezil-ow, ýylyň şu wagty hem üzüm, gawun iýip bilýän bolsaňyz...

Çagry beg galyň düşegiň üstünde öňe omzap, berre guzuly tabagy inisine tarap süýşürdi:

– Allanyň berdiginden iýip otyr...

Gaznalylar bilen söweşen döwründe eýeri ýassanyp uklamaga, tiz iýip-içmäge endik eden Togrul soltan saçagyň başynda uzak ýazylyp-ýaýrap oturmady. Ol datly tagamlaryň her birinden işdäsiniň aldygyça iýip, ýagly barmaklary bilen murtuny sypap goýberdi. Gysgajyk doga okap töwür galdyrdy.

Elleri kündük-legenli hyzmatkärler gelip el ýuwdurdylar. Saçak ýygnalandan soň soltan agyr göwresini gapdalyndaky per ýassyklara tarap agdardy.

Çagry begiň alys ýoldan inisiniň näme habar bilen gelendigini bilmek üçin içini it ýyrtýardy. Ol soltanyň hormatyna köşge bagşy-sazandalary, şahyrlary hem ýygnapdy. Ýöne olaryň ählisi şu wagt birinji gatdaky otaglaryň birinde garaşyp otyrdylar. Ilki işdi. Şonuň üçin Çagry beg Togrul soltanyň söz açaryna garaşdy.

Soltan giň eýwanyň ortasynda goşa ýassyga ýaplanyp ýatyşyna diwardaky nagyşlara gözüni dikdi. Diwaryň aşaky bölegi galyň ganç suwagynda çekilen oýma nagyşlar bilen bezelipdi. Otagyň dört burçunda ýakylan şemleriň yşygy nagyşlaryň ýüzüne çaýylan tylla düşüp öwşün atýardy. Göýä, diwaryň ýüzüne hem ýanyp duran şemler oturdylyp çykan ýalydy.

Diwaryň ýokarky böleginde tä otagyň depesinde ýaý bolup duran pessejik gümmeziň ujuna çenli zolak nagyşlar uzalyp gidýärdi. Ol ýerler, gümmeziň düýbi garaňkydy, ýöne, soltan nagyşlaryň ýüzünde ýokarylygyna goýalyp gidýän, açyk gyzyl reňki saýgardy.

Göýä, gümmeziň ujundan diwaryň ýüzi bilen syrygyp gaýdýan zolak goýy gyrmyzy gan ilki şemiň yşygyna al öwsüp, soňra bolsa sary tylla öwrülip gidýän ýalydy. Sary tylla – bu köşk, soltanlyk... Soltanlygyň üstüne ýokardan gan akyp gelýärdi...

Bu ýaramaz pikirleri kowjak bolýan ýaly soltan başyny silkip goýberdi. Onuň şu wagt orta getirilip goýlan şeraply küýzä gözi düşdi.

Saky küýzäni göterdi. Goýy şerap şürrüldäp bada guýuldy. Saky şeraply badany soltana uzatdy. Togrul soltanyň dodaklaryna ýetiren badasynda gan ýaly gyrmyzy şerap çaýkanyp ýatyrdy. Ýene-de gan...

Soltan uzak pikir etmedi. Ol gözlerini ýumdy-da, badany başyna çekdi.

Damarlaryna ot goýberilen ýaly bolan soltanyň birneme derisi giňedi. Ol gözlerini Çagry bege dogrulady:

– Agam, ikimiziňem agamyz Arslan begi Mahmyt hile bilen ele salyp, zyndana taşlanda men otuz üç ýaşymdadym...

Çagry beg göýä, «gep mundan çykdy-ow» diýýän ýaly uludan demini alyp goýberdi.

Togrul soltan dowam etdi:

– Arslan beg şonda elli ýedi ýaşyndady. Häzir bolsa, men elli ýedi ýaşymda...

Soltan dymdy. Gezek Çagry begiňkidi. Beg dogrusy, birbada näme diýjegini bilmän sägindi. Onuň sowaly gömelteý çykdy:

– Näme diýjek bolýaň?

Togrul soltan häli atdan düşen wagty ýüregine gelen pikirini şu wagt diline çykardy:

– Agam, garrap ýörsüň öýdýän...

Çagry beg ykjamlandy:

– Ony näme üçin diýdiň?

Togrul soltanyň sesi zarply çykdy:

– Arslan begiň jesedini getirip Merwde jaýlamaga wagt ýetdi... Öň ýurt edinjek bolup, hemem Gaznaly döwletine dişimiz ötmänsoň ahmyrda bolduk. Ýöne, meniň şol ahmyr bilen gabra giresim gelenok. Indi ýagdaý başgaça...

Çagry beg inisiniň nazaryna tap gelip bilmän ýüzüni sowdy:

– ...Mahmyt ony Hindistanda Kelejar galasynda saklapdy. Ol ýerlerik Gutulmyş beletdir.

– Gutulmyş şu wagt Harranda ýörişde... Hindistana, Kelejar galasy diýip müň atlyny iberere ýagdaýyň ýokmy?

Çagry beg çalaja başyny ýaýkady:

– Atly däl, kerwen ibermeli...

Agasynyň soňky sözüni eşiden soltanyň gözleri hanasyndan çykara geldi:

– Kerwen ibermeli?! Seniň näme, aslyňda söwdagär bolany barmy?!

Çagry beg indi hälki galagop Çagry beg däldi. Indi ol inisiniň nä maslahat, nä matlap bilen gelendigini bilensoň, onuň ýüregi düşüşipdi. Şonuň üçin ol arkaýyn söz urdy:

– Söwdagärligiň näme aýyp ýeri bar. Muhammet pygamber hem söwdagär bolupdyr ahyry. Ýöne, men Hindistana kerweni agamyzyň jesedini getirmek üçin ibermeli diýýän. Assyrynlyk bilen, goh-galmagal turuzman gözlemeli... Onsoňam gylyjyň bitirip bilmejek işini kähalat altyn-kümüş gowy bitirýändir. Altyn-kümşüň güýji bilen bilinmejek syrlary bilip, açylmajak gapylary açyp bolar.

Togrul soltan dymdy. Bu onuň diýilýän zatlar bilen ylalaşýandygyny aňladýardy.

Çagry beg dowam etdi:

– On-on bäş ýyly gerdeniňden zyňyp bolýan bolsady...

Soltanyň gaşlary gerlip gitdi:

– Hä, näme?

– Onda bu işe özüm baş bolup giderdim...

– Ol hakda pikirem etme.. Gowusy, pikir et, bu işi bitirip biljek adam barmy?

Çagry beg ýene şeraply bada elini uzatdy. Beg badanyň bilinden inçejik barmaklary bilen gysymlap, ony örküçlek burnuna golaý eltdi. Şerabyň ýiti ysy begiň beýnisine urdy. Begiň beýnisinde ýyldyrym çakan ýaly bolup gitdi:

– Bar, şeýle adam bar...

– Kim ol?

Çagry beg sesini çykarman çep eliniň süýem barmagyny şäheriň günbatar derwezesine tarap uzatdy:

– Mustapa kerwenbaşy... Küýzegärleň mähellesiniň ýanynda ýaşaýar...

Togrul soltan goşa dyzyna galdy:

– Çagyr!

...Mustapa kerwenbaşy köp garaşdyrmady. Dagy näme, Horasanyň hökümdaryndan çakylyk barar-da, ony garaşdyryp bolarmy?

Ine, orta boýly tokga pyýada... Gür gaşlary gözleriniň üstüne abanyp dur. Sypaty «Bu adam kerwenbaşy däl-de, gassap bolmaly

ekeni» diýdirýär. Şu pikir gapynyň agzynda duran pyýada gözi düşen dessine soltanyň kellesinde aýlanyp gitdi. Ol syr bermedi. Çagry beg kerwenbaşyny ýanyna çagyrdy. Ilki iki ädim äden kerwenbaşy soňra birden dyzyna çökdi-de, ýumşak halynyň üsti bilen emedekläp gaýtdy. Ol hökümdarlara golaý gelip, maňlaýyny üç gezek hala degrip göterdi.

Togrul soltan elini salgap goýberdi:

– Besdir. Hany otur, seniň bilen maslahat bar.

Mustapa kerwenbaşy dyzyna galyp oturşyna gözlerini soltana dikdi. Soltan nazaryny Çagry bege dogrulady:

– Gowusy, sen aýt!

Togrul soltan badasyndan şerap owurtlaýança, Çagry beg Mustapa kerwenbaşa ýagdaýy düşündirdi. Gulagynyň bir ujy bilen edilýän gürrüňi diňläp oturan soltan kerwenbaşynyň ikirjiňlenýänini görüp, söze goşuldy:

– Arslan ýabgunyň jesedini alyp gelseň, 20 müň tylla sylagyň menden...

Bu diýseň köp puldy. Kerwenbaşy entek bu puluň nähili köpdügini aňynda aýlamanka Çagry beg jübüsinden çykaran tyllaly haltasyny kerwenbaşynyň etegine oklady:

– Şu ýerde-de müň tylla bar... Kerweniň çykdajysy üçin...

Kerwenbaşa razy bolmakdan başa çykalga galmandy.

Müň tyllany goltugynda gizlän kerwenbaşynyň gepi-sözi düýbünden üýtgedi. Çagry beg ýöne ýere muňa bil baglaman ekeni. «Az ber, köp ýalbar» diýen söz hökümdarlar üçin däl ahyryn.

Ýeňiniň tersi bilen ýylçyr maňlaýynyň derini süpürip goýberen kerwenbaşy eýýäm özüne göwnüýetijilik bilen gep urýardy:

– Kerwende diňe gatyr bolsun. Hawa, hawa, «Gatyr eýesine günde ýedi gezek hemle atar» diýilse-de, diňe gatyrlar daglyk ýerden geçmäge ýaramly... Ýükümiz kişmişdir kişde, gawun kaky, garpyz söki... Hindiler süýji zady gowy görýär...

Çagry beg baş atdy:

– Bolar. Ýanyňa on bäş sany men diýen nöker goşýan... Hem gorag bolar, hem goldaw...

Indi kerwenbaşy baş atdy:

– Dogry, meniňem dil bilen – il bilen bir derwüş tanşym bar. «Hytaýa-hindä gitseň menem alyp git» diýip ýördi. Şonam kerwene goşaýsaň...

Gezegi Çagry beg aldy:

– Özüň gowy bilýäň... Onsoňam, saňa biraz altyn-kümüş, ýakut-merjen bereýin welin, ýanyňa al... Geregi deger...

Çagry beg hazynadary çagyrdy. Hazyna köşgüň içinde bolany üçin, hazynadar tiz ýetip geldi. Çagry beg oňa görkezme berdi:

– On sany haltajygy altyn-kümüşden, ýakut-merjenden dolduryp getir...

Elli ýaşlaryndaky hortap pyýada elini döşüne goýup, gapydan çykdy.

Otaga ümsümlik aralaşdy. Çagry beg aşakda bagşy-sazandalaryň garaşyp ýadandyklaryny bilýärdi. Ýöne bu ýerde möhüm mesele çözülýärdi. Özi-de Çagry begiň pikiriçe, oňyn çözülýärdi. Sebäbi, Togrul soltan sesini çykarman bolýan zatlary synlap otyrdy. Soltan goşulmasa, diýmek, bar zat dogry barýardy.

Hazynadar kiçijik sandygy göterip gapydan girdi. Ol sandygy howlukman Çagry begiň öňünde goýdy-da, gapagyny gaçdy. Kinniwanja sandygyň kümüş sesli zarňyldysy ümsümligiň böwrüni dilip goýberdi.

Hazynadar iki dyzyna çöküp oturşyna haltajyklary sandykdan çykaryp, orta üýşürdi. Eňegini ýokarrak göteren Çagry beg haltalaryň birine elini ýetirdi. Bagjygyny çözüp, haltajygyň agzyny açdy-da, içindäki tylla teňňeleri oýnagy gylyjyň şirmaýy sapy bolansoň, ýalpyldap duran aýasyna dökdi. Sary tylla begiň aýasynda şemiň yşygyna öwşün atdy.

Beg ýene bir haltany öňüne çekdi. Barmaklary bilen gysymlap haltanyň içindäkileriň ýakut-merjendigini aňdy-da, bagjygyny çözdi. Çagry begiň aýasyna dökülen ýakut daşlary Togrul soltanyň gözüne bir kölçe gan bolup göründi.Ol elini salgap goýberdi.

Iki dyzyna çöküp oturşyna ellerini döşünde gowşuran hazynadar ýuwaşja dillendi:

– Begim, bir çemçe ganymy geçseňiz… men bu altyn-kümüşlere nä zerurlyk dörändigini sorap bilermikäm…

Çagry begiň göýä hazynadara ýaňy gözi düşen dek gaşlary gerlip gitdi. Ol sag elini gapa tarap saldap goýberdi. Üme düşüş hazynadar götinläp gapydan çykdy.

Gapy ýapylýança garaşan Çagry beg haltalary Mustapa kerwenbaşynyň öňüne süýşürdi. Kerwenbaşy haltalary sandyga salmaga howlukmady. Ol göýä idin soraýan ýaly bir soltanyň, bir-de Çagry begiň ýüzüne seredip ýuwaşlyk bilen söze başlady:

– Bulary, – ol sözüniň şu ýerinde ümläp öňünde üýşüp duran haltajyklary görkezdi, – görene göz edip sandykda äkidip bolmaz. Kerweniň ýüküniň arasyna bukup äkitmeli bolar...

Çagry beg gözlerini Mustapa kerwenbaşa dikdi:

– Kerwene nökerleri bilen Togta hajyby goşýan. Ikiň bile şu ýumşy bitirmeli borsuňyz...

Beg gapynyň agzynda duran hyzmatkäre Togta hajyby çagyrmagy buýurdy. Hajyp hem uzak garaşdyrmady. Ol Çagry begiň goragynyň adamlaryndandy.

Çiginleriniň ýumrusy ýüpek donuň aşagyndan hem bildirip duran kyrk ýaşlaryndaky garaýagyz pyýada salam berip gapydan girende, hatda Togrul soltan hem göwresini diklänini duýmady. Eger, şu wajyp ýumşa ugradylmaýan bolsa bu nökeri soltan öz ýany bilen Reýe äkiderdi. Reýde beýle nökerleri tapmak kyndy.

Çagry beg gapyda giren ýerinde gol gowşuryp, duran daýaw pyýada ýüzlendi:

– Sen ýanyňa on bäş – ýigrimi sany edenli nökeriňi alyp Mustapanyň kerwenine goşularsyň. Kerweniň ýüzi Hindistanda tarap...

Togrul soltandan ses çykmady. Ol işiň gidişinden razydy. Ýaşlykda şeýle howatyrly işleriň ençemesini başdan geçiren Çagry beg bular ýaly ýagdaýda näme etmelidigini bilýärdi. Entek ýer – ýurtsuz wagtlary bir bölek atla baş bolup Anadoly taraplara barlag ýörişlerini gurap ýören döwürleri Çagry beg otuzam ýaşamandy ahyry...

Çagry beg Togta hajyba soňky tabşyrygy berýärdi:

– Şu pursatdan sen Mustapa kerwenbaşyň garamagynda... Nökerleriňi hem al-da yzyna düş...

Mustapa kerwenbaşy ýüpek donuny çykaryp galyň halynyň üstüne ýazdy. Ol altyn-kümüşli ýakut-merjenli on haltajygy donuň üstüne setirläp, ykjam dolady. Soňra güpjek ýaly donuny goltugyna gysyp, ýerinden turdy. Ol elini döşüniň üstüne goýup hökümdarlara baş egdide, gapydan çykdy. Togta hajyp hem onuň yzyna eýerdi.

Togrul soltan ýadawdy. Galagoply ýyllaryň kemter galan ukusy gojalyp barýan göwräniň üstüne çozýan ýaly, onuň agyr kellesi oturan ýerinde silkinip gidýärdi.

Çagry beg hyzmatkäri çagyrdy-da, bagşy-şahyrlara bu günlük rugsat bermegi tabşyrdy.

Köşk kem-kemden tümlüge hem ümsümlige çümdi...

Bu wagt diňe hazynadar janyna jaý tapanokdy. Ol köşk howlusynyň ortasyndaky leýlisaçyň düýbünde gözlerini tümlüge dikip durşuna özbaşyna hümürdedi:

– Bege munça altyn-kümüş, ýakut-merjen näme üçin gerek boldu-ka…

Hazynadar ýene gözlerini garaňka dikdi. Ol şu ýerden gapy hyzmatkäriniň öz ýatýan jaýyna tarap geçjegini bilýärdi. Onuň bilesi gelýän zadyny beg aýtmasa-da, hyzmatkär aýdar.

Hazynadar gysymyndaky kümüş teňňeleri bir-birine sürtüp goýberdi. Şol pursat aňyrdan hasanaklap gelýän hyzmatkär göründi. Ol ýadawdy, jaýyna ýetjekdi-ýatjakdy.

Hyzmatkär gabadyna gelende hazynadar onuň ýeňinden çekdi:

– Bärik gel!

Hazynadary sesinden tanan hyzmatkär aýak çekdi. Tanyş ses onuň garaşmaýan sowalyny orta oklady:

– Sen maňa aýt, bege munça altyn-kümüş näme üçin gerek boldy?

Hyzmatnar ýeňsä çekildi:

– B-bil-medim…

Hazynadar onuň donunyň ýeňinden tutup durşuna, aýasyny ýokary öwürdi-de, goşa kümüş teňňäni taşlady. Hyzmatkäriň uzyndan gelen hortap barmaklary goşa teňňäniň daşyna möý kerebi dek aýlandy.

Kümşüň gysgajyk çyňňyrdysy kesilen dessine hyzmatkär dil ýardy:

– Ýakyn günlerde Hindistana kerwen iberilýär…

Sözüni soňlan hyzmatkär öz ýatakjaýyna tarap ýöneldi. Hazynadar ony saklap durmady. Ol bilmek islän zadyny bilipdi. Hazynadar öýüne howlukdy...

Soltangalanyň demirgazyk-günbatar çäginde giň howlynyň içinde gurlan iki gat öýüniň ellä golaý otagynyň birinde iki-baka zowzanaklap ýören hazynadar owadan nagyşlar bilen bezelen diwara golaý baryp hortap göwresiniň badyny saklady. Hazynadar sag eliniň aýasyny diwaryň ýüzündäki owadan nagyşlaryň üstüne goýdy.

Ösümlikleriň ýapraklaryna meňzeş owadan nagyşlar diwaryň ýüzünde sere boýy tegelekleriň içine çekilen alty burç ýyldyzlar bilen gezekleşip gidýärdi.

Sary, gyzyl, ýaşyl reňkli güller, göýä, hereket edýän ýaly birbiriniň içinden örüm arkaly geçip gidýän tegelejik nagyşlar bu wagt hazynadaryň ünsüni çekip bilenokdy. Onuň gözlerinde şu gün hazynadan bölünip alnan gyzyl-kümüşli, ýakut-merjenli on sany haltajyk doňup galypdy. «Goltugy zerliniň gözi doýmaz» diýleni...

Hazynadaryň aýasynyň aşagyndaky nagyşlaryň ýüzüne çalnan tyllanyň ýylysy ýüregine ornan ýaly, ol birneme köşeşip, giň ädimler bilen otagdan çykdy. Uzyn hortap göwre egnine atan täzeje ýüpek donunyň etegini galgadyp barşyna eýwanyň sütünleriniň arasyndan geçdi-de, garşydaky otagyň gapysyny kakdy. Aňyrdan ses beren bolmansoň, ol süňklek barmagynyň demre dönen bogny bilen ýene gapyny tyrkyldatdy-da, ýuwaşja seslendi:

– Musa...

Musa hazynadaryň uly ogludy. Gapy ýuwaşlyk bilen açyldy. Hazynadar gapydan girmän ogluna buýruk berdi:

– Eşikleriňi geý-de, tiz Nureddini alyp gel!

Otuz ýaşlaryndaky ýigit egnine donuny atyp otagdan çykdy. Atbakar aty eýerleýänçä howlynyň ortasyndaky howza elini sokup, ýüzüni sowujak suwa ýuwdy-da, ukudan açyldy. Soňra gije ýaly gara ata towsup münen ýaş ýigit jylawy gündogar derwezä dogrulady. Derwezebanlar hazynadaryň ogluny tanap derwezäni açdylar. Musa şäheriň gündogar etegine çykyp, Asady Horasany kanalynyň ugry bilen ýokarlygyna sürdi. Ol pessejik depäniň üstünde ýeke özi oturan ikigat jaýyň öňünde atynyň badyny gowşatdy. Atdan düşmän,

gamçynyň sapy bilen agaç derwezä birki gezek kakdy. Aňyrdan itiň üýrýän sesi eşidildi. Itiň sesine ürken at çarpaýa galdy. Aýaklaryny jüplän Musa eýeriň gaşyndan ýapyşyp ýetişdi.

Derwezäniň aňyrsyndan öý eýesiniň sesi eşidildi:

– Gijäniň ýaryndan soň ili örüzip ýören kim?

Atyň üstünde derwezä tarap eglen Musa ýuwaşja dillendi:

– Bu men...

Agaç gapyjyk açylyp, donuny egnine ýelbegeý atan elli ýaşlaryndaky orta boýly pyýada daş çykdy. Bu ýaşlykda ýol saklap at alan, indem «toba geldim» diýip, şu çet ýerde jaý salnyp ýaşap ýören Nureddindi.

Musa sözüni dowam etdi:

– Size kakam tiz gel diýýär...

Gijäniň ýaryndan soň köşgüň hazynadary ýöne ýere çapar iberesi ýok. Muňa her kimiň akyly ýetjekdi.

Sähel salymdan iki atly tirkeşip, gündogar derwezeden şähere girdi.

Hazynadar ýene şol otagyndady. Örüm-örüm tegelek nagyşlaryň arasynda tora düşen balyk dek çyrpynýan hortap pyýada alasarmyk pikirleri kellesinden kowmaga jan edýärdi: «Edýänim dogrumyka bir, hatarly iş öz-ä... ýöne Nureddiniň bular ýaly işler çep elinden gelýär. Kerweni paçakgömdi edip, yzynda şaýat goýmaz. Onsoň kim bilýär, bu zatlary kimiň haçan edip ýörenini...

Şu günki eli bilen sanap haltalara salan tylla-kümüş, lagyl-merjenleri onuň göz öňüne gelip, göwnüne giňlik aralaşdy. Şu pursat gapy açylyp, öýe Nureddin kürsäp girdi. Ol gapynyň ýeňsesinde ýapylaryna nowlugyp, sesine bat berdi:

– Syddyh, näme üçin çagyrdyň?

– Çüş, – hazynadar sag eliniň süýem barmagyny dodagyna ýetirdi – ýuwaşrak bolsana, bu ýeri saňa Buharaň bazary däl ahyryn.

Nureddin galyň dodaklaryny ýazyp ýylgyrdy. Diýmek, oglan wagtlary Buharanyň bazarynda jübi kesýän döwürleri Syddyhyň ýadyna düşýän bolmaly.

Ol gözlerini töweregine aýlap goýberdi-de, ýuwaşja dillendi:

– Näme iş bar?

Syddyh töre geçen myhmanyň goltugynyň aşagyna goşa ýassygy oklap, özi hem garşysynda ornaşdy-da söze başlady:

– Iş şeýle...

Daň atýança köne ülpetleriň hümürdisi ýatmady. Nureddin daňyň düýbi çyzylyp başlanda, çopanlara goşulyp derwezeden çykdy-da, öýüne tarap at saldy. Köne garakçynyň süňňi ýeňildi.



# ÄRLIK ON BOLSA, DOKUZY HILEDIR

Wisakbaşy Nyzak Tarhan atlylary bilen depeden indi. Derýanyň aňyrsyndan olary gördüler. Jylawyny eýeriniň gaşyna ildirip gelýän duşman atynyň öňe omzaryny isläp, Nyzak Tarhan kenara ýetip badyny saklady.

Bu at, üstüne duşmanyň ýarag-esbaby atylan at, oljady. Bu ýygynyň ilkinji oljasydy. Ony bolsa Nyzak Tarhan ele salypdy. Hä diýmän oňa destebaşy derejesi berler, soň hajyp...

Seljuk ýygynynyň goh-galmagaly ony süýji hyýallaryň ortasyndan çekip aldy. Dört atly – bäş at, bu dogry hasap däldi.

Bäşinji at olja atydy. Diýmek, Nyzak Tarhan duşmany tapypdy. Duşman şu golaýdady. Wisakbaşy atyny suwa urduryp derýadan geçdi. Ol olja aty nökerlerine tabşyrdy-da, Hasan begiň çadyryna sürdi. Goý, nökerleri onuň duşman esgerini atdan agdaryşy barada gürrüň bersinler. Ol Hasan bege başga habar ýetirmelidi.

Hasan beg eýýäm çadyryň daşynda oňa garaşyp durdy. Nyzak Tarhan serkerdä on-on iki ädim ýetmän, ýeke dyzyna çöküp başyny aşak egdi.

– Habaryňy aýdyber, nöker!

Begiň bu sözünden soň wisakbaşy göwresini dikledi. Ol elini derýanyň aňyrsyna uzatdy:

– Derýanyň aňyrsynda bäş parsah[3] aralykda duşman goşunyna gabat geldik...

Hasan beg nökere «yzyma düş» diýen yşarat etdi-de, çadyra girdi. Nyzak Tarhan onuň yzyna düşdi.

Çadyryň ortasyna ýeten beg yzyna öwrüldi:

– Aýdyber!

Nökeriň begiň çadyryna ilkinji gezek girip görşüdi. Ol begleriň çadyrlary haly-palaslar bilen bezelen, içi goş-golamdan dolumyka öýderdi. Bu ýerde bolsa, üstüne ýorgan-düşek atylan agaç sekiden başga göze ilip duran zat ýokdy.

Birneme säginen wisakbaşy tiz özüni dürsedi:

– Duşman jülgäniň içi bilen gelýän ekeni. Soň derä çykdylar. Takmynan on müň adam töweregi barmyka öýtdim. Köpüsi demir sowutly atlylar...

Gözlerini güldürip goýberen Nyzak Tarhan sözüniň üstüni ýetirdi:

– Bir atlysyny öldürip, at-ýaragyny olja edip gaýtdym...

Wisakbaşy serkerdeden ýyly söze garaşdy. Ýöne Hasan beg on müň atly duşman ýetip gelýärkä, ýekeje atlyny öldiren nökere ýagşy söz diýmegi dogry tapmady. Ol Nyzak Tarhana «gidiber» diýip yşarat etdi-de, gapyda duran nökere gygyrdy:

– Ýakut begi çagyr!

Sähel salymdan seljuk goşuny duşmany garşy almaga taýýar bolup durdy. Atlylar atly ýerinde, pyýadalar pyýada ýerinde. Ýeňil ýaraglanan ýaýçy atlylar, naýza-galkanly atlylar hemmesi öz ýerini tapdy.

...Deryanyň aňyrsyndan geler öýdülen duşman bärki kenar bilen süýşüp geldi. «Ýurdy belet çapar» diýleni... Olar derýanyň ýalpak ýerini tapyp, bärik öten bolmalydy. Belki, köprüden ötülendir. Sebäbi, rumlularyň ähli sülsady hem araba-araba bolup goşunyň ýanyndady. Rumlular garagörnümde aýak çekdiler. Iki goşunyň ähli zady deňeçerräk bardy.

Hasan beg çep ganaty, Ýakut beg bolsa sag ganaty eýeledi. Goşun deňeçer bolansoň, begzadalar hiç hili hile-emel etjek bolmadylar. Olar seljuk gylyjjynyň päkisine, peýkamynyň çişine daýandylar.

Hasan beg Kutuz hajyby agyr ýaraglanan atlylary bilen çep egnine aldy, Mübärek beg ýaýçy atlylar bilen ortada galdy. Ýakut beg Utamyş hajyby ýaýçylary bilen çep egnine, Buga begiň galkan-naýzaly atlylaryny bolsa iň gyra goýdy.

Duşmanyň tuwalgalaryny Gün şöhlesine ýaldyradyp sap-sap bolup duran atlylarynyň öňünde pyýada nökerler çäresizdi. Şonuň üçin olar Jüneýit begiň ýolbaşçylygynda ýeňsede galdy. Jüneýit beg pyýadalary nirä möhümdir öýtse, şol ýere sürmelidi.

Zab derýasy söweş boljak meýdanyň bir erňegini ýalap ýuwaşja akyp ýatyrdy. Derýalar ýuwaş aksa-da, söweşler gazaply bolýar. Söweş görse «Är başyndan gam gider, dag başyndan – duman» diýleni boldy. Iki tarap hem atlaryň jylawyny çekip zordan saklaýardy. Dyzmaç atlar jylawa sakladýarmy näme?! Birden böwet böwsülen ýaly bolup iki goşun garpyşdy.

Gylyçlaryň şarkyldysy, ýaralylaryň ahy-nalasy dünýäni tutdy. «Ärlik on bolsa, dokuzy hiledir» diýlipdir. Seljuk begleri ýaş geldi, bu söweşde hiläni duşman ulandy.

Seljuk atlylarynyň birinji zarbasyny gaýtaran Aaron goşunyny ýuwaşlyk bilen yza tesdirdi. Duşmanyň ýüzläp araba ýüklenen sülsady – polat sowutdyr tuwalgalar, gylyç-galkanlar meýdanda seljuklara olja bolup galdy.

Ýakut begiň eýýäm duşmany ýeňdik hasaplan atlylary duşman sülsadynyň üstüne topuldy. Atlylaryň duşman sowutlaryny naýzanyň ujuna ildirip, atynyň syrtyna bökderip ýöreni haýsy, äpet duşman galkanlaryny eýere daňyp, atynyň aýagyny baglap ýöreni haýsy, biler ýaly bolmady.

Ýeňsede bolup geçýän bu zatlardan bihabar Hasan beg öz atlylary bilen yza çekilýän duşmanyň iki sapynyň ortasynda dörän boşluga pahna bolup sümdi. Duşmana geregi-de şoldy. Rumlylaryň iki sapy Hasan begiň atlylarynyň ýeňsesinde birikdi.

Bu gabawdy. Seljuk atlylarynyň uly topary gabawa düşüpdi. Gabaw bolsa, mydama ýürege dowul salýar. Dowul aralaşan ýüregiň göwrä erki ýetmez. Seljuk atlylaryny paýhynlap barýan rumlular goşunyň törüne Hasan begiň topbak atlysyna niýeti dikipdiler.

Depäniň üstüne çykyp söweşi synlap duran Jüneýit beg bu ýagdaýy görüp, pyýada goşuna buýruk berdi:

– Yzym bilen!

Jüneýit beg ýüz atlysy bilen pyýada goşuna baş bolup näçe howluksa-da, Hasan begiň janyna ýetişip bilmedi. Ol diňe duşmanyň

sapyny böwsüp bildi. Hasan begiň on atlysy şol böwsülen ýerden kellesini eýere beren agyr ýaraly begzadany atynyň jylawundan tutup alyp çykdylar.

Gysaja salnan atlylary derbi-dagyn eden duşman sapyny düzledi. Uzyn naýzalarynyň bir ujuny goltuklaryna gysan atlylar seljuk goşunynyň üstüne gaýtdy.

Uzyn naýzalar pyýada seljuk nökerleriniň içinden parran geçýärdi. Döwlen naýzasyny jesetden sogurmaga howlugýan rumlular, äpet gylyçlaryny ýalaňaçladylar.

Ýakut begiň olja güýmenen atlylary alan oljalaryny taşlap, gaçyp başyny gutardylar.

Jüneýit beg ýüz atlysy bilen Hasan begiň jesedini söweşden alyp çykdy. Begzada at üstünde jan beripdi.

Zab derýasy bu söweşe şaýat bolup, ýuwaşja akyp ýatyrdy.



# SYRLY KERWEN. HAÝYNLYK

Eline müň tylla berlen Mustapa kerwenbaşy kerweni bir günde ýola taýyn etdi. Puluň bolsa, Merwiň bazarlarynda gatyrdyr kişmiş-kişdä gahatlyk ýokdy.

Ertesi gün ir bilen syrly kerwen Merwiň günorta derwezesinden çykdy-da, ýüzüni Gazna tarap tutup, ýola düşdi. Kerweniň syry kerwenbaşynyň gapdaly bilen barýan gatyryň üstünde amanat ýaly bolup oturan derwüş sypatly adamda däldi. Kerwene daklyşýan derwüş gytmy näme? Kerweniň syry onuň ýükünde hem däldi. Kişmişli-kişdeli kerwenler häli-şindi şäherleriň arasyny torç edip gatnap ýörler ahyry. Kerweniň syry ýük urlan gatyrlarda-da däldi. Ýoluň dagdan düşse, gatyra ýük urarsyň, çölden düşse-düýä... Kerweniň gapdaly bilen barýan on-on iki sany atly hem bu kerweniň syry däldi. Ýany goragsyz haýsy kerwen ýola düşer diýsene...

Göräýmäge, bu kerwende hiç bir syr ýok ýalydy. Ýöne, syr welin bardy. Ol syr Mustapa kerwenbaşy bilen Togta hajybyň ýüregindedi. Iki ýüregiň düýbüne çöken syr, duzaga düşen guş ýaly pasyrdap, öz demini tutuş kerwene urup duran ýalydy.

Edil şol pursat öz atlylary bilen şäheriň günbatar derwezesinden çykan Togrul soltan ýüzüni Reýe tarap dogrulady. Çagry begiň atlylary ony Daňdanakana çenli ugradyp, yzyna dolandylar.

...Mustapa kerwenbaşy kerweniň başyny deryanyň boýy bilen günorta çekip barşyna oýa batdy: «Gaty kyn işi boýnuma alaýdym öýdýän. Kynlygy hiç-le, ýöne, bu işi bitirip – ol daş-töweregine gözüni aýlap goýberdi – sag-aman şu ýerlerik dolanyp bolsa...»

Mustapa kerwenbaşy näçe talap etse-de, Togta hajyp gatyra münmedi, nökerlerini hem mündürmedi. Ol entek beýle gizlin tabşyryk alyp görmändi. Dogry, ol batyrdy. Ýöne, onuň ata çykyp göreni, gylyç syryp söweşe çykmak ýa-da döş gerip hökümdary goramakdy. Indi bolsa, ol kerwene daklyşyp, alys ýola, alys hem hatarly ýola barýardy.

Onuň hiç zadyň aladasyny etmän, gatyryň üstünde daş-töweregi synlap barýan, kerwenbaşynyň derwüş tanşy Bilal hoja çyny bilen gözi gitdi: «Derwüşleriňki hezil-le... Olar Allaň beren amanadyndan haçan dynmaly bolsa taýyn...»

Öz pikirine gümra bolup gelýän hajyp gapdaldan tozan turzup geçen ýigrimä golaý atla känbir üns beribem durmady: «Awa – şikara çykan bolsalar näbilýäň...»

Garaňky gatlyşýança ýol ýörän kerwen bir köne galada düşledi. Boş ýatan kiçiräk galanyň derweze ýeri hoňkaryp ýatan-da bolsa, diwarlary bitindi. Gündogar diwaryň boýundaky kiçiräk otaglara kerweniň ýüküni basdylar. Kişmişli-kişdeli haltalar şygyrdap ses etdi. Mustapa kerwenbaşy iki halta kişmişi aýratyn bir otaga salyp, Togta hajyp gapynyň daş ýüzünde nökerleriň birini garawul goýansoň, biş-düşüň ugruna çykdylar.

Gapdaldaky jeňňelden nökerler odun getirip, ot ýakdylar. Gazanlar atarylyp, gara taňkalar oda golaý süýşürildi.

Donunyň synyny çekip gury tönnäniň üstüne labyryny atan Bilal hoja sellesini çykaryp sag dyzyna geýdirdi. Soňra howlukman jübüsinden çykaran ýelýyrtan ýaglygy bilen, eýýäm odun ýylysyna derçigip başlan giň maňlaýyny süpürip, oturşyna ýeňsesine öwrüldi-de, gözlerini garaňka dikdi. Derwüşi bir zadyň bimaza edenini aňan Togta hajyp dodaklaryny ýazdy:

– Hoja, bir zad-a sizi bimaza edýär...

Entegem gözlerini ýeňsesine dikip oturan Bilal hoja pessaýja dillendi:

– Hajyp, derwezäniň töwereginde bir gara gözüme kaklyşan ýaly boldy...

– Onuň üçin bimaza bolup oturmaň, it-guşdur... Galanynam häzir göräýeris...

Togta hajyp nökerlere ümledi. Iki nöker tiz dikelip, gylyçlaryny şakyrdadyp köne derwezäniň ommuk diş ýaly köwelip duran deşigine tarap ýöneldi.



Mustapa kerwenbaşynyň dek düýn satyn alan agaç okaralarynda nahar äberildi. Derwezä tarap giden iki nöker «del-dül zat ýok» diýip yzyna dolandy.

Togta hajyp galanyň dört tarapyna garawul goýdy. Gapyda garawul durandygyna seretmän, aýratyn otaga salnan kişmişli haltalaryň gapdalyna atkeçesini atyp, özi şol ýerde gyşardy...

Mustapa kerwenbaşy daňyň düýbi çyzylmanka kerweni örüzdi. Bir-ä derwüş, birem kerwen üstüni Güne basdyrmaly däldi. Bu ýerde bolsa olaryň ikisem bardy.

Derýanyň boýy bilen kerwen ýene ýola düşdi. Kerwenbaşy günortanyň yssysy düşýänçä säginmän sürdi. Gün dik depä çykyp, nökerleriň atyň üstünde irkilip başlanyny görensoň, ol gatyrynyň başyny derýanyň kenarynda biten gür toraňňylaryň kölegesine tarap burdy. Ol bu ýerde ir öýläne çenli kerwene dem – dynç bermekçidi...

...Ir öýlän toraňňylaryň goýry kölegesinden ugran kerwen ilkagşamlar derýanyň etegindäki obanyň çetindäki daşy galaly kerwensaraýda goş ýazdyrmagy makul bildi.

Içinde adam-gara bar diýmeseň bu edil kerweniň öten agşam düşlän harabalygyna meňzäp durdy. Onsoňam, bu ýerde çagşanyrak agaç derweze ýerindedi. Diwaryň boýuna setirlenen otaglaryň sany köpräkdi.

Kerwensaraýyň eýesi bularyň öňünden çykdy. Mustapa kerwenbaşy bir gijelik kireý hakyny töläp, çep egindäki üç sany otagy saýlap aldy. Ýük ýazdyrylyp, atdyr gatyrlar kerwensaraýyň sag egnindäki atýataga salyndy. Haýwanlaryň kellesine arpaly halta geýdirilip, adamlar özleri üçin hem gazan gulagyny gyzdyrdylar.

Wagt tiz geçdi. Ýassy namazyndan soň Bilal hoja Mustapa kerwenbaşynyň ýanyna geldi.

– Ýokarda – ol sözüniň şu ýerinde çep eliniň süýem barmagyny derýanyň jülgesinden ýokarylygyna uzalyp gidýän beýik depä tarap uzatdy – içinde adamlar ýaşaýan gowak bar. Ötüp barýan derwüşler köplenç şol ýerde düşleýär. Men şol gowakdan habar alyp geleýin. Ýarygijä galman geljek bolaryn...

Mustapa kerwenbaşy gözlerini Bilal hojanyň barmagyny uzadan tarapyna dikdi.

Garaňkynyň has goýalyp obanyň üstüne abanyp duran ýeri gözleriniň aýtymyna doldy. Bu beýik depedi. Ýöne şol depede nähili gowak bolsun, onda-da adam ýaşaýan. Edil teşnäniň suw küýseýşi ýaly, kerwenbaşy şu pursat şol gowagy görmegi küýsedi. Onsoňam, derwüşi bu garaňky gijede ýeke goýberip bolmaz ahyry.

Bilal hoja kerwenbaşynyň özüne ýoldaş boljagyna begendi. Iki bolup niýetlerini Togta hajyba duýdurdylar. Gözlerini ho-ol ýokaryk garaňka diken hajyp dodaklaryny dişläp durşuna pikire batdy.

Syr gaty erbet zat. Meger, adamy özüne tiz hem dolulygyna siňdirip bilýän zat syr bolsa gerek. Ýokarda adam ýaşaýan gowak bar diýýärler. Bu syrdy. Ol syry hajyba-da aýtdylar. Hajyp hem adamdy.

Çep eli bilen gylyjynyň sapyny gysymlap duran Togta hajyp sag eli bilen ýasy gaýyş kemerini çekişdirip goýberdi:

– Meniňem siz bilen gidesim gelýär welin, arman…

Onuň armany düşnüklidi – ol kerweniň goragynyň serkerdesidi.

Togta hajyp kerwenbaşy bilen derwüşe «Siz gidiberiň!» diýen terzde yşarat etdi-de, ýeňsesine öwrüldi.

Iki pyýada tirkeşip, derwezeden çykdy. Bilal hoja öňe düşdi. Kerwenbaşy ýol sökmäge, derwüş bolsa, syr açmaga ökdedi... Her kim öz başarýan işinde öňe düşse gowudy...

Olar akjaryp ýatan ýoda bilen barha ýokarlygyna dyrmaşdylar. Kert gaýanyň ýüzünde garalyp duran gowaga ýetýänçäler mazaly derlediler. Gowagyň agzy örülen gamyş gabsa bilen ýapylgydy.

Bilal hoja gabsany aýyrmanka demini dürsemek üçin azsalym sägindi-de, aşak gözüni aýlady. Ho-ol aşakda derýanyň jülgesi garalyp ýatyrdy.

Bilal hoja gabsany gapdala süýşürdi. Gowagyň içinde ölügsije yşyk göründi.

Olar adam boýundan beýigräk dälize düşdüler. Derwüş bu ýerde öň bolup gören bolarly, däliziň ugry bilen arkaýyn ýöräp başlady. Kerwenbaşy onuň yzyna düşdi. Däliziň iki tarapynda pessejik girelgeli otaglar bolup, olaryň gapysyna hem gamyş gabsa örtülipdi. Däliziň ortarasynda diwaryň ýüzündäki oýuk ýerde goýlan şem ýanyp gutaryp barýardy. Onuň gapdalynda bolsa, ulanylmadyk şem ýatyrdy.

Bilal hoja täze şemiň peltesine ot degrip, öňki şemiň ýerinde

oturtdy. Däliziň içi biraz ýagtylan ýaly boldy. Otaglarda yns-jyns bara meňzänokdy. Gapy ýapyk, içinde ýşyk ýok otaglaryň onusy dagy yzda galypdy.

Bilal hoja öňe ýöredi. Şol pursat törki otaglaryň biriniň gamyş gabsasy syrylyp, dälize derwüş jindeli bir adam çykdy:

– Musulman bendeleri, näme gözleýäňiz?

Derwüş jindeli kişini görüp Bilal hojanyň ýüzi ýagtylyp gitdi. Onuň özi hem derwüş bolup köp ýerleri gezip görüpdi. Dine soňky döwür ol Merwde ornaşyp, milletiň öli-dirisiniň derdine ýarap ýördi.

Ol däliziň törüne tarap ýöräp barşyna dillendi:

– Biz-ä sizi gözleýäs...

Derwüşiň geň galmakdan gaşlary gerlip gitdi:

– Bizi?!

– Hawa, sizi, derwüşleri...

Bilal hoja bu derwüşiň ýeke däldägini bilýärdi. Derwüşler ýeke gezmeýär ahyry.

Derwüş jindeli adam gamyş gabsany syrdy:

– Giriberiň...

Bilal hoja bosagadan ätdi. Otagyň içinde üç sany derwüş ortadaky şemden diňe bir ýagtylyk däl, ýylylyk hem gözleýän ýaly oňa gysylyp otyrdy.

Gapydan giren adamlary görüp, derwüşler şemden ýeňsä çekildiler. Otagyň içine ümsümlik aralaşdy. Bolal hoja ilki çep, soňra sag köwşüni çykaryp diwaryň düýbüne taşlady-da, gamyşdan örülen boýra düşegiň üstünde dyz epdi Kerwenbaşy onuň ýeňsesinde ornaşdy.

Bilal hoja özlerini dälizde garşy alan derwüş aşak oturýança garaşyp, söze başlady.

– Nireden gelip, nirä barýan derwüşler bolarsyňyz?

Jogaby kim berse, şol derwüşleriň ekabyry bolmalydy. Darajyk otagyň içinde ýogyn ses ýaňlanyp gitdi:

– Gaznadan gelip Buhara barýas, galanam Alla bagly... Derwüşiň ýolunyň başy nirede, soňy nirede bir gudraty güýçliniň özi bilýändir.

– O-la dogry...

Bilal hoja näçe aýbogdaşyny gurup oturasy gelse-de, zordan

saklandy. Ol derwüşleriň aýbogdaşyny gurup oturmaýandygyny bilýärdi. Onuň özem derwüş ahyry. Goý, ony derwüşler öz birleri diýip kabul etsinler. Ýat kişi dek kabul edenlerinden-ä gowy bolar...

Tanyş ýogyn ses ony pikirleriň arasyndan sogrup aldy:

– Siz nirä ugur tutýaňyz!

– Ugur-a Hindistanadyr...

Bilal hoja jogap berse-de berdi welin, «Hindistan» sözüniň dilinden sypanyna ökündi. Birden bularam ýol bozup Hindistana hyýallanaýsalar. Kerweniň eýesi ol däl ahyryn...

Buhara barýan derwüşler Hindistana hyýallanyp durmadylar.

– Uzak ýola hyýallanypsyňyz welin...

Bu gezek kerwenbaşy Bilal hojadan öňürtdi:

– Kerwenimiz bilen barýas. Söwdagär biz.

– Söwda gowy zat.

Gürrüň sepleşibermedi.

Kerwenbaşy häliden bäri diline gelip duran sowalyny dilinden sypdyrdy:

– Kerwensaraýda düşläýmeli ekeniňiz...

Ýogyn sesli derwüş ýene ählisine derek jogap berdi:

– Kerwensaraýda adam köp bolýar. Onsoňam, – ol elini gapdala aýlap goýberdi, – bu gowak tüýs derwüşleriň düşelgesi ahyry…

Derwüş bilen kerwenbaşy bu ýerde bir çäýnek çaý içesi salym eglenip, yza döndüler. Olar ýadawdylar. Argyn göwrelere dem-dynç bermelidi.

Gowakdan çykyp tekiz ýola düşen kerwenbaşy derwüşi gyssady:

– Howlugaly, ýüregim bir ýaramazlygy syzýan ýaly bolup dur…

Goşa göwre dabanlary bilen gumaksy ýodanyň gerşini tozadyp haýdady.

Kerwensaraýyň eýesi bulary derwezäniň öňünde garşy aldy:

– Garakçylar döküldi, – kerwensaraýyň çep burçuna elini salgap goýberen pyýada sözüni dowam etdi – siz giden dessiňize iki sany atly geldi. «Kerwenden üzülip galdyk. Biziň kerwen şu ýerde düşlän-ä däldir» diýýärler. Menem başga kerwen bolmansoň siziň düşlän künjegiňizi salgy berdim. Atlylaryň biri derwezeden çykdyda, sähel salymdan bir bölek atly bilen dolanyp geldi... Siziňkileriň-ä köpüsini zaýa etdiler öýdýän...

Kerwenbaşy bilen derwüş goş ýazdyran ýerlerine haýdady…

Diri galan nökerler ölüleriň entek gyzgyny sowamadyk jesetlerini diwaryň düýbünde setirläp goýupdylar. Kişmiş-kişdeli haltalaryň hemmesiniň garny ýarylyp, serpilip ýatyrdy.

Togta hajyba gözi düşmedik Mustapa kerwenbaşynyň dyzlarynyň ysgyny gaçdy. Hajybyň törki otagda iki halta kişmişi aýratyn basyp goýany ýadyna düşen kerwenbaşy şol ýere howlukdy.

Okdurylyp ýarymgaraňky otaga giren kerwenbaşy dabany bilen ýere ýazylyp ýatan ýumşak kişdeleri duýup, togtady.

– Geldiňizmi?!

Togta hajybyň gyryljak sesi otagyň töründen eşidildi. Törde atkeçäniň üstünde arkan ýatan hajyp çep eline daýanyp çala kellesini dikledi. Ýaraly hajybyň ýanynda oturan esger gapdalda ýatan garny ýaryk haltany çekip aldy-da, serkerdäniň kellesiniň aşagyna süýşürdi.

Iki pyýada ýaralynyň gapdalynda dyza çökdüler. Hajyp pessaý seslendi:

– Kelläme gyltyzyrak ýara düşdi. Häzir kellämi götersem, başym aýlanyp dur… Ertire çenli düzelişer…

Bilal hoja atylyp otagdan çykdy. Ol torbasyny tapmaga howlukdy. Derwüşiň torbasynda däri-dermanlary bardy…

Daň atýança Togta hajybyň taby gowulaşdy. Garakçylaryň garnyny ýaryp taşlan haltalarynyň birinden ýakut-merjenli haltajyklaryň biri tapyldy. Talaňçylar gyssagarada ony aňşyrmadyk bolardy.

Gün dogansoň wepat bolan nökerleri ýere depin etdiler. Kişmiş-kişdeleri başga haltalara salyp gatyrlara ýüklediler. Kerwende kerwenbaşydan, Bilal hojadan başga, Togta hajyp bilen bäş nökeri galypdy.

Hajyp nökerleriň birini Merwe ýollady.

Nöker Çagry bege «Kerwen talandy. Biz Hindistana barýarys» diýip habar ýetirmelidi.

Guşluk çagy kerwen Gazna, nöker Merwe tarap ýola düşdi.

Könegalanyň gabadynda bu çaparyň güpbasdy edilip, jesediniň öwlüýäniň gapdalyndaky düýpsüz çukura oklanyljagyndan bu wagt hiç kimiň habary ýokdy...



# ÄR GARRAR, AR GARRAMAZ

Togrul soltan ýüz sany janpenasy bilen Tus şäherine ýetdi. Bu ýerde az salym dem-dynç alan soltan Nyşapura aşdy. Bu ýerdenem Sebzewaryň üsti bilen Reýe göni ýol bardy.

Soltan gaýdyşyn birneme eglendi. Merwden gaýdanyna sekizinji gün diýlende ol Reýiň gündogaryndan indi. Sag tarapyndan Demawend dagynyň garly gerişleri üstüňe abanyp duran ýalydy. Ho-ol öňde bolsa, metjitleriniň ak gümmezlerini ýalpyldadyp Reý ýaýylyp ýatyrdy.

Reý – kitaphon ulamalaryň, alymlaryň şäheri. Ol meşhur tebip Raziniň şäheri. Reý – bir jümle bilen ady taryha giren wezir as-Sahybyň şäheri. Samanly soltany Nuh ony ýanyna wezirlige çagyranda as-Sahyb «Men saňa wezir bolup bilerdim, eger-de kitaplarymy şeýle uzaga äkitmeli däl bolsa...» diýip jogap beripdir.

Reý – ibn Sinanyň Mahmydyň gazabyndan gaçyp, özüni atan ýeri. Ol şol döwürde şu ýerde Reýiň aýal hökümdary Saýida gulluga durýar. Muny bilen Mahmyt soltan Saýida «Seniň meniň adyma hutba okatmagyň hem-de zikge kakdyrmagyň gerek, ýogsa men Reýi basyp alaryn» diýen mazmunda hat ýollaýar.

Tiz wagtdan ol Saýidadan şeýle jogap alýar: «Ärim diri wagty men dogrudanam, sen Reýe çozarsyň diýip gorkýardym. Ýöne, ol öldi – bu alada meniň ýüregimden gitdi. Sebäbi, sen Reýe çozup, meni ýeňsen, «Mahmyt heleýi ýeňdi» diýerler, men seni ýeňsem, çar tarapa «Mahmydy kül-peýekun etdim» diýip çapar ýollaryn...»

Bu akylly haty Saýida düzüp beren ibn Sinady. Mahmyt ony aňdy. Ol diňe Saýida ölenden soň Reýe goşun çekip geldi. Soltan Reýi basyp alyp Bagdada halyfa «Goşunym bilen Mekgä haja baryp gaýtmaga rugsat ber. Ýüzugra bu ýoly duşmandan arassalaýyn» diýen mazmunda hat iberdi.

Bu Mahmydyň hilesidi. Hakykatdan, ol Bagdady eýelemek isleýärdi. Muny aňan halyf oňa goşuny bilen haja gelmäge rugsat bermedi.

Mahmyt soltan Reýden Gazna gaýtdy. Bu waka 1025-nji ýylda bolupdy.

Togrul soltan Bagdady 1055-nji ýylda basyp aldy. Ýöne oňa çenli ýene ýedi ýyl bardy.

Şu wagt bolsa, Togrul soltan Merwden Reýe dolanyp gelýärdi.

Elbetde, bu şäher Nyşapurça ýokdy. Ýöne, Kawkaza hem Rumustana barýan ýol Reýiň üstünden geçýärdi. Togrul soltana paýtagt hökmünde hut şeýle şäher gerekdi. Kawkaza hem Rumustana ýol açýan şäher. Ol şäher bolsa Reýdi. Iki sany esasy köçe şäheriň ortasynda kesişýär. Şol ýerde-de Togrul soltanyň köşgi – şähristan ýerleşýär. Ýöne bu ýeri şäheriň iň içgysgynç ýeri. Reýiň hakyky durmuşy onuň sekiz sany bazarynda hem-de hünärmenleriň mähellelerindedi.

Togrul soltan şäheriň çetinden girdi. At toýnaklarynyň güpürdisi onuň ýadaw hem goja göwresini şäheriň iň tukat ýerine – soltanyň köşgüne tarap göterip diýen ýaly alyp barýardy.

Bu gün soltanyň köşgi has tukatdy. Has dogrusy, köşk gaýgygama çümüpdi. Şu gün irden köşge Hasan begiň jesedini getiripdiler.

Atyny gorgunyna goýberip gelýän Togrul soltanyň öňünde derweze giň açyldy. Derwezebanlar äpet derwezäniň aňyrsyna bukuldylar. Bu wagt hiç kimiň soltanyň gözüne görnesi gelenokdy. Soltanyň yzyndan iberilen çapar bir çakrymdan Reýe ýetip gelýän atlylary görüp, at çapdyryp yzyna köşge dolanypdy.

Ýakut beg soltanyň öňünden çykdy.

– Soltanym...

Togrul soltan elini salgap goýberdi. Ýakut begiň keýpsiz ýüzünden onuň ýeňiş bilen dolanmandygyny her kimem aňyp biljekdi. Togrul soltan gylyjyny şakyrdadyp köşgüň eýwanyna girdi.

Eýwanyň ortasynda beýik sekiniň üstünde Hasan begiň saralyp giden jesedi ýatyrdy. Bu pursat Togrul soltanyň ýüregi gysylyp-gysylyp hoza dönen bolsa gerek. Gojalan, ýöne gujurly soltanyň göwnüne bolmasa ýüreginden syrygýan gan göwresiniň ähli boşlugyna dolýan ýaly bolup duýuldy.

Ol gylyjynyň sapyny gysymlap jesediň gapdalynda esli salym duransoň, ýensesine gaňryldy. Goja soltanyň sesi sandyrap çykdy:

– Tiz Ybraýym Ynal bilen Gutulmyşy çagyryň!

Merwde, Çagry begiň köşgünde gözüne ýöne ýere ähli zatdan gan syrygýan ýaly bolup görünmän ekeni. Soltan bu urgynyň zarbyna sarsan göwresini düşege oklady. Bu bir tarapdan Togrul soltanyň ýalňyşydy. Ol ýaş begzadalary goşuna baş edip iberipdi. Ýöne, beýleki tarapdan Togrulyň özi Nusaýyň eteginde Gaznalylaryň ýygynyny amana getiren döwründe bulardan hem ýaşdy ahyry...

... Togrul soltan Hasan begiň sadakalaryny sowdy. Oňa deňiç Ybraýym Ynal bilen Gutulmyş beg hem gelip ýetdi.

Ybraýym Ynal bilen Gutulmyş içinden ot-ýalyn geçen serkerdelerdi. Soltan bu iki serkerdä Anadola täze ýörişe taýýarlanmagy tabşyrdy. Serkerdeler soltandan ýylyň aýagyna çenli puryja soradylar. Ruma ýörişe gitmek ýeňil-ýelpaý iş däldi. Oňa gowy taýýarlyk gerekdi...

...Ýyl tiz aýak boldy. Togrul soltan tiz gyşyň geçerine garaşdy. Gyşda agyr goşuny ýörişe ibermek, ony ölüme ibermekdi. Gyşyň içinde onlarça müň nökeriň azyk-owkadyny, şonça-da atyň iýmini tapmak hem hyllallady.

Goşun ýazyň soňunda ýörişe ugrasa, ýüzugra arpadyr bugdaý hem ýetişer... Ybraýym Ynal bilen Gutulmyş hem şol pikirdedi. Ýaýçy, naýzaçy ussalar arly gyş dynman işlediler. Ätiýaçlyk peýkamlar, naýzalar araba-araba edilip basylyp goýuldy. Ätiýaçlyk naýza çişleri ýasaldy. Naýza üçin syrdam söwüt taýaklary güýzden bäri desse-desse edilip taýynlanyp ýördi.

Goşunyň her sapy öz aladasy bilendi. Dowulçylar, köstçüler, çançylar, surnaý-kernaýçylar – her kim öz saz guralyny söweşe taýýarlaýardy. Araba-araba edilip düýäniň, öküziň hamy basylyp goýuldy. Söweşde diňe gylyçdyr naýza döwülmän, dowuldyr köstlerem ýarylýardy.

Goşun bilen ýörişe gitmeli tebipler halta-halta edip däri-derman topladylar. Dört at goşulan ýörite giň arabalaryň üstünde bimarystanlar taýýarlanyldy. Bu ýerde goşunyň hereketini togtatman, ýaralylara em edip boljakdy.

Ýaz paslynyň aýagyna ýüz müň adamlyk seljuk türkmen goşuny ýörişe taýyn boldy. Goşun iki bölekdi. Gutulmyş ýeňil ýaraglanan on müň atly bilen tiz öňe gidip, Ybraýym Ynalyň ýolbaşçylygyndaky agyr ýygynyň geçjek ýollaryny saýlamalydy. Ýygyn üçin azyk hem ot-iým ätiýäçlygyny döretmelidi. Gutulmyşyň kiçeňräk duşman toparlaryna gabat gelse, söweşe girmäge haky bardy, ýöne, uly ýygynlara daraşyp, öz atlylaryny howpa salmaly däldi. Duşmanyň uly goşuny gabat gelse, ol Ybraýym Ynala garaşmalydy.

Mylaýym ýaz günleriniň birinde, ir säher çagy Gutulmyş 10 müň nökere, ýarag ussalarynyň hem sazandalaryň toparyna baş bolup, gözden ýitdi. Ybraýym Ynal hem öz agyr ýygynyny on müň atlynyň giden tarapyna, günbatara tarap gozgady.

Beýik depäniň üstünde daýaw gara atyna atlanyp, hemleli göwresini dik saklap oturan Togrul soltan bu agyr goşuny uly umyt bilen ugratdy.

...Reýden çykanyna üçünji gün diýlende Gutulmyşyň ýeňil ýaraglanan atlylary Wan kölüne ýetdi. Gutulmyş kölüň günortasyna aýlandy. Bu Ybraýym Ynal bilen ylalaşylan ugurdy. Onsoňam Wan kölüniň günorta sebitleri Gutulmyşyň belet ýerleridi. Togrul soltanyň çapary ony şu töwerekde Harran sebitlerine ýöriş edip ýörkä tapyp alypdy.

Töweregiň oty-çöpi boldy. Diýmek, agyr ýygynyň atlary açlyk çekmez. Her ýerräkde beýik depeleriň daşyna aýlanyp oturan obalar guratdylar. Diýmek, agyr ýygynyň nökerleri hem açlyk çekmez. Gutulmyş obalara, iki depäniň ortasyndaky bugdaýly atyzlara azar bermän, günorta-günbatara sürdi.



# «MAHMYT GELÝÄR...»

Bir hajyp bilen dört nökeriň goragynda barýan on gatyr ýükli, kerwenbaşyly, derwüşli kiçijik kerwen Gazna sowulman ýoluny dowam etdi. Ýüzugra iki saklawdan geçmeli boldy. Kerwenbaşy saklawbaşynyň aýasyna her gatyr üçin bir tylla, adam başy üçin hem iki tylladan oklansoň, bular üçin ýol açykdy.

Kerwen gijesi bilen ýöredi. Daňdan Haýber geçelgesi bilen Hindiguş dagyndan öten kerwen hindi topragyna aýak basdy.

Giň jülgäniň ortasyndaky inçejik ýol bilen kerweniň başyny çeken Mustapa kerwenbaşy gaýanyň ýüzündäki gür tokaýlyga howatyrly nazar aýlady. Ol ýigrimi ýyl töweregi ozal bu ýol bilen kerweniň başyny çekipdi. Şol döwür bu tokaýlaryň arasynda kerwen üçin iň howatyrly zat maýmynlardy. Kerwen düşleg edip, goş ýazdyraram welin, nireden gelenini bilmersiň-töweregiň ýöne göz bolup durandyr. Ýeňsäňe, ýagyrnyňa, döşüňe, depäne – garaz, ähli ýeriňe maýmyn gözleri çüýlenip durandyr. Asyl, gymyldara mejalyň bolmaz. Aç maýmyn sürüsine gabat gelip, kerwende hem agza atmaga amatly haryt bar bolaýsa, ýoluň aýagyna ýetýänçäň injigiň sandyrar durar.

Ine, ýigrimi ýyldan soň Mustapa kerwenbaşy ýene şol jülgeden kerwen çekip barýar. Ýüki – kişmiş, kişde... Tüýs, maýmynlaryň göwnüne ýaraýjak haryt.

Ahyry, kerwen jülgeden çykdy. Ol tekiz düzlügiň bäri eteginde akyp ýatan dag derýajygynyň boýy bilen dik günorta ýöredi. Bu ýol at toýnaklarynyň yzasyny kän çeken ýoldy. Bu ýol Mahmyt soltanyň

Hindistana guran on ýedi ýörişiniň ählisini öz üstünden ötüripdi. Şu ýoly günorta tarap yzarlaberseň, ol jelegaýyň Gaznadan soňky uly şäheri Multan şäheriniň üstünden eltýärdi.

Kerwenbaşy özüne Merwde 20 müň tyllanyň näme üçin garaşýandygyny ýadyndan çykarmandy. Togta hajyp üçin-ä bu kerwen jan söwdasyny etmek üçin Hindistana gaýdypdy. Hökümdaryň ýumşuny bitirmän yzyňa barmak, kelläňi etegiňe salmakdy. Soň janyň hökümdaryň elindedi. Ýalkasa ýaz, gargasa gyşdy...

Bular ýitig üçin Multanyň töweregine ideg salmalydy. Deminiň dag ýarýan döwri Mahmyt soltan Gazna bilen Multan aralygyny keseki ýer hem hasap etmändi. Ol bu aralykda ýaýnap gezipdi. Diýmek, bendi saklamak üçin galany hem ol şu töwerekden saýlandyr. Kerwenbaşy bilen Togta hajyp bu meselede bir çukura tüýküripdiler. Olar şu wagt bir gämidediler. Gämi batsa, suwuň düýbüne ikisinem bile alyp gitjekdi...

Jülgeden çykyp tekiz düzlüge düşen kerwenbaşy gatyryň başyny çekdi. Ol ýeňsesine öwrülip, gijesi bilen ýol ýörän kerwene gözüni dikdi. Atlaryň aýaklaryny ýiti daşlar kesim-kesim edip, gyrmyzy gan ýaňy örçügen otuň üstüne syrygýardy...

Ol gatyryň başyny kim bilýär, näzaman dagdan togalanyp, şu ýere gelen äpet daşyň yk tarapyna sowdy. Daşyň güneý tarapynda ot has ösgündi. Kerweniň ýüküni düşürip, daşyň düýbüne basdylar-da, atlary, gatyrlary otluga goýberdiler.

Kerwen öýläne çenli dem-dynç aldy. Indi howlukmaly däldi, indi diň salmalydy. Daş-töwerege, hatda ota-çöpe hem diň salmalydy. Arslan begiň zamun edilip alnyp gaýdylanyna ýigrimi bäş ýyl töweregi wagt geçipdir. Bu juda köp möhlet däldi. Entek ýigrimi bäş ýylky adamlar diridi, agaçlar dikdi, hatda derýa hem akyp ýatyrdy. Dag ýerinde, daş ýerinde, diýmek, bir adamyň jesedinden uç tapyp boljakdy.

Şu ynam kerwenbaşa güýç berýärdi. Ynam bardy, indi yhlas gerekdi. Kerwenbaşy ýola düşmäge buýruk berdi. Kerwen derýadan uzaklaşman süýnüp barýan ýol bilen öňe ümzükdi.

Yns-jyns ýokdy. Agaçlar seýrekläp başlady. Kerwen depeden aşdy. Ahyrsoňy olaryň adam-gara gözi düşdi. Hol aşakda derýanyň

etegindäki meýdanda dört-bäş sany adamyň kimsi ýer kätmenlese, kimsi şalyly atyza seňňer tutup ýördi. Togta hajyp ýanyna iki sany nökerini alyp, depeden aşak indi. Kerwen niýetini diken ýurduna ýetipdi. Kerweniň bu ýere bilmek üçin gelen zatlary bardy. Şol zatlary adamdan soraman nädip biljek?!

Togta hajyp şu maksat üçin daýhanlara tarap at saldy. Şaly meýdanyndaky adamlar atlylary gördüler. Olar birsalym üşerilişip durdular-da, birdenem aňyrlygyna tarap ökjäni göterdiler.

Bäş sany ýaş ýigit bilen bir goja atlylaryň öňünde gaçyp başlady. Iň öňde gaçyp barýan ýaş ýigit, göýä kimdir birine habar ýetirmekçi bolýan ýaly, bokurdagyna sygdygyndan «Mahmyt... Mahmyt gelýär...» diýip gygyryp başlady.

Bu düzlük, bu şaly meýdanlary gör, näçe ýyldan soň Mahmydyň adyny eşidip silkinip giden ýaly boldy. «Mahmyt» sözi bu ýerlere gör, näçe gezek ýaň salypdy. Her gezegem şol sözüň yzysüre bu toprak adam ganyna düwnügip galýardy. Onsoň, ýene bir gezek, goý ara näçe ýyl düşen-de bolsa, Mahmydyň adyny eşiden toprak näme üçin silkinmesin...

– Mahmyt! Mahmyt gelýär!

Yza galan goja agajyň gury töňňesine büdüräp ýykyldy. Togta hajyp goja iki-üç ädim ýetmän atynyň başyny çekdi. Iki nökeri onuň gapdalyna gelip togtady.

Goja hindi arkan ýatyşyna hor ellerini ýere diräp göwresini çala ýerden göterdi. Ol atlylaryň gylyçlaryny ýalaňaçlap üstüne topularlaryna garaşdy. Sebäbi, bu goja hindi üçin bu ömürboýy şeýle bolupdy. Demirgazykdan, Haýber geçelgesinden hinden çykýan garynja dek çogup çykýan atlylar hindi düzlügine ýaýrardylar. Ýalaňaç gylyçlaryny bulaýlap gelýän nökerler yzzan-çuwan bolup çar tarapa pytraýan adamlaryň yzyndan ýetip, gylyçdan geçirerdiler. Obalary talap altyn-kümüş, mal-garaňy olja, oglan-uşak, aýal-gyzlary bolsa ýesir edip, yzyna dolanardylar.

Şonuň üçin ýere ýazylyp ýatan goja hindi bu atlylaryň hem gylyçlaryny ýalaňaçlap, atlaryny üstüne sürerlerine garaşdy. Sebäbi, bu atlylar hem Haýber geçelgesi tarapdan gelýärdiler. Bu atlylar

Mahmydyň nökerlerine meňzeşdiler. Özlerem, atlaram, ýaraglary hem meňzeşdi.

Togta hajyp syrylyp atdan düşdi. Ol howlukman gojanyň maňlaýyna geçip durdy. Gojanyň ýygyrt-ýygyrt ýüzünde onuň iki sany mawy gözi göýä takyryň ortasyna düşen çüýşe döwügi dek ýylpyldap gitdi. Gojanyň göwnüne bolmasa, onuň çat maňlaýynda aýak çeken esgeriň boýy uzalyp asmana ýeten dek boldy.

Goja gözlerini ýumdy. Esgeriň gylyjyny gynyndan çykaryp, depesinden salanyny onuň göresi gelmedi. Ol garaşdy. Tutuş ömri gojanyň gözleriniň öňünden geçdi. Ine, dag etegindäki tokaýyň içinde hindi obajygy. Bu gün obada toý. Ol gün gojanyň öýlenen günüdi. Ine, ýyldyrym dek süýnüp gelen atlylar märekäni pytradyp, toýy gana bulap ýör. Bir daýaw atly gelinligi öňüne basyp atynyň başyny yza öwürýär. Goja ol wagt ýaş ýigitdi... alaçsyz ýer ýumruklap galýar.

...Ine şaly meýdany... ol kakasy bilen öz kiçiräk atyzlarynda şaly ekip ýörler... Ýene Mahmydyň atlylary. Kakasy eline ullakan taýak alyp, atlylaryň öňünden çykdy. Ýöne, gylyç bilen taýak deň gelermi... Duşmanyň säginendiginden pursat tapan ogly atyzyň töri bilen deryanyň kenaryna ýetip özüni derýa oklady. Derýanyň aňyrsyna ýetip, ol yzyna öwrilen-de kakasy al gany bilen topragy suwaryp demdüýtsüz ýatyrdy.

Soň goja ikinji gezek toý tutdy. Mahmydyň atlylarynyň süýrän gelinligi ýat illere gyrnak bolup gidensoň, ol başga bir gyza öýlendi. Bäş sany ogly boldy. Olar ulalyp, ýigit çykdylar. Bu gün goja şol ogullary bilen kakasyndan miras galan atyzda şaly ekip ýördi...

Tutuş ömri bir pursada sygan goja garaşdy. Ol sowuk hem ýiti tygyň boýnunyň göwreden çykan ýerine inerine garaşdy.

Garaşmakdan agyr zat ýok. Goja ýere diräň barmaklaryny gymyldadyp gördi. Ol diridi.

Goja ýuwaşlyk bilen gözlerini açdy. Atdan düşen Togta hajyp bu wagt onuň horja göwresiniň gapdalynda dyzyny epipdi. Iki dyzyna çöken hajyp zarp bilen hanjaryny gynyndan çykardy. Goja ýene gözlerini ýumdy. Ol hanjar bilen öldürilen hindilerem görüpdi.

Togta hajyp ýiti hanjary bilen gojanyň horja injigine tanap dek çolaşan agaç köküni kesip goýberdi. Ol gojanyň çep aýagyny eline aldy. Topugyň ýokarsyndan döwlen aýak şalkyldap ýatyrdy.



Goja ýene gözlerini açdy. Ol bu atlynyň özüni öldürmek hyýalynyň ýokdugyna düşündi. Onuň horja göwresine sowuk der indi. Ölümini mertlik bilen garşy alan göwre, diriligiň öňünde ýan berip ýere ýazyldy.

Togta hajyp nökerleri ýanyna çagyrdy. Nökerleriň biri ýere düşdi. Iki bolup gojanyň horja göwresini ata mündürdiler. Kerwen hool aňyrda öz maýdalyna ýöräp barýardy. Togta hajyp kerweniň öňüni gabatlap, atyny debisgiledi...

Kerwen düşledi. Bilal hoja torbasyndaky ot-çöplerini, ownuk daşlaryny gaýnadyp, seýik ýasady. Gojanyň aýagyny seýikläp, agzyna mekgejöwen ýaly mumyýa atyp, suw içirdi.

Horja hindini kişmişli gatyrlaryň birine mündürip, kerwen ýene ýoly dowam etdi. Sähel salymdan dag bilen derýanyň ortasynda gojanyň bäş oglunyň gaçyp atan obasy göründi.

Gyrymsy agaçlaryň ortasynda göwresi agaçdan dikilip, üçegine saman atylan elli töweregi öý ýagyşdan soň otlaryň arasyndan çykan kömelekler ýaly bolup otyrdy.

Kerwen obanyň içine girdi. Yns-jyns ýok. Öýleriň gapysyny ýel açyp – ýel ýapýardy. Gojanyň ogullary obany habardar edip, ilat bu ýerden gyssanmaç gaçan bolarly.

Goja kerweni öz öýüne getirdi. Obanyň ortasyndaky boş meýdanyň daşyna tegelenip oturan öýleriň biri gojanyňkydy. Öýüň işiginde garryja aýal dyzlaryny gujaklap otyrdy. Aýala gözi düşüp gojanyň gözleri begençli ýaldyrap gitdi. Ol gatyryň üstünde oturan ýerinden sag elini ýokary göterip, öz dilinde bir zatlar diýip gygyrdy.

Kerwenbaşy Bilal hoja tarap öwrüldi:

– Näme diýýär?

Ol derwüşiň bu dili bilýändigine ynanýardy. Şeýle-de boldy. Derwüş gatyryň üstünde yrgyn atyp oturan ýerinden höwes bilen seslendi:

– Aýaly bu. «Adamlar nirede?» diýip soraýar.

Äriniň diridigini görüp begenjine aýagy-aýagyna çolaşyp, bärligine gaýdan kempir ellerini daga tarap uzadyp samyrdady.

Bilal hoja kerwenbaşynyň dillenerine garaşmady:

– «Daga tarap gaçdylar» diýýär.

Derwüşiň sözlerinden soň Togta hajyp gözlerini daga tarap dikdi.

Geriş-geriş bolup uzalyp gidýän dagy göm-gök tokaý örtüpdi. Şu wagt şol agaçlaryň ýapraklarynyň arasyndan ýüzlerçe göz bärik seredýändir. Hajyp nökerlere buýruk berdi. Iki sany nöker aýagy döwük gojany gatyrdan emaý bilen düşürip, öýüň öňündäki gyrymsy agaçlaryň şahalaryndan örülen sekiniň üstünde ýatyrdy.

Kerwen şu ýerde düşlemegi ýüregine düwdi. Başga alaç ýokdy. Bäş atly bolup goranyp biljek gümanyň ýok. Olar gojany araçy edinip, ýerli ilat bilen gepleşiklere başlamalydylar. Kerweniň ýüküni ýazdyryp, atdyr gatyrlaryň başyna iýmli torba geýdirdiler. Ot ýakyp, gazan atardylar.

Togta hajyp kişmişli haltanyň agzyny açdy-da, tuwalgasy bilen kişmişden susup aldy. Ol sary kişmişi kempiriň etegine agdardy.

Sähel salymdan oba ilaty dagdan aşak düşdi. Bäş-alty sany atly... on töweregi ýükli gatyr. Bular Mahmydyň nökerlerine meňzänokdylar. Olar gojany hem öldürmän, gaýta gatyra mündürip öýüne getirdiler.

Ilki bilen gojanyň ogullary obanyň çetinden girdiler. Ine öýleri, ine ejeleri, kakalary... Goja hol aňyrda duran ogullaryna elini bulady. Bäş ogul bir göwre bolup, bärik gaýtdy. Soň tutuş oba. Gojanyň öýüniň töweregi bazara döndi. Nökerler tuwalgalaryny dolduryp kişmişdir kişde paýladylar.

Iki gatyryň ýüküni şu oba paýladylar. Mustapa kerwenbaşy üsti boşan gatyrlary goja peşgeş berdi. Begençden ýaňa gojanyň gözlerine ýaş indi. Şu pursat Kelejar galasy barada soramagyň wagtydy. Arslan beg hakda soramagyň wagtydy.

Kerwenbaşy sorady. Bilal hoja dilmaçlyk etdi. Iki adamyň gara der bolup alan maglumaty üç jümlä sygdy: «Bäş parsah aňyrda dagyň içinde Garhi obasy bar. Şol ýerde bir ulama ýaşaýar. Ol ähli zady bilýär».

Bu obalyk iş bitipdi. Kerwen ýola düşmelidi. Iki gatyryndan dynan kerwenbaşy gojanyň aýasyna goşa tylla oklady. Goja uly ogluny kerwene goşdy...



# «BIR KIŞÄ BIR ALTYN»

Gutulmyşyň öňçi güýçleri rum goşunynyň Hasangalada karargähini gurandygyny habar berdiler. Gutulmyş Ybraýym Ynala habar ýollady: «Rumlular Hasangalada. Erzurumy eýeläp, soň günorta sürüň. Hasangala çenli aralyk meniň gözegçiligimde bolar».

Gutulmyş Wan kölüniň günortasyndan aýlandy-da, Hasangalany çep egninde galdyryp ýokarlygyna, Erzuruma tarap sürdi. Şu iki aralykdaky galalarda duşman güýçleriniň bolmagy mümkindi.

Rumlular geçen ýylky ýeňlişden soň Togrul soltanyň dek ýatmajagyny bilýärdiler. Şonuň üçin olar ýurduň her ýerräginde güýçli berkitmeli galalary taýynlap goýupdylar. Gutulmyşyň on müň atlysynyň ýoly şeýle berkitme-galalaryň biriniň üstünden düşdi.

Daşyna çuň garym gazylyp, suw goýberilen gala beýik depäniň üstünde seleňläp otyrdy. Çak bilen galada iki-üç müň atly bukuda oturyp biljekdi. Gije-girimde ýeňsäňden gelse, şu güýç hem on müň atla hezil berjek däldi.

Bir söz bilen aýtsaň – galany basyp almalydy. Ýöne, beýik daş diwarly, galyň agaç derwezeli galany almak dilde aňsatdy. Gutulmyşyň goşunynda nepýagçylar[4], manjanakçylar[5] ýokdy. Ýogsa derwezäni otlamaga, diwary deşmäge synanyşylsa-da bolardy. Gala golaý baryp hem bolar ýaly däldi. Beýik diwaryň depesine düzülen duşman ýaýçylary şeýle bir ok ýagdyrýardylar welin, diwara çenli aralygy adam bolup geçer ýaly däldi.

Gutulmyş beg on müň atlysyny galanyň daşyna ýaýradyp, goş basdy. Uzak gije seljuk çadyrlarynyň ýanynda ot ýakylgy durdy. Galanyň derwezesiniň öňünde Gutulmyş öz çadyryny dikdi. Çadyryň gapdalyndaky boşluga ol sazandalary getirdi. Otuz iki sazanda bir üýşmek boldy. Olaryň ýolbaşçysy ujuna gotaz, jaňjagaz dakylan naýzasyny ýokary göterdi. Sazandalaryň gözi naýzanyň ujuna dikildi. Ujy gotazly naýza aşak gaýtdy. Şol pursat hum köstleriň, dowullaryň gümmürdisi, bürünç çanlaryň zarňyldysy töwerege ýaň salyp gitdi. Sähel salymdan kernaýyň wagşy piliň sesine meňzeş uzyn zoguldysy hem şol gümmürdileriň arasyna goşuldy.

Gutulmyş duşmany öjükdirýärdi. Ol hem duşmanyň degnasyna degmäge, hem-de onuň howuny basmaga çalyşýardy. Haýsy bolanda-da seljuklar üçin bähbitlidi.

Öjügen duşman derwezäni açyp, hüjüme geçer. Onda Gutulmyş ýeňsä, tokaýa tarap çekiler, şol wagtam onuň bukuda goýan müň atlysy açyk derwezä çozup, gala girer.

Howy basylan duşman bilen bolsa söweş gurup oturmagyň-da zerurlygy ýokdy. Onuň aman diläp, özi derwezäni açar...

Daňa golaý Gutulmyş beg sazçylara ýarylan deriler bilen döwlen taýaklary çalyşmaga rugsat berdi. Derweze açylmandy. Duşman ne çozup gelipdi, ne-de aman diläp...

Gutulmyş beg ir bilen ýaýçylary öňe sürdi. Duşmanyň peýkamy ýetmez ýaly aralykda hatara duran ýaýçylar galanyň içine ujy polat çişli peýkamlaryň yzyny üzmän ýagdyrdylar.

Bu peýkam atyşlygy sähelçe arakesmeler bilen günortana çenli dowam etdi. Öýlän ussalar täze peýkamlary ýasamaga girişdiler. Gutulmyş ussalaryň bir toparyny tokaýa, merdiwan ýasamaga iberdi. Derrew, diwaryň düýbüne baryp götterseň, ujy depesine ýetjek on sany merdiwan taýyn boldy.

Merdiwanlaryň üstüne galkanlaryny atyp, özleri aşagyna bukulan seljuk esgerleri suwly garymy ýüzüp geçip, diwara tarap okduryldylar. Ýokardan olaryň üstüne ýagyş bolup peýkam ýagdy. Iki merdiwan garyma ýetmän, üçüsi garymyň içinde galdy. Diwaryň düýbüne baran bäş merdiwanyň diňe birini dikläp ýetişdiler. Ony

hem diňe dikläp ýetişdiler. Ýekeje nöker ýekeje basgançaga aýagyny basyp hem ýetişmedi. Olaryň ählisini diwaryň üstündäki ýaýçylar atyp öldürdiler.

Ertesi gün ýene günortana çenli seljuk ýaýçylary galany oka tutdular. Atylýan peýkamlaryň ondan biri nyşana degäýende-de, galanyň goraýjylarynyň sany ep-esli azalmalydy. Ýöne gala tarapdan hem atylýan peýkamlar boş geçip duranokdy.

Gutulmyş ber derwezäniň açylaryna garaşýardy. Galyň derwezäniň welin, göýä gurşundan guýlan ýaly, sarsman durşudy.

Giçlik Zeňňi hajyp çadyrynyň öňüne gelip atdan böküp düşende Gutulmyş begiň ýeke özi agyr oýa batyp otyrdy. Üç günläp zabt edip, galany alyp bilmedik islendik serkerde hem oýa batsa gerek. Ol bu meseläniň çözgüdini tapmaly ahyry.

Zeňňi hajyp serkerdäniň çadyryna şol meseläniň çözgüdini alyp gelipdi. Ol atdan düşdi-de, çadyryň eňsisini serpip içine girdi:

– Merhemet ediň, begim...

Gutulmyş begiň ýüzi ýagtylyp gitdi:

– Gir, hajyp!

Zeňňi hajyp çadyra giren ýerinde aýaklarynyň arasyny giň açyp durşuna elindäki polat çişli gana boýalan peýkamy Gutulmyş begiň aýagynyň aşagyna oklady.

Beg peýkamy götermedi. Bu nä pälazanlyk. Hajyp serkerdäniň aýak astyna peýkam oklaýar. Ol gylyjyny gynyndan çykardy.

Zeňňi hajybyň müň tüýüniň birem gymyldamady. Ol sag elini öňe uzatdy:

– Howlukma begim, – hajyp sag eliniň süýem barmagyny ýerde ýatan peýkama uzadyp sözüni dowam etdi – şu peýkamy galadan atdylar!

Bu seljuk peýkamydy. Diýmek, galada gabalan duşmanyň öz peýkamlary tükenip, olar seljuklaryň atýan peýkamlaryny yzyna atyp başlapdyrlar.

Begiň gözlerine inen şöhle tiz öçdi: «Tapawudy näme, biz gala tarap ýaý atman oňup bilmeris ahyry...» Ýöne, şu ýagdaýdan bir gowy çykalga tapyp boljakdygyna bolan ynam serkerdäniň ýüregine doldy.

Ol Zeňňi hajybyň egnine kakdy. Bu hajyp üçin uly sylagdy. Ol duran ýerinde öwrülip, çadyrdan çykdy.

Gutulmyş beg ýene pikire çümdi. Akylly pikir kellä gyssagarada gelýär. Sähel salymdan serkerde atylyp çadyrdan çykdy.

Ol ýarag ussalaryny bir ýere ýygnap, şu çaka deňiç olja alnan ähli altyn-kümşi olaryň öňüne dökdi:

– Uzak gije peýkam ýasarsyňyz. Ýöne, peýkamlaryň uçlugy polatdan däl-de, altyn-kümüşden bolsun...

Ertesi gün ir bilen Gutulmyş beg esgerleriniň arasyndan ýüz sany iň ökde mergeni saýlap aldy-da, galanyň derwezesiniň gabadynda hatara duruzdy. Ýüze golaý ussa uzak gije işläp iki müň sany altyn-kümüş uçlukly peýkam ýasapdylar.

Gutulmyş beg ýüz mergeniň hersine 20 peýkamdan paýlap berdi. Diwaryň ýokarsyndan kellesini görkezen duşmany çüýlemegi mergenlere tabşyran serkerde ýene merdiwanly nökerleri diwara tarap sürdi.

Bu zabt etmeklik iki sagada golaý dowam etdi. Mergenleriň sagdaklary boşady, depelerine merdiwanlary göterip beýik diwary zabt eden nökerleriň ähli̇si diýen ýaly meýdanda jeset bolup galdy.

Ýöne, Gutulmyş beg şu iki sagadyň dowamynda gala tarap atylan iki müň peýkamyň ýekejesiniň hem galadan yzyna seljuk esgerlerine tarap atylmajagyny bilýärdi. Ol galany goraýjylary peýkamsyz goýupdy. Ýöne onuň altyn-kümüş uçlukly iki müň peýkamyň ähli̇siniň ýaýa girendigine hem ynamy ýokdy.

Muny barlap boljakdy. Sagdaklary boşan ýüz mergen serkerdäniň buýrugyna garaşyp setire durdy.

Açyk meýdanda Gutulmyş begiň sesi ýaňlandy:

– Sagdaklary ele alyň!

Ýüz mergen boş sagdagy ellerine aldy. Beg yzyna hajyplary tirkäp hataryň öňüne geçdi. Ine, ol hataryň iň çetinde duran ýaýçy mergeniň gabadynda aýak çekdi. Nöker serkerdäniň özüne tarap uzadan eline sagdagy tutdurdy. Gutulmyş beg sagdagyň içine seretdi. Sagdak boşdy. Ol hemmäniň gözüniň öňünde sagdagy düňderdi. Hiç zat ýere gaçmady. Ol boş sagdagy esgere uzatdy.

Gutulmyş beg howlukman barlagy dowam etdi. Hajyplar onuň

yzyna düşdüler. Hol, aňyrda nyzama duran goşunyň hem gözi bärdedi. Serkerde hataryň ýarpydan köpüsini barlady. Sagdaklar boşdy. Ýene on-on iki sany mergen galdy. Gutulmyş begiň keýpi kökeldi. Ol mergenlere ynam etmedigine öz ýanyndan ökünip başlady.

Ine, ol nobaty ýeten mergene elini uzatdy. Ine, mergeniň sagdagy onuň elinde. Sagdagyň içine gözüni aýlan serkerdäniň gaşlary bürülip gitdi. Ol sagdagy ýokary göterdi. Hemme gözler sagdaga dikildi. Serkerde sagdagy aşak düňderdi. Peýkamyň ujundan sogrulyp, sagdagyň düýbüne taşlanan tylla uçluk Gutulmyş begiň aýagynyň öňüne düşdi.

Meýdança agyr ümsümlik aralaşdy. Serkerde öňünde duran göwşüllän ýüpek donly, gara keçe sopbaşly nökere ýüzlendi:

– Adyň näme?

Nökeriň bokurdagynyň ýumrusy baryp eňegine direldi. Ýuka gabaklary diýenini etmän gyrpyldap, pökgi gözleri hanasyndan çykara geldi. Onuň guran bokurdagyndan sesi zordan çykdy:

– Nyz-zak Ta-arhan...

– Öňe çyk!

Nöker hatardan iki ädim öňe çykdy. Serkerde barlagy dowam etdi. Soňky barlanan sagdaklaryň hemmesi boşdy.

Bir müň dokuz ýüz togsan dokuz peýkam gala tarap duşmanyň janyny almak maksady bilen atylyp, bir peýkam bolsa, ýöne şeýle uçluksyz uçup gidipdi...

Gutulmyş beg yzyna dolandy. Ol Nyzak Tarhanyň gabadynda aýak çekdi. Aýaklaryny giň taşlap durşuna pikire çümdi. Azsalymdan ol sag elini egniniň üstaşyr iki pilçesiniň ortasynda ýatan sagdagyna ýetirdi. Serkerde sagdagyndan bir peýkamy sogrup aldy.

Mähelle içini çekdi. Serkerde bu batyr nökeri şu ýerde atyp öldüräýjekmikä?! Dogry, nökeriň günäsi agyrdy. Parahat döwürde Reýiň bazarlarynda ogurlyk eden adamyň elini çapýarlar ahyry. Bu ýeri bolsa, uruşdy. Ýöne, eger, nökeriň elini çapmakçy bolsa, beg gylyjyny çykarardy. Ol bolsa...

Goşun serkerdäniň indiki sözüne garaşdy. Gutulmyş beg gözi bilen ümläp ýerde ýatan altyn uçlugy görkezdi:

– Äber!

Nyzak Tarhan ýerinden gozgandy. Ol altyn uçlugy ýere ýazylyp

ýatan pessejik otlaryň arasyndan göterip, serkerdä uzatdy-da, öňki ýerine baryp durdy.

Gutulmyş beg sagdakdan alan peýkamynyň polat uçlugyny sogrup, gapdala taşlady-da, ýerine altyn uçlugy geýdirdi. Ol ýaýyny eline alyp, altyn uçlukly iň soňky peýkamy ýaýa saldy. Serkerde iň soňky gezek nökeriň ýüzüne seretdi. Bu nöker, bu açgöz nöker onuň buýrugyna boýun egmändi. Söweş wagty buýruga boýun egmedik nökeriň temmisi berilmese, goşunda tertip-düzgün bolmaz!

Aýgytly netijä gelen beg ýekeje söz oklady:

– Gaç!

Nöker düşünmedi.

Gutulmyş beg kellesi bilen ümläp hol ýeňsedäki tokaýy görkezdi:

– Tokaýa tarap gaç! Men sen ýoldan geçeňsoň ataryn, şu peýkamdan sypyp bilseň, janyň özüňki...

Nyzak Tarhan ýeňsesine gaňryldy. Tokaýa çenli ýüz ädim töweregi bardy. Tokaýyň ýigrimi-ýigrimi bäş ädim töweregi bärisinde bolsa, araba gatnan ýol akjaryp ýatyrdy.

Nöker «oýun edýän bolaýmasyn» diýýän dek serkerdäniň ýüzüne seretdi. Serkerdäniň gara çynydy. Onuň hyýrsyz ýüzüne gözi düşen nöker ýuwaşjadan götinläp başlady. Ol şol barşyna büdräp ýykyldy.

Goşundan ses çykmady. Her kim bu wakanyň soňuna garaşýardy. Nyzak Tarhan ýüzüni tokaýa tarap öwrüp bat aldy. Ony halas etjek aýaklarydy. Kalbynyň törüne sümüp ýatan açgözlük ony pida beripdi. Halas etjek bolsa aýaklarydy.

Tokaý golaýlap gelýärdi. Belki, peýkam degmez... Belki, gaçyp tokaýa ýeterin... Nökeriň ýüreginiň töründe dörän umyt uçguny onuň dyzlaryna kuwwat berdi. Ol barha bat aldy. Ynha, araba ýoly... Nyzak Tarhanyň dabanlarynyň astyndan gumaksy ýoluň tozany ýokary göterildi.

Gutulmyş beg diňe şondan soň peýkamyň gün şöhlesine ýalpyldap gidýän tylla uçlugyny Nyzak Tarhanyň pilçeleriniň arasyna çenäp, kirşi çekdi...

Şuwlap barýan peýkam nökeriň horja pilçeleriniň arasyna çümüp, onuň göwresini ýere çüýledi. Onuň açyk gözleri ýapraklaryny ýele ygşyldadyp oturan agaçlara dikildi.

Tokaýa çenli bary-ýogy bäş ädim aralyk galypdy...

Gutulmyş beg ýaýyny egninden asyp durşuna çep eliniň süýem barmagyny Nyzak Tarhanyň jesedine tarap uzatdy:

– Jaýlamak gadagan! Biz gidenimizsoň ötüp barýan bir bende jaýlar. Bir kişä bir altyn. Her kim diňe öz nesibesini almaly, tylla uçlugy jesedi jaýlan bende alar...

Serkerde esgerlere agşama çenli merdiwan ýasamagy, köp merdiwan ýasamagy buýurdy. Gije ýarymdan soň ýüzlerçe merdiwany depelerine göteren seljuk nökerleri galanyň diwarlaryna dyrmaşdylar. Gutulmyş beg olara tarap ýekeje peýkamyň hem atylmajagyny bilýärdi. Gylyjyň garşysyna bolsa çäre bardy. Hol-ha,seljuk nökerleriniň biri egri gylyjyny bulaýlap diwara dyrmaşdy. Aňry ýanynda ýene biri... Ýene... ýene...

Gutulmyş beg on esgerini diwaryň içine aşyryp bilse, derwezäniň açyljagyny bilýärdi. Bu wagt ol elli töweregi nökeriniň diwardan aşanyny gördi.

Ol gylyjyny ýalaňaçlap taýýar duran atly goşunyň öňüne geçdi. Şol pursat galanyň galyň agaç derwezesi ala-goh bolup açyldy.

Gutulmyş beg gylyjyny öňe uzatdy:

– Yzym bilen!

Seljuk atlylary kürsäp gala girdiler.

Bu galanyň syndygydy. Bu galany açgözlük syndyrypdy. Peýkamyň tylla uçlugyny goparyp goltugyna salan pursaty sähel salymdan janyndan dynjagy duşmanyň aňyna gelmändi.



# «PIRIM, ABU REÝHAN, ÖZÜŇ GOLDA...»

Gojanyň uly ogluny ýolbelet edinen kerwen bäş parsah ýoly ýeňsede goýup, giçlik Garhi obasynyň çetinden girdi. Obanyň oturan ýeri beýikdi. Onuň merkezi böleginiň daşyna daşdan adam boýundan beýigräk haýat aýlanypdyr. Agaç derweze açyk durdy. Derwezäniň gapdalynda agajyň kölegesinde oturan sakçy kerweni görüp ýerinden turdy.

Garrynyň ogly oňa birküç söz oklady. Hajyp bilen kerwenbaşynyň gözleri Bilal hoja dikildi. Derwüş ýuwaşja dillendi:

– «Ulama barmy?» diýip soraýar.

Sakçy haýatyň töründe arkasyny kert gaýa diräp oturan kaşaň jaýa tarap elini uzatdy. Gojanyň ogly kerwene «geliberiň» diýip yşarat etdi-de, dagyň daşlaryndan örülen kaşaň jaýa tarap ýöneldi.

Jaý dagyň çal – gara daşlaryndan gurlupdy. Bu ony gazaply görkezýärdi. Daşyň büdür-südür tarapy daşyna edip örülensoň, ol göýä ýeňsesindäki gaýa bilen bile biten ýalydy.

Golaý gelmeseň bu ýerde jaý bardygyny aňmak hem kyn boljakdy.

Jaýdan çykan iki sany boýdan-başa ýaragly nöker bularyň öňüni gabatlady.

Gojanyň ogly olar bilen tirkeşip jaýa tarap gaýtdy. Kerwene duran ýerinden butnamazlygy tabşyrdylar.

Garaňky düşüp başlady. Ýöne, jaýdan çykan adam bolmady. Ýene salym geçdi. Şol bir boluş. Göýä, şol üç adam jaýyň gapysyndan däl-de, dagyň gowagyndan girip, yzlaryny tapman azaşyp ýören ýalydylar. Ahyry gapy açyldy. On-on iki sany ýaragly nöker kerwene tarap gaýtdy. Togta hajybyň göwresine aralaşan ynjalyksyzlyk onuň atyna geçip, janawer, hokranyp, duran ýerinde birnäçe gezek öwrüm etdi.

Hajyp ony köşeşdirmek üçin tüýlek eliniň aýasy bilen atyň boýnuna şapbatlady. Düşbi janawer köşeşip, nazaryny ýetip gelýän nökerlere diräp, doňdy.

Nökerler kerweniň daşyny gabady. Togta hajyp bilen dört nökerini atdan düşürip, ýaraglaryny aldylar. Bu ýerde gylyjy gyndan çykarmaly däldigini hajyp aňdy.

Atdyr gatyrlary idip, howlynyň burçundaky atýataga äkitdiler. Togta hajyby, Mustapa kerwenbaşy bilen Bilal hojany, dört nökeri howlynyň beýleki burçundaky daş jaýa eltip dykdylar. Nökerbaşy Mustapa kerwenbaşy bilen Togta hajybyň egnindäki galyň donlaryny sypyryp aldy-da, agyr gapynyň daşyndan temme urdy.

Ol iki sany nökerini gapynyň öňünde garawul goýup, jaýa ýöneldi.

Daş jaýyň içi sowukdy. Jaýyň üç diwarynyň boýuna uzalyp gidýän ýasy sekiler hem daşdandy. Göýä, bu jaý dagyň bir gaýasyndan çapylyp ýasalan ýalydy. Jaýyň içine yş düşýän ýeri ýokdy. Diňe agaç gapynyň jaýryklarynyň arasyndan garaňky asmanyň o ýerinde bu ýerinde öçügsije köräp başlan ýyldyzlar görünýärdi.

Garaşmak ýürege düşdi. Wagt edil şol jaýryklardan görünýän ýyldyzlara çenli süýnüp gidýän dek süýnüp barýardy.

Gapy şarkyldap açyldy-da, eli şemli nöker içerik girdi. Endamjany gaty daş bolup duran jaýyň içi ýagtyldy. Bu jaý däl-de, zyndandy.

Bilal hoja nöker bilen gürleşmek isledi. Nöker sesini çykarman şemi gapynyň gapdalynda diwaryň ýüzünde ýörite edilen oýukda dikdi. Şemiň ýagtysy güýçlenen dek boldy. Sebäbi, yk ýerde onuň otdan dili gös-göni bolup, has uzalypdy.

Açyk gapydan ýene bir nöker eglip içerik girdi. Onuň elinde azykowkatly tabak bardy. Ol ullakan agaç tabagy otagyň ortasyndaky ýasy

daşyň üstünde goýup, goltugyndan çykaran dört-bäş sany çemçesini hem gapdalyna taşlady-da, daş çykdy.

Beýleki nöker hem onuň yzy bilen çykdy-da, gapyny temmeledi.

Bilal hoja ýerinden turup, tabagyň ýanyna geldi. Tabakda gaýnan tüwüden başga hiç zat ýokdy. Ol çemçeleriň birini aldy-da, tüwüden dolduryp agzyna ýetirdi. Çemçäni ýene bir gezek dolduryp, şepbeşik tüwüni bokurdagyndan ötüren derwüş tabagy kerwenbaşa uzatdy. Ýedi adam bir agaç tabakdan garbandy.

Tabak boşady. Sähel salymdan nökerbaşy on nökere baş bolup geldi:

– Sizi ulama çagyrýar!

Bilal hoja terjime etdi. Adamlaryň göwünlerine ýeňillik aralaşdy. Daşyň ysy öwsüp duran bu zyndan eýýäm ýürege düşüp ýetişipdi.

Saçy syrylan, hortap göwresini ak mata çolan ulama pessejik, ýöne giň sekiniň ortasynda aýbogdaşyny gurup otyrdy. Onuň üç-dört ädim öňünde ýere giň gamyş boýra düşelgidi.

Nökerbaşy myhmanlara boýranyň üstünde oturmagy buýrup, özi ulamanyň ýeňsesine geçdi. Şol wagt ýene-de dört-bäş sany ak eşikli adam öýe girip, sekiniň üstüne geçip otyrdy.

Togta hajyp bilen Mustapa kerwenbaşy Bilal hojany öňe itdiler. Ol dil bilýärdi. Şu pursat dil gylyç-hanjardan güýçlüdi. Bilal hoja köwşüni çykaryp, boýra düşegiň üstüne geçdi. Beýlekiler hem onuň yzyna eýerdiler.

Ulama olaryň hemmesi düşegiň üstünde ýerleşýänçä garaşdy-da, ýukajyk gansyz dodaklaryny gymyldatdy:

– Siz ýitigiňizi gözläp gelipsiňiz diýdiler...

Bilal hoja çala ýerinden gobsundy:

– Hawa...

– Seljuk begleriniň biriniň jesedi gerekmiş size.

– Hawa...

– Näçe ýylyň ýitigi ol...

– Ýigrimi bäş ýylyň...

– Biziň ile nädip düşüp ýör...

– Mahmyt Gaznaly zamun edip getirip, Kelejar galasyndaky zyndana dykypdyr...

Ulama dymdy. Ol howlukman öňünde oturanlary gözden geçirdi-de, düýbünden başga hörpden gep urdy:

– Sizde bir ulama Hindistan hakynda kitap ýazypmyş...

Bilal hojanyň göwnüniň töründe şatlyk uçguny ýylpyldap gitdi. Ulama Biruni hakda soraýardy. Bilal hoja diňe öz gulaklaryna eşidiler ýaly pyşyrdady: «Pirim, Abu Reýhan, özüň golda...»

Ol soňra sesine birneme bat berdi:

– Abu Reýhan Birunidir ol, Hindistan hakda kitap ýazan...

– Ol Mahmyt bilen Hindistana-da gelip-gidipdir diýýärler...

Bilal hojanyň ini jigläp gitdi. Biruniniň ady Mahmydyň ady bilen deň tutulypdy. Nädip ol iki adamyň tapawudyny düşündirip bolar... Ulama sorag beripdi. Oňa tiz jogap bermelidi. Özi-de dogry jogap bermelidi. Ownuk ýalanda tutulsaň, soň iri çynyňa-da hiç kim ynanmaz...

Bilal hoja ýeke sözi dilinden sypdyrdy:

– Hawa...

– Eline gylyç alypmy?

Bilal hoja jogap bermäge howlukdy:

– Ýok, galam alyp...

Jogap jüpüne düşüpdi. Derwüş ony aňdy. Bu wagta çenli Bilal hoja goranypdy. Ol ulamanyň daş ýaly agyr jümleleriniň hemmesini yzyna gaýtarypdy. Indi hüjüme geçmelidi.

– Biruni Mahmydyň köşgüniň ýesiri ahyry...

Ol bu sözleriň agramynyň ulama etjek täsirini aňmak üçin garaşdy. Ulamanyň ýygyrt-ýygyrt ýüzünden hiç many alyp bolar ýaly däldi.

Diýmek, ýene hüjüm etmelidi:

– Biruni üçin Mahmydyň köşgi zyndan ýaly. Bir gezek Mahmyt ony dagyň depesinden, Nand galasynyň harabalygyndan tapypdyr...

Bilal hoja sesini kesip, assyrynlyk bilen ulamanyň ýüzüne syn etdi. Ulama göýä gaýanyň bir böleginden kesilip ýasalan ýalydy.

Bilal hoja sözüni dowam etdi:

– Biruniden «Bu ýerde näme işläp ýörsüň?» diýip sorapdyr. Ol «Ýeriň daşky gurşawyny ölçeýän» diýip jogap beripdir.

Bilal hoja bat aldy. Hiç kim sözüni kesmänkä ol şu pikiriniň soňuna ýetmelidi. Onsoň ulama üýtgäýse gerek...





– Mahmyt «Şu oturan ýeriňden ol mümkinmi?» diýip sorapdyr. Biruni «Gaty yhlas edip bilseň mümkin... Meniň netijäm Aristoteliňkiden uzak, ýöne hindileň ölçeglerine golaý» diýip, jogap beripdir...

Bilal hoja gözüniň gytagy bilen ulamanyň oturan ýerinden çala gobsunyp gidenini gördi. Ýaňky sözler nyşana degipdi. Derwüş ara salym salman dowam etdi:

– Mahmyt «Hindilerem Ýeriň gurşawyny ölçäpmi?» diýip gygyrypdyr. Biruni oňa «Dagy näme, menden bir müň iki ýüz ýyl ozal» diýip jogap beripdir.

Otaga ümsümlik aralaşdy. Dagy näme, gepläp oturan ýeke adam, ol hem dymsa... Bilal hoja ýaňky sözlerini hindileriň aňlarynda aýlamaklary üçin olara salym berip dymdy. Ýogsa, Biruni hakda onda gep köpdi. Hindistan hakda kitap ýazmak nireden kelläňe geldi Biruni... Belki, indi şol kitap bulary bu ýerden diri alyp çykar...

Mustapa kerwenbaşy bu wagt Biruniniň kitabyndan beter, ýany bilen Bilal hojany alyp gaýdanyna begendi. Bu daşdan ýasalan ýaly doňup oturan adamlaryň dilini biläýeniňde-de, olaryň göwnüni tapmak gerekdi.

Ulamanyň gapdalyna gelip oturanlaryň biri söze goşuldy:

– Hindistan hakda kitap ýazanda Biruni biziň köne ulamalarymyzy hem ýatlapdyr diýen gep bar...

– Gaty dogry, – Bilal hoja bu wagt hiç kimiň gaňryşyna gaýtmaly däldigini bilýärdi. Onsoňam ýaňky diýlen sözde hakykatyň ülşi bardy, – gaty dogry, Brahmagupta, bizden bir müň bäş ýüz ýyl ozal ýaşap geçen... Ýeriň aýlanýandygyny subut etdi ahyry. Biruni kitapda şol ulamanyň pikirlerini gaýtalady.

– Biruni kiçijik Ýer hem ýasan ýaly-la[6]...

Bilal hoja söhbetiň hörpüne goşulyp gitdi:

– Dagy näme, – ol elini giň eýwanyň içine aýlap goýberdi, – şu öýüň içi ýaly ýere ol tutuş dünýäni sygdyrmak isledi...

Derwüş sözüne dyngy berip, gözüni assyrynlyk bilen töwerege aýlap goýberdi. Hemmeleriň ünsüniň özündedigine göz ýetrip, söhbedini dowam etdi:

– Ol Buhara gelýän her bir kerweniň öňünden çykyp garşy

alýardy. Il kerwenden haryda garaşsa, Biruni dünýä hakda ýene-de bir täze habar bilmek üçin garaşýardy. Hut şonuň üçin ol arapça-da, ýunança-da, türkçe-de, hatda jöhitçe hem gürlemegi öwrendi...

Ulamadan ses çykanokdy. Ýöne, onuň töwereginde adam kändi. Derwüşiň sözüne dyngy bererine mähetdel şolaryň biri orta söz oklady:

– Ol hindiçe bilipmi?

Bu sowala diňe «hawa» diýip jogap berse kemter gaýtjagyny bilen derwüş jogabyň hörpüne görä sesine bat berdi:

– Dagy näme, heýem Hindistan hakda kitap ýazyp, ol hindi dilini bilmezmi...

Ýaňky sowaly beren adamyň ýüzi ýagtylyp gitdi. Derwüşiň jogaby onuň kalbyna melhem bolup damypdy.

Ýöne, ulama dymýardy. Onuň ýüzünden bir zat aňmak kyndy. Ol häliden bäri eliniň aýasynda oýnap oturan bir gysym ýakut daşyny orta edil aşyk oklaýan oglanjyk ýaly edip, oklap goýberdi. Bir gysym ýakut düşegiň üstüne pytrap gitdi.

Bu pursat köpi gören Togta hajyba çenli tisginip gitdi. Bu – kerwende galan soňky haltajykdaky ýakutlardy.

Ulama özüne golaý ýatan ýakut daşyna elini uzadyp, ony uzyn hor barmaklary bilen gapjap aldy. Soňra ol daşy ýokary göterip, diwara berkidilgi şemiň yşygyna tarap öwrüp synlady. Odun şöhlesi daşyň içinden parran ötüp, göýä gandan doýrulan ýaly gyrmyzy daş her dürli öwşün atdy:

– Muňa arguwany ýakut[7] diýerler...

Ulama sözüne dyngy berip, gözlerini Bilal hoja tarap öwürdi-de, batly ses bilen sözüni dowam etdi:

– Mahmydyň äkiden Buddasynda şular ýaly daşlaryň on müňüsi bardy...

Bilal hoja dymdy. Ol bu Buddanyň taryhyny bilýärdi. Ýöne, ol uzak dymmaly däldigini hem bilýärdi. Ulamanyň, hamana, tötänden oklan ýaly bu gepini jogapsyz goýsaň, kelläňden dynaýmagyň mümkindi...

Bilal hoja ýüzüni ýerden göterdi:

– Ony äkiden Mahmytdy... Biz bolsa Merwden gelen kerwen...

Bu dogry jogapdy. Gazna bilen Merwiň tapawudyny kim bilmese-de ulama biläýmelidi...

Ulama elindäki daşy düşegiň üstüne oklady:

– Ol-a şeýle...

Derwüş uludan demini aldy. Ýöne, entek begenerden irdi. Ulamanyň gapdalynda oturanlaryň biri göýä möhüm bir habar aýtjak ýaly, ýeke dyzyna galyp söze başlady:

– Sen Biruni Hindistan hakda kitap ýazdy diýýäň, ýöne, ol başga bir uly kitabyny Mahmydyň ogly Mesuda bagyşlaýan ýaly-la...

Bu dogrudy. Derwüşiň saçlarynyň düýbüne çenli şaglap der indi. Otagyň burçunda asylgy duran kapasanyň içindäki naşyja guşjagaz göýä, derwüşiň düşen kyn gününe begenýän ýaly uzyn-uzyn saýrap goýberdi. Şu pursat ýaňky sowalyň jogaby aňyna gelen Bilal hojanyň gözlerinde umyt uçguny ýalpyldady. Ýaňyja ýere girere gelen göwre silkinip, sesi batly çykdy:

– Ol dogry. Ýöne, Buharadan zor bilen Gazna getirilen Biruni ol ýerde ýesirlikde diýen ýaly ýaşady... Kapasa salnyp goýlan guşjagazyňam hojaýynyň göwni üçin käwagt süýji saýramasy bar ahyry...

Bilal hojanyň bu sözüni eşiden ulamanyň dodaklary ýazylyp, ýüzüne ýylgyryşa meňzeş alamat indi.

Bu pursat Merwden gelen kerweni hindileriň gazabyndan gorap biljek zat Biruniniň abraýydy. Biruniniň abraýy olar üçin ýeňsesine duwlanyp boljak galady. Gala näçe beýik bolsa, ol şonça-da gowy goraýar. Bilal hoja gorag galasyny berkitmek üçin ýene-de bir kerpiji goýmaga howlukdy:

– Hindistan hakda kitap ýazmak Birunä aňsat düşmedi... «Musulman bendesi bolup, dinibaşgalar hakda kitap ýazdyň!» diýip, ony kän heläk etdiler.

Bu jümläniň artykmaç düşäýmegem ahmaldy. Bilal hoja ony giç duýdy. Ulamanyň gapdalynda oturan kişileriň biri derwüş sözüni soňlan dessine, göýä sowal bermäge ejaza soraýan ýaly onuň ýüzüne çiňňerildi. Ulama çala baş atdy. Ejaza alan kişi Bilal hojanyň sellesine elini uzatdy:

– Senem-ä musulman kişisi... Özüňem Birunä köp azar berip, bu ýerde janyňy gutarmak üçin başga zatlar gürläp oturan bolaýma...

Bu sowala derwüş taýyndy. Ol ýaşyl sellesini howlukman kellesinden çykaryp, gapdala goýdy. Goltugyndan çykaran ullakan ýaglygy bilen ýylçyr maňlaýynyň derini süpürip goýberdi-de, her bir jümläniň manysy öňünde oturanlara gowy ýetsin diýýän ýaly, howlukman söze başlady:

– Gep sellede bolsa, ony çykaryp gapdala goýaýmak kyn iş däl...

Ulama ýylgyrdy. Merwden gelen derwüşden ol beýle söze garaşmandy. Bu orta oklanan jümle göýä, hindi daglaryndan, düzlerinden, derýalaryndan äheň alan ýalydy...

Derwüş dowam etdi:

– Biruniniň okan kitaplaryny menem okadym, onuň Hindistan hakda bilýän zatlaryny menem bilýän... Ýöne men bir gezende derwüş, Biruni – alym. Hindistan hakda ol kitap ýazdy. Men ýazmadym. Ýüregimde sakladym. Ýeke tapawudymyz şol. Hut şonuň üçinem hindiler maňa däl-de, Birunä «Kenarsyz akyl ummany» diýip at berdiler.

Bilal hoja iň soňky aýgytly hüjüme geçmegiň wagty gelendigine düşündi. Ol şu oturanlara Biruniniň diňe Hindistan hakda kitap ýazan adam däl-de, tutuş dünýäň aladasyny eden, halklaryň birligini gazanmak islän adamdygyny düşündirmelidi. Biruni bu meseläni diňe bir öz pikirdeşlerine däl, duşmanlaryna hem düşündirip bilipdi. Indi gezek Bilal hojanyňkydy. Eger, ol şony şu ýerde şu oturan adamlara düşündirip bilse, olar halasdy. Diňe bir öz janlaryny gutarmak däl, olaryň ähli ýumşuny şu oturan adamlaryň bitirip berip, özlerini ýola saljakdyklaryna şübhe ýokdy.

Derwüş ýüzüni ulama dogrulap, ara düşen ümsümligi bozdy:

– Mollalar Birunini kän heläk etdiler. Biruni hindiler bilen biziň gadymy kitaplarymyzyň birdigini, olaryň meňzeş sözlerini getirip subut etse, mollalar «täjirleriň getiren sözleri» diýip garşy çykdylar. Olar «Hudaýlarymyz bir bolsa, milletleriň birligine ynanarys» diýdiler. Biruni subut etdi...

Gürläp bokurdagy guran derwüş üsgürip bogazyny arçamak isledi. Bolmady. Ulama gapynyň agzynda duran hyzmatkäre ümledi. Hyzmatkär daş çykdy-da, dessine eli ullakan mejimeli dolanyp geldi. Ol mejimäni derwüşiň gapdalynda goýdy-da, onuň üstündäki küý-

zeden käsä şerap guýdy. Özüne uzadylan içi gyrmyzy şeraply käsä gözüni diken derwüş sägindi. Derwüş bolup şeraply käsä el uzatmak gelşiksizdi. Ýöne, adamzadyň birligi hakda söhbet edip oturan mahalyň, özüňe uzadylan käseli eli howada doňduryp goýmak, ondanam gelşiksizdi.

Derwüş käsä elini uzatdy. Käsäniň ýalpak erňegine jaýryk-jaýryk bolan dodagyny basan Bilal hoja üç gezek owurtlap, käsäni yzyna äberdi.

Şerap öz işini bitirdi. Bilal hojanyň diňe bir bokurdagy öllenmän, ganyna gyzgyn ot düşen dek boldy. Indi öňünde oturan adamlar hem oňa ol diýen gorkunç bolup görünmediler. Olar göýä öz birbirleri ýalydy. Belki, milletleriň birligini galyň-galyň kitaplar ýazyp düşündirjek bolman, ähli adamy bir saçagyň başyna jemläp, hemmesine bir käseden şerap guýup bermelidir.

Derwüş şerabyň zorunyň kellesine urandygyna düşündi. Ol bu ýagdaýyň tiz geçjekdigini bilse-de, howlukmaç söz urdy:

– Biruni hudaýlaryň birdigini subut etdi. «Brahma-hindileriň hudaýy diýjeksiňiz» diýip ol mollalara ýüzlendi. Oňa «Dagy näme!» diýip jogap berdiler. Biruni «Ýöne ol biziňem hudaýymyz, onuň gyzy Saraswati biziň üçinem dilewarlygyň, pähim-paýhasyň hudaýy, ylym bilen sungatyň penakäri» diýdi. «Bolup bilmez» diýdi mollalar. Biruny «Mitra» diýdi. «Ol biziň ata-babalarymyzyň baş hudaýy» diýip, mollalar onuň sözüni kesdiler. «Dogry» diýip, Biruni ylalaşdy, «ýöne, Mitra Hindistanda rehim hem jeza, gündiz hem gije hudaýy» diýip ol mollalaryň agzyna petik urdy...

Bilal hoja dymdy. Ol ýadawdy. Şerabyň ýeňiljek bady gowşapdy. Indi iki çagada çekip gelýän şu jedel, dogrusy diňe bir jedel hem dälde, hut jan söwdasy onuň haýyny alypdy.

Ýöne, ol şu möhletiň içinde beýleki tarapy öňki raýyndan gaýtarmagy başarypdy. Oturanlar aýbogdaşyny gurup ortada oturan derwüşiň ýerinde göýä Bируниниň hut özüni görýän ýaly, oňa tiňkelerini dikip, gymyldaman otyrdylar.

Bu söhbetiň soňudy. Bilal hoja üçin ýeňişli soňudy.

Ulama ýerinden turdy. Onuň gapdalyndakylar hem ördüler.

Derwüş ýerinden turdy. Kerwen bilen gelenler hem dik durdylar.

Ulama Bilal hojanyň öňüne gelip aýak çekdi-de, häliden bäri giň aýasynda oýnap oturan ýakut daşlaryny derwüşiň aýasyna guýdy.

Bu söhbetiň bahasydy. Kerwendäkileriň janyna üste berilýän bahady.

Olary zyndana alyp gaýtdylar. Hyzmatkärler daş sekileriň üstüne galyň boýra düşekleri ýazyp gitdiler. Ýene bir hyzmatkär gyzgyn gök çaýly çäýnegi käseleri bilen getirip, ortada goýdy.

Bilal hoja gyzgyn çaýly käsäni eline aldy-da, çaýyň buguna tarap çalaja üfläp goýberdi. Gyzgyn duman dargap gitdi. Derwüş bu gün bir dumany dargadypdy.

Ýadaw göwresini boýra düşegiň üstüne taşlan Bilal hoja çalaja pyşyrdady: «Ertirem alla kuwwat bersin!..»



# OLJANY 15 MÜŇ ARABA ÇEKMELI

Gutulmyşdan ýene çapar geldi. Habar gowudy. Duşman entegem Hasangaladady. Gutulmyş beg hatda, köp bolsa elli müň adam diýip, duşmanyň güýjüne çenli habar berýärdi. Gutulmyş Ahlat şäheriniň töwereklerini hem duşman atlylaryndan arassalapdy. Indi seljuklara iki ýygyny birikdirip, Hasangala süräýmek galypdy.

Ybraýym Ynal pikire çümdi. Wan kölüniň günortasyndan Hasangala çenli ýol ýakyndy. Ýöne, ýene bir ýol bardy. Wan kölüniň demirgazygyndan aýlanyp, ýüzugra Erzurum şäherini eýeläp, ondan göni günorta Hasangala sürmek. Bu ýol uzagrakdy. Erzurumda hem eglenmeli bolar. Ýöne, bu ýoldan sürülse, ýüzugra Hasangala demirgazykdan gelip biläýjek güýji ýok edip boljakdy. Ybraýym Ynal ikinji ýoly saýlady. Ol Gutulmyş bege Erzurumyň eteginde garaşjakdygyny habar berip, çapary ýola saldy.

Agyr ýygyn Erzuruma tarap gozgandy. Ybraýym Ynal daýaw gyr atynyň guýrugyny düwüp, göwresini ýeňillik bilen eýeriň üstüne atdyda, goşunyň öňüni çekdi. Baş hajyplar onuň töweregindedi. Soňra hajyplar, destebaşylar, wisakbaşylar[9], bir ýyl bäri goşunda gulluk edip, at münmäge rugsat berlen nökerler, olaryň soňunda pyýada nökerler, sazandalar, ussalar öz ýarag-esbaply arabalary bilen, bimarstanlar birden ýerinden gozgandy. Töwerek tozana bürendi. Arabalaryň zaryn jygyldysy göwnüne ýaramadyk Ybraýym Ynal attutarlarynyň birini ýanyna çagyrdy:

– Bejit sazandalara ýetir! Ýöriş sazyny çalsynlar!

Attutar ýygynyň guýrugyna tarap at saldy. Sazandabaşy tozan turzup ýetip gelýän atlyny görüp, goşunbaşynyň göwnüniň saz isleýänine düşündi. Onuň özi-de, sazandalaram taýyndylar. Ýöne, buýruk gerekdi. Bu goşundy. Goşunda bolsa, buýruksyz hereket etmek, kelläňi etegiňe salmak ahyry.

Ybraýym Ynalyň attutary buýrugy ýetirdi. Sazandabaşynyň gerdenliginiň[10] gotazlary şemala ykjap gitdi. Bürünç çanlaryň zarňyldysy, dowullaryň gümmürdisi, surnaýlaryň zygyldysy goşulyp bir heňe öwrüldi-de, töwerege ýaň saldy.

Goşun Erzuruma tarap howlukdy. Ybraýym Ynal togsan müňlük goşun bilen Araz çaýyndan geçdi. Çaýyň suwy atyň dyzyna ýetýän güzeri arabalar üçin hem kynçylyk döredip durmady. Olar ertesi gün giçlik Erzurumyň etegine ýetdiler. Gutulmyş beg gelýänçä Ybraýym Ynal goşuna dynç berip garaşdy.

Gutulmyş beg on müň atlysy bilen ýetip gelende gije ýarym bolup barýardy. Agyr ýygyn şäheriň daşyny gabady.

Daňyň düýbi çyzylanda seljuk goşuny şäheri zabt edip başlady. Saýlama goşunlary Liparidiň serkerdeliginde Hasangala gidensoň, Erzurumy basyp almak kyn düşmedi. Seljuk ýygyny bu şäherden azykowkat ýüküni ýetirip, ýüzüni dik günorta – Hasangala tarap öwürdi.

Seljuk goşuny Hasangalanyň golaýyndaky Pasinler obasynyň etegine gelip, rum goşunynyň garşysynda goş ýazdyrdy. Bu wagt 1049-njy ýylyň güýzüdi.

Rumlularyň serkerdesi Liparid goşunyny üç bölege böldi. Onuň goşunynyň sag ganatyna Katakalon, çep ganatyna bolsa Aaron baştutanlyk edýärdi. Liparidiň özi goşunyň merkezi bölegine serkerdelik edipdir.

Seljuk goşuny iki bölege bölünip, bir ganatyna Ybraýym Ynal, beýleki ganata bolsa, Gutulmyş beg serkerdelik edipdir.

Garpyşmak aňsat iş däl. Goý, iki goşun, ýa iki esger garpyşsyn, tapawudy ýok, gylyjy gyndan ilki çykarmak mydama kyndy. Iki goşun bir-birine peýkam ýeter-ýetmez aralyga gelip, aýak çekdi. Seljuklar san taýdan agdykdy. Ýöne, olaryň garşysynda duran rum goşuny bir ýyl mundan ozal Ýakut beg bilen Hasan begiň goşunyny ýeňen goşundy. Oňa sanym artyk diýip gypynçsyz batyrynyberer ýaly däldi.

Liparid goşunynyň san taýdan seljuklardan egsikdigine düşündi.

Şonuň üçin ol goşuny üçe böldi. Onuň hasaby ýönekeýdi. Iki sany uly ýumrugyň garşysyna kiçi, ýöne üç sany ýumrugy çykarsaň, belki, ýeňşe umyt üçin ýagdaýyň döräýmegi ahmaldy. Ýöne Liparidiň öňüni gijä tutup, söweşe başlasy gelmedi. Onsoňam bu gün şenbedi. Serkerde hiç wagt uly bir işe şenbede başlamandy. Onuň ynanjy şeýledi. Şonuň üçin eger, seljuk goşuny razy bolsa, ol ertir jahan ýagtylýança gylyjyny gynyndan çykarmazlyga niýetini dikipdi.

Ýöne «Är läge[11] bilen aňylar» diýleni boldy. Gutulmyş begiň serkerdeleriniň biri Bagyr hajyp özüniň müň atlysy bilen rum goşunynyň çep ganatyna kürsäp urdy. Söweşe buýruk bolmandy. Şonuň üçin rumlularyň içine pahna ýaly süsňäp giren seljuk atlylarynyň gabawa düşäýmegem ahmaldy.

Bagyr hajyp ilki garşysyndan çykan atlynyň döşünden naýza urdy. Demir sowudy böwsüp geçen polat çiş göwrä berk çümdi. Hajyp naýzasyny yza çekip alan-da, onuň polat çişi duşman göwresinde galyp, naýzanyň diňe söwüt sapy eline geldi. Çep elini eýere bökderilgi horjuna sokan hajyp horjunda taýyn duran ýene bir polat çişi çekip alyp, naýzanyň sapynyň ujuna geýdirdi.

Täteriklik naýza çişli horjuny eýere bökderip, söweşe çykmak Gutulmyş begiň goşunynda düzgündi. Sebäbi, rumlularyň demir sowutlaryna çümen naýzany yzyna abat sogrup almak mümkin däldi. Birinji urgudan soň eýýäm naýzasyz galan esgeriň hem söweşde gününe gurt uwlajakdy. Şonuň üçin Gutulmyş begiň atlylarynyň polat çişli horjunlary mydama eýere bökderilgidi.

Bagyr hajyba naýzasyny ikinji gezek işletmäge pursat bolmady. Onuň garşysyndaky duşman atlylary söweşe girmegiň deregine, atdan agan demir sowutlyny aralaryna alyp, atlaryny öz goşunynyň jümmüşine sürdüler.

Bagyr hajyp, megerem, serkerdeleriň birini öldüripdi. Ýönekeý esgeriň jesediniň söweş meýdanyndan beýle tiz alnyp çykylasy ýok.

Wepat bolan serkerde Liparidiň ýegenidi. Muny serkerdä habar berdiler. Indi Liparid söweşi ertire goýup biljek däldi. Ol ikiýüzli uzyn gylyjyny gynyndan sogurdy.

Häliden bäri söweşe dyzap duran Katalakon heziller etdi. Ol rum goşunynyň sag ganatyny Gutulmyş begiň sapynyň üstüne sürdi. Ýapýaňy serkerdäniň ýegenini öldürip, yza çekilen atlylar hem şu sapdan

çykypdy. Aaron atlylaryny öz çep ganaty bilen söweşe sürdi. Bu ganatda olaryň öňünde Ybraýym Ynalyň goşuny durdy.

Liparid goşunyň ortaky bölegini söweşe salmaga howlukmady. Ol atynyň üstünde üzeňňä galyp durşuna ýaşyp barýan Günüň solgun şapagyna duwlanyp söweşe syn etdi. Katalakon bilen Gutulmyş beg deň garpyşypdy. Ybraýym Ynal hem Aaronyň öňünde yza tesibermedi. Liparide öz goşunyny söweşe salmak gerekdi. Ol haýsy ganata goşunyny sürse, şol ýerde rumlularyň söweşiň ykbalyny eline aljagyna düşündi. Soň bolsa beýleki ganata kömege ýetişip bolar.

Megerem, Liparidiň ýerine başga biri bolan bolsa, atlylaryny öz sag ganaty boýunça Gutulmyşyň üstüne sürerdi. Sebäbi, onuň ýegenini öldüren atlylar hut şol ganatdan çykypdylar. Ýöne Liparid mydama bolmaly zadyň tersine hereket etmegi gowy görýärdi.

Ol atlylaryny Ybraýym Ynalyň üstüne sürdi. Iki ýumrugyň urgusy seljuk atlylaryny aljyratdy. Eýýäm garaňky düşüp kimiň kimi urýanyny görmek kyndy. Ybraýym Ynalyň atlylary yza tesip başlady. Garpyşýan goşunlar mese-mälim ikä bölünip, her bölegi söweş meýdanynyň bir burçuna çekildi. Göýä, küşt tagtasynyň garşylykly iki burçuna ähli mallar üýşüp, galan meýdança boşap galan ýalydy.

Seljuk goşuny san taýdan artykmaç-da bolsa, ol bu ýagdaýy söweşiň başynda öz peýdasyna ulanyp bilmedi.

Ýene sähel salymdan Liparid bilen Aaronyň atlylary Ybraýym Ynalyň goşunyny derbi-dagyn edip, Gutulmyş begiň ýeňsesine aýlanyp biljekdiler. Ýöne, yza çekilýän Ybraýym Ynalyň yzyna düşen Liparidiň öz ýeňsesi hem açyk galypdy. Gutulmyş beg öňürtdi. Ol Bagyr hajyp bilen Wasip hajyby hersiniň müň atlysy bilen çep ganatdan aýryp, Liparidiň ýeňsesinde dörän boşluga sürdi.

Söweşiň ykbalyny şu pursat çözdi. Ybraýym Ynalyň ekezlenen atlylary bilen Bagyr hajypdyr Wasip hajybyň atlylarynyň arasyna düşen rumlulara boýun egmekden başa alaç galmady.

Bu ýagdaýy gören Katalakon hem söweşi bes etdi. Onuň atlylarynyň diri galany söweş meýdanyndan gaçyp janyny gutardy.

Liparid gylyjyny ahmyr bilen gynyna saldy. Ol gymmatbaha daşlar bilen bezelen ýasy guşagyny çözüp, gylyjy bilen bile Bagyr hajybyň atynyň öňüne taşlady.

Hajyp naýzasyny göterdi. Onuň öňünde boýun egen duşman

durdy. Ol ýaragyny ýere taşlap, aman sorapdy. Hajyp naýzasynyň ujuny ýerde ýatan guşaga ýetirip, ony atyň üstüne çekip aldy.

Rumlular üçin bu masgaraçylyk gijesi gaty haýal geçdi. Olar edil agyla gabalan goýun sürüsi dek, uzak gije giň düzlükde seljuk goşunynyň gabawunda otyrdylar.

Boýun egen goşunyň ýarag esbaplaryny düzlügiň bir çetine üýşürdiler. Ýigrimi müň töweregi polat sowut bir ýere üýşüp, ullakan depe ýasady.

Ýaňy dogan Günüň şöhlesi bu sowutlara düşüp, göýä gözi gamaşan dek yza serpikdi.

Ir bilen Ybraýym Ynal ýesir rumlulary öňüne salyp, Reýe tarap ýola düşdi. Ol on sany ýyndam atly çapary gije paýtagt şähere ýollapdy. Bu ýeňşi Togrul soltana tiz buşlamak gerekdi.

Gutulmyş beg oljalary ýüklemek işine serenjam bermek üçin eglendi. Oljalaryň hemmesi goşunyň arabalaryna sygmady. Hajyplar atlylaryny çar tarapa, araba gözlegine iberdiler. Diňe ak öýlänler olja ýüklenen on bäş müň sany araba ala-zenzele bolup, ýerinden gozgandy.

Seljuk goşuny bäş gün ýol ýöräp, Reýiň günbataryndaky düzlügiň çetinden girdi. Bu düzlük seljuk goşunlarynyň tälim alýan ýeridi. Goşun bu düzlüge beletdi, köp gowgalary gören bu düz meýdan hem seljuk goşunyna belet bolupdy.

At toýnaklary düzlügi sarsdyrdy. Ybraýym Ynal goşuny nyzama duruzdy. Düzlügiň aňry çetinde, depäniň üstünde daýaw gara atyna atlanan Togrul soltan durdy. Çaparlar hoş habary iki gün mundan ozal soltana ýetiripdiler. Iki gün bäri soltan bu düzlükden diňe gije ýatmak üçin köşgüne gidýärdi. Togrul soltanyň gojalan göwni ýeňşe suwsapdy. Ol seljuk goşunynyň ýeňşine suwsapdy.

Hol-ha soltana ýeňiş getiren goşun düzlügiň çetinde nyzama dur. Ýadaw goşun parahat dem alyp dur. Togrul soltanyň her bir atlyny bagryna basasy geldi. Ol tasdanam şu niýet bilen atyny öňe debisgiläpdi. Ýene wagtynda özüne gelip, jylawy çekdi-de, özbaşyna hümürdedi: «Garralyp ýör öýdýän...»

Soltanyň bu pyşyrdysyny sodaja öwsüp duran şemal Reýiň üstaşyr Merwe tarap alyp gitdi.

Goşuny nyzama durzan Ybraýym Ynal atyny çapdyryp soltana

tarap gaýtdy. Ine, töweregindäki köşk emeldarlaryna üns bermän, daýaw atyň üstünde dag ýaly bolup oturan soltan bilen aralyk ýüz ädime geldi. Elli ädim... kyrk... ýigrimi ädim... Ybraýym Ynalyň aty şu aralygy geçýänçä gara der bolupdy. Pursadyň güýjüne megerem, at janawer hem düşünýän bolsa gerek.

Ara on ädime gelende Ybraýym Ynal at başyny çekdi. Serkerde howlukman ýadaw göwresini atdan aşak goýberdi. Ol atyň jylawyny elinden goýbermän, ýeke dyzyna çökdi-de, sag elini döşüne goýup soltanyň öňünde başyny egdi.

Togrul soltan howlukman atdan düşdi. Attutar ylgap gelip daýaw gara atyň jylawuna elini ýetirdi. Soltan giň ädimläp Ybraýym Ynala tarap gaýtdy. Ol gelşine serkerdäniň iki egninden gujaklap ýerinden turuzdy-da, bagryna basdy.

– Berekella, inim...

Soltanyň geçen ýyl wepat bolan Hasan beg üçin awap duran ýüregi, sähelçe-de bolsa, karar tapypdy.



# «MEN NÄWAGT ÖLSEM, KYÝAMAT ŞOL GÜN GOPAR»

Kerweniň ýadaw adamlary galyň boýranyň üstünde tä ertir sähere çenli gozganman ýatdylar. Irden iki sany garawul gapyny şakyrdadyp açyp, içerik girdi. Olar azyk-owkat getiripdiler. Bu gün gaýnan tüwiniň üstünde akaba bişen guş eti pytrap ýatyrdy. Ullakan hum çäýnekde bolsa, demini alan gök çaý bardy.

Elbetde, bu hezzet-hormat üçin adamlar Bilal hoja, Bilal hoja bolsa, Biruna minnetdardy.

Çaý-çörekden soň kerweniň adamlaryny ýene ulamanyň huzuryna alyp gaýtdylar. Ýene şol giň eýwan, pessejik, ýöne giň seki... Ulama sekiniň üstünde düýnki oturan ýerinde oturdy. Göýä, ol tutuş gije gymyldaman, oturşyny bozman, şu ýerde oturan ýalydy. Onuň daştöwereginde adam ýokdy. Diňe giň sekiniň çep burçunda, janpena nökeriň öňünde göwşüllän eşikli, hortap bir adam telpegini goltugyna gysyp, dyzyna çöküp otyrdy.

Bu adam öten agşamkylaryň arasynda ýokdy. Bilal hoja muny dessine aňdy. Ol ýanyndaky adamlara baş bolup, boýra düşegiň üstüne geçdi.

Ulama hemmeler oturýança garaşdy-da, söze başlady:

– Siziň ýitigiňiziň saklanan Kelejar galasy şu ýerden o diýen uzakda däl. Gije men şol ýere adam ýolladym. Meniň adamlarym ýigrimi bäş ýyl ozal şol zyndanda gözegçi bolan bir adamy alyp geldiler...

Ulama sözüniň şu ýerinde gözüni sekiniň burçunda oturan hortap kişä tarap aýlap goýberdi. Hemmeler şol adamy synlap bolýança garaşan ulama sözüni dowam etdi:

– Sorag-ideg etdik, şu adam size kömek edip biljek. «On ýedi ýyl mundan ozal zyndanda öldürilen bir begi özüm jaýladym» diýýär...

Sekiniň burçunda oturan kişi ulamanyň sözlerini tassyklap, gyssanmaç baş atdy.

Bilal hoja tisginip gitdi. Onuň göwnünde ýaňky sözleriň hörpünden işleriniň düzeljegine umyt döräp, ýüzi ýagtyldy. Togta hajyp derwüşde dörän üýtgeşikligi tiz aňdy. Elinden gylyjy alnan serkerdäni ol her näçe batyram bolsa, jan wehimi kalbyndan çykman heläk edýär. Derwüşdäki üýtgeşiklik serkerdäniň düýnden bäri kalbyna inip duran gorkyny yza tesdirdi.

Ulama dowam etdi:

– At-ýaraglaryňyzy, goş-golamlaryňyzy bärde goýup gidersiňiz. Ýokaryk diňe pyýada ýol bar. On sany nöker siziň ýanyňyz bilen gider. Dagda howp-hatar kändir.

Ol sözüni soňlap ýerinden turdy. Bilal hoja başlyklaýyn kerwen bilen gelen adamlar hem hasanaklap ýerlerinden turdular. Ulama dik duran ýerinde iki aýasyny jüpläp, döşüniň üstüne goýdy-da, çala baş egdi. Soňra ol göýä agaç sekiniň üstünde gaýyp barýan ýaly ýeňil hereket bilen gapdalky gapa tarap ýöneldi...

...On nöker myhmanlaryň öňüne düşüp, dag ýodasy bilen ýokarlygyna ýöneldi. Bilal hoja hortap hindiniň ýanyndan aýrylmady. Aýakýalaňaç ýöräp, dabany daşa dönüp giden hindi adamy adyny aýtsa-da, ony hiç kim aňşyrmady. Bilal hoja oňa özüçe at dakyp ýüzlendi:

– Gulam, sen şol begi nirede jaýlanyňy ýalňyşman tapyp bilermiň?

Hindi baş atdy.

Ulamanyň «Dagda howp-hatar kändir» diýşi ýaly boldy. Ilkinji howp-hataryň özi myhmanlaryň düz ýeriň adamlary bolany üçindi. Negada bir bolaýmasa, bu adamlar dagyň üstüne beýle uzak dyrmaşyp görmändiler. Günortana çenli olaryň eýýäm ädikleriniň oltaňlary gopup, barmaklary gan-gabarçak boldy.

Äpet daşlara ýapyşyp zordan ýokaryk ädimleýän Bilal hoja hool öňde ýel düşen batbörek ýaly galgap barýan hindiniň yzyndan gygyrdy:

– Eý, Gulam, hany bir dyz epip, dem-dynç alaly-la...

Hindi aýak çekdi. Äpet daşyň gapdalyndan aýlanyp onuň güneý tarapyna geçdi. Takyr meýdança çykyp, ol ýeke biten ýaşajyk çynaryň kölegesine göwresini goýberdi. Myhmanlar kölegä howlukdylar. Nökerleriň biri göterip gelýän ullakan torbasyny orta goýdy. Torbada gatap başlan çörek bilen kerwen bilen getirilen kişmiş-kişdelerden bardy. Başga bir nöker suwly meşigi Bilal hoja uzatdy.

Suw içildi. Kişmişdir-kişdeden hem çörege ýanalyp döwüm-dişlem iýildi. Aýaklaryň gan-gabarçak ýerlerine atgulak ýapylyp daňyldy. Köwüşleriň oltaňlary bolşuna görä berkidildi.

Garaz, adamlar dagyň depesine tarap ýene bir zabt edişlige taýyn boldular.

Ikinji zabt edişlik kän bir uzaga çekmedi. Ir öýlän ýaşajyk çynaryň kölegesinden çykan adamlar ak öýlänler dagyň darajyk jülgesinde gür baglyga bukunyp oturan kiçijik obanyň üstünden geldiler. Gaýanyň erňegine gelip, aşak oba tarap seredip duran hindi beýlekiler ýanyna gelýänçä garaşdy-da, aşak jülgä tarap elini uzatdy:

– Ine, Kelejar obasy, – hol-ha bolsa – ol inçejik barmagy bilen hol aňyrda jülgäniň gutaran ýerinde beýik gaýanyň üstünde gurlan galany görkezdi. – Kelejar galasy...

Ol entegem elini gala tarap uzadyp durşuna, töweregine garanjaklap goýberdi-de, sözüni soňlady:

– Begi şol ýerde zyndanda sakladylar.

Hindi ýukajyk matadan tikilen giň balagynyň etegini galgadyp, gaýadan aşak düşüp başlady. Ol çöken düýe ýaly bolup ýatan daşlaryň arasy bilen aşak, oba tarap howlukdy. Hindi oba ýetmän sag egnine öwrülip, goşa öý ýaly bolup oturan iki sany gara daşyň ortasyndaky adam geçer ýaly ötükden ötüp aýak çekdi. Ol yzyna düşürip getiren adamlarynyň hemmesi ýanyna gelýänçä garaşdy-da, öňündäki daşyna daşdan haýat aýlanan ulurak howlyň içi ýaly giňişlige elini uzatdy:

– Zyndanda ýogalan başga dinlileriň köpüsi ine, şu haýatyň içinde jaýlanan...

Hiç kimden ses çykmady. Bu pursat gürlemeli pursat däldi. Bu görmeli, duýmaly pursatdy. Hol-ha howlyň içi ýaly ýer daş haýat bilen gabalyp ýatyr. Näçe ykballaryň iň soňky göçüp gelen haýaty.

Owadan ýer, ýöne ýat ýer. Daş haýat hem göýä şol ykballary indi şu ýerden başga hiç ýere goýbermejek ýaly ýowuz dymyp, bir bölek ýeriň daşyna çäk aýlap otyrdy.

Ýolbelet hindi pessejik depeden aşak indi. Ol haýatyň ýykyk ýerinden ätläp geçdi-de, bir-birine degşip diýen ýaly ýatan tümmeklere nazar aýlap eglendi.

Soňra ol myhmanlaryň öňüne düşüp, howlynyň sag erňegine, daga golaý tarapyna ýöneldi. Çöküşen mazarlaryň üstüni çöp-çalam basyp gidipdi. Dagy näme, kim gelip bu mazarlara ideg etsin. Mazarlaryň arasynda ýol-ýoda ýokdy. Bu ýere ýyllarboýy adam aýagy düşmändi. Ýolbelet balagynyň etegini ýokarrak çekip, ýalaňaç aýaklaryny basjak ýerine seresap bolup barşyna birden aýak çekdi.

Ol bir aýagyny ýere basman doňup durşuna, sag eliniň süýem barmagyny ýokary göterip, yzyna düşüp gelýän adamlary saklady. Öwlüýä ümsümlik aralaşdy. Diňe ýolbelediň iki garyş öňýanyndan, guran otlary iki tarapa serpip süýşüp barýan äpet kepjebaşyň çaprazlarynyň gury ota sürtülip döredýän şowurdysy ümsümligiň böwrüni dilip barýardy. Äpet ýylana gözi düşen nökerbaşy gylyjynyň sapyna ýapyşdy. Bilal hoja onuň eliniň üstüne aýasyny goýup, ýuwaşja başyny ýaýkady.

Äpet kepjebaş öz ýoly bilen çöp-çörüň içine siňip gitdi.

Ýolbelet ýerinden gozgandy. Ol öwlüýäniň sag erňegine iküç ädim galanda ýene aýak çekdi. Töweregi howlukman gözden geçirdi. Çep egnindäki çöküşen mazarda onuň gözi köp eglendi. Mazaryň başujundaky tamdyr ýaly daşyň ýarysyny toprak gömüpdi.

Hindi daşyň gapdalyna baryp çökdi. Bilal hoja daşyň beýleki tarapyndan baryp, ýadaw göwresini ýere goýberdi. Adamlar mazaryň başynda çök düşdüler. Bilal hoja soragly nazaryny ýolbelede dikdi. Hindi ynam bilen baş atdy. Bu sözsüz sowaldy. Bu sözsüz jogapdy.

Bilal hoja howlukman doga okady. Arslan begiň, şu öwlüýäde ýatan bendeleriň ruhlarynyň şat bolmagyny dileg edip, elini göterdi.

Işe başlabermelidi. Ýöne, hiç kimiň gapdalda ýatan pillere eli uzamady. Hemmeleriň soragly nazary ýene ýolbelede dikildi. Özünden nämä garaşýandyklaryna düşünen ýolbelet howlukman söze başlady:

– Seljuk begini getirip zyndana dykanlarynda men otuz ýaşly jahyldym. Şu obada ýaşap, zyndanda gözegçi bolup çaga ekleýärdim...

Hindi göýä şol uzakda galan ýyllary has gowy ýadyna düşürjek bolýan ýaly azsalym dymdy-da, howlukman sözüni dowam etdi:

– Soň onuň yzyndan ogly gelip, şu obada ýaşady. Men ony görýärdim, kimdir biriniň odunyny çekip berdi, kimdir biriniň suwuny çekdi... Şeýdip, kakasyna golaý bolup, gözegçibaşa birki tylla emläp, käwagt beg bilen duşuşyp durardy...

Hindi ýuwdundy. Onuň gürläsi gelmeýäni bildirýärdi. Ýöne adamlaryň diňläsi gelýärdi. Durmuş diňe sazlaşyk däl ahyry. Durmuş, megerem, ilkinji nobatda gapma-garşylyk bolsa gerek. Adamyň bu dünýä inýän pursadynyň özi gapma-garşylyk ahyry: Enäniň göwresi aý-güni dolan bäbegi daşa itýär. Çagajygyň bolsa, öz ýyly, mährem öýüni taşlap, çykyp gaýdasy gelenok. Şeýdibem adamyň ilkinji agysy onuň özi bilen bile dünýä inýär.

Ýolbelet kynlyk bilen sözüni dowam etdi:

– Soň ol bir tilsim bilen bu ýerden begi alyp gaçdy. Ýöne, olar öz ýurduna aşyp bilmän tutuldylar. Gaznadan buýruk geldi: «Begi öldürmeli, ogluny zyndana taşlamaly» diýip...

Hindi özüniň çepiksije göwresini daşa ýaplady: Onuň inçejik sesi boglup çykdy:

– A-awuly şerbedi bege özüm eltip berdim... Aýtdym... «şerbede awy garylan» diýip... Mert adamdy...

Ýolbelet gözýaşyny ýeňiniň ujy bilen süpürip goýberdi:

– «Ýazgytdan gutulma ýokdur» diýdi. «Men haçan ölsem, kyýamat şol gün gopar» diýdi ýene... Soň zyndanyň burçundan bir daşy galdyryp, iki tylla çykardy. Gizläp goýan bolarly bende... Tyllalary maňa berip, «Bir tylla meniň jesedimi satyn alarsyň, beýleki özüňki, jesedimi adam ýaly jaýlarsyň» diýdi.

Hindi dymdy. Ara ümsümlik düşdi. Indi ýolbelediň gürläsi gelýärdi. Häliden bäri ol kalbyny gözýaşa ezmekden gorkýardy. Indi kalby ezilip, ýumşansoň, onuň bu adamlara şol begiň yzyndan gelen adamlara ol hakda gürrüň beresi gelýärdi. Ol amatyny tapyp ümsümligi bozdy:

– Beg maňa bir ýüzügem berdi... Ýakut gaşly kümüş ýüzük...

«Meni jaýlanyňda çep elimiň süýem barmagyna dakgyn» diýdi. Men begiň diýşi ýaly etdim...

Ine, indi ol diýjek zadyny diýip bolupdy. Bilal hoja elini pile uzatdy. Ol «bissimilla» diýip, çöken mazaryň üstünden bir pil gum aýyrdy. Soň nökerler birsalym haýdadylar. Soňra pilleri gapdala taşlap, yzgarly gumy goşawuç-goşawuç edip, el bilen çukuryň daşyna serpip başladylar.

Ahyry begiň jesediniň mata dolangy galyndylarynyň üstünden bardylar. Mata sähel degen ýeriň gopup durdy. Çukura zygyr halta salladylar. Nökerler jesediň galyndylaryny howlukman zygyr haltanyň üstüne geçirip, ýokaryk äberdiler.

Bilal hoja, Mustapa kerwenbaşy, Togta hajyp, hindi ýolbeledi – hersi haltanyň bir birçundan tutup, çukurdan çekip aldylar-da, ony mazaryň gapdalyndaky tekizjek ýere ýazdylar.

Durky üýtgäp giden biz matany bölek-bölek edip goparyp aýyrdylar. Hindi işiň arasynda ýuwaşja hümürdedi:

– Men musulmanlaryň ölüsini bize dolap jaýlaýanyny bilenim üçin şeýtdim...

Zygyr haltanyň üstünde daýaw adamyň süňkleri ýaýrap ýatyrdy. Bilal hoja onuň çep eliniň süýem barmagynyň süňküne geýdirilen kümüş halka elini ýetirdi. Bu ýüzükdi. Ol köýneginiň syny bilen kümüş ýüzügi, onuň ýakut daşyny howlukman süpürdi. Gün ikindä agyp, onuň gyzyl reňke giren şöhleleri onlarça ýyl bäri gömlüp, ýaňy üsti açylan ýakut daşyna düşüp yza serpikdi. Galyň kümüş ýüzüge arapça «Alla beýikdir» diýip ýazylgydy. Bu seljuk begleriniň dakynýan ýüzügidi. Bu Arslan ýabgunyň ýüzügidi.

Bilal hoja aşak oturdy-da, ýüzügi howlukman ýene-de begiň çep eliniň süýem barmagynyň süňküne geýdirdi. Ol ýerinden turdy. Derwüşiň kölegesi göwresinden hol bir gapdala uzap gitdi.

Bilal hoja adamlary bu göwün çökdüriji ýagdaýdan alyp çykmak isledi:

– Ikindin her bir zadyň kölegesi onuň boýunyň iki essesiniň üstüne günortanky kölegesiniň goşulmagyna deň bolmaly...

Ýerinden turan Mustapa kerwenbaşy öz kölegesine nazar aýlap goýberdi:

– Biruni şeý diýip aýdypmy?

Derwüş baş atdy.

Arslan begiň jesediniň galyndylaryny zygyr halta dolap, berk daňdylar. Soňra bu adamlar gelen ýollary bilen öwlüýäden çykyp, dagdan aşak düşüp başladylar.

...Ertesi gün ulama bulara hezzet-hormat edip, birigüni ir bilen ýanlaryna ýüz atly nöker goşup ýola saldy.

Atlylar Horasandan gelen myhmanlary Haýber geçelgesinden ötürip, yza dolandylar.

Yzyna gelýän kerweniň bir tarapdan ýüki ýeňildi. Kerwen ähli ýüküni – kişmişdir-kişdeleri ulama sowgat goýup gaýdypdy. Beýleki bir tarapdan bolsa, bu jelegaýdan bu golaýda beýle agyr ýükli kerwen geçmändi. Kerwen seljuk beginiň jesedini alyp gelýärdi.

Kerwen Gazna golaýladygyça Mustapa kerwenbaşynyň ynjalygy gaçyp başlady. Ýoluň saklawundan ötmek oňa alada däldi. Hindi ulamasy olaryň ähli tyllalaryny, gymmatbaha daşlaryny gaýtaryp beripdi. Ony biynjalyk edýän zat başgady. Bu Gaznady ahyry. Gaznada bolsa Biruni ýaşaýardy. Olaryň halasgäri Biruni. Özüniň kiçijik ýer şaryny ýasanda, Hindistan hakdaky kitabyny ýazanda «Mustapa kerwenbaşynyň janyny halas ederin» diýip pikir hem etmedik Biruni şu şäherde ýaşaýar ahyry. Heýem üstünden ötüp, ol adamy görmän gitmek bolarmy?!

Mustapa kerwenbaşy gatyryň başyny Bilal hoja tarap burdy:

– Hojam, – onuň bu derwüşe bolan hormatynyň çägi ýerde-gökde galmandy. Kerwenbaşy şol hormaty saklap, ýene ýaňky sözüni gaýtalady, – hojam, Biruni Gaznada ýaşaýan bolsa...

Bilal hoja onuň pikirini okady:

– Görüp geçäýeli diýjek bolýarmyň?

Mustapa kerwenbaşy eýeriň üstünde gobsunyp gitdi:

– Hawa!

Bilal hoja başyny ýaýkady:

– Bize eglenmek bolanok!

Togta hajyp hem kellesi bilen ümläp kerweniň ortasynda daýaw gatyra kese ýüklenen düýrülgi gamyş boýrany görkezdi-de, derwüşiň ýaňky sözüni gaýtalady:

– Bize eglenmek bolanok!

Gamyş boýranyň içinde berk daňlan zygyr halta, onuň içinde bolsa, Arslan ýabgunyň jesedi bardy.

Kerwen Gazna şäheriniň ilerisindäki öwlüýäniň gapdaly bilen ýoluny dowam etdi. Öwlüýäde adam kändi. Gölegçiler ýap-ýaňy Abu Reýhan Biruniniň jesedini getirip, ýere depin edip durdular.

Taryhy ýazgylara görä, Biruni ölüm ýassygynda ýatyrka kazy onuň halyny soramaga gelipdir. Şeýle pursatda-da Biruni kaza «Sen bir gezek maňa girdejileriň ýalňyş hasabaty hakda aýdypdyň» diýip ýüzlenýär. Kazy oňa «Beýle haldakaň ol gürrüň nämä gerek?» diýende, Biruni «Bu dünýäden bir sowala jogap tapyp gidenim, tapman gidenimden gowy dälmi näme?» diýip jogap beripdir.

Adamlar tutuş ömrüni sowallaryň jogabyny gözlemäge bagyşlan Biruniniň jesedini emaý bilen mele topraga tabşyrdylar.

Bu gün 1048-nji ýylyň dekabr aýynyň 11-idi.



# ÝARAŞYK

Pasinler söweşindäki ýeňliş Wizantiýa imperiýasyny sarsdyrypdyr. Balkanlarda başga bir türki kowmuň – peçenegleriň zarbyna duçar bolan Wizantiýa seljuklar bilen ylalaşyk baglaşmagyň ýoluny agtarypdyr. Imperator öň özüne tabyn bolan, soňra seljuk soltanynyň golastyna geçen Merwanaogullaryndan Nasyruddöwle Ahmediň arada durmagy bilen ilçisi Drososy Reý şäherine ýollapdyr.

Reýe barýan ýoly ýene tozan gaplap aldy. Ýene arabalaryň jygyldysy, atlaryň kişňemesi töwerege doldy. Munuň üstüne müň sany öküziň molamasy bilen üç ýüz Müsür eşeginiň aňňyrmasynam goşsaň, günbatardan Reýe tarap süýşüp gelen bu bosgunyň goh-galmagalyny göz öňüne getirmek kyn däl bolsa gerek.

Rum imperatory Togrul soltana ýesir düşen serkerdesi Liparid üçin öwez tölegini ýollap ony boşatmak isleýärdi. Öwez töleginiň ýany bilen sowgat diýip iberilen öküzleri, eşekleri, bäş ýüz sany atdyr gatyry şäheriň etegindäki Suran derýasynyň boýunda agyla gabadylar.

Şäheriň içinden geçýän kanalyň suwy ýaramazdy. Kanal suwy Suran derýasyndan alýardy. Derýanyň suwuna bolsa, «pygamberiň agtygy Hüseýini öldürenler gylyçlaryny ýuwupdyrlar» diýen gürrüň bardy.

Alynyň ogly Hüseýin 680-nji ýylyň onunjy musulman aýynyň onunjy senesinde özüniň ýetmiş esgerli topary bilen Kerbelada Ýezit halyfyň dört müň adamly goşunynyň garşysyna çykýar. Hüseýiniň

garşysyna hiç kim ýekme-ýek söweşe çykyp bilmeýär. Ol pygamberiň agtygy ahyry. Oňa birbada altmyş ýedi gylyç sünjülýär...

Suran derýasy... Onuň üstünden kimler goşun bilen ötmedi. Altmyş ýedi däl, million altmyş ýedi gylyjyň gany ýuwlan derýa millete gan garylan suwuny hödürläp akyp ýatyrdy.

Bu gün Rum imperatorynyň ilçisi Reýe hödür bilen gelipdi. Malgaralary şäheriň daşynda goýup, ilçi ýüz sany kümüş gap, 200 müň dinar altyn pul, ýüz müň top ýüpek mata ýüklengi arabalary bilen paýtagta girdi.

Ol bu gün Reýi ýüz müň esger bilen däl-de, ýüz müň top ýüpek mata bilen basyp almakçydy. Hytaýdan Ruma çenli uzak hem kötelli ýoly söküp getirilýän ýüpek bu ýerde tylladan gymmat harytdy.

Taryh ýüpegiň arzysyny gaçyrmak ýa-da beýgeltmek üçin bu ýüpek ýolunyň ugrunda bolup geçen đarkaşlaryň müňlerçesine şaýatdyr. Şeýle wakalaryň biri hakynda şeýle gürrüň berilýär. Döwründe hökümdar Istemi sogdianaly täjir Maniahy ýüpek ýükli uly kerwen bilen eýran şasy Hysrow Anuşirwanyň ýanyna iberýär. Istemi Eýran şasyndan sogdianalylardan ýüpek satyn almagy haýyş edýär.

Şa uly kerwen ýüki ýüpegi satyn alyp, ony täjiriň gözüniň öňünde otlamagy buýurýar. Eýran üçin Wizantiýa näçe az ýüpegi, şonça-da gymmat bahadan satyp bilse bähbitlidi. Sebäbi, Wizantiýa täze ýerleri basyp almak üçin sürýän esgerlerine ýüpek bilen hak töleýärdi. Diýmek, ýüpek – urşuň hakydy.

Bu gün Reýe giren ilçi ýüz müň top ýüpegi ýaraşygyň haky diýip getirdi. Togrul soltan sowgady kabul etdi. Pasinler obasynyň ýanyndaky ýeňişden soň göwni karar tapan soltan öwez tölegini almazdan, serkerde Liparidi ýesirlikden boşatdy.

Bu soltanyň merhemetidi. Soltanlar merhemeti bilen tanalýar.

Biruni «Mesudyň kanunlary» atly kitaby üçin özüne Mesudyň iberen bir pil ýüki kümşüni yzyna gaýtarypdy. Bu merhemet däldi, bu paýhasdy. Alymlar paýhas bilen tanalýar. Şol pursat Biruniniň dilinden sypan «Kümüş sowlar gider, kitap galar» diýen jümlesi onuň adyny asyrlaryň içine alyp girdi.

Ferdöwsi «Şanama» poemasy üçin Mahmydyň beren mis pullaryny almady. Az gördi. Gysgançlykdan däl. Şahyrlar öz bahasyny

bilýär. Şahyr zehin bilen tanalýar. Soň Mahmyt şol kitap üçin oňa köp tylla iberdi. Ýöne ýetişmedi. Şäheriň bir derwezesinden tylla ýükli kerwen girende, beýleki derwezesinden gölegçiler Ferdöwsiniň jesedini alyp çykypdyrlar.

Töleg diňe bir söwdanyň däl, töleg dünýäniň hem sazlaşygydy. Bu gün rumlular şol sazlaşyk üçin top-top ýüpek we gaýry sowgatlar getiripdiler. Soltan sowgatlary kabul edip, sazlaşygy dikeltdi. Serkerde Liparidi öwez tölegini almazdan boşadyp, ol onuň adam hökmünde mertebesini dikeltdi. Bu serkerdäniň indi gylyjyny seljuklara garşy gynyndan çykarmajagy düşnüklidi. Togrul soltana Liparidiň zyndanda çüýräninden peýda ýokdy.

Köşkden çykyp öz iline dolanyp barýan rumly serkerdä hem ilçä soňky gezek nazaryny taşlan soltanyň Kelejar galasynyň zyndanynda çüýrän seljuk kethudasy Arslan ýabgu ýadyna düşdi: «Näme üçin Mahmyt şu hakykata düşünmedikä...»

## SÖZSOŇY ÝERINE

Ýaraşyk şertnamasyny baglaşyp, Pasinlerdäki ýeňşiň netijelerini berkitmek üçin Togrul beg 1050-nji ýylda Abul Fazl Nasyr atly ilçisini Konstantinopola iberipdir. Gepleşiklerden soň Wizantiýanyň imperatory ýurduň paýtagtynda IX asyrda gurlan metjidi rejelemäge, abbasy halyfynyň we seljuk soltanynyň adyna hutba okatmaga, metjidiň mährabyna seljuklaryň häkimiýet nyşany bolan ok-ýaýyň şekilini goýmaga ylalaşypdyr. Ýöne, Wizantiýa öň abbasy halyfyna töleýän ýyllyk pajyny seljuklara tölemäge razy bolmandyr.

Pasinler söweşi seljuk türkmenlerine Anadolynyň gapysyny açan ilkinji söweşdir. Şondan soňra Anadolyny ýurt edinmegi höwes eden Togrul soltanyň serkerdeliginde 1054-1055-nji ýyllarda Anadola bir ýöriş guralypdyr. Olar Malazgirdiň töwereklerine barypdyrlar. Ýöne, seljuk türkmenleri üçin Anadolynyň derwezelerini açyp, ony taryhyň şöhratly senesine öwürjek Malazgirt söweşi entek öňdedi.

# III bölüm
# MALAZGIRT





## ZERRINGIS

Ýzynda hiç-hili zürýady galmadyk Togrul soltan aradan çykanda (1063 ý.) tagta kimiň geçmelidigi hakyndaky mesele ýüze çykypdyr. Togrul soltan ölmeziniň öň ýanynda Çagry begiň kiçi ogly Süleýmany tagt mirasdary diýip yglan edipdir. Ýöne halk tagta Çagry begiň uly ogly Alp Arslanyň geçmegini isläpdir.

Şeýlelikde, 1064-nji ýylyň aprel aýynyň 27-si güni Alp Arslan Reý şäherinde uly dabara bilen tagta çykarylypdyr.

Ol seljuk türkmenleriniň Günbatara tarap ýörişlerini dowam etdiripdir.

Alp Arslanyň hut öz serkerdeliginde iki gezek (1064, 1067 ýý.) Kawkaza şowly ýörişler guralypdyr.

Wizantiýanyň täze imperatory Roman IV Diogeniň tagta geçip ynjalygy bolmady. Dagy näme, ýurduň gündogar eteklerini seljuklar hiç zatdan garaw görmän arkaýyn talap ýördüler. Öňünden çykylmasa bu gün-erte olar hut köşgüňe döküljekdiler.

Hökümdarlar üçin kelle agyrysynyň dermany gylyjyň ujundady. Goşun toplamalydy. Seljuklara tarap ýörişe çykmalydy.

Imperator şeýle-de etdi. Goşun düzdi. Seljuklara garşy sürmek howply-da bolsa, ol goşunyň bir bölegini uzlardan hem beçenelerden toplady. Uruş tälimlerine ökde, batyr halk. Onsoňam, olar hakyna tu-

tulýar ahyry. Kim bolanda-da puluny töläp, nirä sürseň şol tarapa-da sürüler. Franklar bilen normanlar hem batyr esgerleriň çykýan ýeri. Imperator olardan goşunyň beýleki bölegini düzdi.

1068-nji ýylyň baharynda Wizantiýa imperatory, ýa-da seljuklaryň ony atlandyryşy ýaly Rum kaýsary Roman IV Diogen öz goşunyny ilkinji gezek ýörişe ýollapdyr.

Bu goşun Siwas, Maraş sebitlerinden seljuklaryň ownuk-uşak ýygynlaryny yza tesdirip bilipdir. Şol ýylyň güýzünde rum goşuny Halaba gelip, Menbiç galasyny zabt edip alypdyr. Ýöne seljuk serkerdesi Afşin begiň güýjüniň öňünde durup bilmän yzyna dolanypdyr.

Rum kaýsary ýene goşun toplamak üçin gaznaň bar puluny orta döküpdir. Anadoludaky galalary basyp alyp, süýşüp gelýän seljuk ýygynlarynyň diňe serkerdelerinden eýýäm kiçiräk bir ýygyn düzerçe bolupdy. Afşin beg, Sandyk beg, Ahmet beg, Dimajogly Muhammet beg, Arslandaş ýaly serkerdeleriň öňünde durup biljek güýç ýok ýalydy.

Kaýsar seljuklaryň daýanç nokadynyň Wan kölüniň etegindäki Ahlat galasydygyny bilensoň şol galany basyp alyp, olary başagaýlyga salmagy ýüregine düwdi. Ýöne, ýüregiňe düwmek bilen amala aşyrmaga çenli hupbatly ýol ýatyr. Rum kaýsarynyň özi goşuna baş bolup çyksa-da, ol Ahlada ýetip bilmän, seljuk ýygynlarynyň çozuşlaryna döz gelmän, Siwas, Kaýsar sebitlerinden yzyna dolanmaly bolupdyr.

1070-nji ýylda kaýsar Komnenos atly serkerdesini baş edip, uly bir goşuny seljuklara garşy iberipdir. Bu goşun hem Siwas sebitlerine «dyz epmän» diýen ýaly ýetipdir. Ýöne ondan gündogara tarap welin... Ondan aňyrda seljuk türkmenleri arkaýyn ýaýnap ýördüler. Olar kändiler.

Bu wagt Siwasyň ilerisinde dag etegindäki tokaýlygy penalap, Ärbasan serkerdäniň ýygnynyň öňçi topary göz hem gulak bolup ýatyrdy. Ýygnyň özi pessejik dagyň gaýrasyndaky gyrymsy agaçlaryň arasynda bir aý töweregi mundan ozal çadyr gurap düşläpdi.

Ärbasan Anadola soltan Alp Arslan bilen ymykly tersleşip gaýdypdy. Ärbasan Alp Arslanyň giýewi, onuň uýasy Göwher

hatynyň äri bolsa-da, soltan tagta geçeli bäri bu ikisiniň oňşugy ýokdy. Ärbasan uzak wagtlap Arslan ýabgunyň ogly Gutulmyş begiň goşunynda söweşipdi. Ol Gutulmyş begiň batyrlygyna-da, ugurtapyjylygyna-da beletdi. Gutulmyş begiň bir gezek duşman galasyny gabanda, tylla uçlukly peýkamlary ýasadyp galany şol peýkamlar bilen oka tutup, zabt edişi hakdaky gürrüňler, aradan ýigrimi ýyldan-da köp wagt geçendigine garamazdan, esgerleriň arasynda enteklerem ýatyşanokdy.

Ärbasan şonda Gutulmyş begiň ýaňy otuz ýaşan hajybydy Ärbasan hajybyň diňe onuň däl, başga-da onlarça serkerdäniň bege hormaty uludy. Şonuň üçin şol serkerdeler Togrul soltan ölensoň, tagta Gutulmyş begiň geçmeginiň tarapdarydylar. Dogry, Alp Arslanyň batyrlygyna söz ýokdy. Ýöne, ol ýaşdy. Tagta çykanda ol ýaňy otuz dört ýaşapdy. Gutulmyş beg bolsa şonda pygamber ýaşyny tegeläpdi.

Goý, Alp Arslan ýaş bolsun, bu ýetmezi wagt tiz düzedýärdi. Serkerdeleriň esasy delili – Gutulmyş beg Arslan ýabgunyň ogludy. Oguzlaryň däbi boýunça hökümdarlyk atadan ogla geçmelidi. Tokak handan Seljuk bege, Seljuk begden Arslan ýabguwa geçişi ýaly...

Dogry, Arslan ýabguny Mahmyt soltan zyndana taşlansoň, Togrul bilen Çagry seljuklara baş bolup, olary döwlet eýesi etdi. Bu Togrul bege, ol Arslan ýabgunyň ogly bolmasa-da, ýurda soltan bolmaga hukuk berýärdi. Ýöne, Togrul soltan yzynda zürýat goýman ýurduny täzeläňsoň, köp serkerdeleriň pikirine görä, Gutulmyş begi tagta mündürip, seljuk türkmenleriniň köne hökümdarlyk ýoluna düşmäge pursat döräpdi.

Ýöne beýle bolmady. Arslan ýabgunyň ogly Gutulmyş beg duşmana garşy söweşde däl-de, Alp Arslanyň goşuny bilen bolan çaknyşykda wepat bolup, Çagry begiň ogly Alp Arslan tagty eýeledi. Şeýdibem, onlarça serkerdäniň, münlerçe nökeriň ýüreginde öýke galdy. Şolaryň birem Ärbasan hajypdy. Onuň bu öýkesini, has dogrusy, bu biadyllyga bolan gahar-gazabyny Alp Arslan bilen gaýyngiýewligi hem ýuwutdyryp bilmedi. Beýleki serkerdeler soňabaka bu hakykata boýun boldular. Alp Arslanyň batyrlygy akyl-paýhasy, ugurtapyjylygy Gutulmyş begiňkiden pes däldi. Kethudanyň ogly ýa-

da doganynyň agtygy ýurda baş bolsun, juda bir tapawudam ýokdy. Olaryň ählisi-de seljuk beglerindendi.

Diňe Ärbasan begiň bu ýagdaýa boýun bolasy gelmedi. Mümkin, häsiýetiniň juda agyrlygy, belki-de, Gutulmyş beg bilen garyndaş ýakynlygy bolmasa-da, adam hökmünde ýakynlygy Ärbasan hajyby hiç pälinden gaýtarmadyk ýagdaý bolan bolsa gerek.

Bu günem ol on münlük goşuna baş bolup, Anadola Alp Arslandan üzňe ýurt gözlegine gaýdypdy.

Anadolynyň törüne aralaşdygyňça ýurt tutunmak üçin amatly, gür tokaýly, otlary atyň dyzyna çykyp duran sähraly, owadan hem awlagly daglyk ýerler has-da kändi. Ýöne, Siwasdan günbatara gorky-ürküsiz aralaşybererlik ýokdy. Ol ýerleri kaýsaryň goşunlary mahal-mahal çapawullap gidýärdi.

Ärbasan serkerde wagtlaýynça Siwasyň gündogarynda çadyr dikdi. Onuň azsalym amatly wagtyny peýläp, töwerege diň salasy geldi. On müň nökeri ýanynda. Bu uly güýçdi. Bu ýerdäki galalaryň köpüsinde hiç-hili goşun ýok diýen ýalydy, bolaýanynda on müňlük seljuk goşuny bilen galalaryň köpüsini boýun egdirse boljakdy.

Diňe, şol gala Rum kaýsarynyň goşuny kömege gelmese. Ärbasan serkerdäniň goş basyp, hereketsiz ýatmagynyň ýene-de bir sebäbi, ol rumlularyň ýygnynyň bu ýerlere ýöriş etjegini, olar bilen çaknyşygyň gutulgysyzdygyny bilýärdi. Ine, şol çaknyşykda ýeňmek gerekdi. Onsoň, bu töweregiň islendik şäherini özüňki edinip, ýurt tutunsa bolar. Kaýsaryň goşunyndan ýeňilseň bolsa, yzyňa Reýe tarap ýeňsäňi el ýaly edäýmelidi. Ärbasan serkerde üçin bolsa, Reýe ýol ýokdy.

Ol goşuny söweşe taýyn saklamak üçin günde hajyplaryny çadyryna ýygnap, tabşyryk berýärdi. Nökerleriň garny dok, eşikleri bitin bolmalydy. Ussalaryň çekiç sesleri ýatmaly däldi. Köp ýarag gerek boljakdygy ikuçsyzdy. Atlaryň iýmini kemmeli däldi. Ýöne şu zatlary düzetmek üçin şu jelagaýyň ilatyna azar berilmeli däldi. Goşunyň zerurlygy ýa satyn alynmalydy, ýa-da onuň üçin uzagrakdaky ýerleri çapawullap gaýtmalydy.

Hut şonuň üçin gapdalynda on müňlük seljuk goşuny çadyr dikip

ýatan-da bolsa, Siwasyň ilaty arkaýyn şäherden daş çykyp, gerek-ýarak işlerini bitirip ýördi. Arabaly tokaýdan odun daşap ýöreni diýermiň, ekin meýdanlaryna ideg edip ýöreni, mal bakyp ýöreni haýsy – hemmesi öz işine gümrady.

Rum kaýsarynyň goşuny köp garaşdyrmady. Komnenosyň ýolbaşçylygynda rumlularyň uly güýji Siwasa ýetip geldi.

Komnenos bu töwerekde seljuk ýygnynyň boljagyny bilýärdi. Sebäbi, soňky iki ýylyň içinde rumlular eýýäm iki gezek şu töwerekde seljuklar bilen çaknyşyp görüpdiler. Rumlularyň golaý gelendigini bilip, Ärbasan begiň öňçi güýçleriniň serkerdesi Ýagmyr hajyp üç sany atlyny jülgäniň içi bilen ýola saldy.

Bir aýa golaý wagt bäri ýöne ýatmakdan ýadan seljuk esgerleri duşmanyň ýetip gelýänini eşidip hezil etdiler.

Ärbasan serkerde rumlulary Siwasyň günbatarynda düz meýdanda garşylamakçydy. Onuň üçin tiz ýola düşmelidi.

Serkerde goşunyň söweşe päsgel berip biljek ähli sülsadyny şu ýerde goýup, ýola düşmegi buýurdy. Seljuk atlylary tiz ýerinden gozgandy. Seljuk esgeriniň eýeriň gaşyndan asylgy ýaýyndan, egninden asylgy gylyjyndan, arkasyna atylan peýkamly sagdagyndan başga ýüki ýokdy. Agyr naýzalar hem goşunyň yzy bilen gelýän arabalara basylgydy. Olar söweşde zerur hasap edilse, ýörite atly toparlara paýlanyp berilýärdi.

Ýüki ýeňil goşun jülgäni tiz geçdi. Guşluk töweregi ýollanan çaparlar ir öýlän goşunyň öňüne düşüp ýetip geldi. Ýagmyr hajybyň sary çadyry belendiräk ýerde seleňläp otyrdy.

Ärbasan serkerde çadyra ýetmän atdan düşüp, öňünden çykan Ýagmyr hajyp bilen görüşdi. Ol baýryň daş gatyşykly topursow topragyna aýaklaryny berk diräp durşuna, elini gözlerine kölegeledip hool aşakda günbatara tarap ýaýylyp gidýän düzlüge göz aýlady.

Tümenbaşylar serkerdäniň daşyna üýşdüler. Ärbasan serkerde gamçysynyň kümüş bezegli sapyny uzadyp, ýarym parsah[1] töweregi uzaklykda ýaýylyp ýatan düzlügi görkezdi:

– Duşmany şu düzlükde garşy alarys...

Ýagmyr hajyp gyssanmaç söze goşuldy:

– Meniň atlylarym aňtap geldiler... Rumlularyň goşuny otuz müň adam töweregi bar. Şonuň ýarysyna golaýy atly goşun... Atlylar agyr sowutly, atlaryna-da sowut geýdirilgi.

Baýryň üstünde hajyplaryny daşyna üýşürip duran Ärbasan serkerde gamçynyň sapy bilen aýasyna şarpyldadyp goýberdi:

– Otuz müň diýsene...

Ol tiz özüni dürsedi-de, gaýtadan sesine bat berdi:

– Goý bolsun otuz müň, gaýta olja köpräk bolar!

Serkerdäniň ýogyn gülküsi töwerege ýaň salyp gitdi. Tümenbaşylar onuň gülküsine goşuldylar. Söweşiň öňýany goşuna ýeňjegine ynam gerekdi. Goşuna ynam berjek bolsaň ilki bilen hajyplarda ýeňjegiňe ynam döretmelidi. Tümenbaşylar duşmanyň üç esse köndügini eşiden mahaly olaryň ýüreklerine injek bolan wehimi serkerdäniň «Gaýta olja köp bolar» diýen jümlesi duw-dagyn etdi.

Ärbasan serkerde muny bilýärdi. Ol otuz müň adamly goşunyň oýun-oýunjak zat däldigini-de bilýärdi. Şonuň üçin ol hajyplaryň gülküsiniň biraz kiparlaryna garaşyp, gözlerini düzlüge dikip durşuna öňdäki söweşiň pikirini öwürýärdi.

Gülki ýatyşdy, hol-ha öňde düz meýdan. Sähel salymdan meýdanyň günbatar tarapyny duşman goşuny eýelär. On bäş müň atly, şonça-da pyýada goşun...

Ärbasan beg ýene elini gözlerine kölegeledip düzlüge gowy syn etdi. Tekiz meýdan... käýerde topbak-topbak ösüp oturan gyrymsy agaçlar görünýär. Düzlügiň demirgazygynda dörän tüweleý tozan turzup meýdany kesip geçdi-de, onuň erňegindäki gyrymsy tokaýa özüni urup gözden ýitdi.

Ärbasan beg serkerdäniň pikirlerine päsgel bermejek bolup ýeňsä çekilen hajyplaryny ýanyna çagyrdy:

– Ahmet hajyp, Utah hajyp, Mahmyt hajyp!

Serkerdäniň adyny tutan hajyplary beýlekelerden bir ädim öňe çykdylar.

Serkerde gamçysynyň sapyny düzlüge tarap uzatdy: – Siz öz atlylaryňyz bilen rumlularyň edil çat maňlaýynda durarsyňyz! Çep ganat Ahmet hajyp, seniňki, Utah hajyp, Mahmyt hajyp, siz ortada...

Üç hajyp çala baş atdy.

Serkerdä hiç kim «sag ganaty boş goýduň» diýip bilmedi. Sebäbi ol entek ähli diýjek zadyny diýip gutarmandy.

Ärbasan beg dowam etdi:

– Hamyt hajyp!

Inçemik süýri ýüzüni tüý basan, uzyn boýly pyýada bir ädim öňe çykdy.

– Sen ýaýçylaryň bilen, – Ärbasan beg gamçysynyň sapyny ýap-ýaňy çal tüweleýiň siňip giden tokaýlygyna tarap uzatdy, – şol tokaýyň içinde taýýar durarsyň. Rumlular söweşe girmänkä ýaýçylaryň bilen olaryň öňünden geçip, – serkerdäniň gamçysynyň sapynyň ujy howada düzlügi kesip geçdi, – Mahmyt hajybyň gapdalynda sag ganaty eýelärsiň.

Hamyt hajyp baş atdy. Ol duşman sapynyň öňünden ýöne şeýle geçip gitmeli däldigini bilýärdi. Ärbasan beg bu düzlükde rumlulara «peýkam oýnuny» görkezmek isleýärdi. Bu ilkinji gezek otuz ýyl töweregi mundan ozal Togrul begiň Sarahsyň eteginde Gaznalylara görkezen «oýnudy».

Gözlerini düzlügiň demirgazyk tarapyna diken serkerde Ýagmyr hajyby ýanyna çagyrdy. Ýagmyr hajyp ýanyna gelýänçä garaşan Ärbasan beg çep eliniň süýem barmagyny düzlügiň demirgazyk tarapyndaky baýyrlyga uzatdy:

– Şol baýyrlygyň aňyrsynda müň atlyny bukup saklap bolarmy?

Ýagmyr hajyp öňçi güýçleri bilen ol baýyrlaryň töwereklerine baryp görüpdi. Baýyrlaryň aňry tarapynda ol diýen çuň bolmasa-da ep-esli ýere ýaýylyp ýatan oý ýer bardy. Oý ýer bolansoň yzgary ýetip, gyrymsy agaçlaryň hem gowy örüp-örňän ýeridi. Şol ýerde müňden köpräk atlyny-da bukuda saklap boljakdy.

Ýagmyr hajyp serkerdäniň özüne dikilen soragly gözlerine seredip, baş atdy. Ärbasan beg ýeňillik bilen dem aldy:

– Sen müň atly bilen şol ýerde bukuda ýatarsyň. Söweş ýagşy gyzansoň bukudan çykyp, – serkerde elini tutuş düzlüge aýlap goýberdi, – giň ýaýraw bilen rumlularyň ýeňsesinden dökülersiň...

Serkerde sözüni soňlap sähel sägindi-de, sag eliniň süýem barmagyny ýokary göterdi:

– Giň ýaýraw bilen, düşnüklimi?

Ýagmyr hajyp baş atdy:

– Düşnükli!

Ärbasan beg hajyplaryna tarap öwrüldi:

– Şu pursatdan her kim özüne tabşyrylan ýeri eýeläp, hüşgär bolmaly. Näme habar bolsa, men çapar ýollaryn. Siz näme üýtgeşiklik bolsa, – ol kellesi bilen ümläp Ýagmyr hajybyň sary çadyryny görkezdi, – şu ýere çapar iberiň, men şu ýerde bolaryn.

Hajyplar howlukman depeden aşak indiler.

Baýryň üstünde beýik ýerde dikilen bu sary çadyry serkerde özüne ýörite galdyrypdy. Bu çadyr uzakdan duşmanyň gözüne görnüp, onuň bir pursat badyny saklar. Söweşde duşmanyň badyny saklajak her bir pursat gymmatlydy. Göze görnüp duran çadyryň üstüne çozular gorkusy begiň ýüreginde ýokdy. Çadyr bilen düzlügiň arasyndaky gyrymsy agaçlygyň içini onuň nökerleri doldurypdy. Ýeňsesinde bolsa, serkerdäniň janpenalary hem täteriklik müň atlysy düşläpdi.

Komnenos öňde seljuklaryň bardygyny bilip, düzlüge üç parsah ýetmän goş ýazdyrdy. Ol gijäni şu ýerde geçirmegi ýüregine düwdi.

Gije ukusyny alan rumlular daňyň düýbi çyzylanda täzeden ýola düşdi. Otuz müňlük goşun Ärbasan begiň sary çadyry görünýänçä ýol ýöredi. Beýik depäniň üstündäki sary çadyry görüp, Komnenos goşuny saklady.

Seljuklar hem duşmany görüpdiler. Ärbasan beg Ahmet hajyba, Utah hajyba, Mahmyt hajyba esgerleri tiz düzlüge çykarmagy buýrup, çaparlary ýola saldy. Olar tiz duşmanyň bar ünsüni özüne çekmelidi. Ýogsa, Komnenosyň daş-töwerege aňtaw toparlaryny ýollap, bukuda ýatan seljuklaryň üstüni açaýmagy ahmaldy.

Komnenos düzlüge çykan seljuk atlylaryny görüp, goşuny düzlügiň etegine getirdi. Dessine güýjüniň artykmaçdygyna göz ýetiren rum serkerdesi goşuna üýtgeşik serenjam berjek hem bolmady: iki ganatda pyýada goşun, ortada atlylar. Şu tertipde düzlüge çykan otuz müňlük rum goşuny bir pursat doňdy.





Hamyt hajyp müň sany ýaýçysy bilen şu pursata garaşyp durdy. Ol sagdagyndan sogran üç peýkamynyň birini ýaýa doldurdy-da, atyny debisgiläp düzlügiň günortasyndaky tokaýlygyň içinden çykdy.

Tokaýdan çykan müň atly barha bat aldy. At toýnaklarynyň güpürdisi düzlüge ýaň saldy. Otuz müňlük rum goşuny bu bir bölek atlyny garşylamak üçin ýüzüni şol tarap öwürdi. Pyýada goşun uzyn naýzalaryny goltugyna gysyp ykjamlandy. Atlylar bu bir bölek atly üçin söweş sapyny bozmajak bolup ýerinden gozganman garaşdy.

Hamyt hajyba şujagaz pursat ýeterlikdi. Ol müň atlynyň öňüne düşüp düzlügi kesip geçip barşyna aýaklaryny üzeňňä diräp, göwresini dikledi. Ýarpy göwresini duşmana tarap öwren hajyp kirşi sypdyrdy. Peýkamyň polat uçlugynyň ujuna münen ajal duşman goşunyna tarap süýnüp gitdi. Müň peýkam duşman sapynyň üstüne ýagyş bolup döküldi. Dişleriniň arasyna gysan peýkamyny ýaýa salan hajyp ýene kirşi çekdi. Soň ýene, ýene...

Hamyt hajyp düzlügiň çetine çenli sagdagyny boşatdy. Bu tilsime türgen müň atlynyň hem sagdagynda ok galmandy. Hamyt hajyp atlylary bilen sag ganaty eýeledi.

Duşmanyň hataryna howsala aralaşdy. Entek söweş başlamanka olaryň sapy bozuldy. Peýkam degip ölen esgerler, atlar goşuna aýakbagydy.

Mundan artyk garaşsa seljuklaryň ýene bir hokga çykaraýmagyndan howatyr eden Komnenos goşuny öňe sürdi. Olaryň dik maňlaýyndaky seljuk atlylary hem jylawy gowşatdylar. Iki goşun düzlügiň ortasynda garpyşdy.

Beýik depäniň üstünden söweşi synlap duran Ärbasan begiň galyň dodaklary gymyldap gitdi:

– Ýagmyr hajyp howlukmasa bolýar...

Onuň bu pyşyrdysyny özünden başga hiç kim eşitmedi.

Düzlükde söweş gyzdy. Hamyt hajybyň mergenleri başdan badyny alansoň rumlular özleriniň san artykmaçlygyny tiz ulanyp bilmediler. Düzlük giňdi. Giň düzlükde bolsa, seljuklaryň ýeňil ýaragly atlylary rumlularyň agyr sowutly esgerlerine garanyňda çakgandylar. Giň düzlükde gaçara-kowara, öwrülere mümkinçilik bardy.

Ýöne, söweş gyzdygyça duşmanyň artykmaçlygy bildirip başlady. Komnenos esasy güýjüni çat maňlaýa sürdi. Ol şol ýerden sary çadyra tarap ýaryp çykmak isleýärdi.

Depäniň üstünde duran ýerinden Utah hajyp bilen Mahmyt hajybyň zarba çydaman ýeňsä çekilýäni gören Ärbasan beg gapdalda duran çaparlaryň birini ýanyna çagyrdy.

– Alty hajyby çagyr!

Alty hajyp tiz ýetip geldi. Beg seljuklaryň sapynyň barha ýukalyp barýan ýerine elini uzatdy:

– Ýeňsedäki müň atlyny al-da, şol deşigi ýap!

Alty hajyp täteriklik duran müň atlyny söweşe saldy. Ýagdaý birneme ganymatlaşdy.

Ärbasan beg attutara elini bulady. Begiň gije ýaly gara atynyň jylawyndan tutup getirdiler. Ol üzeňňä aýagyny basdy-da, ýeňillik bilen towsup atyna mündi. Begiň ýeňsesindäki ýüz sany janpenasy hem ata atlandy.

Ýagmyr hajybyň bukudaky müň atlysyny söweşe salmaly pursaty gelipdi.

Bukuda duran müň sany seljuk atlysy düzlügiň boýuna ýaýrap rumlularyň ýeňsesinden döküldi. Müň atlynyň toýnak astyndan göterilýän çal tozan düzlügi tutdy. Göýä, düzlügiň çetinden azyndan on müň atly girene döndi.

Ärbasan begiň niýeti-de soldy. Bu pikir düýn düzlügiň içinde bir salym pyrlanan tüweleýi synlap durka onuň kellesine gelipdi. «Gorkana goşa görner» diýleni boldy. Ýeňseden dökülen bary-ýogy müň atlydyr diýip rumlularyň kellesine-de gelmedi. Olaryň gözüne çal tozanyň içinden ýalaňaç gylyçlaryny bulaýlap çykyp gelýän seljuk atlylarynyň soňy ýok bolup göründi.

Ýalaňaç gylyçlaryny depesinde bulaýlap gelýän seljuk atlylarynyň goh-galmagaly asmana göterildi:

– Ur-a, ur!

– Çap-ha, çap!

Gysaja gysylan rum esgerleri janyny gutarmagyň aladasy bilen boldy. Düzlügiň günorta erňegi boşdy. Rum goşuny şol tarapa ilki

götünläp başlan-da bolsa, soňabaka söweşden ellibizar, gaçyp başyny gutarsa kaýyl boldy.

Otuz müňlük rum goşunynyň diňe bir böleginiň söweş meýdanyndan zordan gaçyp sypanyny synlap duran Ärbasan begiň ýogyn gülküsi düýnden bäri indi ikinji gezek töwerege ýaň salyp gitdi:

– Ha-ha-ha-ha...

Ýagmyr hajybyň atlylarynyň gysajyna düşen müň töweregi rum esgeri garşylyk görkezmegiň peýdasyzdygyny bilip, ýaraglaryny taşlady. Şol toparyň arasynda serkerde Komnenos hem bardy.

Seljuklar ýeňse beren duşmany uzak kowalaman yza dolandylar. Bary-ýogy üç sagada çeken söweşiň yzyny ýygnamak üçin üç gün gerek boljakdy: ölüleri jaýlamaly, oljany saýhallamaly, ýesirleriň yzyna habar ýollap, öweztölegine garaşmaly – garaz goşuna iş-alada kändi.

Ýesir alnan Komnenosy Ýagmyr hajybyň özi Ärbasan begiň huzuryna getirdi. Boýnuna syrtmak salnan rum serkerdesi sary çadyryň öňünde entegem atyndan düşmän duran Ärbasan begiň gaşynda dikeldi. Komnenos goşunyny şu sary çadyry nazarlap sürende hut şu beýgiň üstünde şu sary çadyryň gapdalynda durmagy niýet edinipdi. Ýöne, ol bu ýerde ýesir bolup däl-de, ýeňiji bolup durmak isläpdi.

Ykbalyň öz oýunlary bar. Ykbalyň öz läligi bar. Bu gün ol Ärbasan begiň ýüzüne gülüp bakypdy.

Ol rum serkerdesiniň boýnundan syrtmagy aýyrmagy buýurdy. Komnenosyň boýnundan syrtmagy aýryp, ellerinindäki tanapy çözdüler. Ol boýdan başa polat sowuda gaplanan agyr göwresini gapdaldaky tümmegiň üstüne goýberdi. Ärbasan beg ony aýratyn çadyra salyp, daşyna sakçy goýdy.

Indi üçünji gezek goşuny seljuklardan ýeňlip gelen Wizantiýanyň imperatory Roman IV Diogen gazap donuny geýdi. Asyl, tagta geçeli bäri oňa şol dony çykarmaga pursat hem bolmady. Belki, oňa seljuklara garşy hiç-hili çöweş etmezligi maslahat berýänleriňki dogrudyr. Onda ýurduň esli bölegi elden gidip barýar ahyry.

Söweşde ýeňlip, gaçyp gelen goşunyň yzysüre Ärbasan begiň iberen ilçileri geldi. Olar ýesirleriň sanawyny getiripdiler. Sanawyň başynda imperatoryň serkerdesi Manuel Komnenosyň ady bardy. Öldä onsoň ölüp bilseň...

Komnenos üçin öweztölegiň tiz barjakdygyny aýdyp, imperator ilçileri ýola saldy. Öweztölegi çözülmesi kyn mesele däldi. Serkerdäniň bu ýerdäki baýlygy dünýä syganokdy. Mesele, nädip seljuklary saklamaly? Olaryň ýeňilmezek serkerdeleriniň gylyjyny aýagynyň aşagynda görmek üçin goşuna kimi baş edip ibermeli?!

Gapynyň zarňyldysy imperatory bu oýlaryň içinden sogrup aldy. Içerik giren köşgün uly emeldaryny görüp, imperator gözlerini oňa dogrulady. Köşgüň beýik gapysynyň öňünde emeldaryň kiçijik göwresi kinniwanja gurjajyk ýaly bolup göründi. Imperatoryň muňa gülküsi tutdy. Ýöne, beýik gapynyň öňünde özüniňem şondan uly bolup görünmejegi ýadyna düşüp, ýersiz ýerde çogup gelen gülküsini bogdy.

Emeldar baş egip rugsat sorady. Imperator ony ýanyna çagyrdy. Haly düşegiň üsti bilen tiz-tiz ädimläp gelşine, emeldar imperatora üç ädim ýetmän aýak çekdi.

– Näme habar?

Roman Diogeniň sesi köşgüň giň otagynda ýaňlanyp gitdi.

– Siziň merhemetliňiz, sadyk guluňyz bir täze habar eşitdi-de, şony size ýetirmäge howlukdy...

– O nä habar?

– Siziň merhemetliňiz, Manuel Komnenosyň goşunyny derbidagyn edip, onuň özünem ýesir alan seljuklaryň serkerdesi Ärbasan beg...

Imperatoryň takady ýetmedi:

– Hawa!

Emeldar sesini birneme peseldip dowam etdi:

– Soltan Alp Arslandan kinelimiş...

Imperator näme diýiljek bolýanyny aňşyrmady:

– Ýeri, onsoň...

Emeldar bir ädim öňe süýşdi:

– Komnenosyň öweztölegini iberenimizde, Ärbasanyň özüne-de bir sowgatjyk ibermegimiz gerek...

Emeldar ýene bir ädim öňe süýşdi:

– Begiň ýüz öwürmejek... Ony yzyna düşürip, goşuny bilen bile biziň gaşymyza getirjek bir zady...

Imperator ýene düşünmedi:

– O nä sowgat?

Emeldar ýene bir ädim öňe süýşdi. Ol indi imperatoryň bir garyş gapdalynda durdy. Ol Roman Diogene tarap eglip, onuň gulagyna birzatlar pyşyrdady.

Imperatoryň ýüzi ýagtylyp gitdi. Ol üç ädim ýeňsä çekilip, öňki ýerine baryp duran emeldara tarap elini salgap goýberdi:

– Ugruna çykyber!

Beýik gapa çenli götinläp giden emeldar gapynyň öňünde aýak çekip, imperatora baş egdi. Imperatoryň gözüne ol indi juda bir kiçi hem däl ýaly bolup göründi.

Iki günden soň Roman Diogeniň Siwasa iberjek paýtuny ýola düşmäge taýýar boldy. Paýtunda Komnenosyň öweztöleginden başga, boýdan-başa gara lybasly bir zenan bardy. Komnenosyň garyndaşlarynyň getiren ullakan sandygynyň agzyna gulp urup paýtuna basdylar. Paýtuna imperatoryň boýy pessejik emeldary hem münensoň, paýtunçy atlary ýerinden gozgady.

Imperator ilçilerden Komnenos üçin Ärbasan begiň nähili töleg isleýändigi bilen gyzyklanyp görüpdi. Olardan «Ärbasan beg «Meniň üçin-ä kaýsaryň serkerdesi gara köpüge-de degenok, onuň kaýsaryň öňündäki bahasyny bolsa, öweztölegi gelende bileris» diýdi» diýen jogaby eşidibem, gaýdyp bu barada dil ýarmandy.

Masgara bolup ýeňlen serkerdäniň kaýsaryň ýanynda hem bahasy kör köpüge gelipdi. Ýöne ol öz serkerdesini ýesirlikden boşatmak üçin Siwasa hökman ilçi ýollaýmalydy. Onsoňam, bu paýtundan onuň başga-da bir garaşýan zady bardy. Şonuň üçin ol bu paý-

tuna saklawuny gysganmady. Entek müň atly bilen paýtun ýollanan ýeri ýokdy. Kaýsar bu paýtuna iň batyr serkerdeleriniň birini baş edip, müň atlyny saklaw belledi.

Paýtun barmaly ýerine baryp, haryt niýetlenen adamyna gowuşmalydy.

...Ýola düşülenine dördünji gün diýlende, müň atly saklawy bolan paýtun Siwasa golaýlady.

Ärbasan beg soňky goş ýerini üýtgetmändi. Hatda ol çadyryny hem üýtgetmedi. Ýagmyr hajybyň sary çadyryny ol yrym edip özüne aldy. Depesi gotazly gyzyl çadyryny bolsa, beg Ýagmyr hajyba sowgat berdi. Serkerde Komnenosyň boýnuna syrtmak atyp getiren Ýagmyr hajypdy ahyry. Ýesir alnan serkerdäni bolsa, soň yzyna gaty gymmat satyp bolýardy.

Rum kaýsarynyňka iberen ilçileriniň dolanyp gelenine ep-esli gün geçipdi. Bu gün – erte rum serkerdesiniň yzyndan gelnäýse gerek diýip pikir edýän Ärbasan beg onuň goragyny has-da güýçlendirdi.

Ertesi gün ir agşam Roman Diogeniň iberen müň atly saklawly paýtuny ýetip geldi. Olar söweş bolan düzlüge girmän aýak çekdiler. Ýaňyja ýaşan Günüň şapagy atlylaryň üstaşyr düzlüge çaýylyp gitdi. Topraga siňen ganyň reňki ýüzüne çykan dek, düzlük gyzylymtyl öwüşgin atdy.

Düzlügiň aňry tarapynda gelip duran atlylary görüp, Ärbasan beg goşuny aýaga galdyrdy. Ýöne, düzlügiň içi bilen diňe owadan bir paýtunyň hem-de bir bölek atlynyň gaýdanyna görüp ynjaldy.

Bular serkerde Komnenosy satyn almaga gelen rumlular bolmalydy. Ol Ýagmyr hajyba buýruk berdi:

– Bir bölek atlyňy al-da, myhmanlaryň öňünden çyk!

Sähel salymdan Ýagmyr hajyp rumlulary yzyna tirkäp ýetip geldi.

Boýy pessejik emeldar paýtundan ilki düşdi. Eýýäm mazaly garaňky düşensoň paýtundan soňky düşen boýdan-başa gara eşige bürenen adamyň aýal ýa erkekdiginem köpler aňşyrman galdy. On sany rum esgeri olaryň daşyna aýlandy. Iki esger içi öweztölegli sandygy göterdi. Olar Ýagmyr hajybyň yzy bilen baýra dyrmaşdylar.

Serkerdäniň baýryň üstünde garalyp oturan çadyrynyň eňsisini

göteren Ýagmyr hajybyň uzyn göwresi çadyryň içinde gizlendi. Ol sähel salymdan daş çykdy-da, boýy pessejik emeldary yzyna tirkäp çadyra girdi.

Giň çadyryň töründäki agaç sekiniň üstüne owadan halylar atylypdy. Sekiniň ortasynda Ärbasan beg goşa ýassygy tirsekläp ýatyrdy. Gapydan giren ýeriňde her tarapda bir daýaw janpena aýaklaryny giň açyp gymyldaman durdy.

Çadyryň dört burçunda ýakylan şemleriň yşygy çadyryň sary reňkinden yza serpigip, öýüň içine üýtgeşik bir ýagtylyk berýärdi.

Rum kaýsarynyň ilçisi çadyra giren ýerinde aýak çekdi. Gözi ýagtylyk bilen öwrenişensoň, aýaklaryny jüpläp durşuna nazaryny Ärbasan bege dogrulap, baş egdi.

Seljuk serkerdesi göwresini dikledi. Onuň ýogyn sesi çadyryň içinde ýaňlanyp gitdi:

– Näme habar bilen geldiň?

Turuwbaşdan söhbediň şeýle hörpde başlamagy ilçä ýarady. Ol göýä şeýdende boýy uzynrak görnäýjek ýaly başyndaky telpegini ýokarrak galdyryp goýberdi-de, söze başlady:

– Size ýesir düşen serkerdämiz Manuel Komnenos üçin öweztölegini getirdik. Siziň alyhezretiňiz bizden şujagaz sowgady alyp, biziň günäkär bendämizi ýesirlikden boşadar diýip umyt edýäris...

«Siziň alyhezretiňiz» diýen jümle bilen bu köpügören emeldar nyşanany çüýläpdi. Bu jümle bilen şalara ýüzlenilýär ahyry. Ärbasan begiň kalbyndaky howala ony bir pursat şalaryň deňine çen göterdi. Ýaňky iki jümleden soň ol ýesiri hiç öweztölegsiz hem berip goýbermäge taýyndy.

Kalbynyň bir burçunda oýanan nebsewürlük ony ýere çekip aldy. Ol oturan ýerinden buýruk berdi.

– Getiriň!

Buýruk aýdyňdy. «Getiriň!» – ýekeje söz. Düşnükli söz. Ýöne hiç kim öweztöleginimi ýa ýesiri getirmelidigine düşünip bilmedi. Şonuň üçin ikisini-de deň getirip çadyra saldylar.

Sandygy çadyryň ortasynda goýdular. Komnenos ilçiniň gapdalynda başyny aşak salyp durşuna gözüniň gytagyny sandyga tarap

aýlap goýberdi. Megerem, öz sandygyny tanaýdy öýdýän.

Ilçi sandygyň gapagyny açdy. Ol sapy, gyny gymmatbaha daşlar bilen bezelen sere boýy hanjary iki eli bilen göterip hormat bilen Ärbasan begiň öňünde goýdy.

Beg sarsman oturşyna onuň indiki hereketine garaşdy. Ilçi sandyga tarap öwrüldi. Ol içi tyllaly ýigrimi sany haltajygy çykaryp, sekiniň bir burçuna üýşürdi.

Beg haltalara gözüniň gytagyny aýlap goýberse-de, sesini çykarmady. Ilçi altyndan ýasalan dört sany şemdany sandykdan çykardy. Soňra çat maňlaýyna gyrmyzy ýakut daşy dakylan polat tuwalga sekiniň üstünde ýerledi. Gymmatbaha daşlar bilen bezelen ýasy kemer... Dürden düzülen monjuklar... Daşyna tylla çaýylan kümüş kündükler... On top ýüpek mata...

Ärbasan begiň galyň dodaklary müňküldäp gitse-de, onuň entek bu zatlary az görýändigi ýüz keşbinden bildirip durdy. Onuň sesi gazaply çykdy:

– Kaýsara sylag-hormatyň üçin taňryýalkasyn diýip biljek däl. Sebäbi bu, – ol sözüniň şu ýerinde gözlerini sowgatlara tarap aýlap goýberdi – hormat däl...

Pessejik boýly emeldar gapynyň agzynda duran müňbaşysyna ümledi. Müňbaşy howlukmaç daş çykdy-da, sähel salymdan Rumdan getirilen, boýdan başa gara geýimli zenany yzyna tirkäp çadyra girdi.

Janpenalar zenanyň ýoluny kesdiler. Ärbasan beg yşarat etdi. Iki nöker gyra çekildi. Ilçi zenanyň giň eşiginiň ýeňiniň ujundan tutup, çadyryň ortasyna getirdi-de, howlukman onuň gözleriniň üstüne abanyp duran başlygyny sypyrdy.

Zenanyň sary tylla reňkli ýüpek saçlary eginleriniň üstaşyr seçelenip biline döküldi.

Ärbasan beg tarsa ýerinden turdy. Onuň galyň dodaklary biygtyýar ýazyldy:

– Zerringis![2]

Ol gözlerini zenanyň asman dek mawy gözlerine dikip, sekiden düşdi.

Pessejik boýly emeldar şu pursatdan işiň bitendigine düşündi.

Ol öz müňbaşysyny yzyna tirkäp daş çykdy. Beg janpenalara ümledi. Olar hem myhmanlaryň yzysüre çadyrdan çykyp, eňsini goýberdiler.

Beg tylla saçly zenanyň öňüne baryp aýak çekdi. Gözlerini dag çeşmesi dek dury mawy gözlerden aýyrman, elini uzatdy. Ýeňsesi tüýlek ýogyn barmaklarynyň ujuny zenanyň ýüpek dek öwşün atýan saçyna ýetirdi. Ýylmanak ýüpek tarlar onuň aýasyndan tyrpyp gitdiler.

Ärbasan serkerde zenanyň eginlerinden başlap, ökjelerine ýetip duran ýapynjasynyň bagjygyna elini ýetirdi. Zenan diňe ýukajyk gabaklaryny aşak goýberdi.

Beg bagjygy çözdi. Gara ýüpek ýapynja zenanyň eginlerinden tyrpyp, aşak syryldy-da, onuň ökjeleriniň ýanyna gaçdy. Rumly zenanyň süýt dek bedeninde şemleriň yşygy oýnady.

Ärbasan beg bilindäki hanjarly kemerini çözüp, gapdala oklady-da, bir ädim öňe süýşdi.

Tylla saçlaryň tarlary zer suwy berlen ýüpek sapaklar deýin, dünýäni unudan serkerdäniň göwresine çolaşdylar...

...Ärbasan beg ertesi gün ir bilen araky söweşden soň galan bäş müň esgerini Rumuň paýtagtyna tarap sürdi.

Ýöne, ol söweşmäge däl-de, myhmançylyga barýardy.



## KERWENTAŞLAN

Ýadaw kerwen şäheriň derwezesinden girdi. Şähere giren kerweniň ýadaw däli barmyka?! Uzak ýoly söküp aran kerwenler şäherlere dem-dynç almak üçin sowulýar.

Kerweniň guýrugyna tirkelip gelýän ala ýabyly kişiniň bu şäherlik söwda-satyg işiniň ýokdugy görnüp durdy. Onuň ala ýabysy derwezäniň öňünde aýaklaryny ýere diräp, kürtdürip durdu-da, ýeňsedäki giň sährany goýup, palçyk diwarlaryň arasyna gabalmak islemeýändigini aýdýan dek çasly kişňäp goýberdi.

Ýabynyň eýesi çekgeleriniň ýanynda seýregräk biten keltejik sakgaly murty bilen goşulyp gidýän, örküçlek burny gür gara gaşlarynyň aralygyna baryp direlýän, daş keşbinden çen tutsaň ýaşy elliden agan, daýanykly pyýada jylawy jüpläp, ýaba gamçy çaldy. Gamçynyň yzasyna çydamadyk ýaby duran ýerinden towsup gitdi. Ýabynyň syrtyna bökderilgi horjunyň bir gözünden gap-gaçlaryň şakyrdysy eşidildi. Beýleki gözden ses çykmady. Sebäbi horjunyň ol gözünde düşen ýerinde daş düşen dek bolup ýatýan kitaplar hem-de kagyzdyr galam bardy.

Bu kişi Barsganda doglan Mahmyt ibn Hüseýin ibn Muhammetdi. Ol bu wagt horjunyň bir gözüni kitapdyr kagyzdan golduryp, kerwene tirkelip şäherdir obalary gezýärdi. Ol il içinden del gürrüň toplaýardy. Mahmyt şol del gürrüňleri gulagynyň duşundan geçirip goýbermän, kagyza ýazyp alýardy. Adam ýady ömürlik däl, kagyza ýazylan hat bolsa bakygyr. Ol şol söhbetlerden özünden soňkular hem näumyt galmasyn diýip ýazyp alýardy...

Mahmyt Barsganda dogulsa-da, soň olaryň maşgalasy Kaşgara

göçmeli bolupdy. Ol mekdebi, medresäni gutaryp okuwyny çykdy. Köp kitap okap, agy-garany saýgardy. Aňy goýaldygyça dünýä onuň üçin iki bölege bölündi. Onuň bir bölegi – ýazylan kitaplar, beýleki bölegi – ýazylmadyk kitaplar, ýagny il içindäki dürli söhbetlerdi.

Ine, bir günem onuň kellesine şol ýazylmadyk kitaplary kagyza geçirip, olary il okar ýaly etmek pikiri geldi.

Ine, şol günden bäri Mahmyt ibn Hüseýin ala ýabysy bilen bile ýolagçydy.

Şäher kiçem bolsa, kerwensaraýy uludy. Şähere giren ýeriňden çep egne aýlanyp sähel salym ýöräňsoň, kerwensaraýyň agaç derwezeleri myhmanöýerlik bilen iki gapdala serpilip ýatyrdy.

Buhara barýan kerwen bu ýerde ýük ýazdyrdy. Kerwensaraýyň üç ganatynyň ugruna uzalyp gidýän iki gat jaýlaryň aşaky gaty kerwenleriň ýüküni basmaga niýetlenip ýokarky gaty bolsa, adamlar üçin ýatak jaýlardy. Düýeler, eşekler, atdyr ýabylar kerwensaraýyn ortasyndaky giň meýdançada ýerleşdi.

Mahmyt hem ala ýabysyny gazyga iltäp, horjunyny egnine atdyda, kerwensaraýa tarap ýöneldi. Onuň bar goş-golamy şu horjunydy. Şonuň üçin Mahmyt dessine ikinji gata çykyp, bir gijelik bahasyny töläp, kiçiräk otagyň gapysyny itdi.

Galyň pagsa diwarly jaýyň içi salkyndy. Göwre ýadawdy. Mahmyt burçdaky tekjä galdyryldy ýassyklara elini ýetirip, gaty kilimiň üstünde gyşardy.

Ýadaw göwre dessine uka gitdi.

Mahmydy düşnüksiz bir owaz oýardy. Ol gözlerini açyp, nirededigine düşünmän birsalym ýatdy. Otagyň içi garaňkydy. Gapdaldaky kiçijik penjireden içerik aýyň yşygy düşýärdi.

Mahmyt diňşirgendi. Ony oýaran ses şu penjireden gelýärdi. Ol ýerinden turup penjirä golaý bardy. Galyň aýnanyň aňyrsynda ol diýen uly bolmadyk säher ho-ol aňyrky pessejik daglara tarap uzalyp gidýärdi. Şu şäheriň bir ýerinden bolsa, belent perdä tutduran bagşynyň sesi süýnüp gelip, penjiräniň erňegindäki jaýryklardan sozulyp geçip, Mahmydyň gulaklaryna ýetýärdi.

Mahmyt howlukmaç horjunynyň bagjygyny çözdi. Ol horjundan

sogrup alan bir topbak kagyzyny goltugyna saldy-da, atylyp öýden çykdy.

Kerwensaraýyň derwezesinden daş çykyp, säginen daýanykly pyýada çep gulagynyň ýelkenini bagşynyň sesi gelýän tarapa öwrüp diňşirgendi. Ine, hoş owaz säheriň pessejik palçyk jaýlarynyň üsti bilen tolkun-tolkun bolup onuň gulaklaryna ýetdi.

Mahmyt darajyk garaňky köçe bilen şol tarapa howlukdy. Bagşynyň sesi ony şäheriň çaýhanasyna alyp geldi. Pessejik palçyk haýat. Howlynyň ortasyndaky giň, ýöne pessejik sekiniň üsti adamdan doly. Diňe sekiniň üsti däl, onuň daş-töweregi hem tä haýata çenli märeke bolup durdy.

Mahmyt haýatdan üstaşyr boýnuny süýndürip birsalym durdy-da, ýeňillik bilen ýerinden gozgandy. Ol gelşine pessejik agaç gapyjygy itdi. Gapy ýeňillik bilen açyldy. Gapynyň iç ýüzünde oturan daýaw pyýada onuň öňüni gabady. Mahmyt düşündi. Ol goltugyna elini sokup, iki sany mis teňňäni gapjap aldy-da, daýaw pyýadanyň äpet aýasyna taşlady. Daýaw pyýada gapdala çekildi.

Mahmyt ýene elini goltugyna sokup çykardy-da, aýasyndaky dört-bäş sany teňňäni şyňňyrdadyp, edil çat maňlaýyndaky açyk penjira tarap ýöneldi. Şol ýerden gelýän täze bişen bugdaý çöregiň ysy janyňy alyp gelýärdi.

Ol bir çäýnek çaý bilen ýaňy bişen tegelek bugdaý çöregini alyp, çaýhanaçynyň uzadan bir bölek keçesinem goltugyna gysdy-da, howlynyň içine göz gezdirip, oturara ýer gözledi.

Bagşy giň sekiniň ortasyndadady. Onuň töweregine golaýlaşar ýaly däldi. Mahmyda ol ýeri hökmanam däldi. Ol ýeri garaňkydy. Mahmyda ýagtylyk gerekdi. Ol hem diňlemekçidi, hem eger nesip etse, ýazmakçydy. Haýatyň düýbünde boş ýerler bardy. Dört burçdan asylan pelteli çyralaryň yşygy hem, şol ýere köp düşýärdi.

Mahmyt şol tarapa ýöneldi. Ol gündiz ýagşy suwlanyp, topury ýatyrylan ýere bölek keçäni taşlap, üstüne çökdi. Käsesine çaý guýdy-da, onuň sowaryna howlugyp, çörege agyz urdy.

Onuň bilen hiç kimiň işi ýokdy. Her kimiň gözi-gulagy bagşydady.

Bagşy aýdymy soňlap elini çaýly käsä uzatdy. Käsä ýaňy guýlan gyzgyn çaýy iki owartda bokurdagyndan ötürdi-de, gapdalynda ýatan ýüpek ýaglyk bilen maňlaýynyň derini süpürdi. Ol ýassyga söýän

uduny[3] täzeden eline aldy. Onuň tarlaryna çalaja kakyp gördi. Aşaky tary birneme çekdirip ykjamlandy.

Tarlara çala kakyp goýberen bagşy ýüpek tarlaryň owazyna öz mylaýym sesini garyp dessan aýdyp başlady.

– ... Onsoň Alp Är Töňňe ýigitlerine baş bolup söweşe çykdy. Onuň tuwalgasyna gün şöhlesi düşüp ýalpyldady. Alp Är Töňňäniň tuwalgasynyň ujundaky otagany ýeller ülpüldetdi. Han-ha, duşman aňyrda, ine, bärde-de Alp Är Töňňäniň ýigitleri sap-sap bolup dur...

Gäwüşemesini goýan Mahmyt doňup galdy. Bu onuň entek eşiden zady däldi. Ol Alp Är Töňňäniň kim bolandygyny bilýärdi. Ýöne, ol hakda dessan bardygyndan habarsyzdy, ol dessany haýsydyr bir bagşynyň şeýdip, märeke üýşürip aýdyp berýän pursadyna henize çenli gabat gelmändi.

Mahmyt agzyndaky çöregi ýuwutdy-da sowap barýan çaýly käsäni hem bir zarbada boşatdy. Ol goltugyndan kagyz-galamyny çykardy. Şu ýerde üýtgeşik bir zat aýdyljagyny aňan Mahmydyň ýüregi gürsüldäp agzyndan çykara geldi.

Bagşynyň mylaýym owazy bolsa, märekäniň üstaşyr gelip durdy:

– Iki goşun garpyşdy. Alp Är Töňňe gylyjyny syryp, aç bars dek duşmanyň üstüne topuldy.

Bagşy sözüniň şu ýerinde göýä şol söweşi göz öňüne getirjek bolýan dek gözlerini süzüp sähel salym sägindi-de, barmaklaryny ýüpek tarlaryň üstünden inderdi. Howlynyň içinde gök gümmürdän dek bolup gitdi. Ýok gök gümmürdän dek däl, howlynyň içine at toýnaklarynyň güpürdisi doldy. Şol gümmürdi-güpürdini bolsa bagşynyň belent perdä tutduran owazy gylyç dek böwsüp parlap çykdy:

– Alplar ýaman urşar...

Märeke ýeke dyzyna galdy:

– How!

Bagşy dowam etdi:

– Arka berler, güýç birleşer...
Öwgi öwgä garyşar.
Ölümi unudar ok atar...

Bu wagt Mahmyt ýazýardy. Ol dünýäni unudyp ýazýardy.

Bagşynyň dilinden sypýan sözleri ýazyp ýetişmek üçin galamyny Alp Är Töňňäniň gylyjyndan pes işletmeli däldigini ol bilýärdi.

Alp Är Töňňäniň çalasyn gylyjy duşman başyny kesmelidi.

Mahmyt ibn Hüseýniň çalasyn galamy Alp Är Töňňäniň batyrlygynyň nesillere ýetmeginiň aladasyny etmelidi.

Bagşy birneme sesini peseldip söhbedini dowam etdi:

– Gylyç bilen galkan tapyşdy, asman bilen ýer gapyşdy. Söweşiň zoruna çydaman atlar däliräp, ümdüze tutdurdy... Kim atdan agmajak bolup eýere ýapyşdy... Kim atdan eýeri bilen bile agdy... Ine, şol pursat duşman naýzasy gelip Alp Är Töňňäniň kükreginden çümdi...

Märeke başyny egdi. Howlynyň içine ümsümlik aralaşdy. Hol-ha bir goja goltugyndan ýaglygyny çykaryp, gözleriniň ýaşyny süpürdi. Başga biri ýaglygyny almaga howlugyp, donunyň ýeňi bilen ýüzüni ýapdy...

Birdenem, bagşynyň sesi gök gümmürdän dek bolup, ümsümligi bölüp goýberdi:

– Alp Är Töňňe öldümi...

Halys çydamadyk biriniň ýogyn sesi bagşynyň sesiniň yzy bilen ýaňlandy:

– Waý... öl... dümi...

Hiç kim oňa üns berip durmady. Hiç kim ony köşeşdirjek bolmady. Sebäbi her kim bu wagt onuň mümkin däldigini bilýärdi... Ýogyn sesiň soňy horkulda ýazdy. Ol aglap derdini egisdi.

Ýeke dyzyna galan bagşy bolsa, göýä bu jelegaýda özünden başga adam ýok ýaly, gözleriniň ýumup, uduň tarlaryna kakyp goýberdi. Bu wagt uduň tarlary onuň üçin ýaýyň kirişleridi, ýaýyň kirşi peýkam atýan bolsa, uduň tarlary peýkamdan güýji pes bolmadyk zady – mylaýym sazy gümmürdedip zyňyp durdy.

Bagşy dowam etdi:

– Köne dünýä galdymy,
Pelek öjün aldymy,
Indi ýürek ýyrtylar...
Pelegiň esgeri häzir,
Gizlin duzak gurdular,
Begler begin urdular...

Mahmyt ýazýardy. Eger, mümkin bolsa ol şu wagt galamy taşlap,

eline gylyç alyp, şol söweşe girmäge taýyndy. Ýöne ol söweş bilen bu pursadyň arasynda ýüzläp ýyllar ýatyrdy.

Ýöne, söz şol söweşi ýüzläp ýyllaryň arasyndan geçirip, şu howla getirip bilipdi.

Söz şu oturan märekäniň gylyny gymyldatman, şol ýüzläp ýyllaryň arasy bilen wagt alyslygyna, şol söweş meýdanyna äkidip bilipdi.

Şularyň barysyny başaran sözdi.

Mahmyt öňünde pytrap ýatan ýazgyly kagyzlaryna seretdi. Ak kagyzyň ýüzünde garynja kerweni dek setirlenip barýan harplar, hersi bir küren oba dek bölek-bölek bolup duran sözler...

Bularyň bary indi galamyň yjy bilen, kagyza daňlypdy. Mahmydyň ýüregi gobsup gitdi: Alp Är Töňňäniň ady indi hiç wagt ýatdan çykarylmaz...

Bagşy uduny gapdalda goýup, elini ýene çaýly käsä uzatdy. Ol gyzgyn çaýy bogazyndan ötürip, ýüzüni göterdi:

– Alp Är Töňňäniň ady ýyllaryň gatynda gömlüp galmasyn diýip aýdyp ýörün şu dessanymy...

Ol boşan käsäni ýere goýup, maňlaýyny ullakan ýaglygy bilen süpürip oturşyna, sözüni dowam etdi:

– Horasanda oguz äri Seljuk begiň agtygy Togrul beg dünýäsini täzeläpdir diýip habar getirýär kerwenler... Diýmek, – ol elini uduna ýetirip, köp gowgalary gören köneje saz guralyny bagryna basdy, – bu köneje udum ikimiz entek ýaňky ýaly kän-kän aýdymlary aýtmaly bolarys... Häzir bolsa, siziň göwnüňizi az-kem göterjek bolaýyn...

Bagşy yşky aýdymlara tutdurdy.

Mahmyt daň atyp gelýärkä kerwensaraýa gelip, düşege geçdi. Ol ertesi gün günortana çenli gymyldaman ýatdy. Mahmydy günüň gyzgyn şöhlesi oýardy. Ol ýüregi bir zat syzan dek atylyp daş çykdy.

Howluda ýeke özi galan ala ýaby eýesini görüp hokrandy.

Kerwen ir bilen ýola düşüpdi.

Bu wagt aňyrdan kerwensaraýyň eýesi göründi:

– Hä, kerwentaşlan, turduňmy?.. Kerwen-ä ir bilen seni oýarmaga dözmän ýola düşendir. «Özi yzymyzdan ýeter» diýdi, kerwenbaşy...



# *KAÝSAR GOŞUN TOPLAÝAR*

Ärbasany pälinden gaýtarmak üçin atlylary bilen onuň yzyna düşüp gaýdan Afşin beg Wizantiýanyň paýtagty Konstantinopolyň golaýyndaky Kadyköý galasyna çenle gelipdir. Ol rum kaýsaryndan dönük Ärbasany yzyna bermegi talap edipdir. Talaby bitirilmänsoň, ol Ahlada dolanypdyr.

Alp Arslanyň soltanlyk tagtyna çykanyna alty ýyl tegelenip barýan-da bolsa, ol Reý şäherine hiç öwrenişip bilenokdy. Sekiz bazarly Reýiň öz gyzygy özüne ýetikdi. Ýöne, bazar gyzygy şalar üçin däl ahyry. Şalara köşk gyzygy gerekdi.

Wezir Nyzamylmülk soltanyň tansçy gyzlaryň şowhunyna kän-bir imrinip barmaýandygyny aňypdy. Soltanyň göwnüni göterjek iki zat bardy: biri – Horasandan geljek gowy habarlar, beýlekisi bolsa Ruma tarap süýşjek seljuk serhetleridi.

Elbetde, serhetleri günbatara süýşürmäge weziriň güýji ýetenokdy. Ýöne gündogardan gelýän kerwenleriň getirýän habarlaryny saýhallap soltana ýetirmegi welin, ol oňarjakdy.

Alp Arslan daýaw göwresiniň ähli agramyny soltanlyk tagtyna ýükläp, uzyn sakgalynyň bilinden gysymlap oturşyna gözlerini köşk kabulhanasynyň haşamly gapysyna dikdi.

Soltanyň sag gapdalynda duran wezir Nyzamylmülk bu pursat soltanyň ünsüni bölmeli däldigini bilýärdi. Ine, Alp Arslan sakgalyny

gysymyndan goýberip, beýik kürsüde arkan gaýyşdy. Köne kürsiniň nemi gurap giden tagtasy şakyrdap ses etdi. Nyzamylmülk içini gepletdi: «Kürsini täzelemegiň wagty ýeten ýaly-la...»

Soltanyň ýogyn sesi otaga ýaň salyp gitdi:

– Horasandan näme üýtgeşik habar bar?

Nyzamylmülk soltana bir ädim golaý süýşdi:

– Merhemetli soltanym, Horasandan gelýän çaparlar diňe gowulygy buşlaýar diýsem, ýa gündogardan gelýän kerwenler gül-ala-güllügiň içinden geçip gelýär diýsem, gepim nädürs bolar. Hasan Sabbah, Nasyr Hysrow[5] dagy size garşy açyk baş göterip bilmese-de, olar aşaklyk bilen dek ýatanoklar... Ýöne, olaryň yzynda öz adamlarymyz bar...

Wezir az salym dymdy. Soltanyň gamaşyk ýüzüne dogry seredip bilmän durşuna söhbedi başga hörpden dowam etdi:

– Samarkantdan gelen kerwen bir kitap getirdi – ol sözüniň şu ýerinde goltugyndan çykaran golýazmasyny soltana uzatdy.

Soltan weziriň elindäki topbak kagyza gözlerini aýlap goýberdi-de, keýpsiz dillendi:

– Näme hakynda ol kitap!

Nyzamylmülk kitaply elini yzyna çekip aldy-da, sözüni dowam etdi:

– «Algebranyň we almukabalanyň çylşyrymly deňlemelerini çözmek» bu kitabyň ady...

Soltanyň hiç zada düşünmändigini aňan wezir howlukdy:

– Kyýasetdin Abu Fath ibn Ibragim[6] – bu kitaby ýazanyň ady. Ol «Algebranyň çylşyrymly meselelerini deňlemeleriň kömegi bilen çözüp bolar. Ol çözgüt her bir derejäni beýleki bir dereje bilen deňeşdirmek arkaly subut edilýär» diýip ýazypdyr.

Alp Arslan ýüzüni göterdi:

– Biziň çylşyrymly meselelerimizi kim çözüp berer?! Ärbasan on müň atlyny yzyna tirkäp gaçyp gitdi. Afşin beg onuň yzyndan gidip boş geldi. Müsür, Şam nämähremleriň elinde. Kaýsar uly goşun toplap ýör...

Soltan oturan ýerinde iki elini gapdala serdi:

– Ine, şu meseleleri kim çözüp biljek! – Ol sesine bat berdi – ýokmy şeýle adam!?

Nyzamylmülk sag elini döşüne goýup durşuna baş egdi:

– Şeýle adam bar, soltanym...

Alp Arslanyň gür gaşlary gerlip gitdi:

– Kim ol?!

Wezir bu soraga howlukman jogap berdi:

– Şeýle adam siziň özüňiz, mertebeli soltanym...

Uludan dem alan Alp Arslan agyr göwresini kürsä goýberdi:

– Ýene näme bar?

Nyzamylmülk dowam etdi:

– Kyýasetdin Abu Fath älemi öwrenýär diýdiler...

Soltandan ses çykmady. Wezir dowam etdi:

– Mertebeli soltanymyzyň hemaýaty bilen oňa Yspyhanda älemi synlap biler ýaly ýagdaý dörediläýse...

Alp Arslan wezirine tarap ýüzüni öwürdi:

– Ýene näme?

Nyzamylmülk goltugyndan bir tagta kagyz çykardy:

– Samarkantdan gelen kerwen ol ulamanyň kitaby bilen bile ýazan şygyrlarynam getirdi.

Soltan «oka» diýen äheňde baş atdy.

Wezir tagta kagyzy gözlerine golaý tutup okap başlady:

– Ýazda bulut aglanynda – gam çekme,
Çagyr sen sakyny, durmasyn çetde.
Gözüň ýagyn iýip barýan gök otlar,
Ertir seniň mazaryňdan ösjek-le...

Soltan ýarpy göwresini wezire tarap öwürdi. Nyzamylmülk dowam etdi:

– Bu duran köne küýze, garybyň saçagynda,
Wezir bolup sebäpdir, köpleriň ajalynda,
Eliňde pyrlap duran bu owadan käsäň hem,
Bir periň al ýaňagy – bu pany jahanynda...

Soltan gözlerini haşamly gapa dikip oturşyna ýuwaşja seslendi:

– Wezir bolup sebäpdir köpleriň ajalynda...

Ol ýene gözlerini wezire dogrulady:

– Şundan soňam sen oňa hemaýat etjek bolýarmyň?!

Wezir bir ädim ýeňsä çekildi:

– Ýok, soltanym, ol meniň däl, siziň hemaýatyňyza mätäç...

Alp Arslan ýerinden turdy. Ol uzyn donunyň synyny çekişdirip goýberdi-de, başyny çalaja ýaýkap, ýene ýaňky setiri gaýtalady:

– Wezir bolup sebäpdir, köpleriň ajalynda...

Soltan gapa tarap ýöneldi.

Alp Arslanyň «Kaýsar uly goşun toplap ýör» diýip janygmasy ýöne ýere däldi. Rum Kaýsary Roman IV Diogen 1070 – 1071-nji ýyllaryň gyşynda seljuk türkmenlerini Anadolydan kowup çykarmak üçin uly goşun toplap başlapdyr. Alp Arslan göýä ony gižželeýän ýaly, Diýarbekiriň, Urfanyň töwereklerini çapawullap ýördi.

Kaýsar bar güýjüni goşun toplamaga goýdy. Wizantiýa imperatorynyň seljuklara garşy söweşe goşun toplaýandygyny eşidip, hakyna tutma esgerleriň ýüzi Konstantinopola tarap öwrüldi.

Imperatoryň puly kändi, onsoňam ol goşunbaşylara basylyp alynjak ýerleriň häkimligini, esgerlere bolsa, bol olja wada berýärdi.

Gotlar, franklar, ermeniler, gürjüler, bolgarlar, hazarlar, beçeneler, isaýy bolan oguzlar, gypjaklar yzy üzülmän bu düzülýän goşunyň sapyna gelip durupdyr.

Roman Diogeniň bu goşuny Konstantinopolda gurnama ýorgança meňzäp döräpdir.

1071-nji ýylyň mart aýynyň 13-ine 200 müň adamlyk agyr goşun, üsti ýarag ýükli 3 müň sany araba, 1200 adam herekete getirýän uly manjynak[4] Konstantinopoldan çykyp, Siwasa tarap ýola düşüpdir. Agyr goşun Eskişehriň üsti bilen Gyzylderýadan geçip, Siwasa ýetipdir.

Siwas. Görgüsi ýaman Siwas. Onuň dek düýn diýen ýaly gana demigen topragyny ýene at toýnaklarynyň sesi oýardy. Ärbasan begiň sary çadyryny diken baýyrlyklarynyň üsti dürli reňkli çadyrlardan, dürli

dilde gepleýän nökerlerden doldy. Sähel bahana tapsa biri-birine gylyç saljak bolup duran esgerleriň biri-birine agyz salyp, gemiräýjek bolýan atlaryň goh-galmagalyndan ýaňa daş-töwerek göçere geldi. Diňe agşama golaý bu ýygyn birneme köşeşdi. Dagy näme, diňe ululy-kiçili serkerdeleriniň sany 30 müňden geçýän 200 müňlük goşun joşup duran deňiz kysmy birzatdy. Onuň köşeşmegi üçin salym gerekdi.

Garaňky düşdi. Goşun köşeşdi. Ýöne Roman Diogeniň gülgüne çadyrynyň içinde welin dawa gyzýardy.

Imperator ertirki ýörüşiň ugruny belli etmek üçin serkerdelerini maslahata çagyrypdy. Agyr leşgere baş bolup ýörişe çykan imperator eýýäm seljuklary ýeňdim hasap edýärdi. Şonuň üçin ol bu ýörişe, hälki bir awa-şikara çykan ýaly gaýdypdy.

Serkerdeler maslahata diýlip çagyrylypdy. Ýöne çadyryň içinde ýazylan desterhanlaryň üstündäki tagamlar toý-dabarasyna gelen myhmanlaryň hezzet-hormatyça bardy. Serkerdeleriň öňüne dürli tagamlar tylla çaýylan kümüş gaplarda äberilipdi. Sakylaryň guýýan çakyrlary Konstantinopolyň iň gymmat çakyrlarydy.

Çadyryň töründe aýratyn ýerde oturan Roman Diogen eline çakyrly gabyny alyp ýerinden turdy. Kem-kemden giň çadyryň içine ümsümlik aralaşdy.

Imperatoryň çakyra ezilen sesi zarply çykdy:

– Meniň batyr serkerdelerim! Men sizi şu ýere maslahat etmek üçin çagyrdym. Ýöne, biziň hemmämiziň maslahatymyz birdir. Ol maslahat seljuklary kül-peýekun etmekdir. Biz ýeňilmez goşunymyz bilen duşman goşunyny gaýdyp baş götermez ýaly mynjyradyp taşlamalydyrys...

Imperator sözüne azajyk dyngy berip, gözlerini çadyryň içine aýlap goýberdi. Ol serkerdeleriň öz sözüne garaşýandyklaryny duýup, dowam etdi:

– Bize kän-kän olja garaşýar, bize baý ýurtlar garaşýar... Biz ertiriň özünde Erzuruma tarap ýola düşeris! Ol ýerdenem Häzirbegjanyň üsti bilen Reýe – seljuklaryň paýtagtyna ýöriş ederis!

Imperator elindäki şeraply gabyny agzyna ýetirdi.

Gapa golaý oturan ýaş serkerdeleriň kellesi göçdi. Çakyr beýnisine uran ýaş ýigitleriň batly sesleri çadyra doldy:

– Dogry aýdýaň!

– Ýaşasyn imperator!

– Seljuklary öz sürenine dykmak gerek!

Imperatora golaý oturan köpügören serkerdelerden ses çykanokdy. Ahyry şowhun birneme kiparlansoň, olaryň biri ýerinden turdy.

Kürsä göwresini goýberen imperator oňa tarap ýüzüni öwürdi:

– Hawa, Nikephoros, sende nähili pikir bar?

Ençeme söweşleri başdan geçiren, tejribeli serkerde Nikephoros Brýunnos howlukman söze başlady:

– Siziň alyhezretiňiz! Bu agyr goşun bilen Reýe gitmek dürs däldir. Reý bäri-bärde däl. Ol ýere barýança goşun ýadar, esgerleriň söweş ukyby peseler...

Imperator bat bilen serkerdesiniň sözüni böldi:

– Sen näme teklip edýäň!

– Meniň teklibim, biz şu töwerekden uzaga gitmeli däl, seljuklar bilen söweşi şu golaýda, özümiz üçin amatly bir ýerde gurmaly.

Imperator elini salgap goýberdi. Bu onuň «oturyber» diýdigidi. Roman Diogen her serkerdesiniň egnine ýüpek lybas serpaý ýapyp, olary çadyrdan çykaryp goýberdi.

Ertesi gün agyr goşun ýerinden gozgandy. Imperator Erzurumda at başyny çekdi. Goşunyň azyk, ot-iým täterikligini taýynlamak gerekdi. Ol şu niýet bilen 20 müň esgeri Gürjüstana, 30 müňlük goşuny bolsa, Ahlada iberdi.

Özi bolsa galan ýygna baş bolup, bar labyryny Malazgirdiň üstüne atdy.



# «BARYLMADYK OBADA EŞIDILMEDIK GEP ÝATYR»

Mahmyt ibn Hüseýniň ala ýabysyny debisgiläp şäheriň derwezesinden çykanyna esli wagt geçen-de bolsa, ol kerweniň yzyndan ýetibermedi. Ýa azaşaýdymy-ka? Ýok, Buhara gidýän iň amatly ýol şü ahyry... Kerweniň başga ýoldan gitmegi mümkin däl...

Mahmyt ala ýabynyň üstünde döwek döwýän ýaly loňkuldap barşyna pikire çümdi: "Buhara ýetip bolsa, ondan aňyrda Amul şäherem uzakda däl, soňam Merwe ýetdigiň hasap edäýmeli... Seljuklaryň gündogardaky paýtagty Merw. Togrul soltan dünýäden öten bolsa, seljuklar nähaldaka?!

Öňde özüne howply, ýöne diýseň gyzykly syýahatyň garaşýandygyny göwün-göwresi bilen duýan Mahmydyň ini jümşüldäp gitdi.

Ol ikindä tarap agan Güne gözlerini aýlap goýberdi-de, howlukdy. Garaňky gatlyşýança kerweniň yzyndan ýetip bolaýsa, gowy boljakdy.

Ine, ol göýä aňyrsyndan kerwen göräýjek ýaly bolup, bir depäniň üstüne dyrmaşdy. Depäniň aňyrsynda bir goly dolduryp çarwa obasy otyrdy.

Mahmyt ýabydan düşdi-de elini ýaşyp barýan Güne kölegeledip oba syn etdi. Elli-altmyş sany öý oýuň içine pytrap gidipdi. Her öýüň gapdaly agyl-saraýly bolansoň, giň oýuň içi dolup durdy.

Mahmyt gijäni şu obada geçirmelidigine düşündi. Ýa kerwenbaşy Buhara gidýän başga-da bir ýoly bilýän bolmaly, ýa-da Mahmyt azaşypdy. Haýsy bolanda-da, ol indi günüň gijigip başlan wagty, bu





obadan hem geçip gitse, gijäni ýalňyz özüniň çöl-beýewanlykda geçirmeli bolmagy mümkindi.

Gijäni şu obada geçirmelidigi aýdyňdy, ýöne, haýsy öýe myhman düşmeli?!

Mahmyt ýabysynyň uýanyndan tutup durşuna ho-ol aşakda ýaýylyp ýatan obajygy synlady. Obanyň günorta çetindäki öýleriň birinden çykyp bärligine gaýdan, ullakan kelleli daýaw itiň sesi onuň ünsüni çekdi.

Mahmyt ýabysyny idip, şol tarapa ýöneldi. «Üýregen it myhman getirer» diýipdirler.

Ala köpek ala ýabylynyň öňüne düşüp üýrüp barşyna, üsti çöp bilen basyrylan agylyň gapdalyndan bir-birine golaý dikilen iki sany gara öýe tarap aýlandy. Şol pursat eňsisi serpilen öýüň içinden aýal maşgalanyň sesi eşidildi:

– Ýügürçim[7], bar seret it üýrýär welin...

Açyk gapydan ýedi-sekiz ýaşly oglanjyk towsup daş çykdy. Oglany gören köpek ylgap baryp oňa gysmyljyrady. Oglanjyk itiň tüýlek kellesini sypady:

– Baragym[8], näme boldy saňa...

Oňa deňiç oglanjygyň agylyň gapdalyndan öwrülen ala ýabyly pyýada gözi düşdi. Ol itini goýberip, göwresini dikledi:

– Gelnapa!

Öýden hälki ses eşidildi:

– Näme boldy?

– Bize myhman gelýär!

Öýden çykan ýaş gelin ýabysyny idip ýetip gelýän Mahmyda gözi düşüp, ýene yzyna sümüldi. Sähel wagtdan öýden hasasyny bosaga tyrkyldadyp bir garry kempir çykdy.

Mahmyt garra salam berdi:

– Salawmaleýkim!

Garry endigi boýunça elini gözlerine kölegeledip Mahmyda seretdi:

– Saglykmy, oglum...

Mahmyt dowam etdi:

– Ene men kerwenden üzülip galdym... Şu golaýda obaň üstünden kerwen-ä geçen däldir...

Garry hamlary ýygyrt-ýygyrt elini entegem gözlerinden aýyrman durşuna jogap berdi.

– Ýok, oglum, bu ýerden soňky gezek kerwen geçenine bir aý töweregi boluberendir...

Megerem, Mahmyt howlugyp azaşypdy. Ala ýabylynyň aljyrap duranyny gören garry onuň dadyna ýetişdi:

– «Gonak gelse, ugur geler» diýipdirler... Gel, oglum, bu gije bize myhman bol-da, irdenjik ýoluňa ýöräbererler...

Mahmyt baş atdy:

– Taňryýalkasyn ene...

Garry ene hasasynyň ujy bilen çagesöw ýerde çyzyk çekip, gapdaldaky öýe tarap ýöneldi. Mahmyt ýabysyny agylyň burçundaky gazyga iltäp, horjunyny egnine atdy-da, garrynyň yzyna düşdi.

Garry eňsini serpdi. Öýüň içi boşdy. Ol myhmana tarap öwrüldi:

– Giriň-de, arkaýyn ornaşyberiň, häzir agtygym iýip-içer ýaly odur-budur getirer...

Mahmyt öýe girip, horjunyny gapdala taşlady. Ädigini çykaryp, dolagyny aýagyndan sypyrdy-da töre geçdi. Tördäki ýüdrügiň[9] üstüne atylan ýassyklaryň iki sanysyny sogrup aldy-da, ýumşak halynyň üstüne gyşardy.

Sähel salymdan hälki iti saklan oglanjyk agaranly okarany emaý bilen göterip öýe girdi. Ol okarany myhmanyň öňünde goýdy-da, yzyna öwrülip barşyna ýuwaşja dillendi:

– Men häzir çöregem getirerin...

Oglanjyk tiz yzyna dolandy. Onuň elinde agaç çemçe bilen saçak bardy.

Bir döwüm çöregi eline alan Mahmyt gapynyň öňünde duran oglanjyga ýüzlendi:

– Adyň näme?

Oglanjyk ilgezik jogap berdi:

– Tekeş.

– Tüweleme, hany, gel, gel otur ýanymda...

– Ýok, men gaýdaýyn...

Oglanjyk daş çykdy.

Bir çäýnek çaý içesi salymdan öýüň eňsisi ýene serpildi. Tekeş

bu gezek içi gyzgynjak gowurmaly okarany myhmanyň öňüne goýup, girişi dek tiz daş çykdy.

Täzeje soýlan çebşiň eti Mahmydyň gözüne degdi. El ýaly çörek bilen agaç okaranyň düýbüne durlanan ýagy syryp agzyna oklan myhmanyň aňyrsyna il gondy.

Ýene-de eňsi serpildi. Bu gezek eňsini serpen garry aýalyň özüdi. Ol myhmanyň iýip-içip bolandygyny görüp daş işikde duran ýerinden oglanjygy çagyrdy:

– Tekeş, gel oglum, gap-gaçlary äkit!

Oglanjyk ýel ýaly tiz ýetip eldi.Garry onyň yzyndan gygyrdy:

– Ot getir-de, şemleri ýak!

Diňe şondan soň kempir bosagadan ätledi:

– Myhman, otyrmyň?

– Hudaýa şükür, ene.

Garry hasasyny gapdala goýup, göwresini öýe giren ýerindäki ak gyra keçäniň üstüne goýberdi:

– Wah-wah-eý, garran janlarym...

Mahmyt özüniň törde, halynyň üstünde garrynyň bolsa, işikde keçä göwresini atyp oturmagyny birhili görüp ýerinden gozgandy.

Garry muny duýdy. Ol daşyna ham çekilen süňk bolup duran horja elini salgap goýberdi:

– Otur myhman, arkaýyn otyr... «Görkli dony özüňe, Datly aşy özgäge, Tutgul gonak hormatyn, Ýaýsyn çawuň iliňe...» diýilýändir...

Mahmyt horjunyna tarap göz aýlap goýbereninem duýmady. Garry sözüni dowam etdi:

– «Kerwenden üzülip galdym» diýdiňmi, oglum...

– Hawa, ene...

– Ugur nirädi?

– Buhara, ene...

Garry dymdy. Eger, ol geplese «Ýekeje ala ýabyň, içi boş horjunyň bilen Buharada näme işiň bar?» diýmelidi. Ýöne garry dymdy.

Oňaýsyz dymyşlygy Mahmydyň özi bozdy:

– Men söwda-satyg üçin ýola çykmadym...

Garry çöňňelişen gözlerini myhmana dikdi. Myhman sözüni dowam etdi:

– Men il içinden gep-gürrüň çöpleýän...

Garry tisginip gitdi. Nädürs eşiden bolaýmaýyn diýip diňşirgendi. Ýok, ol dürs eşidipdi. Myhman «gep-gürrüň çöpleýän» diýipdi. Garry «çöpür çöpleýän», «deri çöpleýän», hatda «süňk-saňk çöpleýän» diýip gelen adamlary görüpdi. Ýöne, şu ýaşyna çenli ol «Gep-gürrüň çöpleýän» diýip aýlanyp ýören adama gabat gelmändi.

Garry gabak astyndan myhmana syn etdi: «Daş keşbine seretseň-ä bir allanäme adam...»

Mahmyt onuň ýagdaýyna düşündi. Ol garryny bu ýagdaýdan alyp çykmak isledi:

– Ene, men il içindäki del-dül gürrüňleri ýazyp alyp ýörün...

Ol ýerinden turdy-da, gapynyň ýanyna taşlan horjunyny alyp, ýene ýaňky ýerine geçdi. Horjunyň gözünden bir petde kagyz çykaryp, düşegiň üstüne ýazdy:

– Ine, ene, şu kagyzlara men il içinden gaty köp geň gürrüň ýazyp aldym...

Myhmanyň akyl-huşunyň ýerindedigine göz ýetirip, göwni ynjalan garry oturan ýerinden gobsunyp gitdi:

– Üýtgeşik gep-gürrüň bolanda, nähili bolýar?

Mahmyt kagyz-galamyny häzirläp oturşyna dillendi:

– Siziň ýaňky aýdanyňyz ýaly gürrüň-dä...

Garry üşerildi:

– Haýsy aýdanym?

– Myhman hakynda...

Geň gürrüň diýilse üýtgeşik bir zada garaşan garry iki elini dyzyna şapbatlap gülüp goýberdi:

– Hi-hi-hi... – Sen-ä oňaraýdyň oglum... hi-hi-hi..., şol gürrüňler üçin sen öý-öwzaryňy taşlap, kerwene daklyşyp il aýlanyp ýörmüň...

Mahmyt baş atdy:

– Hawa, ene...

– Öz obaňyzda şonuň ýaly gepem ýokmy indi...

Mahmyt sag eli bilen sakgalynyň ujuny sypap goýberdi:

– «Barylmadyk obada eşidilmedik gep ýatyr» diýipdirler, ene...

– Sen bulary ýazyp, toplap näme etjek?..

Mahmyt horjuny emaý bilen gapdala süýşürdi:

– Kagyza ýazylan zat edil daşa ýazylan ýalydyr... Ýene müň ýyldanam bir ýerini böwser-de çykaýar...

Garry ene ýene ýerinden gobsunyp gitdi:

– Bä, şeý diýsene... aýt onda, näme ýazasyň gelýär?

– Köp zat ýazasym gelýär...

– Bu bitikleriňe[10] meniň diýýän zatlarymam ýazmakçy-da...

– Nesip etse...

Garry ykjamlandy:

– Onda ýazyber, oglum, garry eneň edil ýüdrük sandyk ýaly gepden doludyr...

Mahmyt häliden taýýar tutup oturan galam-kagyzyny häzirläp ykjamlandy.

Garry jaýryk-jaýryk dodaklaryny gymyldatdy:

– Gonaklykdan başladym, ýene, şol hakda bir akyl aýdaýyn...

Garry gözlerini ýumdu-da aýdyma hiňlenýän dek labyz bilen sözläp başlady:

– Mekir adam myhmana hyrsyz bakar,
Beren aşyna öwünip döşüne kakar...

Mahmyt ýazyp başlady. Garry dowam etdi:

– Bürgüt awyn görüp asmandan şaglap iner,
Bilimliden öwüt alan, akmaklyk derdinden dynar...

Garrynyň gözleri ýalpa açyldy:

– Be, oglum, büý-ä başga zat hakda boldy öýdýän...

– Zyýany ýok, ene, zyýany ýok, – Mahmyt garryny öňki ugruna gönükdirmek isledi, – arkaýyn diliňize näme gelse aýdyberiň...

Garrynyň gözleri ýaldyrap gitdi:

– Oglum, biz ýaşajyk gyzjagaz wagtymyz şu çäge depeleriniň arasyna üýşüp, şygyr aýdyşardyk...

Mahmyt ýeke dyzyna galdy:

– Hawa, ene...

Ene müýnli dillendi:

– Şolaryň köpüs-ä ýatdan çykyp gidipdir welin... Ýöne, ýekýarym entegem ýadyma düşüp duranlar-a bar...

Mahmyt gyzylly halka elini ýetiren dek begendi:

– Aýtsana, ene...

– Häzir oglum, häzir, – garry gözlerini tüýnüge dikdi, – häzir ynha... – birdenem garry göýä şol birwagtky gyzjagaz döwrüne dolanan ýaly hyjuw bilen goşgy okap başlady:

– Agyrtdym-la aýagy,
Görmän gurlan duzagy.
Ondan uzak ah çekdim,
Bejer indi... söýgülim...

Soňky sözi diline getirenine özi utanan garrynyň sözüniň soňy gülkä ýazdy:

– Hi-hi-hi... ýaşdyk-da... Indi söýgüli nämişlesin, gojamyň ýurduny täzelänine on ýyl bolup barýar...

Mahmyt dymdy. Bu ýatlamalaryň arasyndan garrynyň özüniň çykmagy gerekdi. Garry gaýta ýatlamalara has çuň çümdi:

– Biz ýaşkak gyş bilen ýaz bolup aýdyşardyk...

Ol Mahmydyň ýüzüne seretdi. Mahmyt howlukdy:

– Aýtsana, ene...

Garry şeýdende şol günleriň owazy gulagyna geläýjek ýaly ýene gözlerini ýumdy-da, ýuwaşjadan hiňlenip başlady:

– Gyş bilen ýaz çaknyşdy,
Gyňyr-gyňyr bakyşdy,
Bir-birini utmaga çalyşdy,
Bir-birini ýuwutmaga çalyşdy.

Ýaz diýdi: senden gaçan garlawaç,
Gelip mende dynjyn alýar.
Bilbiller hezil edinip,
Horaz-mäki duşuşýar-da, ynjalýar...

Mahmyt ýazýardy. Bu setirlere ýüz ýylmy, iki ýüz ýylmy – kim bilýär. Ine, ýumruk ýaly garry, gözlerini ýumup bar ýadyny dörüp, şol setirleri hakydasyndan daş köwlän dek gazyp-gazyp alýardy. Entegem, bu setirler şu garrynyň hakydasyna berk çümüp galypdyr. Garry «Huşum gidipdir, hiç zat ýadyma düşenok» diýip oturan-da näme edip bilerdiň...

Garry dowam etdi:

– Biz ýaş gyzkak, ýaremezan aýlanardyk... Üýşüp bararsyň bir öýüň gapysyndan... «Ýalawaja[11] alkyş bergil» diýip gygyrarsyň... Onsoň öý eýesi gapa çykar-da, «Haýyr bilen gel, şer bilen gelme» diýer... Onsoň biz hemme çagalar bolup sanawajymyza başlardyk...

Garry oturan ýerinden labyz bilen şol birwagtky aýdan sanawajyny sanap başlady:

– Aljyran kişi aýylsyn,
Ýurda düzgün ýaýylsyn,
Gurtdur goýun il bolsun,
Gaýgy-gamlar sowulsyn...

Onsoň her öýde biziň torbamyza birzatjyk oklardylar... Kim bir käse bugdaý guýardy, kim patrak...

Garry ýadady. Ol çöňňelişen gözlerinden syrygan ýaşy eliniň ýeňsesi bilen süpürip goýberdi-de, hasasyna söýenip ýerinden turdy:

– Sen dynjyňy al oglum, uzak gün mazaly aransyňam... Men garry sakyrdap seniň ýüregiňe düşüp durmaýyn...

Garry eňsini serpip daş çykdy. Mahmyt onuň çepekli aýaklarynyň çybşyldysy ýitýänçä diň salyp durdy-da, birdenem öňündäki ýazgyly kagyzlaryny göterip bagryna basdy.

Bu onuň çybsyldap gara öýden arany açyp barýan garryny bagryna basdygydy. Bu onuň halk ýadyny, hakydasyny bagryna basdygydy...

Mahmyt ir bilen şagalaryň jagyl-jugulyna oýandy. Edil gapynyň öňünde dört-bäş sany çaga bir zadyň jedelini edýärdi.

– Öwlüýä kessin-ow, düýn bize myhman geldi...

Mahmyt Tekeşiň sesini tanady.

Başga bir oglanjygyň batly sesi Mahmydyň gulaklaryna durman ýetdi:

– «Ýalan sözleýän bolsam, «gök girip, gyzyl çyksyn» diý...

Tekeş yzyndan biri kowalap gelýän dek sojap-sojap diý diýlen sözleri diýdi:

– Ýalan sözleýän bolsam, gök girip, gyzyl çyksyn...
Mahmyt üşerildi. Bu näme söz boldugy...
Ol tarsa ýerinden turdu-da, gapa tarap ýöneldi. Mahmyt gabsany açdy. Öýden çykan nätanyş adamy görüp, goňşy oglanlar dyr-pytrak boldular... Gapynyň öňünde diňe Tekeş galdy.
Mahmyt oglanjygyň öňünde dyzyny epdi-de, barmaklaryny Tekeşiň horja eginlerine ýetirdi:
– Tekeş, «gök girip, gyzyl çyksyn» diýmäňiz näme?
Oglanjyk eginlerini ýygyrdy.
Mahmyt Tekeşden bu sowala jogap alyp bilmejegini bilip ýerinden turdy. Agylda gazyga iltelgi ala ýaby eýesini görüp hokrandy.
Mahmyt ýabysyna tarap ýöneldi. Tekeş arpaly çanagy alyp onuň yzyndan ýetdi:
– Enem ýabyňyza arpa beriň diýip iberdi...
Mahmyt arpaly çanagy ýabynyň öňüne süýşürip oglanjygyň saçyny sypady:
– Seniň kakaň nirede?
Oglanjyk barmagynyň ujuny beýik depäniň üstaşyr uzaklara tarap uzadyp jogap berdi:
– Kakam, agam dagy çölde goýun bakýar...
Mahmydyň gulagyna at toýnaklarynyň güpürdisi gelen ýaly bolup gitdi. Ol diňşirgendi.
Tekeşiň sözleri ähli zada aýdyňlyk saldy:
– Ejem dagy haly dokaýar.
Muny Mahmydyň özüniň aňmaýşyny diýsene...
Tekeş onuň elinden çekdi:
– Ýörüň görkezeýin...
Häliden bäri goňşy oglanjyklaryň ýanynda «bize myhman geldi» diýip öwünýän bu oglanjygyň myhmanyň ýanynda hem öwnesi gelip durdy.
Mahmyt oglanjygyň yzyna düşdi. Üç diwary palçykdan galdyrylyp üsti gamyş bilen basyrylan kepbäniň öňi açykdy. Kepbäniň içine çäge düşelip, onuň üstüne keçe atylypdy. Kafgar[12] köýneginiň üstünden terinçek[13] geýen orta ýaşlaryndaky aýal, egni turku[14] köýnekli ýaş gelin, köýneginiň künçegine[15] meňzeş nagyş salnan iki sany ýaş gyz setire düzülip, haly dokap otyrdylar.

Keçäniň bir burçuna çöken garry ene hasasynyň ujy bilen çäganiň ýüzünde bir zatlar çyzyşdyryp, halyçylara düşündirýärdi.

Mahmyt kepbä girmän sägindi. Garrynyň sesi onuň gulagyna geldi:

– Haly adamyň ömrüniň ýazgysydyr. Asly toprakdan alnan adam, soňundan topraga-da garylýandyr. Haly hem «toprak» bilen başlap, «toprak» bilenem gutarmalydyr. Siz bu halyňyzyň başky topragyny çekdiňiz... Ýedi gat «älemini» çekdiňiz... Indi halyňyzyň göllerine başlabermeli...

Garry hasasynyň ujuny çägäniň ýüzünde ýaňyja çeken nagşyna tarap uzatdy:

– Bu halyňyza şu göli çekip başlarsyňyz...

Garrynyň çägäniň ýüzüne çeken suratyny görmek höwesi göwün-göwresine ornan Mahmyt öňe ümzük atanynam duýmady.

Ol göýä bukudan çykan oglanjyk ýaly bolup, garrynyň gözüne ildi.

Kepbäniň agzynda myhmany gören garry horja ellerine daýanyp ýerinden turdy:

– Hä... myhman, sag-aman ördüňmi...

Ol halyçylara «dowam ediberiň» diýip yşarat etdi-de, kepbäniň agzyna ýöneldi.

Özüne tarap ýöräp gelýän ýumruk ýaly garrynyň eginleriniň üstaşyr Mahmyt onuň ýaňyja çekip gaýdan suratyna gözüni aýlap goýberdi.

Sary çägäniň ýüzüne çekilen çyzyklar onuň göwnüne bolmasa, iki kelleli guşuň şekiline meňzäp giden ýaly boldy.

Onuň gabadyna gelen garry ýene ýaňky sözüni gaýtalady:

– Sag-aman ördüňmi myhman, ýör men saňa çaý-çörek bereýin...

Garrynyň del gözleri tiziräk aýal-uşaklaryň ýanyndan äkidesi gelýärdi. Mahmyt muňa düşündi. Ol garrynyň yzyna düşdi.

Garry myhman bilen tirkeşip barşyna agtygyny çagyrdy:

– Tekeş... aý, Tekeş!

Niredendir bir ýerden çybyk atyny gamçylap zymdyrylyp çykan oglanjyk garrynyň öňünde gögerdi:

– Näme, ene?

Garry hasasyny uzadyp myhman öýi görkezdi:

– Öýüň kölegesine keçe taşla...

– Bor, ene...

Oglanjyk çybyk atynyň başyny gara öýe tarap öwürdi...

Öýüň kölegesinde galyň keçäniň üstünde käsesine çaý guýan Mahmyt häliden bäri ynjalyk bermeýän sowaly diline getirdi:

– Ene «Gök girsin – gyzyl çyksyn» diýildigi näme bolýar.

Keçäniň bir burçundan özüne ýer tapyp oturan garry ene gözlerini Mahmyda tarap öwürdi:

– Ony kimden eşitdiň...

– Ýaňy Tekeş oglanlar bilen «Ýalan sözleýän bolsam, gök girip, gyzyl çyksyn» diýip birzadyň-a jedelini etdiler... Tekeşden sorasam, hiç zat aýdyp bilmedi...

Myhmanynyň il içinden del gep-gürrüň çöpläp ýören kişidigi ýadyndan çykmadyk garry howlukman söze başlady:

– Tekeş bilmez ol zatlary... Entek çaga ol ... ululardan eşiden zadyny manysyna düşünmän aýdyp goýberäýýändir...

Mahmydyň içini it ýyrtýardy. Ol garrynyň häzir şol sözüň manysyny aýtjagyny bilýärdi. Garry bolsa, göýä myhmanyň bu süýji ejiriniň ömrüni özüniň uzaldyp bilýändiginden lezzet alýan dek, ýene birsalym dymdy-da, sözüni dowam etdi:

– Erkek kişileriň ant içende diýýän sözleri ol... «Men sözümde durmasam, gök demir böwrüme çümüp, gyzyl ganym çogup çyksyn» diýmek manysy...

Garry ýene agtygyny çagyrdy:

– Tekeş... aý, Tekeş...

Oglanjyk çagyrylanyna garaşyp duran dek öýüň aňyrsyndan öwrüldi:

– Näme, ene...

– Öýde çaý-çörek taýyn durandyr, bar bärik daşa, oglum...

– Bor, ene... – çybyk atyny gara öýe söýän oglanjyk, enesiniň ýumşuny bitirmek üçin ýüwürdi...

Kepbede pişikleriň sesi asmana galan mahaly Mahmyt çäýnekdäki çaýyň soňuny käsesine syrkyryp otyrdy.

Garry ene hasasyna söýenip ýerinden turdy:

– Muş[16] ogly myýawlap dogar diýleni-dä... Birki sany çaga pişik bar welin, ýumaklaryny togalap, gyzlara päsgel berýändir...

Garry çägäniň üstünde hasasynyň yzyny goýup, kepbä tarap ýöneldi.

Az salymdan Mahmyt bu myhmansöýer öý bilen hoşlaşyp ýola düşdi.

Bu obada Mahmydyň kalby ýeňläp, horjuny agralypdy. Şonuň üçin ala ýaby şol öňküje agramy gerşine alyp, mytdyldap obadan çykdy.



# «YSPYHAN GOWUMY, HEMEDAN?»

Alp Arslan ýadawdy. Ýaşy ýaňy kyrkdan geçen soltana ýadawdy diýmek birhilirägem welin, bu dogrudanam şeýledi. Köşgüň kabulhanasy ýaňyja boşapdy. Ýöne, bu indi – soltan aladalardan halas diýildigi däldi. Gaýta indi ähli aladalar daşy çolaran soltanyň üstüne täze güýç bilen çozupdylar.

Daýaw göwresini kürsä çümren soltan endigi boýunça döşüni ýapyp duran uzyn sakgalynyň bilinden gysymlap pikire çümdi: «Togrul soltanyňky hezil ekeni... Horasany kakam – Çagry bege tabşyryp, özi diňe bäriniň aladasy bilen bolup ýörensoň... Reý nire, Horasan nire... Bu wagt goltugyňyň aşagynda näme edilýänini bilip bolanok...»

Soltanyň sag egninde gol gowşuryp duran Nyzamylmülk onuň ýagdaýyna düşünýärdi. Soltan ondan dek düýnem Horasanyň ýagdaýyny sorady. Wezir agşam ýene müşrifleriniň[17] habaryny alyp gördi. Günbatardan rum kaýsary hem hininden çykyp, bärligine gaýdan ýaly...

Äpet penjelerini kürsiniň erňegine diräp, haýbatly göwresini diklän soltan çala ardynjyrady. Düşbi wezir bir ädim öňe süýşdi.

Soltanyň agyr göwresiniň aşagynda kürsi jygyldamady. Wezir muny aňdy. Ol täze kürsüdi. Weziriň köne kürsüni aýryp, ýerine täzesini goýanyna ýaňy bir hepde bolupdy.

Alp Arslan beýik sopbaşyny çykaryp gapdalynda goýdy. Ýüpek ýaglyk bilen giň maňlaýynyň derini süpürip goýberdi-de, ýarpy göwresini wezire tarap öwürdi:

– Horasandan näme habar?

Nyzamylmülk bu sowalyň beriljegini bilýärdi. Ol bu sowala taýyndy. Wezir diňe bir bu sowala däl, ähli sowala taýyndy. Ýogsa, wezir boldugyň bolarmy...

Wezir howlukman jogap berdi:

– Horasanda gylyçdan bitmeli işi siz bitirdiňiz, mertebeli soltanym, diňe Horasan däl, Kuttalýandyr Çaganyýan[18] welaýatlaryndada siziň at toýnaklaryňyzyň yzyna entek-entekler togap ederler. Saganyýanyň häkiminiň janyny halas etmek üçin mertebeli soltanymyza pul hödürlände eşiden jogaby şahyrlaryň şygryna siňip gitdi ahyry...

Soltan ol jogabyň näjogapdygyny bilýärdi. Ýöne, şu pursat özüniň bäş ýyl mundan öňki diýen sözlerini wezirinden eşdesi gelip, ýerinden çala gobsundy:

– Ol näjogap?

– Mertebeli soltanym şol gezek gozgalaňçy Musa janyny satyn almakçy bolanda «Bu – mülk alnyp satylýan söwda däldir» diýip jogap beripdi.

Soltan kürsüde göwresini dikledi. Göýä, şular ýaly sözleri diýýän soltanyň tagtda başgapsyz oturmagyny gelşiksiz görýän ýaly, sopbaşyna elini ýetirdi.

Soltan sopbaşyny geýýänçä garaşan wezir sözüni dowam etdi:

– Ýöne, edil şu wagt gylyç bilen bitirip bolmajak işlerem bar. Göze görünmeýän duşman kän. Olar şu wagt ýylan ýaly zäher toplaýarlar. Amatyna geldigi...

Alp Arslan weziriň sözüni böldi:

– Sen ysmaýylylar barada aýdýarmyň?

– Hawa, soltanym, şolar barada... Olar pygambere-de, mukaddes kitap – Gurhana-da ynananoklar. Olar «Adam kalbyny islendik ynançdan boşatmalydyr» diýip gabat gelen ýerde gygyryp ýörler...

Soltanyň özüni üns bilen diňleýändigini gören Nyzamylmülk sözüni dowam etdi:

– Olary äsgermezlik edip bolmaz. Olaryň adamlary ähli ýerde bar. Iň bärkisi Nasyr Hysrow näme, ömrüni Mahmydyň goltugynda geçiribem kimdigini bildirmedi ahyry. Ahyrsoňy, onuň Gaznaly köşk şahyry Ferruha «Dursuň hem şygyr okaýaň barha bat alyp, Abraýyň

gan damjasy dek dur ýere damyp...» diýen setirlerini okap, Mahmyt Nasyr Hysrowyň göwnüniň ömürem özi bilen bolmandygyna düşündi ahyry...

Soltan nämedir birzat ýadyna düşen ýaly, sag eliniň süýem barmagyny ýokaryk çommaltdy:

– Sen öňräk Samarkantdan gelen şygyrlary okap beripdiň...

Ýüzüni Nyzamylmülke tarap öwren soltan gözlerini güldürdi:

– Ýalňyşmasam, zalym wezir hakdady öýdýän...

Nyzamylmülk sag elini döşüne goýup, çala baş egdi:

– Ýalňyşaňzok soltanym, ýöne bir çemçe ganymy geçseňiz, Kyýasetdin Abu Fathyň patyşalar hakdaky beýdini hem okap bereýin...

Alp Arslan ykjamlandy.

Wezir soltanyň rugsat berýändigine düşünip, pessaý ses bilen şygyr okap başlady:

– Gepläp bilýän küýze aldym, öňürti,
«Men şa!» diýip bar kalbyny çöwürdi,
Soň topraga döndüm, külal hem meni, –
– Öňki şany bu gün gülkä öwürdi...

Gözlerini gapa diken soltanyň ýüzünden many almak kyndy. Ol birhaýukdan ýuwaşja dillendi:

– Sen şu adama howandar boljak bolýarmyň?

Nyzamylmülk ynamly gürledi:

– Oňa men däl, siz howandar çykmaly, soltanym...

Alp Arslanyň düşünmändigini aňyp, wezir dowam etdi:

– Şular ýaly adamlary Hasan Sabbah öz tarapyna çekmänkä, öňürtmegimiz gerek. Ýogsa gija galaýmagymyz ähtimal... Ulamalaň köpüsi ysmaýylylaň tarapyna geçse, bize kyn bolar... Özü-de Kyýasetdine goldaw hut şu wagt zerur... Onuň ýene bir beýdini diňläň...

Wezir göýä, soltanyň «gerek däl» diýäýmeginden howatyr edýän ýaly, howlukmaçlyk bilen şygyr okap başlady:

– Ylma göwün beren, sagýar öküzi,
Akyllyny öz akyly çökerer,
Bu döwür peýdaly ýatyp iýeniň,
Paýhas nyrhy sarymsakdyr sökülen...

Nyzamylmülk guran dodaklaryny ýalap goýberdi-de, sözüniň üstüni ýetirdi:

– Paýhasyň nyrhy sarymsak bolmasyn... Siziň şöhratyňyzy artdyrjak, alyslara ýaýratjak şu adamlardyr...

Soltan sesini çykarmady. Ýöne, wezir onuň gözlerinde ylalaşyk alamatyny okady. Nyzamylmülk elini döşüne goýup, baş egip durşuna sorag alamatyna döndi.

Soltan bu sowala düşündi. Ol razylyk bilen – baş atdy.

Göwresini diklän wezir ýeňillik bilen dem aldy.

Nyzamylmülkiň «Horasan siziň at toýnaklaryňyzyň yzyna entek-entekler togap eder» diýen jümlesi soltanyň göwnüni bire baglatdy. Rum kaýsary bilen bellisini etmelidi. Uly ýurduň içinden urup, ony böleklere böljek bolýan ysmaýylylaryň ykbalyny bolsa, soltan wezirine tabşyrdy: «Diňle, eşit, gör! Çapmaly wagty gylyjy özüm göterer-rin!»

Alp Arslan goşunyny alyp Halaba tarap ýola düşdi.

Rum kaýsarynyň Erzurumdan bäri geçip, Malazgirdiň töweregini basyp alandygyny eşidip, seljuk türkmen goşuny badyny gataltdy.

Ýörişiň badyna döz gelip bilmedik atlar tap berip başlady. Ýük urlan düýeleriň hem köpüsi bu ýola çydamady. Goşun Fyrat derýasyny kesip geçmelidi. Derýa goşunyň öňünden ýagy bolup çykdy. Goşunyň bir bölegi entek gylyjyny gynyndan çykarman, derýanyň tolkunlarynyň arasynda gyryldy.

Derýadan geçip Alp Arslan soltan goşuny nyzama duruzdy. Ýadaw, birnäçe günläp düzüwli owkat görmedik esgerlerine soltanyň nebsi agrady. Bu sap-sap bolup duran esgerleriň birtopary Togrul soltanyň döwründen bäri goşundadylar. Indi onlarça ýyl bäri olaryň ýassygy eýer, ýorgany atyň içirgisidi. Olar ýadapdylar, has dogrusy, olar garrapdylar.

Soltan üç müň töweregi goja esgeri goşunyň hasabyndan çykardy-da, ýaş ýigitlerden goşunyň üstüni ýetirip, Diýarbekire tarap ugur aldy. Ol şol töwereklere çapawulçylyga gaýdan seljuk atlylaryny hem goşuna birikdirmekçidi, onsoňam Diýarbekir baý ýer... Goşun az-kem tabyna gelmelidi. Öňde uly söweş garaşyp dur. Söweşden öň ýadaw, aç goşuny seýislemek gerekdi...

Alp Arslan Diýarbekirde goşuna az-kem dynç berdi-de, Ahlad galasyna tarap sürdi. Ol Ahladyň golaýynda goş ýazdyrdy. Bu wagt onuň esger sany on bäş müňden köp däldi. Mundan taýak atym aňyrda bolsa, Malazgurt. Hatda kaýsaryň agyr leşgeriniň demi şu ýere-de gelip duran ýalydy.

Alp Arslan Ahladyň golaýynda başy gotazly ýaşyl çadyryny dikse-de dikdi welin, ol bu ýerde uzak ýaýrap ýatmaly däldigini bilýärdi.

Alp Arslan Nyzamylmülki ýanyna çagyrdy. Soltan ýadawdy. Diňe bir ýoluň ýadawlygy däl-de, ony nämälimlik basmarlaýardy. Adamyň iň çalt haýyny alýan zat nämälimlik bolsa gerek. Erte – birigün Rum kaýsarynyň goşuny bilen çaknyşyk boljagy bellidi, ýöne ýeňiş kimiňki boljak?! Şol söweşden soň kim gahryman, kim bolsa, masgara boljak, belli däldi.

Wezir çadyra giren ýerinde aýak çekdi. Törde sekiniň üstünde bagryny ýassyga berip, gözlerini çadyryň etegine çüýläp ýatan soltan wezirini görüp, tirsegine galdy:

– Geldiňmi?

Wezir baş atdy.

– Gyssagly aýalymy, çagalarymy alyp Hemedana ugrarsyň... Hemedana baryp Merwe çapar ýollarsyň... Bize bu ýerde köp kömek gerek boljak. Goşunyň hasabyndan çykarylan nökerleri ýanyň bilen alyp gidersiň. Ýolda size gorag bolar, aňryk baraňsoň, köşgüň zerur işlerinde ulanybererersiň...

Wezir ýene baş atdy.

Alp Arslan ýene döşüni ýassyga ýaplady:

– Eglenmän ýola düşüberiň...

Nyzamylmülk çala baş egip, çadyrdan çykdy.

Alp Arslan ir bilen serkerdelerini ýanyna çagyrdy. Sähel salymdan ýaşyl çadyryň içi seljuk beglerinden doldy.

Sawtegin, Aýtegin, Afşin beg, Sandyk beg, Taraňogly Ahmet...

Alp Arslan çadyryň töründe sekiniň üstünde aýbogdaşyny gurup

oturan ýerinden, çadyra girýän seljuk beglerini nazaryndan sypdyrman otyrdy.

An-ha, eňsini serpip Gutulmyş ogullaryndan Mansur beg, Süleýman şa çadyra girdi. Soňra müňbaşylar Alp ýilik, Çawly sakaw, Porsuk beg, Artyk beg, Tutak beg çadyra girip ornaşdylar...

Soltan serkerdeleri çadyryň içine giň ýazylan haly düşekleriň üstüne ornaşýançalar garaşdy-da, ýerinden turdy. Begleriň gowry ýatyp, çadyryň içine ümsümlik aralaşdy.

Alp Arslan daýaw göwresini dikläp, iki eliniň hem başam barmagyny ýasy gusagyndan ötürip durşuna, howlukman söze başlady:

– Ýigitler... Biz şu wagt gaçyp gutulyp bolmajak bir söweşin öňýanynda... Bu söweşde ýa olar bizi – ýa-da biz olary... Aralyk ýok... Dogry, kaýsaryň goşuny uly, olaryň esgeri köp... Ýöne, biz uly goşunyň däl-de, ugurtapyjy goşunyň, köp esgeriň däl-de, batyr esgeriň ýeňýändigini göre-göre gelýäris. Men esgerleriň ýüregine şu hakykaty salmagyňyzy isleýärin...

Dumly-duşdan seljuk begleriniň sesi ýaňlandy:

– Arkaýyn bolaýyň, soltanym...

– Soltanym, her seljukly on rumla taýdyr...

– Diýdiňiz, bitdi hasap edäýiň...

Soltan dik duran ýerinde sag elini ýokary göterdi. Gowur tiz ýatdy. Gowur ýatýança garaşan Alp Arslan sözüni dowam etdi:

– Uly söweşden ozal duşmanyň böwrüne hanjar sokup görmegimiz gerek. Öňümizde nähili goşun durandygyny bilmek üçin gowy bolar.

Alp Arslan serkerdeleriň arasyndan gözläp Afşin begi tapdy:

– Afşin beg, sen şu gün atlylaryňy ýola taýynla... Ertir daň atandan soň Ahlada tarap ýola düşersiň. Galanyň töweregini barlap gaýt. Eger, duşmana duşmasaň, Malazgirde tarap dört-bäş parsah sürüp gör... Bagtyň çüwüp duşmana duşsaň, ýesir-olja alyp gelersiň...

Afşin beg sag elini döşüniň üstüne goýup çala baş egdi.

Soltan serkerdelere rugsat berip, özüni ýene agyr oýlaryň ortasyna oklady.

Afşin beg dañ atyp gelýärkä müñ atla baş bolup seljuk goşundan saýlandy. Ol tomsuñ güni yssy düşmänkä Ahlat galasyna ýetip, günortanyñ yssysyny galanyñ etegindäki tokaýlary penalap geçirmekçidi.

«Hesip edeniñ bolmaz, nesip edeni bolar» diýleni. Seljuk atlylaryna günortanyñ yssysyny kölegede geçirmek nesip etmedi. Ahlada golaý gelen Afşin beg ho-ol öñde asmana galan çal tozany görüp, atynyñ başyny çekdi. Tüweleý bolsa, geçip gitsin diýip garaşdy. Ýöne, sähel salymdan ol bu tozanyñ tüweleý däldigine magat göz ýetirdi. At toýnaklarynyñ güpürdisi eşidilip başlady. Bu tozan at toýnaklarynyñ astyndan çykýardy.

Afşin begiñ gyr aty hokranyp öñe dyzady. Beg jylawy çekdi. Hol öñde bir topbak atly düzlügiñ işi bilen geçip barýardy. Bu müñ töweregi atly rumlularyñ öñçi güýçleriniñ serkerde Basilakesiñ tabynlygyndaky toparydy.

Rumlular hem seljuk atlylaryny gördüler. Basilakes atynyñ başyny seljuk atlylaryna tarap öwürdi. Dagy näme, öñçi güýçleriñ asyl işi ysyrganmak, tapmak, bilmek... ahyry.

Hol-ha, bir topbak atly özüniñ kimdiginiñ bilnerine garaşyp dur. Olar rumlular däldi. Diýmek, olaryñ seljuklardygy belli.

Ýöne diñe olaryñ seljuklardygyny bilip, yzyña dönäýmegem gelşiksiz. Has köp biljek bolsañ, onda gylyjy gyndan çykarmaly.

Serkerdeleriñ ikisem şol niýetdedi.

Hol-ha rumlular sowutlaryny Gün şöhlesine ýalpyldadyp, polat diwar süýşen ýaly bolup gelýärler.

Seljuklaryñ gara gaýyş keltekçesine tikilen kümüş çaprazlarynyñ şöhlesi pesdi. Afşin beg gylyjyny gynyndan çykardy. Müñ esger serkerdäniñ hereketini gaýtalady.

Müñ gylyja urlup serpigen Gün şöhleleri rumlularyñ gözlerini gamaşdyrdy. Şol pursat Afşin beg häliden bäri baş bermejek bolup, towsup duran atynyñ jylawyny gowşatdy...

Müñ atlynyñ urşy agyr goşunlaryñ çaknyşygy däl. Üstesine, giñ meýdanda ýaýraw garpyşylanda söweşiñ tiz bellisi bolýar. Bu gezegem şeýle boldy. Çaknyşygyñ ilkinji pursatlarynda ep-esli atlysyny ýitiren rumlular ýeñse berdiler. Seljuklaryñ bir bölek atlysy ýeñsä çekilen rumlular bilen olaryñ söweş meýdanynda galan toparynyñ arasyna girdi.

Duşmanyň gaçany gaçdy, gaçyp ýetişmän gysaja gabalany bolsa, ýesir düşdi. Şolaryň arasynda toparyň serkerdesi Basilakes hem bardy...

...Alp Arslan Afşin begiň bu ýeňşini gowulyga ýordy. Ýeňşiň kiçisi bolmaýar. Ýeňiş ýeňiş bolýar. Afşin beg bu ýeňşi bilen seljuklaryň ruhuny göterdi. Basilakes ýaly ýesiriň özi hem az-küje zat däldi. Indi kaýsaryň goşunynyň sany anykdy. Onuň goşunynda kimleriň bardygy hem bellidi.

Alp Arslan gurnama ýorgança ýaly rum goşunynda bitewiligiň bolmajagyny aňdy. Ol on bäş müňlük goşunyny iki ýüz müňlük rum goşunynyň garşysyna, Malazgirde tarap sürdi.

Soltan Malazgirde iki parsah ýetmän, Rahwa düzlüginde goşuna düşlemegi buýurdy. Basilakesiň özlerini Malazgirde gaçyp atan nökerleriniň habaryny alan Roman Diogen bu göçüme taýyndy. Ol hem goşunyny getirip, seljuklaryň bir parsah garşysynda dikdi.

Hiç kimiň söweşe girmäge buýruk bermäge birbada bogny ysmady. Bu söweşde gaty kän zat orta goýulmalydy. Ýurt, ar, abraý, şirin jan... hemmesi gylyjyň ujuna münüpdi.

Agşamlyk soltan Alp Arslan depesi gotazly ýaşyl çadyryna serkerdelerini ýygnady. Çadyryň içine suw sepilen ýalydy. Ümsümlik. Bu tupanyň öňündäki ümsümlige çalymdaşdy.

Üstüne çozýan pikirlerden ýaňa soltanyň kellesi agralyp barýan ýalydy. Duşmanyň güýji biçak kändi. On bäş müň atlyny iki ýüz müňlük goşunyň üstüne sürmek – ajalyňa gol bulamakdy. Ajalyňa el bulamak ýurdy eýesiz goýmakdy. Eýesiz galjak ýurdy göz öňüne gelen soltanyň ini düýrügip gitdi. Belki, ýaraşyk baglaşyp bolar... Bu pikir öňdenem soltanyň kellesinde bardy. Serkerdeleri çagyrmagynyň bir ujy şu pikire baryp çatylýardy.

Alp Arslan endigi boýunça çadyryň töründe başam barmaklaryny ýasy kemerinden ötürip durşuna howlukman söze başlady:

– Ýigitler, pursat geldi. Kimdigimizi görkezmeli pursadymyz geldi. Afşin beg seljuk gylyjynyň zoruny rumlulara görkezip geldi...

Soltan başyny aşak salyp azsalym dymdy-da, ýene sözüni dowam etdi:

– Bu ýeňiş Alla tarapyndan iberilen bir nyşandyr. Ýöne Allanyň

iki tarapyň ýaraşmagyny isleýän bolmagam mümkin... Men ertir ir bilen kaýsaryň goşuna ilçi ibermekçi. Kaýsara ýaraşyk teklip etmekçi...

Çadyryň içine gulagyňy deşip barýan ümsümlik aralaşdy. Göýä, bu ýaşyl çadyr içindäkileriň ählisini goýnuna alyp, ümsümlik deňzine çümüp giden ýalydy.

Ümsümligi ýerinden turan Sawtegin hajybyň sesi bozdy:

– Eger, kaýsar ýaraşyk islemese...

Alp Arslan çep eli bilen sakgalyny gysymlady:

– Onda söweş bolar!

Hajyp aşak oturdy:

– Düşnükli!

Soltan ýaňky bady bilen sözüni dowam etdi:

– Kaýsaryň ýanyna halyfyň biziň ýanymyzdaky ilçisi Muhammet bin Abdylmälik, – ol sözüniň şu ýerinde sekiniň üstünde oturan başy selleli adama tarap ümledi, – hem-de, – soltan sag eliniň süýem barmagyny Sawtegin bege uzatdy, – sen gidersiň!

...Soltanyň ilçileri ir bilen rum kaýsarynyň huzuryna ýöneldiler. Seljuklar tarapdan iki atlynyň ýetip gelýändigini kaýsara habar berdiler. Ilçileriň öňünden çykyp, Roman Diogeniň huzuryna alyp geldiler.

Imperator çadyryny edil köşgüniň kabulhanasyny bezän dek bezäpdi. Çadyryň töründe tylla çaýylan beýik kürsi, penjirelere tutulan tyllaýy sary tutular, altyn çaýylan şemdanlar, ýere düşelen gat-gat halylar kaýsaryň öz güýjüne göwnüniň ýetýändigini aňladýardy.

Imperator kürsä geçip, başyna täjini geýensoň, seljuk ilçilerini çadyra goýbermäge rugsat berdi.

Sawtegin hajybyň ýarag-esbaplaryny gapynyň öňünde sakçylar sypyryp aldylar. Ymam Muhammet bin Abdylmäligiň yzy bilen çadyra giren hajyp ellerini nirä goýjagyny bilmän aljyrady.

Sol eli bilen hanjaryň bilinden gysymlap, sag elini onuň sapyna goýmagy endik edinen seljuk hajyby üçin, ýaragsyzlyk diňe bir ýaragsyzlyk däldi. Onuň üçin ýaragsyzlyk hiç zatsyz, boş galmakdy.

Ine, egri gylyjyny, hanjarly kemerini sypyryp alansoňlar Sawtegin beg hem boşap galan dek boldy. Onuň göwni boşap galan dek boldy. Hajyp boş göwün bilen kaýsaryň öňünde nähili durup biljegine düşünmedi. Ýöne, onuň ýanynda ymam bardy. Ymam arkaýyndy.

Ol tesbisiniň monjuklaryny sanap durşuna, dodaklaryny çalaja müňküldedip doga okaýardy. Ymam arkaýyndy. Sebäbi, gapynyň agzynda duran sakçy onuň ýaragyny elinden alyp bilmändi. Ymamyň ýaragy ynamydy. Onuň ynamy mydama ýanyndady.

Rum kaýsarynyň daşyny gallap alan emeldarlary heşelle kakýardylar. Olaryň gözleriniň ýalpyldysy, göýä ilçileri pitiwa etmeýän ýaly, bir-biri bilen gaty ses bilen gürleşip duruşlary ýürekleriniň töründe oýanan heşelläniň bir ujudy.

Esli salymdan soň imperator göýä gapydan giren ýerinde duran ilçileri ýaňy görýän dek ardyndy. Çadyryň içiniň gowry kem-kemden ýatyşdy.

Imperator ilçilere ýüzlendi:

– Näme habar bilen gelen bolsaňyz, aýdyberiň!

Ymam bir ädim öňe süýşdi:

– Ilki bilen biz Siziň alyjenabyňyza soltan Alp Arslanyň dogaýy salamyny getirdik...

Kaýsar çala baş atdy.

Ymam dowam etdi:

– Onsoňam Adudaddöwle soltan Alp Arslan ikitarapdan hem gandökülişigiň öňüni almak üçin, Siziň alyjenabyňyz Rum kaýsary Roman Diogene ýaraşyk teklip edýär.

Çadyryň içine ümsümlik aralaşdy. Kaýsar öz güýjüniň seljuklaryňka görä juda kändigini bilýärdi. Şonuň üçin ýaraşyk baglaşmak onuň pikirinde hem ýokdy. Soňky üç ýylyň içinde onuň ilkinji gezek şeýle pursady eýeläp durşudy. Onuň güýji kändi. Özi-de uçursyz kändi. Beýle pursat elinde mahaly ýaraşyk hakda gürrüň hem bolup biljek däldi.

Kaýsar ýüzüni ýokary göterdi. Gözlerini ymamyň çadyryň ýarymgaraňky tümlüginde agaryp duran sellesine dogrulap, ýap-ýaňyja al şeraba ezilen dodaklaryny ýazdy:

– Soltana aýdyň! Ýaraşyk diňe Reýde baglaşylar!

Sawteginiň hanjarynyň sapyny gözlän eli ýene boş howany gysymlady.

Ymam howlukman kaýsaryň jogabyny berdi:

– Ýöne, Reýe ilki bilen barmak gerekdir...

Imperator bu jogaby eşitmezlige salyp gulaklarynyň duşundan geçirip goýberdi-de, gaýtadan dillendi:

– Meniň mydama bilesim gelýän bir zat bar...

Hemmeleriň özüne göz dikenini gören kaýsar sözüni dowam etdi:

– Yspyhan gowumyka ýa Hemedan?

Sowalyň düýp matlabyna düşünmedik Sawtegin esger ýönekeýligi bilen jogap berdi:

– Ikisem gowy şäher, ýöne Hemedanda howa sowugrak...

Kürsini sarsdyryp loh-loh gülen imperator elini salgap goýberdi:

– Zyýany ýok, Yspyhana özümiz baryp, Hemedanda bolsa mallarymyzy gyşladaýarys...

Kaýsaryň emeldarlarynyň gülküsi çadyry ýarara geldi.

– Mallaryňyz Hemedanda gyşlar, ýöne siziň nirede gyşlajagyňyz belli däl...

Sawteginiň bu janyýangynly sözleri rumlularyň gülküsiniň arasynda ýitip gitdi.

Gülki birneme kiparlaýança garaşan Roman Diogen kürsüden düşdi. Ol howlukman ýöräp gelşine ilçileriň öňünde aýak çekdi-de, sag elini ýokary göterdi. Emeldarlaryň sesine suw sepilen dek boldy.

Ellerini bykynyna diräan kaýsar howlukman söze başlady:

– Men köp pul seçip, köp goşun toplap şu ýerlerik geldim. Indi şeýle amatly ýagdaýa çykyp, ýeňşe elimi uzadaýmaly bolan mahalym, nämüçin yzyma boş gaýdaýyn. Ülkelerime gelenleri ülkelerine eltmän, men nädip yzyma gaýdaýyn. Ýaraşyk üçin indi giç. Ýaraşyk indi diňe Reýde baglaşylar... Soltana şeý diýibem aýdyň...

Ymam duran ýerinde yzyna öwrüldi. Sawtegin onuň yzyna düşdi.

...Soltan Alp Arslan ilçileriň getiren jogabyna gaty gynandy. Indi diňe bir ýol galypdy. Başyňy etegiňe salyp söweşmelidi. Ol ýene serkerdeleri çadyryna ýygnady.

Buýruk gysgady: Goşun ertir juma namazyndan soň hüjüme geçmäge taýyn bolmaly. Şu gün uzak gije seljuklaryň goşunda dowuldyr köstüň sesi ýatmaly däl...

Ähli hajyplara rugsat beren soltan Sawteginiň bir özüni alyp galdy. Soltan çadyryň ortasynda duran hajyba golaý geldi. Onuň

pyşyrdysy hajybyň gulaklarynyň düýbünde gök gümmürdisi dek ýaňlandy:

– Ýaraşyk baglaşyp bilmän geleniň seniň günäň däl. Gije ýene rumlularyň goşuna gidip gelmeli bolarsyň...

Sawtegin sesini çykarman soltanyň indiki sözüne garaşdy. Soltan dowam etdi:

– Garaňky düşensoň ýanyňa ýene bir nökeriňi alyp, rumlularyň goşuna girersiň. Guzlaň serkerdesini tapyp gürleşersiň... Eger, olar ertir söweş mahaly biziň tarapymyza geçip, ýaraglaryny rumlulara tarap öwürseler...

Soltan Alp Arslan göýä näme wada berjegini bilmeýän ýaly birbada dymdy. Birdenem ol Sawteginiň eginlerinden gujaklap, onuň çepiksije göwresini ýerden üzdi:

– Seniň agramyňa deň tylla baýraklary bar, oljadan paýlaram üstüne... Häzirlikçe bolsa, – soltan guşagyndaky haşamly hanjaryny sypyryp Sawtegine uzatdy, – şuny guzlaň serkerdesine menden peşgeş berersiň...

Sawtegin dilewardy. Düşleg mahaly serkerdeleriň köpüsi oňa golaýrak bolanyny kem görenokdy. Ol bir görseň, hiç gep ýok ýerindenem bir gürrüň tapyp, mähelläni gyzyl-gyran güldürip oturandyr, bir görseňem köneden köne gürrüňler tapyp, şeýle bir gyzykly söhbet gurap oturandyr welin, gapdalynda çökeniň wagty bilen gopasy gelmezdi...

Ine, Alp Arslan şeýle hajybyny ilçi edip kaýsaryň huzuryna ýollapdy. Bu gün kaýsaryň ýanynda ilçiniň dilewarlygynyň nepi degmedi. Kaýsar niýetini gata düwüp gelipdi.

Alp Arslan Sawtegine dessine ýene bir ýumuş tabşyrdy. Özü-de gaty howply ýumuş. Gündiz ilçi bolup gidende Sawteginiň janyna howp abanyp duranokdy. Sebäbi ol duşmanyň huzuryna ilçi bolup barypdy.

Ýöne, gije ol duşman goşuna başyny etegine salyp gitmelidi. Soltan bu agyr ýumşy başga adama tabşyryp hem biljek däldi, sebäbi, Sawtegin

gündiz duşman goşuna baryp, nämäniň nirede ýerleşýändigine azajyk-da bolsa nazar taşlap gelipdi.

...Sawtegin mazaly garaňky düşensoň ýanyna rumlularyň dilini bilýän bir nökerini aldy-da, goşdan saýlandy. Iki pyýadanyň keltejik hanjardan başga ýaraglary ýokdy. Seljuk eşiklerini taşlap, rumlularyň eşigine çalymdaş eşikleri eginlerine geýipdiler.

Sawtegin gözedürtme tüm garaňkyny penalap ýola düşdi. Ýöne, bu tümlüge diňe duşman goşuna barýançaň gizlenip boljakdy. Giň düzlüge ýaýrap giden duşman goşunda nökerler ot baryny ýakyp, daşyna üýşüp oturansoňlar, ol ýerde gijäniň tümlüginden peýda ýokdy.

Ýöne rumlularyň goşuna duýdurman aralaşyp bilseň, dürli kowumlardan toplanan uly ýygynyň içinde iki sany adam syryny bildirmän azsalym güýmenip bilse gerek.

Sawteginiň daýanýany şu pursatdy. Ol nökerini yzyna tirkäp, sag ganatdaky depeleriň aňyrsyna aşdy. Şu tarapda saklaw azdy, onsoňam duýlaýanda-da, depedir oý ýerde bukunmak aňsatdy.

Iki pyýada depeden depä, oýdan oýa girip-çykyp esli ýöredi. Ahyry emedekläp bir depäniň üstüne çykan Sawtegin duşman goşunyň gapdaly bilen, onuň orta gürpüne ýetendiklerini gördi.

Ol bukdaklap depeden aşdy. Nökeri onuň yzyna düşdi. Bu ýerde saklaw gaty seýrekdi. Iki seljuk esgeri saklawyň arasyndaky boşlukdan duşman goşuna aralaşdy.

Sawtegin göwresini dikledi. Indi bu ýerde howp-hatary ýadyňdan çykarmalydy. Indi duşmanyň öz biri ýaly bolmalydy, şeýdeniňde bu ýerden aman sypmaga umyt boljakdy.

Sawtegin elini hanjaryň sapyndan aýyrman ýöräp barşyna, näme gözleýändigini özi-de bilenokdy. Dogrusy, ol guzlaryň goşuny gözlemelidigini bilýärdi, ýöne ony bu gyzyl-ýaýyrt bolup ýatan ýygnyň niresinden gözlejek.

Bular bilen hiç kimiň işi ýokdy. Her kim öz aladasy bilendi. Oduň başynda biş-düş taýynlap ýöreni haýsy, eýýäm garbanyp oturany haýsy... Atyna iým berip ýöreni, odyň başynda eýerini ýassyk edinip eýýäm uklap ýatany haýsy...

Ertirki söweşiň öňýany dürüşde goşun öz başagaýlygy bilen başagaýdy.

Hol-ha kiçiräk oduň başynda üç sany adam otyr. Sawtegin ýoldaşyny saklady:

– Şu oduň başyna baraly... rumçalap guzlaryň goşuny sorarsyň... «Nämä gerek?» diýseler, «Bir guzdan algym bar, söweşden öň şony almaga barýan. Ýogsa, ertir söweşde guzy öldüräýseler, men ölüden algymy alyp bilmen» diýersiň... Düşündiňmi?

Nöker baş atdy. Sawtegin dowam etdi:

– Eger, olar ynanman sepimiz açylaýsa... Oduň başynda üç sanjak rumly bar. Jyňkyny çykartman kaklap bilýäris. Düşündiňmi?

Nöker ýene baş atdy. Olar oda golaý geldiler. Nöker Sawteginiň öwredişi ýaly sowal berdi. Oturanlaryň biri ot gorsap oturan çöpüni ho-ol aňyrdaky oda tarap uzadyp, nämedir bir zat mydyrdady...

Sawtegin nökeriň ýeňinden çekdi. Olar görkezilen oda golaý geldiler. Oduň daşyny gallan bäş-alty sany adam agşam-şamlyk taýynlaýana meňzeşdi.

Bir gujak közi otdan gyra çekip, onuň üstüne köne sowudyň bir tarapyny atypdyrlar. Gyzan polada eliň aýasy ýaly ýasy çig et bölekleri ýapylgydy. Etiň şiresi şybyrdap, typançak sowudyň üsti bilen syrygyp, köze damýardy. Bişen etiň tagamly ysy töweregi gaplap alypdy.

Bular guzlardy. Bular bilen Sawteginiň özem gürleşip biljekdi. Ol nökerini yzyna tirkäp, ody gallap oturanlaryň ýeňsesinden geldi. Bularyň gelenini hiç kim aňşyrmady.

Sawtegin pessaýja ardynjyrady. Ýeňsesinden gelnen guz päki bilen syrylyp, oduň yşygyna ýalpyldap duran kellesine howlukmaç sopbaşyny geýdi-de, gylyjynyň sapyna ýapyşyp, towsup ýerinden turdy.

Sawtegin oduň yşygy düşýän ýagtyrak ýere çykyp, ýuwaşja dillendi:

– Giç ýagşy!

Ýerinden turan pyýada turşy ýaly tiz aşak çökdi. Oduň aňry tarapynda at keçesini düşek edinip ýaýrap ýatan pyýada hemmesine derek jogap berdi:

– Gelen ýagşy...

Ol jogabyň yzyna sowaly hem suňşurdy:

– Kimleri gözläp ýörsüňiz?

Bu iki kişiniň guzlary gözläp ýörenini eşidip atkeçäniň üstündäki pyýada göwresini dikledi. Sawtegin bilen nökeriniň egnindäki eşiklerine ünsli göz gezdirdi-de, olary oduň başyna çagyrdy:

– Oduň başyna geçiň, siz guzlaryň tüýs üstünden geldiňiz... Men guzlaryň serkerdesi Tamuş beg...

Ol Sawtegine gapdalyndan ýer görkezdi. Sawtegin tegelek ýüzli, gyýak gözli, kepje sakgalyna çal sepen elli ýaşlaryndaky pyýadanyň gapdalynda atkeçäniň bir çetine çökdi.

Tamuş beg bilindäki hanjaryny gynyndan sogrup aldy-da, onuň ujuny közüň üstündäki sowudyň ýüzüne taşlanan bir bölek ete ýetirdi. Poladyň polada degen jygyrdysy eşidildi. Beg bir bölek bişen eti sowudyň ýüzünden goparyp aldy. Gapdalynda ýatan horjunyň gözüne elini sokup, bir bölek bugdaý nanyny aldy-da, eti nanyň üstüne ýapyp Sawtegine uzatdy:

– Owkat edinip oturyň!

Kem-kemden etiň şiresi nana siňip, iki tagam garylyp bir lukma öwrüldi.

Sawtegin ýagly lukma işdämenlik bilen agyz urdy.

Nökerleriniň biri Tamuş bege gymyzly meşigi uzatdy. Beg meşigiň dykysyny sogurdy-da, onuň jüründigine dodaklaryny ýetirdi. Birki gezek hezil edip owurtlansoň, ol meşigi Sawtegine uzatdy. Jüründigi ýagjaryp duran dodaklary bilen gapjan Sawtegin meşigi göterdi. Göle sokjan dek sokjap, ep-esli turşumtyk gymyzy bokurdagyndan ötürdi.

Gymyzyň güýji seljuk beginiň kellesine tiz urdy. Ol Tamuş bege tarap öwrüldi:

– Sen guzlaň serkerdesi bolsaň, meni seniň ýanyňa soltan Alp Arslan iberdi...

Sawtegin bu sözleri pyşyrdap, diýen ýaly aýtdy.

Gymyz onuň ýüregine batyrlyk berse-de, aňyny almandy.

Alp Arslanyň adyny eşiden Tamuş beg bir eli bilen Sawteginiň agzyna ýapyşdy. Beýleki eli bilen bolsa, nökerlerine yşarat etdi. Düşbi nökerler tarsa ýerlerinden turup, oduň on ädim aňry ýanynda halka bolup durdular. Olar indi hem göz, hem gulak, hem goragdylar...



Tamuş beg Sawteginiň agzyndan elini aýyrdy:

– Indi aýdyber...

Gymyzyň güýji eýýäm başyndan uçan seljuk begi guz serkerdesiniň gyýak gözlerine nazaryny dogrulap, hälki arasy ýolnan sözüni dowam etdi:

– Alp Arslan guzlaryň öz ganybir garyndaşlarynyň tarapyna geçmegini isleýär...

Tamuş beg seljuk begini oýnamak isledi:

– Edil şu wagtmy?

Sawtegin garaçyny bilen jogap gaýtardy:

– Ýok, ertir söweş mahaly...

Gürrüňiň çynyrgaýandygyna göz ýitiren Tamuş beg ykjamlandy. Ol düz möjeginiň hüşgärligini elden bermän gürledi:

– Seni soltanyň iberendigine men näme üçin ynanmaly, belki, sen kaýsaryň jansyzysyň...

Sawtegin goltugyndan Alp Arslanyň hanjaryny çykaryp, Tamuş bege uzatdy:

– Şuny soltan size peşgeş ýollady...

Hanjaryň sapynyň, gynynyň ýakyt daşly tylla bezegleri oduň yşygyna öwşün atdy. Bu dogrudanam, diňe soltanlara mynasyp hanjardy.

Tamuş beg hanjary üç gezek dodaklaryna degrip aňyrsyna geçirdi:

– Ýöne, oljadan biziň öz paýymyz bolar.

Sawtegin baş atdy.

Tamuş beg dowam etdi:

– Onsoňam...

Ummasyz bir zat diläýmeginden ýa-da bitmesi kyn şert goýaýmagyndan heder eden seljuk begi onuň sözüni böldi:

– Onsoňam, soltan size meniň agramyma deň tylla wada berýär...

Tamuş beg Sawteginiň çepiksije göwresini howlukman synladyda, seljuk begine tarap eglip çogup gelen gülküsine boglup zordan pyşyrdady: – Soltan bärik ibermäge daýawrak nöker tapmadymyka...



# AZAŞAN KÄN ZAT TAPÝAR

Oba birwagt gözden ýitipdi. Köne kerwen ýoly bilen çölüň jümmüşine çümüp barýan ala ýabyly, ala selleli, ala horjunly kişiniň keýpi kökdi. Ýaňyja çykyp çaýdan obasynda ol uly hazynanyň üstünden barypdy. Ol ýagma, garlyk, çigil illeriniň üstünden ötüp Horezme barar. Ýolda oňa ýaňky garry ýaly hazynalaryň gör, näçesi garaşýandyr.

Göýä, depeden aşaýan ýerinde ýene-de bir obanyň üstünden baraýjak ýaly Mahmyt ibn Hüseýin howlukdy. Depeden aşak inen ýaby badyny gowşadyp birsydyrgyn ýorga geçdi. Mahmyt ýabynyň yrgynyna goşup, ýuwaşja hiňlenenini-de duýmady:

– Gyş bilen ýaz çaknyşdy,

Gyňyr-gyňyr bakyşdy...

Ol başyny ýaýkap goýberdi. Şol bir pikir indi gör näçenji gezek kiçiräk guş sürüsi dek bolup onuň beýnisine gondy: «Il içinde dilewar adam kän-ow...»

Mahmyt ak öýläne çenli jylawy çekmedi.

Sary tüweleý goltugyna peşmek gysyp, ala ýabylynyň gapdalyndan geçip gitdi. Onda-munda togalanyp barýan peşmekler göze ildi.

Bu tupanyň alamatydy. Sähel salymdan Mahmydyň dört tarapyny-da sary çägeden gurlan diwar gurşan dek boldy.

Ala ýaby ýoluny tapman götinledi. Oňa bu ýagdaýda gamçy çalanyň peýdasyzdy. Mahmyt ýabydan düşdi. Uýandan tutup, göwresiniň bar agramyny berip, ýabyny öňe sürmäge synanyşdy. Agramlar deň gelmedi. Ala ýaby ýerinden gozganmak hem islemedi.

Ýeliň päkiniň ýüzi ýaly ýiti sesi agzy-burny çägeden dolan Mahmydyň gulagyna neşder bolup sünjüldi. Ýel göýä onuň hälki pyşyrdylaryny älem giňişliginiň niredendir bir ýerinden tapyp alyp, getirip öz gulagyna dykýan ýalydy...

...Şuw-şuw... Gyş bilen ýaz çaknyşdy... Bu pursat hem çaknyşyk pursatydy. Bu pursat çöl bilen adam çaknyşypdy.

...Şuw-şuw... Gyňyr-gyňyr bakyşdy...

Bireg-birege mundan beter gyňyr bakyşyp bolmasa gerek.

...Şuw-şuw... Birek-biregi ýuwutmaga çalyşdy...

Bu ýerde-hä ýuwutmaga çalyşýan diňe gyňyr çöldi...

...Şuw-şuw... Birek-biregi utmaga çalyşdy...

Bu ýerde utjak bolýanam çöldi. Adam utmakdan geçen, utulmasa kaýyldy...

Bu pursat togtamak Mahmyt üçin ölümdi. Togtagygyň-çökdügiň, çökdügiňem üstüňi sary çäge gömjekdi.

Ol uýany sypdyrman ýabyny ýeliň ugruna öwürdi. Goý, ýoluny üýtgetsin, ýöne ýere çökmän, gymyldap dursa bolýar. Ýaby ýuwaşjadan ädimläp başlady. Mahmyt ýel nirä öwrülse, ýabynyň ýüzüni şol tarapa öwürdi. Başgaça mümkin hem däldi.

Şondan başga ýeke ýol bardy – ol ýol ýere çöküp, tümmege öwrülmekdi...

Tupan gijäniň ýaryna golaý köşeşdi.

Sähel salymdan bu jelegaýda golaý-goltumda ýel öwüsmedik ýaly boldy. Patrak deý ýyldyzlar şöhle saçdy.

Mahmyt ýadawdy. Tupan bilen tutluşyp, onuň sütüni süýnüpdi. Ol jylawy ýogyn sazagyň şahasyna iltäp, özi hem düýbünde süýndi...

Gütürt... gütürt... gütürt...

Mahmyt ýuwaşlyk bilen gözlerini açdy. Ol bu gütürdiniň nireden gelýändigini bilmän diňşirgendi. Eýesiniň oýanandygyny gören ala ýaby pyşgyryp goýberdi.

Mahmyt tirsegine galdy. Ala ýaby gapdalynda hezil edip sazagyň pürüni çeýnäp durdy. Daş-töwerek ümsümlik. Çöl, sagda-da çöl, çepde-de... Diňe ýokarda mawy asman. Gün guşluk bolup barýardy.

Mahmyt ýerinden turdy. Hudaýa şükür, eýeriň ganjygasyna berkidilgi suwly meşik, ala horjun ýerindedi.

Mahmyt azajyk suw bilen ýüzüni ýuwup, agzyny çaýkady.

Horjuny alyp sazagyň kölegesine geçdi. Garry enäniň berip goýberen bir golça gowurmasyny öňüne alyp garbandy.

Aňyrsyna il gonansoň, ol ýerinden turdy. Ýola düşmelidi. Eger, ol ýol bar bolsa... Ýok bolsa tapmalydy, ýasamalydy... Ýöne, durmaly däldi... Ýeke bolup çöl beýewanda galmagyň howpy indi Mahmydyň saçlarynyň ujuna çenli ornapdy.

Bu çölüň içinden ýol gözlemelidi, il gözlemelidi...

Ala ýaby eýesiniň ýagdaýyna düşünýän dek ýuwaşja hokrandy.

Mahmyt eýeriň üstünde ornaşdy-da ýabyny günbatarlygyna sürdi. Kaşgar gündogarda galypdy, diýmek, Buhara günbatardady. Has dogrusy, ol ýüzüni günbatara öwrüp, sag egnine tarap gyşaryp gitmelidi.

Çäge depeleri Mahmydyň howuny basdy. Olar gorkunç däldi, ýöne, olar köpdüler, tükeniksizdiler... Olar köplügi bilen Mahmydyň howuny basdylar, ilkibaşda Mahmyt üstünden aşan her depesi üçin elindäki agaja pyçak bilen çyzyk salyp bellik edip gelýärdi. Onuň näçenji depeden soň ýol tapjagyny bilesi gelipdi. Ýöne, taýagyň ýüzündäki bellikleriň sany kyrkdan geçse-de, ýol-a däl, ýoda meňzeş zada hem gözi ilmänsoň, Mahmyt bu pişeden el çekdi.

Gün dik depä çykdy. Mahmydyň sellesiniň aşagyndan syrygýan çäge gatyşykly deri boýnunyň ýüzi bilen eşigine siňip gidýärdi. Suwly meşik eýýäm ýarty bolupdy.

Her gezek meşigiň jüründigini agzyna eltende tamşanyp seredýän ala ýaby hem suwsapdy. Ýöne, haçan suwa ýetjegiňi näbiljek?! Depäniň aňyrsyndan öňüňden guýy çykjagyny bilseň, meşikdäki suwy ýaba içiräýseň-de bolardy...

Bir zat ýadyna düşen Mahmyt jylawy çekdi. Ol atdan düşdi-de, horjunyň gözüne elini sokup, gowurmaly golçany tapdy. Golçanyň agzyna daňlan köne ýaglygy sypyryp, elini golça sokdy. Ol aýasyny gowurmanyň ak ýagyndan dolduryp çykardy. Barmaklarynyň ujuna, eliniň ýeňsesine ýokan ýagy özi ýalady-da, aýasyndaky tokga ýagy atynyň agzyna eltdi. Ala ýaby ysyrgandy, soňra uzyn dilini çykaryp, eýesiniň aýasyndaky bölek ýagy ýalap aldy.

Mahmyt ýene eýere gondy. Şujagaz ýag aty ikisini agşama çenli suwsatmasa gerek. Oňa deňijem salkyn düşer...

Ýarty meşik suw bilen bolsa, bu çölde ýene bir gün çydasa bolar... Oňa deňiç, belki...

Şol «belki» hem Mahmyda güýç berýärdi...

Garaňky düşdi. Göýä ýyldyzlaň öňüniň gündizki mawy örtgüsi sypyrylan dek boldy. Hol-ha ýedigenler, hol-ha Bagyr sogum[19] ýyldyzy... Demirgazyk ýyldyzy dogmasa ýyldyzlardan ugur tapmak aňsat däldi. Mahmyt şonda-da bir gözüni asmandan aýyrman ýabysyny gyssady. Gije salkyndy. Salkynda ýol aşmalydy. Onsoňam, gijesine ýerdäki ýyldyzlar – yşyklar hem gowy görünýär ahyry. Indi Mahmyda her depäniň aňyrsyndan çopan-goşunyň ody ýa-da çöl obasynyň yşygy görnäýjek ýalydy...

Daňa golaý ýaby halys durdy. Dagy näme, çägä toýnagyny çümrüp depeden depä dyrmaşmak tekiz ýoldan ýörän ýaly däldi.

Mahmyt oýuň içindäki äpet sazagy peýläp depeden indi. Ýabyny pürlek sazaga iltäp, özi atkeçäni düşenip, eýeri ýassandy-da uka gitdi...

Mahmyt günortanyň tüp yssysynda üstüne gün düşüp oýandy. Günüň ýiti şöhleleri eşiginden geçip, tenini ýakyp gelýärdi. Ol ýerinden turmaga-da ýaltanyp, bagry bilen süýşenekläp göwresini kölegä atdy. Bu ýerik kölege täzelikde süýşen bolarly, sebäbi ýer gyzgyndy. Ol pyçagyny gynyndan çykaryp aldy-da, kölege ýerdäki gyzgyn çägäni gapdala sürdi. Soň ýene esli gumy gazyp süýşürdi. Sähel salymdan ol itiň sürenine meňzeş garym gazyndy. Garymyň içi sowujakdy. Mahmyt döşüni garymyň düýbüne ýaplady. Ol näçe uklamaga çalyşsa-da ukusy tutmady. Uklasa suw içesi gelenokdy. Ol uklap meşikdäki suwy tygşytlamakçydy. Gözi açyk asmana seredip ýatyşyna bolsa, suw içesi gelýärdi. Suw hakdaky pikiri kellesinden näçe kowmaga çalyşsa-da bolmady, Mahmyt ýerinden turup, elini suwly meşige ýetirdi.

Gulk. Gulk. Gulk... Gan dek gyzgyn suw bokurdakdan ötse-de teşneligi gandyryp bilmedi. Mahmyt gowurdakly golçany horjundan çykardy. Golçadaky ak ýagyň hemmesini eli bilen syryp aldy-da, ýumruk ýalysyny bir demde ýuwudyp goýberdi. Galan ýagy ol ýabysyna ýaladyp, eliniň ýagyny sazagyň pürüne süpürdi-de, ýene göwresini garyma goýberdi.

Suw hakdaky pikir az-kem kelleden uçdy. Şu wagt onuň göwnüne ähli suwlar meşikdäki ýaly gyzgyn bolup göründi...

Giç öýlän ýüzüni günbatara tutan ala ýabyly ýene ýola düşdi. Ýabynyň ýüki azajyk-da bolsa ýeňläpdi: ala ýaby dişi bilen meşigi ýyrtyp, onuň içindäki galanja suwy-da döküpdi.

Indi bu giň çölüň içinde iki jandaryň alty aýakdan başga daýanara zady ýokdy. Gije tiz geçdi. Megerem, bu Mahmydyň ömründe iň çalt geçen gijeleriň biri bolsa gerek. Dagy näme, her bir depä dyrmaşaňda ähli umydyň gözleriňden çykyp, patlap çägä gaçaýjak bolup durka, ol-a bir gijemiş, tutuş ömürem tiz geçse gerek...

Gije gowudy. Gije salkyndy. Gije Mahmydyň ýüreginde umyda uly ýer bardy. Gündiz yssydy. Gündiz ýürekdäki umyt kiçelip, iňňäniň gözüne dönýärdi. Dagy näme, sazagyň düýbünde bagryny ýere berip ýatan adamda nireden uly umyt bolsun...

Mahmyt gündiziň gyzgynyny ýene sazagyň kölegesinde geçirdi. Kölege ýöne, diňe bir kölegedi. Ol suw däldi. Kölege Mahmydyň jaýryk-jaýryk bolan dodaklaryna nem damdyryp bilenokdy. Dodaga nem gerekdi.

Mahmyt giç öýlän ýola düşmek üçin ýerinden turmaga synandy. Taby peselen göwre diýenini etmejek boldy. Gözleri garaňkyrap gitdi. Kellesini kölegä sokup, göwresini güne taşlap ýatan ýabynyň hem ýagdaýy gowy däldi.

Mahmyt ýene göwresini ýere goýberdi.

Ýatmakdan peýda ýokdy. Ýöremegiň alajyny etmelidi. Mahmyt ýatan ýerinden horjuna elini ýetirdi. Bokurja golçany horjundan sogrup aldy-da, elini sokdy. Golçanyň diwarlarynda galan ýag eräp düýbünde köljerip ýatyrdy. Mahmyt elini şol ýaga ýagşy bulap çykardy.

Ol elinden joralanýan ýagy ýalamakçy bolup boýnuny süýndirdi. Şu pursat onuň gözleri ýabynyň gözlerine düşdi. Mahmyt nädip bagry bilen süýşüp iki ädim aralygy geçenini bilmedi. Ol ýaga bulan elini ýabynyň dodaklaryna ýetirdi. Ala ýaby eýesiniň ýagly elini hezil edip ýalady. Onuň ullakan gözlerine şöhle inen dek boldy. Boýun damarlary tirpildäp gitdi. Mahmydyň gözleri damardan akyp barýan gan bilen bile süýşenekledi. Ol damarlardan nem akýardy. Ol belki, Mahmydyň dadyna ýetişjek nemdir...

Mahmyt pyçagyny gynyndan sogurdy. Bir ädim öňe süýşüp, ýabynyň boýnuna elini ýetirdi. Janawer eýesiniň hyýalyna düşünen ýaly, kaýyllyk bilen kellesini gapdala goýdy.

Mahmyt pyçagyň päkisini damaryň üstünden ýöretdi. Ýiti päki damary dilip goýberdi. Mahmyt damaryň dilnen ýerine jaýryk-jaýryk bolan dodaklaryny basdy. Gyzgyn nem onuň bokurdagyny ýalap gitdi. Göýä bu nem onuň tutuş göwresini yzarlap, ökjelerine ýeten dek boldy.

Mahmyt bir gysym sary çägäni ýabynyň ýarasynyň üstüne guýdy. Çägä siňen gan lagta-lagta bolup doňdy. Soňra ol bilindäki guşagyny çözüp aldy-da, ýabynyň boýnunyň daşyndan iküç gezek aýlap, berk daňdy.

Olar ýola düşdüler. Göwrelere birneme tap gelipdi. Mahmyt ýabysyny yzyna tirkäp, gijäniň ýaryna golaý bir depäniň üstüne dyrmasan mahaly ho-ol uzakda ýylpyldap ýanyp duran ody saýgardy.

Mahmyt depäniň üstünde dyzyna çökdi. Gözlerini owkalap gaýta-gaýta seretdi. Şübhe ýokdy. Ol otdy. Onuň begenjine çägäniň üstünde togalanyp-togalanyp oýnasy geldi. Ýöne gorkdy. Oduň gözünden ýitmeginden gorkdy. Oýuň içine düşse ody ýitiräýjek ýaly, Mahmyt depäniň üsti bilen ýöredi. Bu uzak, aýlawly ýoldy. Ýöne, hol uzakda ýanyp duran ot mydama gözüniň öňündedi.

Mahmyt ýanynlap, oda golaýlady. Eger, bu çopan ody bolsa, itiň sesi eşidilmelidi. Ymgyr çölüň içinde gije çopandan başga kim ot ýakyp biler. Ýa özi ýaly azaşanyň birimikä?!

Soňky pikir kellesine gelen Mahmyt tisginip gitdi. Şol pursat ol ho-ol aňyrdan üýrüp özüne tarap gaýdan itiň sesini eşitdi.

Ýadaw göwre ýeňillik bilen dem aldy. Ol çopan goşunyň üstünden gelipdi. Näçe gün bäri dartylyp duran damarlar bir pursatda gowşady.

Dyzlarynyň ysgyny gaçan Mahmyt ýere ýazyldy...

Ýüzüne sowuk damja syçran Mahmyt gözlerini açdy. Mahmydyň kellesini dyzynyň üstüne goýan horja ýaşuly onuň gözlerini açanyny görüp, elindäki meşigiň jürdeginden aýasyna suw akdyrdy-da. Mahmydyň dodaklaryna howlukman hem damdyrdy.

Bogazyndan öten ilkinji damjanyň lezzeti göwresine ýaýran

Mahmyt horja pyýadanyň ellerine ýapyşdy. Gözleri hanasyndan çykara gelen Mahmyt bu pursat meşigi tutuşlygyna ýuwdarly göründi.

– Howlukma, ogul, howlukma, – ýaşuly özbaşyna hümürdäp oturyşyna ýene aýasyna suw guýdy-da, Mahmydyň dodaklaryna ýetirdi. Soňra öl aýasy bilen onuň ýüzüni, alkymyny sypap goýberdi.

Meşigiň dykysyny dykyp, egninden asan ýaşuly Mahmydyň goltugyna girip gop berdi. Çepiksije ýaşuly Mahmydyň göwresini egnine atyp goşa geldi.

Oýuň içine tarap uzalyp gidýän agylda müň töweregi goýundyr geçi gäwüş çalyp ýatyrdy. Agylyň agzyna golaý gazylan merthananyň[20] öňünde ot ýanyp durdy.

Çopan Mahmydy oduň golaýyna taşlanan galyň keçäniň üstünde ýatyryp, ýeňsesine üç sany ýassygy goýdy. Onuň kellesini dik saklap bilýändigine gözi ýetip, meşikden käsä suw guýdy-da, Mahmydyň dodaklaryna ýetirdi.

Mahmyt howlukman suw owurtlady. Onuň şu käsejikdäki kiçijik bir köl ýaly bolup duran suwy dem salymda sokga soraýasy gelýärdi. Ýöne, gorkýardy. Howlugyp suwy ýere dökerin diýip gorkýardy.

Käsäni boşadan Mahmydyň kellesini ýassyga ýaplan ýaşuly, ýeňillik bilen ýerinden turdu-da, hol beýle-de ýüzüni sortduryp duran ala ýabynyň jylawyndan tutup, oýuň içine çekdi. Oýuň ortasynda guýy bardy. Ýabyny suwa ýakan ýasuly ýene depäniň üstüne dyrmaşdy.

Ençe günüň ýadawlygy süňňüne ornan Mahmyt süýji uklap ýatyrdy. Goja merthanadan alyp çykan köneje ýorganyny Mahmydyň üstüne ýapdy-da, özi gapdalda, çepiksije göwresini ýukajyk donuň aşagynda gizläp gyşardy.

Mahmyt itiň üýrýän sesine oýandy. Gün guşluk bolup barýardy. Agyl boşdy. Daňyň ümüş-tamşynda sürini gezüwe çykaran ýaşuly çopan bu wagt çolugy bilen bile mallary guýudan suwa ýakýardy.

Ullakan kelleli ala köpek tazygyp oýuň içinden çykjak bolýan gär geçini kowalap getirip, ýene sürä goşdy. Mahmydyň suwdan ganan ala ýabysy hol beýlede sazagyň pürüne güýmenip durdy. Çopan ýabynyň eýerini aýryp, aýagyny duşapdy.

Mahmyt horjunyny gözledi. Ala horjun gapdalynda ýatyrdy. Ol elini horjuna ýetirdi. Petde-petde kagyzlaryň arasy sary çägeden

doludy. Mahmyt horjuny boşadyp, çägesini kakdy. Soňra kagyz petdelerini hem çägeden arassalap, ýene horjunyň gözüne ýerleşdirip başlady. Ol bu işe gümra bolup oturşyna çopanyň ýeňseden gelenini-de duýmady.

– Myhman, oýandyňmy?

Mahmyt tisginip gitdi. Ýaşuly çokaýyny çykaryp, düşegiň üstüne geçdi. Gapdaldaky saçagy, üsti basyrylgy çäýnegi orta süýşürdi. Ullakan käsä çaý guýdy-da, içine ýumruk ýaly gowurmany oklap, käsäni Mahmydyň öňünde goýdy:

– Hany, myhman, bir ýürekselik edin, köp wagt bäri azaşyp ýörene meňzeýäň...

Lal-jim bolup oturan Mahmyt diňe baş atdy. Mümkin, kimdir biri üçin onuň çölde azaşyp geçiren günleri ol diýen köpem däldir, ýöne Mahmyt üçin ol tükenmejek bakylykdy.

Ol şol bakylygyň arasynyň ýolnanyna entegem ynanman oturşyna, gapdalda ýatan agaç çemçä elini ýetirdi.

Çaý çorba onuň bogazyny gyzdyryp gitdi. Diýmek, ol diridi. Ýumşak çörege işdämen agyz uran Mahmyt diňe şu wagt başyndan ajal apatynyň sowulandygyna düşündi.

Mahmyt käsäni boşadyp, aňry süýşürdi. Çaýly käseden howlukman owurtlady. Çat maňlaýynda oturan ýaşuly çopana bir ýakymly söz aýdasy geldi. Diline söz gelmän, diňe ýylgyryp oňdy.

Çopanyň özi dillendi:

– Myhman, ugur nirädir?

– Buhara... – Ýekeje söz Mahmydyň agzyndan zordan çykdy.

Üç günläp düňle çölde dymyp gezen adama soň ilkinji sözi aýtmak kyn düşjek ekeni.

Ýaşuly başyny ýaýkady:

– Buharaň ýolundan-a eslije gyşarypsyň welin, hany az-kem dem-dynjyňy al, galanynyň bir alajy bolar...

Mahmyt diňe baş atdy. Dymyşlygy ýene çopan bozdy:

– Özüň niräniň adamy bolarsyň?

Mahmyt birneme ekezlenip, höwesjeň jogap berdi:

– Aslym-a Barsgandan, ýaşuly...

– Barsgandan diýsene.., – çalaja ellerini çarpyp goýberen çopan ýeke dyzyna galyp sözüni dowam etdi:

– Guş ýamany sagyzgan[21],
Agaç ýamany azgan[22],
Ýer ýamany gazylan,
Ýurt ýamany Barsgan... diýlen ýerden ekeniň-dä...

Mahmyt gözlerini ala horjuna tarap aýlap goýberdi. Ol azaşyp, ýene bir hazynanyň üstünden geläýdi öýdýän. Ol gep gözlegindedi. Delje gep-gürrüňi bolsa, asyl çölüň orruk ortasynda çopandan hem eşidip boljak ekeni...

Mahmyt elini horjuna uzatmagy gelşiksiz görüp, durşy bilen gulaga öwrüldi.

Düňle çölüň içinde täze söhbetdeş tapylanyna begenen çopan dowam etdi:

– Barsganly bolmasaň, bir ýaman ýurduň şatysyny görmeseň, bu giň çölde azaşyp, aman sypaýmak başardyp durasam ýok... Çölde azaşyp diri sypjak bolsaň onuň özündenem ýowuz bolmaly...

Çölde azaşyp ýörkä öz başyndan nähili howpuň ineni şu wagt aňyna ýeten dek Mahmydyň endamy jigläp gitdi. Şol wagt ýol-ýodaň gözlegi bilen muňa kän bir ähmiýet hem bermedik bolsa nätjek.

Indi bolsa ol çopan goşunda ýazylyp-ýaýrap otyr. Hol-ha oýuň içinde iküç adamy-ha däl, tutuş sürini suwa ýakyp duran guýy... Mahmyt şu pursat özüniň nähili howpdan halas bolandygyna dolulygy bilen düşündi...

Ol elini horjuna uzatdy. Myhmanyň horjundan kagyz-galam çykaranyny görüp, çopan ýerinden gobsunyp gitdi:

– Myhman, siz alym adam ekeniňiz-ow...

Mahmyt çalaja ýylgyrdy:

– Ýok men alym däl, siz alym...

Çopan düşünmedi. Mahmyt dowam etdi:

– Siziň ýaňky aýdan bendiňiz hiç bir alymdan eşitmedik sözüm bolany üçin men ony ýazyp aljak bolýan...

Çopan dyzyna şapbatlap güldi:

– Myhman, dilime gelen bir bent şygyr üçin maňa alym diýjek bolsaňyz, onda siz ol sözi kän aýtmaly borsuňyz...

Begenjinden Mahmydyň göwresine galpyldy doldy. Bu sözler ýöne bir badyhowa sözler däldi. Bu sözler özüne juda göwnüýetiji-

lik bilen aýdylypdy. Ol kagyz-galamyny taýyn edip oturşyna çopana meçew berdi:

– Hany, boluň onda...

Çopan taýagyny öňüne kese basyp oturşyna göýä, çalajadan aýdyma hiňlenýän dek söze başlady:

– Taňryny öwerin,
Bilimi ýygaryn,
Göwnüme düwerin,
Niýetim düýrlener[23].

Mahmyt kagyzyň ýüzündäki çäge dänejiklerini üfläp goýberdi-de, ýaşulynyň yzy bilen haýdady. Çopanyň dilinden sypan dört setir dört sany kerwen hatary dek bolup, ak kagyzyň ýüzünde ýerleşdi.

Ýene ýüzlerçe ýyllardan dört setiriň her bir harpynyň edil kerweniň her bir düýesine urlan ýüküň gymmaty ýaly gymmatynyň boljagy barada bu wagt Mahmyt pikir hem edenokdy. Ýöne, Alla onuň ýüregine bir zady guýupdy: Gyzyla gaplaýmaly sözler ýele gitmeli däldi. Olar kagyza ýazylyp, ömürleri ýyllara siňip gitmelidi...

Çopan dowam etdi:

– Ozal ýaşan erenler,
Ärler – hünär bilen beg.
Olar bilim bilen – daş,
Köp-köp öwüt galypdyr,
Köňlüm şolar bilen sag...

Mahmyt ýazýardy. Çopan dowam etdi:

– Myhman, siz bir bilge[24] kişi ekeniňiz. Bizde «Bilge kişini eý tut, onuň sözüni diňle, mertebesini öwren-de, oňa amal et» diýilýändir... Eger, bilgeler bolmasa, ýere ekilen hiç zat gögermez... Köňüllerimiz öňki bilgeleriň sözleri bilen şypa tapyp ýaşaýar...

Mahmyt ýazýardy. Çopan birden öňündäki taýagyny gapdala taşlady-da, Mahmydyň ýüzüne çiňerildi:

– Myhman, siz nirelerde okap bilimli bolduňyz?

Mahmyt bu sowala kagyzdan ýüzüni sowman jogap berdi:

– Ilki Sakiýe, soň Hamidiýe medreselerinde okadym... Soň Bagdada gidip bilim alyp geldim... Gelibem sekiz ýyl oglan okatdym...

Çopan elini çarpyp goýberdi:

– Aperin, hezreti mollam...

Mahmydyň galamly eli doňup galdy. Ol myssa ýylgyrdy: «Göwünleriň deňdigini... Oňa adamlar «hezreti molla» diýýärdiler ahyry...

Çopan indi düýbünden başga hörpden gopdy:

– Mollam, meniň diýýän zatlarymyň heý bir zada peýdasy deger öýdýäňizmi?

Mahmyt kagyz-galamy gapdala goýdy. Sowal gaty göni goýlupdy, oňa jogaby-da göni bermelidi. Mahmyt entegem düýbünden ýadawlygy öçmedik gözlerini ýaşulynyň gözlerine dogrulady:

– «Erdem[25] başy dil» diýipdirler, ýaşuly, meniň ýazýan zatlarym dilimizi saklap galar... Dilimiz şu kagyzlaryň ýüzünde galar... Üýtgemez, iň esasy ýitmän saklanar... Dil dursa, millet durar... Millet dursa, ýurt durar...

Ýaşuly iki eline direnip göwresine gop berdi:

– Mollam, siz azajyk dynç alyň... Men erkeç öldürip, size ganlyja çorba bişirip bereýin... «Erkeç eti em bolar, erkü[26] eti ýel bolar» diýipdir könelerimiz...

Eýýäm ýerinden turan çopan gynyndan çykaran pyçagynyň tygyna başam barmagyny basyp, onuň ýitiligini barlap durşuna sözüni dowam etdi:

– Ýaz, mollam, «Pyçak näçe ýiti bolsa-da, öz sapyny ýonmaz...»

Myhmanyň kagyz-galama elini uzadanyny gören çopan, pessaýja hiňlenip, sürä tarap ýöneldi.

...Ýaşuly çopan ertesi güni ir bilen Mahmydyň meşigini suwdan dolduryp, horjunyna çopan çöregi bilen erkeç gowurmasyny salyp, Buhara ýoluna çykaryp goýberdi...



# *ALP SÖÝÜNJI SÖWEŞ GÜNÜNDE*

1071-nji ýylyň awgust aýynyň 26-syna, hepdäniň anna güni Beýik soltan Alp Arslan goşunyň öňünde Alla mynajat edipdir:

«Ýa rebbim, seni özüme wekil edýärin, beýikligiňiň öňünde başymy egýärin hem-de seniň ugruňda söweşýärin. Eý, Taňrym, niýetim halysdyr, maňa kömek et, sözlerim ýalan bolsa, meni gazabyňa duçar eýle!»

Goşun hem soltan bilen doga edip «Omyn» diýipdir. Bu dogadan soň Alp Arslan goşuna: «Men Taňra özüni bagyş edenler ýaly sabyrlydyryn... hem-de janyny howpa salan gazylaryň başynda durup söweşjekdirin. Eger, Taňrym, ondan garaşyşym ýaly, meni ýeňşe ýetirse, öňümizde gowy günler bolar. Eger, tersine bolaýsa, Mälik şany tagta çykaryp, oňa tabyn bolmagyňyzy wesýet edýärin» diýip ýüzlenipdir.

Esgerler «Gulluk, soltanym!» diýip jogap beripdirler.

Soltan Alp Arslan esgerleri bilen bile juma namazyny okady. Ol perraş[27] namazlygy ýygnaýança garaşdy-da, gapdaldaky tümmegiň üstüne çykdy. Soltan tümmegiň üstünde aýaklaryny giň taşlap durşuna, gözüni goşunyň üstaşyr uzaklara aýlap goýberdi.

Ine, soltanyň on bäş müňlük goşuny onuň diýjek sözüne garaşyp dur. On bäş müň göwre, on bäş müň ruh, ýagny on bäş müň sany bölek onuň öňünde durdy. On bäş müň bölege baş bolup söweşe girmek





howpludy. Onda-da özüňden sany onlarça esse artyk bolan duşmanyň garşyna çykmak ýeňiljegiňi boýun almakdy. Eger-de ýeňşe sähelçe umydygär boljak bolsaň, şu on bäş müň bölekden bir bitewi ýumruk ýasamalydy.

Soltan Alp Arslan şol niýet bilen tümmegiň üstüne çykypdy. Ol sag elini ýokary göterdi. Esgerleriň gowry ýatyşdy. Soltanyň ýogyn sesi goşunyň üsti bilen tolkun-tolkun bolup, ýaýrap gitdi:

– Batyrlar! Biz näçe az bolsak bolaly, olar – soltan sözüniň şu ýerinde sag eliniň süýem barmagyny rumlularyň ýerleşýän tarapyna uzatdy, – näçe köp bolsa bolsunlar, bütin musulmanlaryň biziň üçin doga edýän şu pursatynda özümi duşmana garşy söweşe oklaýaryn. Ýa ýeňerin, ýa-da şehit bolup jennete düşerin. Kim meniň bilen bolsa, yzyma düşsün, yzyna dolanjaklara ýol açykdyr. Bu ýerde buýruk berýän soltan ýa tabyn esger ýokdur! Alladan başga soltan ýokdur. Bu gün men edil siziň biriňiz ýaly esgerdirin!

Alp Arslan sözüni soňlady. Esgerleriň gözlerinde ot uçganaklaýardy. Beýik soltanyň hut özi olara baş bolup söweşe girmekçidi.

Soltan serkerdeleri töweregine ýygnady. Afşin beg, Aýtegin, Sawtegin, Göwheraýyn, Sandyk beg, Taraňogly Ahmet, Mansur beg, Süleýman şa, Çawly sakaw, Porsuk beg, Artyk hajyp, Tutak hajyp – hemmesi soltanyň garşysynda gol gowşuryp durdular.

Soltan söweşiň biçüwini çyzdy. Deň bolmadyk söweşde bir hilepirim ulanmasaň, bar güýjüň bilen maňlaýdan urup netije alyp bolmajagy her kese düşnüklidi.

Alp Arslan göýä ilkinji gezek görýän ýaly serkerdelerini birinbirin gözden geçirdi-de, söweş tabşyrygyny berip başlady:

– Artyk beg, Tutak hajyp, Porsuk beg siz atlylaryňyz bilen çep ganatda bukuda garaşarsyňyz. Siz söweş mazaly gyzansoň, çep ganat bilen öňe okdurylyp duşmanyň ýeňsesine çykarsyňyz...

Ady agzalan üç hajyp sag elini döşüne goýup baş egdi.

Soltan dowam etdi:

– Süleýman şa, Mansur beg siziň atlylaryňyz sag ganatda depeleriň aňyrsynda bukuda durmaly... Afşin beg, Çawly sakaw, Taraňogly Ahmet hajyp siz hem sag ganatda bukuda garaşarsyňyz... Söweşiň iň aýgytly pursaty bukudan çykyp duşmanyň üstüne topularsyňyz... Aý-

tegin, Sandyk beg, Sawtegin, Göwheraýyn bilen biz çat maňlaýdan zarba urarys! Ilki sagdaklary boşatmaly, soň gezek gylyjyňky!

Serkerdeler baş egdiler.

Soltan Alp Arslan ýeňsesine öwrüldi-de, depesi gotazly ýaşyl çadyryna tarap ýöneldi. Sähel salymdan ol tutuş ak eşikli çadyrdan çykdy.

Sylahdarlar[28] soltanyň ýarag-esbaplaryny alyp geldiler. Ýaýyny, peýkamly sagdagyny yzyna iten soltan, gylyjyna hem-de gürzüsine elini uzatdy.

Ahyr emiri[29] soltanyň daýaw gara atyny idip getirdi. Soltan atyň çekisini barlap gördi, howlukman atyň guýrugyny düwdi-de, aýagyny üzeňňä ýetirdi.

Ýaş ýigit dek towsup atyna çykan soltan esgerlere tarap öwrülip sargyt etdi:

– Esgerlerim! Eger şehit bolsam, egnimdäki bu ak lybas meniň kepenim bolsun! Şol pursat meniň ruhum asmana galar. Şonda siz Mälik şany tagta çykaryp, oňa wepaly boluň. Eger, ýeňiş bizlik bolsa, öňümizde köp haýyrly günler bolar...

Bu wagt gün öýlä agypdy. Iki goşun hem söweşe taýyndy. Rum kaýsary goşunyny üç bölege bölüpdir. Ol çep ganata Aleatesiň serkerdeliginde Anadoly toplumlaryny, sag ganatda bolsa, Nikephoros Brýenniosyň ýolbaşçylygynda rumly birleşmeleri ýerleşdiripdir. Andronikosyň serkerdeligindäki esgerleri ol yzda kömekçi güýç hökmünde saklapdyr.

Aýtegin, Göwheraýyn, Sawtegin, Sandyk beg ýaly serkerdeleriniň öňüne düşen Alp Arslan duşmanyň göni maňlaýyndan zarba urupdyr. Iki tarapyny deňlän seljuklaryň gylyç urşy aýylgançdy. Soltanyň sözleri olaryň gulaklarynda ýaňlanyp durdy.

– Ýa, Alla!

– Ur-ha, ur!

– Çap-ha, çap!

Wagşy gykylyk bilen özlerini götergileýän seljuk esgerleriniň gylyç inderýän elleriniň hereketine göz ileňokdy.

Seljuklar rumlularyň çat maňlaýyndan süsňäp girdiler. Birdenem seljuk atlylary ýuwaşlyk bilen ökje ogurlap başladylar. Bu soltan

Alp Arslanyň pirimidi. Şu wagt yza çekilmeseň, kelläň gyzgynyna duşmanyň uly güýjüniň gysajyna düşmegiň ahmaldy.

Seljuklary «gaçdy» hasap eden rumlularyň ähli güýji olaryň yzy bilen daş süýşen dek bolup gaýdypdyr.

Şeýdibem, bu uly goşun öz gabryny özi gazypdyr.

Afşin beg bilen Çawly sakawyň atlylary duşmanyň üstüne deň döküldiler. Sag ganatda maslyk maslyga degýärdi. Tomsuň yssy howasy gyzyp ýetjek ýerine ýetipdi. Maňlaýyňdan syrygýan der göni gözleriňe inýärdi. Deriňi süpürmek üçin ünsüňi sowaýsaň, duşman gylyjy öňürtjekdi.

Alp Arslan çep ganatdaky Artyk begiň, Tutak hajypdyr Porsuk begiň atlylaryny öňe sürdi. Seljuk atlylary soltanyň tabşyryşy ýaly çep ganaty tutuş syryp geçdiler-de, rumlularyň ýeňsesinden aýlandylar.

Rum goşunynyň ortada galan esgerleri alaçsyzdy. Goşunyň üç tarapyndan kerçäp orta sürünýän seljuklara olaryň ne gylyjy ýetýärdi, ne-de naýzasy. Şeýdip, iki ýüz müňlük rum goşunynyň ep-esli bölegi zerur mahaly söweşe goşulyp bilmän galdy...

Alp Arslan töweregindäki atlylara baş bolup öňe okduryldy. Aýtegin atyny debisgiläp onuň yzyndan ýetdi:

– Soltanym, özüňizi goraň... Öňe dyzamaň...

Onuň sesi goh-galmagalyň içinde ýitip gitdi.

Şol pursat rumlularyň çep ganatynda söweşen guzlaryň serdary Tamuş beg atlylaryny söweşden çykardy.

Tamuş beg gyra çykyp söweşi synlap bir pursat durdy-da, atlylaryna baş bolup rum goşunynyň üstüne gaýtdy. Göýä agyr pahna gelip böwrüne urlan araba dek rum goşuny sag ganatyna tarap leňňer atdy.

Alp Arslan rum goşunynyň sag ganatyny ýöne ýere boş goýman ekeni. Göýä ýyrtylan içegeden çogan nejesat ýaly duşman goşuny şol boşlukdan çogup, gaçyp başlady. Eger, dört tarapyndan gabalan bolsa, onda duşman leşgeri alaçsyzlykdan enteklerem gylyç syryp dikleşerdi.

Söweş wagty gaçan duşmandan peýdaly kiçi ýokdur. Şol pursat ol belki, öz batyr esgerleriňden-de peýdalydyr. Ökje göteren duşman

ähli goşuna dowul salýar. Dowla düşmek, ine ýeňlişe eltýän zat. Dowul – ýeňlişiň ekiztaýy.

Duşman dowla düşdi. Indi rum goşunyny dolandyrmak mümkin däldi.

Aýtegin atlylaryny soltan Alp Arslan bilen duşmanyň aralygyna sürdi. Öňi diňe seljuk atlylary bolup duran soltan atynyň başyny çadyryna tarap öwürdi.

Söweşiň ykbaly çözülipdi.



# DÜNÝÄNIŇ ORTASY BALASAGUN

Mahmyt ibn Hüseýin sag-aman özüni Buhara atdy. Ol şäheriň gündogar derwezesinden girse-de, günbatar derwezä golaý kerwensaraýda ýerleşdi. Onuň Bagdada gitmek hyýaly bardy. Bagdada bolsa kerwen günbatar derwezeden çykyp ýola düşýärdi.

Togrul begiň Bagdady eýeläp, ony özüniň ikinji paýtagtyna öwrenine on ýyl bolupdy. Togrul soltanyň ýogalyp, tagta Alp Arslanyň geçen habary-da Türküstana ýaýrapdy. Täze soltanyň weziri Nyzamylmülkiň Reýde, Bagdatda medreseleri açýandygy, şol medreselere molla gerekdigi baradaky habar Mahmydyň hem gulagyna ilipdi.

Ol sekiz ýyl oglan okadyp görüpdi. Şondan başga onuň başarýan işi-de ýokdy. Dogry, ol on bäş ýyl bäri il içine aýlanyp, iliň dilindäki del sözleri toplap ýördi. Hol-ha, onuň ala horjunynyň bir gözi kagyzlardan ýaňa pökgerip dur... Belki, onuň bu kagyzlary toplap bir kitap ýazmak pikiri hem Bagdatda amala aşar. Bagdat ulamalaryň üýşen ýeri. Ol ýer Hemedana, Yspyhana, Reýe golaý... Alymlaryň, şahyrlaryň toplanan şäherleriniň üýşmegi... Ol ýeri bir gyzykly dünýä... Ol ýeri bir syrly dünýä...

Mahmydy şol syra tarap çekýärdi. Ol ala ýabysy, ala horjuny, ala sellesi bilen şol syra tarap barýardy. Ýöne onuň ýüzugra ýene-de bir bitirmeli işi bardy. Onuň ýer ýüzünde nirede kimiň ýaşaýandygyny, nirede nämäniň bardygyny bilip, şolaryň ählisini kagyza geçiresi gelýärdi.

Dogrusy, şu pikirler onuň ömrüniň manysy bolup, onuň özi şol pikirleriň gapdalynda ýüzugra ýaşap ýören ýalydy.

Ine, ýap-ýaňy kerwensaraýda Bulgar şäherinden gelen kerwen ýük ýazdyrdy. Mahmyt kerwensaraýyň kiçijik otagynda oturşyna şol kerwende gelenleriň tizjek ýerleşip, kerwensaraýyň içindäki çaýhana üýşerine garaşýardy. Baý, şol ýerde söhbet gyzar-ow...

Kerwensaraýlar gep-gürrüňiň öýjügi ahyry.

Şol pursatyň süýjüsi göwnüne ornan Mahmyt gözlerini süzüp goýberdi. Ol bir gezek Kaşgarda Çyn-Maçyndan gelen kerweniň adamlary bilen söhbet edipdi. Deňziň aňyrsyndaky Çaparka[30] ýurdy, deňziň bärki kenaryndaky uýgur mekanlary, türkileriň toplumlary, ýalynly çöllükler hakynda ol şolardan köp täsin zatlary eşidipdi.

Soňra Balasagunda ol demirgazykdan, tatar sährasy tarapdan gelen kerwene sataşypdy. Tatar sährasy, başgyrt sährasy, yrtyş jülgesi – demirgazyga tarap hem türkileriň mekany uzalyp gidýän ekeni. Şonda şol kerwendäki adamlaryň biri «Yrtyş jülgesinden aňyrda çöllük, onuň aňyrsynda bolsa, diňe aýallar ýaşaýan bir ýurt bar» diýip, gürrüň beripdi.

Mahmyt bu gepe ynanjagyny-ynanmajagyny bilmän ikijahanowarrasy bolup galypdy. Ýöne, kerwen şol tarapdan geldi ahyry, onsoň ol kişä nämüçin ynanmajak. Dünýä bolsa giň, bu giň dünýäde her hili geň-taňlyklaryň bolmagy daş däl.

Mahmydyň şu giň dünýäni bilesi gelýärdi, bilibem kagyza dünýäniň suratyny çekesi gelýärdi. Dagyň, öýüň, ýabynyň suratyny çeken ýaly. Goý, adamlar dünýäniň nähilidigini bilsinler. Onuň üçin dünýäniň nähilidigini Mahmydyň özüniň doly bilmegi gerekdi.

Ol egnine ala donuny atyp, bilini guşady-da çaýhana ýöneldi. Çaýhanada adam azdy. Ýöne sähel salymdan bu ýeriň gyzan bazara dönjegini Mahmyt bilýärdi. Kerwen ýüküni ýazdyrar, atdyr düýeleriň öňüne ot-iým dökerler-de, adamlar çaýhana üýşerler...

Mahmyt çaýhananyň töründäki giň sekiniň bir burçundan ýer edindi-de, bir çäýnek çaýy öňüne aldy.

Onuň pikir edişi dek boldy. Çaýhananyň märekesi tiz artdy.

Sekiniň üsti adamdan doldy. Gök çaý, mele-myssyk çörek – ýadawlygam sowjak, açlygam...

Mahmyt oturan ýerinden nirä gulagyny öwürse, şol tarapdan del söhbet geldi durdy. Dagy näme, gök çaý dilleri açýar ahyry. Ençeme günüň ýadawlygyndan soň, dyz epip, öňüne bir çäýnek gök çaý alan kişiniň söhbedem süýji bolýar...

Mahmyt goltugyndan kagyz-galamyny çykarsa, bu söhbedi ürküzäýjek ýaly bolup gymyldanam oturşuna çaýhananyň içinde dörän täsin bir güwwüldä diň salýardy.

...Kerwen Buhara Müňgyşlagyň, Jendiň üsti bilen Bulgar şäherinden gelipdi. Muňa şübhe ýokdy. Gulaklary bilen güwwüldi ýumagynyň bir ujuny tapyp alan Mahmyt şol «ýumagy» çözläp başlady.

...Bulgar Abeskun[31] deňziniň golaýyndaky şäher. Itil derýasy şol ýerde deňze guýýar. Ol derýa orslaň ýurdundan gaýdýar. Suwy, balygy köp derýa... Derýanyň aňyrsynda gypjaklar ýaşaýar, bäri tarapy bolsa, gypjaklar bilen bile oguzlaryň mesgen tutan ýerleri...

Mahmyt gije ýarym boluberende çaýhanadan çykdy. Hon-ha, Buharanyň arassa asmanynda ýyldyzlar setir-setir ak nokatlar bolup, çar tarapa ýaýrap gidýär. Ak ýyldyzlaryň uzalyp gidýän ýollarynyň her biri haýsy-da bolsa bir iliň üstünden geçip gidýändir. Çar tarapa ýaýrap giden illeri bir-biri bilen, sähelçe-de bolsa, habarly edýän kerwenler ýerde edil şol asmandaky ýyldyz hatarlary ýaly bolup süýşüp ýörler. Uly şäherler – uly ýyldyzlar... Uly şäherlerde kerwenler ýük ýazdyryp, dem-dynç alýarlar... Dünýäň çawyny ýaýýarlar... Edil uly ýyldyzlaryň äleme has artygrak söhle saçysy ýaly...

Mahmyt şu pikirleri kellesinde aýlap barşyna kireýine alan otagynyň gapysyny itdi-de, goltugyndan galam-kagyzyny çykardy. Ol ýazmalydy, kän zat ýazmalydy...

...Bir hepdeden Buharadan Bagdada tarap ugur alan kerwen ýola düşdi. Kerwene goşulan ala ýabyly, ala selleli, eýeriň ganjygasyna ala horjuny bökderen kişä hiç kim aýratyn üns berip hem durmady.

Bu ala ýalyly kişi Mahmyt ibn Hüseýin ibn Muhammetdi. Ol

Bagdady boýun egdirmäge barýardy. Onuň ýaragy ala horjunyndady. Onuň ýaragy sözdi.

«Buharadan Bagdada barýan» diýmek dilde aňsat. Ýöne, bu ýoly kerwen bilen aşjak bolmak dünýäniň ýarysyny gezmek bilen deňdi. Dagy näme, Kaşgardan Bagdada dünýäniň ýarysy saýylsa, aňyrda-da beýleki ýarysy galar...

Kerwen Buharadan Merwe, Merwden Tusa, Tusdan Nyşapura, Nyşapurdan Reýe aşdy. Indi Bagdad «taýak atym» ýerdedi.

Argyn kerwen sekiz bazarly, sekiz kerwensaraýly Reýe girdi. Bu şäher seljuk türkmen döwletiniň paýtagtydy. Alp Arslanyň köşgi şu şäherdedi. Bir ujy Kaşgardan hem gündogara öten türki halklaryň beýleki ujy Reýdenem günbatara geçip gidipdi...

Kerwen Reýe giren ýerinde kerwensaraýda ýük ýazdyrdy. Mallar ýorlupdy, adamlar argyndy. Mahmydyň ähli islegi ýatyp, gowy ukusyny almakdy. Nyrhyny töläp, kiçijik otagyň wagtlaýynça bolsa-da, eýesine öwrülen pyýada ýadaw göwresini düşege oklady...

Ol giç öýlänler içegeleriniň jugurdysyna oýandy. El-ýüzüni ýuwup, horjundaky kagyzlaryny ýene-de bir gezek rejeledi. Donuny egnine atyp, bilini guşady-da, goltugyna kagyz-galamyny salyp daş çykdy.

Giň kerwensaraýyň ortasynda mal-garalar üçin ýörite ýerler bardy. Mahmyt ala ýabysynyň ýanyna bardy. Ala ýaby ony görüp hokrandy. Kerwensaraýyň ýumşa çulum hyzmatkärleriniň biri ýetip geldi:

– Ýaba iým bermelimi, agam...

Mahmyt iki sany mis teňňäni hyzmatkäriň aýasyna oklady:

– Arpa ýa süle ber, suwunam kem etme...

Ol kerwensaraýyň töründe eýýäm şowhuny artyp başlan çaýhana tarap ýöneldi.

Kerwensaraýlar hemme ýerde meňzeşdi, sebäbi kerwenler meňzeşdi. Onsoň kerwensaraýlardaky çaýhanalaryň hem bir-birine meňzemän gitjek ýerleri ýokdy. Şonuň üçin çaýhananyň bosagasyndan äden Mahmyt Buharadaky çaýhana düşäýdimmikäm öýtdi. Entek

sekiniň üstünde boş ýer bardy. Mahmyt düşege geçip ornaşdy. Ýene çaý, mele-myssyk çörek, şaha nabat... Göýä duz-tagamlar hem kerwenler bilen bile aýlanyp ýören ýalydy. Ýöne bu ýerde bir zadyň welin üýtgeşik boljagyny Mahmyt duýýardy. Ol bu ýerde gep-gürrüňleriň üýtgeşik boljakdygyny duýýardy. Sebäbi, bu ýere kerwenler başga-başga ýerlerdenem gelýändir. Alys illerden gelýän kerwenler diňe del harytdan däl, gep-gürrüňden hem mas ýüklenip gelýär ahyry...

Merwden Reýe çenli Mahmydyň daklyşyp gaýdan kerweni hem gep-gürrüňden dolup gelipdi. Olaryň arasynda täze gürrüňlerem, az-kem ýüzi könelişenleri-de bardy. Ýöne, Mahmyt üçin olaryň ählisi täzedi, ilkinji gezek eşidýän gürrüňleridi. Kerwen ýollaryndaky düşelgelerde aýratyn-da, seljuklar hakdaky her bir söhbedi Mahmyt soňlaman turmazlyga çalyşdy.

Sebäbi onuň ýolunyň köp bölegi seljuklaryň edara edýän şäherleriniň üstünden geçmelidi. Onuň nazaryny dikip barýan şäheri Bagdat diňe demi daş ýarýan seljuklara daýanyp musulman ymmatynyň baş şäheri bolup, dinibaşgalaryň öňünde synman durdy.

Seljuklar gaýduwsyz urşujylar diýmeseň, olar hem adamdy. Beýleki adamlara mahsus häsiýetler bulara-da ýat däldi.

Mahmydy esasan-da Togrul soltan aradan çykansoň, tagt üstünde bolan dawalar geň galdyrdy. Bu meselede seljuklar hem kaşgarlylardan üýtgeşik däl ekeni-dä...

...Togrul soltan öz zürýady bolmansoň agasy Çagry begiň kiçijik ogly Süleýmany tagta mirasdüşer belläpdir...

Mahmyt şu gürrüňi ilki eşidende geň galmakdan ýaňa tas gözleri patlap öňündäki çaýly käsesine gaçypdy. Ýöne söhbediň soňy Çagry beg ýogalansoň, Süleýmanyň ejesini Togrul soltanyň nikalap alandygyny habar berýärdi. Bir işe aýal goşulsa, her hili ýagdaýa garaşaýmalydygyny bilýän Mahmyt onsoň biraz ynjaldy. Süleýmany, ýaş oglanjygy tagta mündürmek isleýän Togrul soltan däl-de, aýaldy. Aýala ol pursat ýurduň abat bolanyndan oglunyň soltan bolany has derwaýysdy...

Wezir Kündury, ine kim soltan ölensoň Süleýmany Reýe getirip, tagta mündüren...

Mahmyt agzyna atan bir bölek nabadyny dişleri bilen owradyp, ýuwudyp goýberdi-de, çaýly käsä elini uzatdy. Boş käsäni kilimiň üstüne taşlan Mahmyt ýene pikire çümdi:

"Wezir Kündury... Ine, ýene kime ýaş oglanyň taga münmeginde uly bähbit bar... Ýurt weziriň eline geçäýjek ekeni... Onsoň, Çagry begiň uly ogly Alp Arslanyň, köne seljuk begi Gutulmyşyň Süleýmany ykrar etmändikleri geňem däl. Alp Arslan goşuny bilen Merwden Reýe ýöriş edipdir. Ýöne, elli müňlük goşuna baş bolan Gutulmyş eýýäm özüni «soltan» diýip yglan edip, Reýi gabapdy ahyry...

Kündury, wezir Kündury Gutulmyşyň her ýagdaýda özüni aman goýmajagyny aňyp, Alp Arslanyň adyna hutba[32] okadyp, ony kömege çagyrypdyr. Wezire ganybir begleri çaknyşdyrmak başardypdyr. Söweşde Gutulmyş beg wepat bolup, onuň tarapdarlary ýeňlipdir...

Geň ýeri, belkem, geň däl ýeri, Alp Arslanyň soltanlygy ykrar edilen dessine, ol Kündurynyň ýerine Nyzamylmülki wezirlige belläpdir...

Ine, bary-ýogy birki ýyl mundan ozal şeýle wakalara düwnügen Reý bu gün Mahmyd ibn Hüseýni garşy alypdy.

Mahmyt Reýiň kerwensaraýynyň çaýhanasynda şu pikirlere gümra bolup oturşyna gapdalyna gelip çöken garaýagyz horja pyýada aşaklyk bilen göz aýlap goýberdi: «Gaty yssy ýurtdan gelen bolarly... eti gurap, hamy garalyp gidipdir». Kerwensaraýda başga-da düşlän kerwenler bardy. Belki, bu horja pyýada şolaryň birindendir. Mahmyt oňa tarap öwrüldi. Haýsy dilde gürleşjegini bilmän sägindi. Bu töwerekde pars dili ýörgünli bolansoň, ol garaýagyz pyýada düşüner-dä diýen umyt bilen parsylady:

– Nireden gelip, nirä barýaňyz, sakaldaş...

Horja pyýada düşündi. Onuň setire ak dişleri görnüp gitdi:

– Berberileň ýurdundan biz... Nyşapura baryp gaýtmakçy...

Mahmyt ýarpy göwresini horja pyýada tarap öwürdi:

– Berberi ýurdy nirede bolýar?

Horja pyýada ilgezik jogap gaýtardy:

– Hebeşileň aňyrsynda...

– Hebeşiler nirede?

– Zeňňilerden aňyrda hebeşiler-dä...

Gürrüňiň hörpüni dogry yzarlasaň, Mahmyt bu pyýadadan indi zeňňileriň niredigini soramalydy. Ýöne, onuň bu soragy dowam etmäge birbada bogny ysmady. Onuň ýagdaýyna düşünen garaýagyz pyýadanyň akja dişleri ýene-de onuň galyň dodaklarynyň aňyrsyndan jyklap gitdi:

– Zeňňiler ýemenlileň aňyrsynda, ýemenlilerden bärik bolsa, Reýe çenli ol diýen uzak däl...

Mahmyt goltugyndan galam-kagyzyny çykardy.

Horja pyýada çaý-çöregini iýip bolup turup gitdi.

Mahmyt ak kagyzyň ýüzünde bölek-bölek ýurt deýin çyzyklar çekişdirdi. Ol her bölegiň içine ýaňky horja pyýadadan eşiden ýurtlarynyň adyny eşiden tertibi bilen ýazdy. Bu işe gümra bolup oturşyna ol gara saçly, süýri ýüzli, mölegöz kişiniň gapdalyna geçip oturanynam aňmady. Täze gelen çala ardyndy. Mahmyt kagyzdan kellesini göterdi.

Uzyn gara saçlary egnine düşüp duran, inçe burunly mölegöz adamyň keşbi oňa nätanyşdy. Ol ozal, onda-da Kaşgar, Buhara sebitlerinde beýle kespli adamlara duşmandy.

Mölegöz pyýada arapça gürledi:

– Näme ýazýaň?

– Ýöne, şeýle...

Mahmyt hem oňa arap dilinde jogap berdi.

– Nireden geldiň?

– Buharadan, sen nireden?

– Şamdan...

Mahmyt Şamyň niredigini bilýärdi. Onuň göz öňüne getirişiçe, yraklylaryň ýurdundan ötüp, Müsüriň üsti bilen göni Şama çykyp bolýardy...

Nätanyş dowam etdi:

– Şam hakda bilesiň gelýärmi?

Mahmyt baş atdy. Nätanyşyň süýri ýüzündäki inçejik burnunyň darajyk hanalary ýellenip gitdi:

– Bir kümüş teňňe ber, aýdyp bereýin...

Mahmyt kümüş teňňe çykarmaga ýetişmedi. Çaýhananyň agzynda iki sany serbazyň öňüne düşüp gelen murtlak pyýada gaharyna sandyr-sandyr edýärdi.

– Hol-ha ol, – murtlak pyýada sag eliniň süýem barmagyny uzadyp Mahmydy görkezdi, – hol-ha, kagyz-galamam öňünde...

Ol sesini kesdi-de, serbazlaryň öňüne düşüp, çaýhananyň törüne ýöneldi. Mahmyt töweregine garanjaklady. Özünden başga töwerekde öňi kagyz-galamly adam ýokdy. Ol öňünde pytrap ýatan kagyzlaryny toplap goltugyna salmakçy boldy. Ýetişmedi. Murtlak pyýada gelşine ýeňsesi gylly ýogyn barmaklary bilen Mahmydyň goşaryndan penjeledi:

– Asyl sypaýmarsyň indi. Indi üçünji gezek ýolda kerwenim talanýar. Sen ýaly biri biziň ýollarymyzyň suratyny çekip, garakçylara habar bermeýän bolsa, olar nädip bilsin biziň nireden, haçan ýörejegimizi...

Mahmyt aňk-taňk bolup galdy. Gepini düşündirjek boldy. Bogazyndan ses çykmady. Iki serbazyň hersi bir goltugyndan girip, ony gapa tarap idenekledip äkitdiler. Murtlak pyýada elindäki kagyzlary bulaýlap, olaryň yzyna düşdi.

Serbazlaryň biri kerwensaraýdan çykylan mahaly ýeňsesine gaňryldy:

– Muny kaza äkitmelimi?

Murtlak pyýadanyň agzyndan ot syçrady:

– Ýok, göni köşge, munuň temmisini goý, baş weziriň özi bersin...

Mahmyt bularyň özüni sypdyrmajakdyklaryna düşündi.

Reý şäheri garaňka çümüpdi. Olar köşge ýetdiler. Arz diwany entek ýapylmandy. Murtlak diwanyň işine gözegçilik edýän gapy wekiliniň öňüne elindäki kagyzlary taşlady:

– Men Ýunus kerwenbaşy... Soňky döwür üç gezek ýolda kerwenim talandy...

Ol ýeňsesine öwrüldi-de iki serbazyň ortasynda diran Mahmyda elini uzatdy:

– Ine, şu adam kerwensaraýda oturyp adamlaryň gepini diňleýär. Ol kerwen ýollaryny kagyza çyzýar. Eger, ýol uryan garakçylar bilen gatnaşykda bolmasa, bu zatlar onuň nämesine gerek...

Gapy wekili öňüne oklanan kagyzlaryň gatyny ýazdy. Ine, bu kagyzda garaýagyz pyýadanyň gürrüňinden soň ýazylan zatlar. Berberiler, hebeşiler, zeňňiler, ýemen illeri, olara eltýän ýollar... Gapy wekili ýene bir tagta kagyzy agdardy. Bu Mahmydyň Nyşapurda kerwensaraýda belläp alanlary... Bu Hyradyň, Gaznaň ýerleşen ýerleri, ýollary...

Gapy wekili ýüzüni Mahmyda tarap öwürdi:

– Bular näme?

Serbazlar Mahmydyň ellerini goýberdiler. Ol gurşup giden ellerini owkalap durşuna howlukman jogap berdi:

– Ýurtlar, ýollar...

Gapy wekili onuň sözüni böldi:

– Olar saňa näme üçin gerek?

– Adamlaň ähli ýaşaýan hem ýaşamaýan ýerlerini bilip, kagyzda suratyny çekesim gelýär...

– Näme üçin? – gapy wekili oturan ýerinden gobsunyp gitdi.

Mahmyt howlukman jogap berdi:

– Adamlar nirede kimiň, haýsy halkyň ýaşaýandygyny, nirede dag, nirede çöl, nirede suw bardygyny biler ýaly...

Gapy wekili elindäki tagta kagyza çiňňerilip seretdi-de, dodaklaryny ýazdy:

– Bu ýerde-hä dag-düz görnenok... Ýurtlar, ýollar... Kerwenbaşyň diýýäni ugrunda bolsa, saňa näme jeza garaşýandygyny bilýärmiň?

Mahmyt sesini çykarmady. Gapy wekiliniň özi öz sowalyna jogap berdi:

– Dardan asarlar... Garakçylara ýardam berýänlere şondan pes jeza ýok...

Mahmydyň dyzlarynyň ysgyny gaçdy.

Gapy wekili emiri-hajyby ýanyna çagyrdy. Elindäki kagyzlary tokgalap onuň eline tutdurdy-da, ýuwaşja pyşyrdap tabşyryk berdi. Gapy wekilini üns bilen diňlän hajyp çala baş atdy-da, gapydan çykdy.

Gapy wekili bularyň hemmesini goňşy otaga geçirdi:

– Siz şu ýerde az wagt garaşyň, hökümdaryň şu wagt köşkde ýokdugy sebäpli, siziň arzyňyza wezirlerbaşynyň özi sereder...

Garaşmak uzaga çekdi. Mahmydyň tutuş ömri gözüniň öňünden geçdi. Ömrüniň manysy saýan işi indi onuň başyna ýetäýjekmikä... Üstesine-de, ile masgara edilip, dardan asylmak.. Etmedik işiň üçin... Serbazlar gapynyň agzynda dim-dik bolup durdular. Ýunus kerwenbaşy heşelle kakýardy. Hökümdar kerwen ýollarynda oturýan garakçylara zabun daraýardy. Garakçy ýaranlaryny tapmaga ýardam eden adama onuň ýörite baýragy hem bardy. Şol baýragy eýýäm jübüsinde hasap edýän kerwenbaşynyň keýpi kökdi.

Hajyp dolanyp geldi. Olaryň hemmesi wezir Nyzamylmülkiň huzuryna barmalydy.

Nyzamylmülk darajyk kabulhanasynyň töründe pessejik kürsä çümüp oturşyna gapydan girenleri howlukman synlady. Orta boýly, sellesiniň eteginden çal saçlary görnüp duran, gür sakgally bu kişi ady jahana soltan Alp Arslanyň adynyň gapdaly bilen deň ýaýrap ýören adamdy.

Mahmyt bilen Ýunus kerwenbaşy Nyzamylmülkiň üç ädim öňünde dyz epdiler.

Wezir öňünde ýatan kagyzlardan ýüzüni göterdi:

– Haýsyňky bular?

Gürrüň Mahmydyň kagyzlary hakdady. Ýunus kerwenbaşy ellerini galgadyp Mahmydy görkezdi:

– Ine, şunuňky, men – kerwenbaşy, soňky döwürde üç gezek kerwenim talandy...

Wezir ýuwaşja seslendi:

– Oňa bu adamyň näme dahyly bar?

Kerwenbaşy ýerinden gobsunyp gitdi:

– Bu adam kerwensaraýda gep diňläp, kagyza ýazýar... Nirede il bar, nirede – ýol... hemmesini...

Wezir sowalyny dowam etdi:

– Onsoň ol garakçylaň ýarany bolýarmy?

Weziriň gepiniň hörpünden ol Mahmydyň arkasyny almak isleýändir öýden kerwenbaşy egnini ýygyrdy:

– D-dagy näme, ýogsa, başga kime gerek... b-bu zatlar...

Ol sözüniň soňunda weziriň öňündäki kagyzlara tarap ümläp goýberdi.

Nyzamylmülk dymdy. Bu kerwenbaşy üçin bigünäň ýa günäliň dardan asylanynyň tapawudy ýokdy. Ol öz baýragyna garaşýardy.

Nyzamylmülk üçin bu oturan ala selleli, ala donly adamyň garakçylaň ýarany däldigi düşnüklidi. Bu kagyzlarda garakçy üçin gymmatly maglumat azdy. Bu ala donly kişä garakçylaryň dälde, ulama Abu Reýhan Biruniniň ýarany diýseň has jüpüne düşer. Biruny hem ömürboýy adamlaryň aýak basyp ýaşaýan dünýäsini ýasamak üçin kän jepa çekdi ahyry. Ol ýeriň üstüni bäş ädimlik togalagyň üstüne ýerleşdiripdir ahyry... Bu ala selleli adam hem ylym adamydy...

Nyzamylmülk uludan demini aldy: «Nähak ýere ulamaň ajalyna sebäp bolmakdan-a Allaň özi gorasyn...»

Wezir ýüzüni kerwenbaşa tarap öwürdi:

– Bu kişi siziň ol diýýän adamyňyz däl. Kagyzlardaky ýazgylar kerwenleriň ýoluny saklaýan garakçylar üçin däl, bu adam ylym adamy...

Ol sözüniň şu ýerinde Mahmyda tarap çala baş atyp goýberdi-de, sözüni dowam etdi:

– Eger, siziň kerwenleriňiz talanýan bolsa, siz kerweniň goragyny üpjün etmegiň gamyny iýiň, öz güýjüňiz ýetmese, arz diwanyna ýüz tutuň... kömek ederler...

Wezir dymdy. Bu «seniň bilen gürrüň gutardy» diýildigidi.

Kerwenbaşy muňa düşündi. Ol howlukman ýerinden turdy-da, baş egip durşuna, götinläp gapydan çykdy.

Kabulhanada Nyzamylmülk bilen Mahmyt galdy. Wezir Mahmydyň kagyzlarynyň arasyndan bir tagta kagyzy sogrup aldy. Ol kagyzda mejimäniň agzy ýaly tegelek ýere Mahmyt dünýäni ýerleşdirjek bolup jan edipdi. Ol tegelegiň entek boş ýeri kändi. Mahmyt şol boş ýerleri doldurmak üçin jan edip, şu gün tas janyndan el üzüpdi.

Nyzamylmülk sag eliniň süýem barmagyny tegelegiň ortasyna dürtdi:

– Balasagun nire bolýar?

Mahmyt howlukman jogap berdi:

– Meniň doglan ýerim...

Nyzamylmülk darajyk otagy ýaňlandyryp loh-loh güldi:

– Her kim öz öýüni dünýäniň ortasy hasap etse, onda ýeriň gyrak-bujagynda kim ýaşar...

Mahmyt ýylgyrdy. Dagy näme, boýnuna atylan kement aýrylypdy. Hut Nyzamylmülkiň özi onuň bilen mesawy gürrüň edip otyrdy...

Wezir barmagyny tegelek suratyň çep gyrasyna uzatdy:

– Ýogsa-da, ine şu ýerler «Ýabanylaryň mesgeni», «Gorkunç adamlaryň ýaşaýan ýerleri» diýip ýazylgy...

Mahmyt baş atdy. Bulgar ýurdundan gelen kerwenden bir adam oňa şeýle gürrüň beripdi. «Ol ýerde ýabany adamlar ýaşaýar. Howa sowuk bolansoň, ýüzleri, gözleri gyşaryp giden gorkunç adamlar» diýip gürrüň beripdi.

Wezir barmagyny aýyrman dowam etdi:

– Seniň kagyzlaryň şol gorkunç adamlaryň eline düşäýse, olar bizi aňsatjak tapyp, çozup gelerler öýdüp gorkaňokmy?!

Mahmyt bu barada pikir hem edip görmändi. Ony şagga der basdy. Bu ýagdaýdan weziriň özi alyp çykdy:

– Ýeri bolýar-la... ara uzak, dagdyr çölden doly... Onsoňam, gorkunç adamlar, şu ýerde-de az däl... Eger, gorkulyp ýörüljek bolsa...

Mahmydyň göwrümi giňäp gitdi. Nyzamylmülk elindäki kagyzlary oňa uzadyp durşuna pessaýja seslendi:

– Yraklaryň ýurdundan aňyrda Anadoly bar... Biziň höwes edýän

topragymyz... Ondan aňyrda kaýrawan topragy... soň bolsa Andalus ili... eger, ýazyp alaryn diýseň...

Mahmyt ady uzaklara ýaýran weziriň ýanynda kagyz-galama güýmenip, onuň wagtyny alyp durmagy özüne uslyp bilmedi. Nyzamylmülkiň soňky sözlerini ol beýnisine ýazdy...

Onsoňam, indi bu pursat onuň üçin amatly ýagdaýa geçipdi. Ol Bagdada barýar. Niýeti medresä molla bolmak. Şu wagt garşysynda duran adamyň iki agyz sözi, has dogrusy, iki setir haty onuň bar meselesini çözüp berjekdi.

Mahmyda bir ýerden güýç geldi. Ol ekezlendi. Alla hem töwekgeli halaýar ahyry... Mahmyt şu kabulhana gireli bäri ilkinji gezek özi meşhur wezire ýüzlendi...

Sähel salymdan Mahmyt garaňky köçe bilen düşlän kerwensaraýyna ýetip barýardy. Onuň ökjesi ýeňil gopýardy.

Nyzamylmülk oňa ähli kagyzlaryny gaýtaryp beripdi. Wezir birki jümle hatly ýene bir tagta kagyzy hem Mahmydyň kagyzlarynyň üstüne goşdy.

Ol hat bilen Mahmyt ibn Hüseýin ibn Muhammede Bagdadyň derwezeleri açykdy.



# «KIMDE KEREM BOLSA, ŞOŇA ÄR DIÝRLER...»

Söweşiň ykbalynyň çözülendigine gözi ýeten soltan Alp Arslan dem-dynç almak üçin ýaňy çadyryna giripdi. Onuň agyr göwresini tagta sekiniň üstüne atany-da şoldy welin, serkerde Göwheraýyn kürsäp çadyra girdi.

Bir bolmasyz iş bolmadyk bolsa, soltanyň çadyryna serkerdäniň beýdip kürsäp girmejegi bellidi. Alp Arslan syçrap ýerinden turdy.

Gapydan giren ýerinde aýak çeken Göwheraýyn habaryny bermäge howlukdy:

– Bimaza edenim üçin günämi ötüň soltanym, gaty gyssagly habar bilen huzuryňyza gelmeli boldum...

Soltan gaty ýadaw hem bolsa, sesi batly çykdy:

– Aýdyber!

Hoş habar buşlajak adam dek dylym-dylym edýän Göwheraýyn howlukmaç dillendi:

– Soltanym, meniň bir nökerim rumlularyň kaýsaryny ýesir aldy!

Alp Arslanyň daýaw göwresiniň iň soňky öýjügine çenli gyzgyn gany hyňlap urdy. Ol iki ädende çadyryň gapysyna ýetdi-de, Göwheraýyny gujagyna gysdy:

– Nirede ol?

Sowalyň äheňinden kaýsaryň ýa nökeriň soralýandygyna düşünmedik serkerde sowala sowal bilen ýüzlendi:

– Kim?

Alp Arslanyň sesi batly çykdy:

– Kaýsar.

Soltanyň gujagyndan sypan serkerde bir ädim ýeňsä çekildi:

– Häzir getirýärler...

Soltan daş çykdy. Gün ýaşyp barýardy.

Söweş tamam bolupdy. Giden meýdan ýöne läş bolup ýatyrdy. Seljuk esgerleri ýaralylaryny, ölenlerini çöpläp ýördüler.

Uruşlaryň däbi şeýle, ilki meýdany jeset bilen örtüp, soň yzyny saýhallamaly.

Alp Arslan söweş meýdanyndan bäri çykan bir topbak atlyda gözüni egledi. Atlylaryň gelşi haýaldy. Olar ellerini bulaýlap, birzatlar diýip gygyrýardylar. Köstdür dowullaryň gümmürdisinden ýaňa hiç zat eşidiler ýaly däldi. Bu ýeňiş sazydy.

Topbak atly ýetip geldi. Soltan çadyrynyň öňünde durşuna bu pursadyň juda beýik pursatdygyny göwün-göwresiniň töri bilen duýdy. Bu gün ilkinji gezek rum kaýsary musulman hökümdarynyň eline ýesir düşüpdi. Atlylar soltan Alp Arslana on-on iki ädim ýetmän iki gapdala sowuldylar. El-aýagyna zynjyr urlan kaýsar gözgyny ýagdaýda başyny aşak salyp durdy. Onuň zerli eşiklerine tozan siňip, ýylpyldysy öçüpdi.

Eşik hiçdi, onuň gözleriniň şöhlesi öçüpdi. Şeýle uly goşunyň bar mahaly ýeňlip, özüňem ýesir düşensoň gözüňde şöhle galmajagy bellidi.

Rum kaýsaryny synlap durşuna, özüniň şonuň ýerinde däldigi üçin Alla ýüz-müň şükür eden soltan Alp Arslan yzyna öwrüldi-de, çadyra girdi.

Ol çadyryň töründäki beýik kürsüsine geçip oturdy. Serkerdeler ýesir kaýsary çadyra getirdiler.

Alp Arslan ýüzüni göterdi. Ine, onuň serkerdeleri, ýadaw, üst-başlary gan ýokly serkerdeleri çadyryň iki ganatyny gallap gol gowşuryp durlar. Çadyryň ortarasynda rum kaýsary, dek düýnem demi dag ýarýan hökümdar başyny götermäge mejaly bolman müzzerip dur. Kaýsar bu wagt başarsa, siňegiň göwresine-de bukulmaga taýýar. Ýöne, bu pursat çadyryň içinde uçup ýören siňegem ýokdy.

Soltan ýüzüni Göwheraýyna tarap öwürdi:

– Batyr nökeriň nirede?

Serkerde gapa tarap ýöneldi. Sähel salymdan ol çepiksije nökeri yzyna tirkäp çadyra girdi.

Sopbaşynyň etegi gözüne düşüp duran, keltejik boýly esgeriň ýüzüne gözi düşen soltan ýerinden turdy:

– Men seni tanaýan nöker...

Nöker baş atdy:

– Hawa, soltanym...

Soltan dowam etdi:

– Nyzamylmülk seni boýuň pes bolany üçin goşuna almajak bolupdy...

Nöker ýene baş atdy:

– Dogry, soltanym, siz şonda «Kim bilýär, ol belki-de bize Rum kaýsaryny ýesir getirip berer» diýipdiňiz...

Duran ýerinde hezil edip loh-loh gülen soltan nazary bilen gözläp jamedary[32] tapdy:

– Batyr esgere serpaý getir!

Soltan Alp Arslan jamedaryň getirip beren ýüpek lybasyny öz eli bilen nökeriň egnine ýapdy:

– Hany, gür ber bakaly, bu iş nähili boldy?

Gan ýokly gaýyş keltekçesiniň üstünden täzeje ýüpek lybas atylan esgeriň gözleri ýalpyldap gitdi. Ol soltana tarap bir ädim ätdi-de, sesine bat berenini özem duýman söze başlady:

– Söweşiň gyzan wagty sopbaşy iki sany haçly, daşy gök gözli, çypar saçly janpenadan doly serkerdäni görüp üstüne topuldym... Janpenalaň biriniň «Imperator», «imperator» diýip gygyrýany gulagyma gelýär. Imperatoryň kaýsardygyny bilýäs-ä... Bilimdäki kemendi boýnuna okladym-da, süýräp alyp gaýtdym...

Soltan Alp Arslan onuň egnine kakdy:

– Berekella, bu batyrlygyň bilen seniň ýeriň serkerdeleriň arasynda bolmalydyr...

Ol nökeri serkerdelerine tarap itiberip goýberdi.

Esger Göwheraýyn serkerdäniň ýanyna baryp yzyna öwrüldi. Onuň bir zat diýesi gelýänini aňan soltan göwünjeň dillendi:

– Näme, bir zady aýtmak ýadyňdan çykaýypmy?!

Nöker gol gowşuryp durşuna pessaý seslendi:

– Men şu hyzmatym üçin soltanymdan Gazna şäherini sorap bilermikäm...

Çadyrdaky adamlaryň gözleri tes-tegelek boldy. Soltan ýüz berende-de, heýem beýdip ýüzin düşäýmek bolarmy...

Serkerdeleriň arasynda hyşy-wyşy artdy. Olar bu nökeriň işi gaýtdy hasap etdiler. Kime näme bermelidigini soltanyň özi gowy bilýär ahyry...

Ýöne soltan Alp Arslanyň bu pursat keýpi kökdi. Ol loh-loh güldi:

– Seniň şu gün ähli zada hakyň bardyr, bar, Gazna seniňki bolsun. Ýöne ol entek biziň şäherimiz däl, basyp aldygymyz, seni Gazna häkim bellärin...

Soltan birki ädim ätdi-de, rum kaýsarynyň çat maňlaýynda saklandy. Ol aýaklaryny giň taşlap, ellerini bykynyna urup durşuna hökümli seslendi:

– Saňa «duşmanymy yzyna ber» diýip Afşin beg bilen bile ilçi iberdim, sen olary boş gaýtardyň. Dek düýn hem üstüňe adam iberip: «Dost bolaly, yzyňa dolan» diýip haýyş etdim. Sen dost bolmakdan gaçdyň. Gaýta «Köp pul seçip, köp goşun toplap geldim. Ýeňiş elimdekä näme üçin yzyma gaýdaýyn» diýip meniň ilçilerimi kowup goýberipsiň...

Soltan aýaklary zynjyrly, boýny syrtmakly öňünde ýere siňip barýan kaýsardan gözleriňi aýyrman sözüni dowam etdi:

– Ýeri, indi aýt bakaly, bu kejeňekligiň seni nägüne düşürdi?!

Kaýsar ýuwaşlyk bilen ýüzüni ýokary göterdi:

– Seniň ülkeleriňi basyp almak üçin pul baryny seçip, dürli kowumlardan goşun toplap geldim...

Ol sözüniň şu ýerinde çala ýuwdundy-da, kynlyk bilen sözüni dowam etdi:

– Indi bolsa, ýurdumyň hem özümiň ykbalym seniň eliňdedir...

Kaýsaryň soňky sözlerine soltan hezil etdi. Ol ýene bir gezek özüniň şu pursatda kaýsaryň ýerinde däldigine şükür etdi. Ol ýeňsesine dolanyp, kürsüsine geçip oturdy-da, howlukman dil ýardy:

– Eger, sen ýeňen bolsaň... – soltan sözüne dyngy berip, kaýsaryň

ýüzüne nazaryny aýlap goýberdi. Onuň ýüzüne ahmyr alamatynyň çaýylyp gidendigini görüp, gözlerine inen gülkini gizlejegem bolman, sözüni dowam etdi, – meni näderdiň?

Ölümini boýnuna alan kaýsar ýüregindäkini gizlemedi:

– Kelläňi kesmäge ýa dardan asmaga buýruk bererdim...

Kaýsaryň bu sözüne ýüzüniň bir tüýem üýtgemedik soltan ýene sowal berdi:

– Meniň saňa näme jeza berjegim hakyndaky pikir kelläňe geldimi?

Bu pikir ýesir düşen pursadyndan bäri kaýsaryň kellesinden çykmadyk bolarly. Sebäbi, ol bu sowala tiz jogap berdi:

– Sen meni ýa dessine öldürersiň, ýa-da basyp almakçy bolan ülkelerime masgara edip aýlap çykarsyň, ýa-da...

Kaýsar dymdy. Soltan ony gyssady:

– Hawa...

Kaýsar pessaý ses bilen dowam etdi:

– Soňkyny aýdyp oturasy iş ýok...

– Näme üçin?

– Sebäbi sen ony barybir etmersiň...

– Aýdyp otur, belki...

Kaýsar aýagyndaky zynjyryny şakyrdadyp bir ädim öňe süýşdi. Onuň sesi zynjyryň şakyrdysy bilen garylyp çykdy:

– Günämi geçip, öweztölegini alarsyň... Meni dost tutunyp, Rumda dikmäň edip goýarsyň...

Bu pikiriniň hasyl boljagyna özi-de ynanmaýan kaýsaryň sesi barha peseldi:

– Şonda men saňa has peýdaly bolaryn, meni öldüreňden saňa peýda bolmaz... Ýerime ýene birini Wizantiýaň tagtyna mündirler, olda saňa duşman bolar...

Soltan Alp Arslan öz öňünde mert adamyň durandygyna düşündi. Mert adamyň, ýöne oýunda utulan adamyň. «Oýunçy utulanyny bilse ýagşy...» Kaýsar utulanyny bilipdi.

Soltan ýene ýerinden turdy:

– Men seniň günäňi öteýin. Seniň ýesir düşendigiňi eşiden pursadymdan bäri kellämde şol pikir... Indi gezek seniňki, sen özüňi satyn ol...

Kaýsaryň gözlerinde umyt uçgunlary ýylpyldap gitdi:
– Soltan näme isleýän bolsa, aýdyp otursyn.
Alp Arslan diline gelen sany orta oklady:
– On million dinar.
Kaýsar uludan demini aldy:
– Ömrümi özüme bagyşlaýan pursadyňda tutuş Wizantiýany soramaga-da hakyň bardyr. Ýöne, men şu uruş üçin pul baryny harçlap, ýurdy garyp düşürdim...
Alp Arslan onuň sözüni böldi:
– Biz onuň başga bir alajyny taparys. Men bu söhbeti soltan bilen ýesiriň däl-de, soltan bilen kaýsaryň arasyndaky gepleşige öwresim gelýär. Şonuň üçin, – ol sözüniň şu ýerinde sag tarapyň janpenasyna buýruk berdi, – kaýsaryň el-aýagyny boşadyň, onuň tagtyny hem getirip meniň tagtymyň ýanynda goýuň!
Soltan diýdi – gutardy. Sähel salymdan el-aýagy zynjyr-kementden boşadylan kaýsar söweş wagty ulanýan tagtynda otyrdy.
Gepleşik uzaga çekmedi. Kaýsar bir ýarym million dinar öweztölegini tölemäge razy boldy. Şeýle-de ol seljuk türkmen döwletine her ýylda üç ýüz altmyş müň altyn dinar tölemäge borçlandy. Ol Wizantiýanyň çäklerindäki ähli musulman ýesirleri boşatmaga, zerur halatynda soltana kömek üçin goşun ýollamaga söz berdi.
Bu şertler ýaraşygyň ilkinji şertleridi. Soltan Alp Arslana ýurt gerekdi. Oňa Anadoly gerekdi. Goý, häzirlikçe doly däl, ýarpy-ýalta bolsa-da, ol ýurt diýip, ýol söküp şu ýerlere gelipdi.
Şonuň üçin Alp Arslan iň soňky şertini orta oklady:
– Kaýsaryň ýene bir zady bilmegi gerek... Malazgirt, Urfa, Membiç, Ahlat, Kütanýa sebitleri seljuk türkmenleriniň ýurt ýerleri bolmalydyr...
Alp Arslan sözüni soňlap kaýsara gözüni aýlady. «Ýurt gadyryny şalar biler» diýleni. Ýurdundan kesip bermeli boljagyna düşünen kaýsaryň teninden kesiljege döndi. Ol tutuş göwresi bilen tagtyna siňip barşyna pessaý seslendi:
– Bu meseläni men paýtagtyma baryp, tagty täzeden eýelänimden soň çözüp bilerin. Şonuň üçin siziň meni tiziräk ýola salmagyňyz gerek...
Soltan Alp Arslan ýerinden turdy:

– Ony biz bejit bitirip bileris!

Ol ýüzüni Afşin bege tarap öwürdi:

– Kaýsary serhede çenli ugradyp gelersiň!

Beg sag elini döşüne goýup, baş egdi.

Rum kaýsary Roman Diogeniň öz ýurduna baran mahaly tagta täze geçen imperator Mihail Dukas tarapyndan tussag edilip, gözleriniň oýulyp zyndana taşlanjagyndan, onuň zyndanda jebir baryny çekip, aradan çykjagyndan bu wagt bu ýerdäkileriň hiç biriniň habary ýokdy.



# HER KIMIŇ ÖZ SÖWEŞI

Bu güýz güni säher bilen Bagdadyň çolaja köçelerine çenli adamdan doldy. Bişen kerpiçden gurlan köşk ýaly jaýlardan, howalasy belent pagsa tamlardan, şäheriň çetinde egnini gysyp oturan hütdüklerden, garaz nireden-de bolsa, bir ýerlerden köçelere çogup çykýan adamlaryň ählisiniň ýüzi köşge tarapdy.

Düýn Bagdada jar çekilipdi. Şu gün ir bilen halyf al-Kaim Biýemrullaha soltan Alp Arslanyň Malazgirt ýeňşini buşlap iberen hamasy okaljakdy.

Gün ýaňy dogan-da bolsa, Bagdadyň köçeleri eýýäm märekelidi. Her kimiň köşgüň öňündäki meýdança irräk baryp, münbere golaýrakdan ýer edinesi gelýärdi. Hem halyfy golaýdan görüp bolar, hem-de soltanlar soltany Alp Arslanyň halyf al-Kaim Biýemrullaha iberen hatynyň ýeke sözünem sypdyrman diňlemäge pursat boljakdy.

Bu gün 1071-nji ýylyň sentýabr aýynyň 12-sidi.

Sähel salymdan köşgüň öňündäki meýdança adamdan doldy. Her kimiň gözünde ot uçganaklaýardy. Her kim göýä, özi şol söweşe gatnaşyp, duşmany derbi-dagyn eden dek howalalydy. Her kimiň göwni bitikdi. Her kim düşünýärdi: Ol ýeňiş diňe bir duşmany derbi-dagyn etmek däl-de, ýurdy, dini halas etmekdi...

Halyf köşk emeldary bilen meýdançanyň öňündäki ýörite ýasalan beýik sekiniň üstüne çykdy. Meýdança suw sepilen dek boldy.

Müňlerçe adam bilen bile ýaşyl selleli, Hywa donly, süýrüräk ýüzünde örküçlek burny güberip duran, gözleri sähel gyýalyp gidýän mollasypat adam hem daraklygyna galyp, sekä tarap boýnuny süýndürdi.

Ol mollasypat adam Mahmyt ibn Hüseýin ibn Muhammetdi. Ol indi alty ýyl bäri Bagdadda medresede mollaçylyk edýärdi. Bagdad tüýs molla adamyň ýurdudy. Bagdad tüýs ylym adamynyň ýurdudy. Bu ýerde uruş-sögüş ýokdy. Uruşlar bu ýerden uzakdady.

Gije ýarym boluberende Bagdadyň köçelerinden ellerindäki pelteli çyralaryny hallanladyp geçýän köçe garawullarynyň «Bagdadda asudalyk! Hudaýa şükür, Bagdadda asudalyk!» diýip gygyrýan sesleri indi onlarça ýyl bäri şol asudalygyny saklap durdy...

Bagdadda asudalykdy. Ýöne, şol söweşde seljuk türkmenleri ýeňilen bolsa, bu şäherde asudalygyň tepbediniň okaljakdygyna ilat düşünýärdi.

Ýeňiş namasy okalyp gutardy. Soňra kätip halif al-Kaim Biýemrullahyň soltan Alp Arslana «Diniň parlak täji», «Yslam ülkeleriniň soltany», «Iň beýik soltan» unwanlaryny berýändigi baradaky Permany okady...

Ähli habary daraklygyna galyp, ýekeje sözüni-de sypdyrman diňlän Mahmydyň gözlerine ýaş aýlandy...

Meýdançadan öýüne gaýdyp gelýärkä hem Mahmydyň göwni köşeşmändi.

Ol öýüne geldi-de, tördäki ullakan sandygyň öňüne geçdi. Sandygyň üstüne galdyrylgy ýorgan-düşegi gapdala taşlap, onuň gapagyny açdy. Sandygyň düýbündäki Bagdada geleli bäri baslygyp ýatan topbak kagyzlara elini ýetirdi.

Mahmyt entegem arasyndan çäge dänejikleri dökülip duran kagyzlary penjiräniň öňündäki pessejik sekiniň üstüne taşlady. Penjireden düşýän Gün şöhlesi sary kagyzlaryň üstünden towsup gitdi.

Bu kagyzlar Mahmyt ibn Hüseýiniň on bäş ýyllyk azabydy. Onuň niýeti şu kagyzlardaky ýazgylardan bir kitap düzmekdi. Türki dilleri barada, türki dilli ýazgylardan bir kitap düzüp galdyrasy gelýärdi. Ol türki dilli ilatyň arasyna aýlanyp, şu ýazgylary toplanda, şol diliň basyrylgy ýatan ägirt uly güýjüni duýdy. Onuň şol güýji ýüze çykarasy gelýärdi. Ýöne soňky döwür şoňa özünde gaýrat tapman, şu sandygyň gapagyny açmaga ýaýdanyp ýördi. Ýaňy, köşgüň öňündäki meýdançada duran mahaly, onuň göwün-göwresindäki bar gujur-gaýraty birden joşdy. Ol göwnünde şeýle bir ýeňillik duýdy.

Soltanlar soltany seljuk türkmen neslinden bolan Alp Arslan şol taýsyz söweşde şeýle güýçli duşmany ýeňmäge özünde gaýrat tapar-da, indi Mahmyt ibn Hüseýin şu kitaby düzmäge gaýrat tapmasa nähili bolar?!

Ol ýüzi ýazgydan doly kagyzlary sekiniň üstüne ýaýradyp goýberdi. Mahmyt uzakly güni bilen şu kagyzlaryny tertipleşdirdi...

Kitabyň başyny nämeden başlamaly, nämede tamamlamaly, nähili usulda ýazmaly... bularyň baryny ol kellesinde bişirdi. Näme hakda ýazmalydygyny bolsa ol bilýärdi...

Mahmyt ibn Hüseýin gijäniň bir wagty kellesini üsti kagyzdan doly sekä ýaplap uka gitdi.

...Ol ir bilen ukudan oýandy. Elini uzadyp bir tagta arassa kagyzy çekip aldy. Galamyny taýynlady. Ak tagta kagyzyň ýüzünde geljekki kitabyň ady peýda boldy – «Diwany lugat at-türk...»

# SÖZSOŇY ÝERINE...

Soltanlar soltany Alp Arslan 1072-nji ýylyň oktýabr aýynda Mawerennahra ýörişi mahaly, Barzam galasynyň ýesir düşen häkimi Ýusup bilen, ony namart ölüme rowa görmän, başa-baş söweşe çykýar.

Göwresini gahar-gazap gaplap alan soltan şol söweş pursaty çadyryň bagyna büdräp ýykylýar.

Bu pursat hem soltana ölüm howply gylyç ýarasyny salmak üçin Ýusuba ýeterlik bolýar.

1072-nji ýylyň noýabr aýynyň 24-ine soltan Alp Arslan aradan çykýar. Ol şol wagt 45 ýaşynda ekeni. Soltanyň jesedini Merwe getirip, kakasy Çagry begiň mazarynyň gapdalynda jaýlapdyrlar...

Bu barada şahyr Senaýydan şeýle setirler galypdyr:

– Gök ýüzüne çenli beýgelen Alp Arslanyň ägirtligini görenler,

Geliň, indi onuň Merwde bir gysym gumuň aşagynda ýatanyny hem görüň...

...1914-nji ýyl. Türkiýäniň Diýarbekir şäherinde bir kitaphon adam ölmeziniň öňýany mata dolangy köne golýazmany aýalyna uzadyp, oňa «Şu kitaby juda agyr güne düşäýmeseň satmagyn, satmaly bolaýsaňam otuz altyn liradan arzan beräýmegin» diýip, berk tabşyrýar. Dul galan aýal güzerany kynalyp, bu golýazma kitaby kitap söwdasyny edýän bir kişä satmaly bolýar.

1857-nji ýylda Diýarbekirde dünýä inen, ömrüni seýrek kitaplary toplamaga bagyşlan Aly Emir kitap söwdägäriniň dükanynda bu golýazmanyň üstünden barýar. Ol 33 altyn türk lirasyny töläp, bu kitaby – Mahmyt ibn Hüseýin ibn Muhammediň (Kaşgarlynyň) «Diwany lugat at-türk» kitabynyň golýazmasyny satyn alýar.

Şol günden başlap 830 ýyllap sandygyň düýbünde ýatan bu gymmatly golýazmanyň täze bir ömri başlanýar...

Häzirki wagtda dünýäniň dürli dillerine terjime edilen bu kitabyň ýeke-täk golýazma nusgasy Stambul milli kitaphanasynyň Aly Emiri gaznasynda apalanyp saklanylýar...

## DÜŞÜNDIRIŞLER:

### 1-nji bölüm

1. Attar – dürli ot-çöplerden, güllerden atyr ýasaýan adam.
2. Müşrif – jansyz, içaly.
3. Fykh -şerigat kanunlary.
4. Jahylyýet döwri – yslamdan öňki döwür.
5. Kurany Kerimiň 6-njy süresiniň 91-nji aýaty.
6. 40 günläp hylwatda Kurany Kerimi okap oturmak.
7. Ryýazat -köpçülikden çetleşip, Kurany Kerimi okamak bilen meşgullanmak.
8. Hajyp – serkerde.
9. Gulam – soltanyň diwanynda iş ýöredýän emeldar.
10. Hanaka – sopularyň, derwüşleriň üýşüp ybadat edýän ýeri.
11. Parsah – 6 km töweregi aralyk.
12. Lizine – badamly, pisseli süýji tagam.
13. Ud – aloe
14. Man – agyrlyk ölçegi.
15. Karramylar – ibn Karramynyň taglymatyna eýerýänler. Ol IX asyrda «Günäli adamyň jezasy Kyýamat gününden däl-de, ölen gününden başlanýar» diýip hasap edipdir.
16. Jemalparazlyk – maddy göz bilen ruhy düşünjäniň arasyndaky gatnaşygyň ýüze çykmasy.
17. Hutba – metjitlerde juma namazyndan öň aýdylýan öwüt-ündewler. Olarda hökümdaryň adynyň tutulmagy şol ýeriň oňa tabyndygyny aňladypdyr.
18. Kuttalýan we Çaganyýýan – Amyderýadan gündogarda ýerleşen welaýatlar (XI asyr).

### 2-nji bölüm

1. Wisakbaşy – seljuk goşunynda 6 ýyl gulluk eden nökere berilýän iň pes harby dereje.
2. Ud – 2 tarly saz guraly.
3. Parsah – 6 km töweregi aralyk.
4. Nepýagçylar – ot berijiler

5. Manjynakçylar – daş zyňyjylar

6. Gürrüň Abu Reýhan Biruniniň ýasan globusy barada barýar.

7. Arguwany ýakut – goýy gyrmyzy reňkli ýakut.

8. 1026-njy ýylda Mahmyt Gaznalynyň Hindistana 16-njy ýörişi mahaly Katiwar ýarym adasynyň Sumnat şäherindäki 10 müňden hem köp ýakut daşlar bilen bezelen meşhur Budda Gazna getirilýär. Ol Budda 4 bölege bölünip, 1 bölegi Gaznada metjidiň öňünde, 1-i Mahmydyň köşgüniň öňünde goýlup, iki bölegi bolsa, Mekge Medinä iberilýär.

9. Seljuk goşunyndaky harby derejeler.

10. Gerdenlik – ujuna gotaz, jaňjagaz, monjuk dakylan naýza. Harby orkestrde sazy deň başlamaga, deň gutarmaga, heňi dogry saklamaga kömek edipdir.

11. Läge – söweş.

## 3-nji bölüm

1. Parsah – 6 km aralyk.

2. Zerringis – altynsaç.

3. Ud – iki tarly saz guraly.

4. Manjynak – daş zyňýan ýarag.

5. Hasan Sabbah, Nasyr Hysrow – ysmaýyly dini bölünişiginiň ýokary gatlakdaky wekilleri.

6. Kyýasetdin Abu Fath ibn Ibragim – Omar Haýýam.

7. Ýügürçi – ýüwürji.

8. Barak – tüýlek köpek.

9. Ýüdrük – geýim sandygy.

10. Bitik – ýazgy.

11. Ýalawaç – pygamber.

12. Kafgar – sary reňkli mata.

13. Terinçek – ýeňsiz geýim.

14. Turku – ýüpek mata.

15. Künçek – ýaka.

16. Muş – pişik.

17. Müşrif – jansyz, içaly.

18. Kuttalýan, Çaganyýan – Amyderýadan gündogarda ýerleşen welaýatlar (XI asyr).

19. Bagyr sogum – Myrryh ýyldyzy.

20. Merthana – çopan ýerkümesi.

21. Sagyzgan – guş ady.

22. Azgan – agaç ady, onuň ak-gara güli bolup, özüni otda hem ýakyp bolmaýar.

23. Düýrlener – amala aşar.

24. Bilge – alym.

25. Erdem – ylym.

26. Erkü – geçi.

27. Perraş – soltanyň namazlygyny, düşegini ýazyp-ýygnaýan adam.

28. Sylahdar – soltanyň ýarag göterijisi.

29. Ahyr emiri – soltanyň atlaryna seredýän adam.

30. Çaparka – Ýaponiýa.

31. Abeskun – Hazar deňziniň şol döwürdäki atlarynyň biri.

32. Hutba – metjitlerde juma namazyndan öň aýdylýan öwüt-ündewler. Olarda hökümdaryň adynyň tutulmagy şol ýeriň oňa tabynlygyny aňladypdyr.

33. Jamedar – donçy, eşik saklaýan.

## MAZMUNY


Beýik Galkynyş eýýamy – täze mümkinçilikleriň döwri .......................... 3

**I bölüm. Daňdanakan ........................................................ 5**

Göç. Ajaly ýetmedik adam ........................................................ 6

Täze jaý. Her kimiň öz hökümdary ........................................................ 14

Aw. Peýkamy nyşana Alla dogrulaýar ........................................................ 17

Ylym ýoly. Köne gala ........................................................ 23

Ýeňşiň tagamy süýji. Nusaý ........................................................ 29

Mahmyt şadan gelen perman ........................................................ 37

Merw. Müň sany ýaýyň ýurdy ........................................................ 43

Abu Seýit we Abu Aly. Tebibiň duşmany ýok ........................................................ 54

Ýeňşe ynanmak kyn. Sarahs ........................................................ 60

Gaýdyp geliş... ........................................................ 72

Goşun söweşden çykýar. Ýene-de Sarahs ........................................................ 79

Şyh beglere pata berýär. Mäne gabawda ........................................................ 84

Zamanalar çalşygy. Daňdanakan ........................................................ 94

Sözsoňy ýerine ........................................................ 102

**II bölüm. Syrly kerwen ........................................................ 103**

Ýene-de söweş surnaýy çalynýar ........................................................ 104

Togrul soltan Merwe gelýär ........................................................ 113

Ärlik on bolsa, dokuzy hiledir ........................................................ 126

Syrly kerwen. Haýynlyk ........................................................ 130

Är garrar, ar garramaz ........................................................ 138

«Mahmyt gelýär...» ........ 142
«Bir kişä bir altyn» ........ 149
«Pirim, Abu Reýhan, özüň golda...» ........ 156
Oljany 15 müň araba çekmeli ........ 168
«Men näwagt ölsem, kyýamat şol gün gopar» ........ 174
Ýaraşyk ........ 182
Sözsoňy ýerine ........ 184

**III bölüm. Malazgirt ........ 185**
Zerringis ........ 186
Kerwentaşlan ........ 205
Kaýsar goşun toplaýar ........ 211
«Barylmadyk obada eşidilmedik gep ýatyr» ........ 217
«Yspyhan gowumy, Hemedan?» ........ 231
Azaşan kän zat tapýar ........ 248
Alp söýünji söweş gününde ........ 259
Dünýäniň ortasy Balasagun ........ 266
«Kimde kerem bolsa, şoňa är diýrler...» ........ 279
Her kimiň öz söweşi ........ 286
Sözsoňy ýerine... ........ 289

Jumageldi Mülkiýew

# SELJUKLAR

Roman


| | |
|---|---|
| Redaktor | *B. Orazdurdyýewa* |
| Suratçy | *D. Akyýew* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktory | *O. Nurýagdyýewa* |

A – 54055
Çap etmäge rugsat edildi 03.08.2010. Möçberi 60x90 1/16.
Ofset kagyzy. Edebi garniturasy. Ofset çap ediliş usuly.
Şertli çap listi 18,5. Şertli reňkli ottiski 37,28.
Hasap-neşir listi 17,56. Çap listi 18,5.
Sargyt № 1739. Sany 10 000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

